**O. Ýazmyradowa, A. Nabatowa**

# KÄRHANANYŇ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 338.45:378
Ý 36

**Ýazmyradowa O., Nabatowa A.**
Ý 36 **Kärhananyň ykdysadyýeti.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017

Okuw kitaby ykdysady dersleri okatmagyň tejribelerine, ykdysadyýet bilen meşgullanýan alymlaryň ylmy işlerine we Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň maglumatlaryna salgylanyp taýýarlanyldy. Okuw kitabynda dürli eýeçilikdäki kärhanalaryň aýratynlyklary we milli hojalygy alyp barmakda kärhanalaryň eýeleýän orny beýan edilýär.

Bu kitap ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary, talyplary üçin niýetlenip, ondan aspirantlar we ykdysady meseleler, şeýle-de bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhanalaryň we alyjylaryň ykdysady taýdan özüni alyp barşy bilen gyzyklanýanlar peýdalanyp bilerler.

TDKP 274, 2017 KBK 65.9 (2) 29 ýa 73

© O. Ýazmyradowa, A. Nabatowa, 2017



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň belent maksatlaryna ýetmek üçin «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşindäki milli Maksatnamasynda» we «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» milli Maksatnamasynda Türkmenistany ykdysady we durmuş taýdan özgertmegiň anyk ugurlary görkezilýär. Şeýle özgertmeleri durmuşa geçirmekde ýokary bilimli ykdysadyýetçilere uly ynam bildirilýär. Ýokary bilimli ýkdysadyýetçiler halk hojalygyna we onuň pudaklaryna ýolbaşçylyk etmeli hünärmenlerdir. Olar ykdysady ösüşiň örän netijeli ýollaryny gözläp tapyp, ony ýerine ýetirmegiň usullaryny kesgitleýärler, önümçilik ätiýaçlyklarynyň örän rejeli ulanylyşynyň ugurlaryny kesgitleýärler, kabul edilýän borçnamalaryň ýerine ýetirilişini guraýarlar, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmakda höweslendiriji çäreleri işläp düzýärler.

Hormatly Prezidentimiziň döwletli başlangyçlary netijesinde ýurdumyzda häzirki zaman zawodlar, fabrikler we kärhanalar yzygiderli gurulýar, olar halkara standartlaryna laýyk gelýän önümleri öndürýärler. Biziň ýurdumyz ykdysady we medeni pudaklarda belent sepgitlere ýetýär.

Ykdysadyýetçi döwletiň hojalyk syýasatyny, ykdysady kanunlaryň hereketini düşnükli bolan sanlara we görkezijilere geçirýär. Ol hünärmenlere ylmyň, tehnikanyň gazananlaryny durmuşa geçirmegiň ýollaryny salgy berýär, halk hojalygyna gerekli harytlary kesgitleýär we onuň öndürilişini guramaga ýardam edýär we sarp edijilere ýetirýär.

«Kärhananyň ykdysadyýeti» dersi birnäçe bölümlerden ybarat bolup, ykdysadyýetiň bazar şertlerinde kärhanalaryň işleýşi, kärhanalaryň önümçilik faktorlarynyň çygry, kärhanany dolandyrmagyň ykdysady mehanizmi we beýleki zerur bolan temalara bölünýär. «Kärhananyň ykdysadyýeti» dersi «Telekeçiligiň ykdysadyýeti», «Senagat menejmenti», «Marketing», «Buhgalter hasaby we hojalyk işleriniň seljermesi», «Senagatyň maliýesi», «Senagatyň ykdysadyýeti» we beýleki dersler bilen örän ýakyn arabaglanyşyklydyr.

# I BAP. BAZAR YKDYSADYÝETINDE KÄRHANA

## 1.1. Telekeçilik işi we eýeçilik

*Telekeçilik (biznes)* – raýatlaryň we olaryň birleşikleriniň harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň bellibir görnüşlerini öndürmäge we ýerlemäge gönükdirilen hem-de bu işden peýda almaga gönükdirilen maksadalaýyk işidir. Bu işi amala aşyrmak önümçilik faktorlary diýlip atlandyrylýan serişdeleriň peýdalanylmagyny talap edýär. Olara (önümçilik faktorlaryna) zähmet, maýa, ýer, tebigy serişdeler, şeýle hem telekeçilik ukyby degişlidir.

*Zähmet* – adamyň we olaryň birleşikleriniň (kollektiwleriň) düşünjeli, energiýany sarp etmegi, tagalla etmegi we işleri ýerine ýetirmegi göz öňünde tutýan maksadalaýyk işidir.

*Maýa* giň manyda – harytlary we hyzmatlary öndürmek üçin adamlar tarapyndan döredilen serişdelerdir. Has dar manyda bolsa önümçilik işine goşantdyr. Ol jaýlary, desgalary satyn almak ýa-da gurmak, maşynlary, enjamlary we beýleki şoňa meňzeş zatlary ýa-da maddy däl aktiwleri (patentleri, ygtyýarnamalary, nou-hau we beýlekileri) *satyn almak* ýoly bilen amala aşyrylýar.

*Tebigy serişdeler* – tokaýlar, suw serişdeleri, howa basseýni, gazylyp alynýan peýdaly magdanlar, ösümlik we haýwanat dünýäsi görnüşinde tebigatda bar bolan ykdysady önümçilik serişdeleridir.

*Telekeçilik ukyby* – adamyň özüne harytlary öndürmek, satmak üçin serişdeleriň iň gowy sazlaşygyny tapmaga we peýdalanmaga, oýlanyşykly, çözgütleri yzygiderli kabul etmäge, täzelikleri döretmäge ugurtapyjylyk häsiýetleriniň, başarnyklarynyň we ukyplarynyň toplumydyr.

Telekeçilik işi iki görnüşde amala aşyrylýar, bu görnüşler eýeçiligiň peýdalanylýan emläge (maýa) bolan gatnaşyklary bilen häsiýetlendirilýär:

1. Emlägiň (maýanyň) eýesi bilen önümçiligi gönüden-göni guraýjy (dolandyryjy, menejer) bir şahsda birleşýär. Şunda emlägiň (maýanyň) eýesi bolup durýan anyk şahsy tarap ýa-da adamlaryň topary öz maýasynyň peýdalanylmaly çygryny özleri kesgitleýärler, öz işlerini guraýarlar we bu işi önümleri (hyzmatlary) öndürmekden başlap olary ýerleşdirmäge çenli dolandyrýarlar.

2. Telekeçi gönüden-göni eýe (hususyýetçi) bolup durmazdan, işi eýesi bilen baglaşylan şertnamanyň esasynda amala aşyrýar. Bu bolsa telekeçiniň özüne hojalygy ýöretmek hukugynyň esasynda degişli bolan gozgalmaýan emlägi eýesiniň razylygy bolmazdan satmaga, ony kärendä tabşyrmaga, girewine goýmaga, hojalyk jemgyýetiniň we şereketleriň esaslyk maýasyna gatanç hökmünde geçirmäge ýa-da başga bir görnüşde ygtyýar etmäge hakynyň ýokdugyny aňladýar. Kärhana degişli beýleki emläklere ol özbaşdak ygtyýar edýär, kanunda ýa-da beýleki kadalaşdyryjy namalarda bellenilen ýagdaýlar muňa girmeýär.

«Eýeçilik» düşünjesi, adatça, iki manyda ulanylýar. Birinjiden, haýsydyr bir subýekte degişli emläk hökmünde. Ikinjiden, adamlaryň arasyndaky maddy nygmatlary almagyň bellibir görnüşini görkezýän gatnaşyklar hökmünde.

Eýeçiligiň bolmagy, öňi bilen aşakdaky hukuklary göz öňünde tutýar:

– emläkden peýdalanmak hukugy;

– şu emlägiň getirýän netijelerinden peýdalanmak hukugy;

– bu netijelere öz garaýşyňa görä ygtyýar etmek hukugy.

Raýat kodeksine laýyklykda eýeçiligiň döwlet, munisipal, hususy we beýleki görnüşleri ykrar edilýär.

Eýeçilik hukugy esasynda döwlete, şeýle hem onuň subýektlerine degişli bolan emläk *döwlet eýeçiligi* bolup durýar.

Eýeçilik hukugy esasynda şäherlere we obalara, şeýle hem beýleki munisipal birliklere degişli bolan emläk *munisipal eýeçilik* bolup durýar.

Raýatlara we ýuridik şahslara degişli bolan emläk *hususy eýeçilik* bolup durýar.

*Garyşyk eýeçilik* eýeçiligiň dürli görnüşleriniň utgaşmagynda, mysal üçin, paýnamalar bukjasynyň bellibir böleginiň (esaslyk maýadaky bölegiň) döwletiň eýeçiliginde, beýleki bir böleginiň bolsa hususy eýeçilikde bolan halatynda ýüze çykýar.

Kanunçylyk *umumy eýeçilik* kategoriýasyny göz öňünde tutýar, ol iki ýa-da ondan köp fiziki şahslaryň eýeçiliginde bolýan we onuň bellenilen maksadyny üýtgetmezden bölüp bolmaýan (umumy eýeçilik hukuklarynda birnäçe fermerçilik hojalyklaryna degişli bolan traktor) ýa-da kanun boýunça bölünmäge degişli bolmadyk emläk hökmünde kesgitlenýär.

Ýurtda telekeçilik işi ýuridik şahsy döretmek bilen we döretmezden amala aşyrylýar.

Öz eýeçiliginde, hojalygynda ýa-da gündelik dolandyrmagynda aýrybaşga emlägi bar bolan we özüniň şu emläk babatynda borçnamalary boýunça jogap berýän gurama *ýuridik şahs* diýip ykrar edilýär. Ol öz adyndan emläk we şahsy emläk däl hukuklary alyp hem-de amala aşyryp, borç edinip, kazyýetde talapkär we jogapkär tarap bolup biler. Ýuridik şahs bellige alnanda tassyklanan tertipnamanyň bolmagy ýa-da esaslandyryş şertnamasynyň we tertipnamanyň bolmagy hökmany bolup durýar. Olarda kärhananyň maksatlary, guramaçylyk taýdan gurluşy, dolandyryş edaralarynyň hukuklary we borçlary, şeýle hem esaslandyryjylar bilen eýeleriniň arasyndaky esasy özara gatnaşyklar kesgitlenilýär. Ýuridik şahsyň ady we ýerleşýän ýeri hökmany suratda görkezilýär.

Öz işiniň esasy wezipesi hökmünde peýda almak maksadyny öňde goýýan guramalar (täjirçilik guramalary), şeýle hem peýda almak wezipesini öňde goýmaýan guramalar (täjirçilik däl guramalar) ýuridik şahslar bolup biler. Täjirçilik däl guramalar sarp ediş kooperatiwleri, jemgyýetçilik we dini guramalar, gaznalar we edaralar görnüşinde döredip bilerler.

Gatnaşýanlaryň maddy we beýleki isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen, raýatlaryň we ýuridik şahslaryň agzalyk esasynda meýletin birleşmesi sarp ediş kooperatiwi diýlip ykrar edilýär, ol onuň agzalary tarapyndan emläk paý gatançlaryny birleşdirmek ýoly bilen amala aşyrylýar.

Raýatlaryň ruhy ýa-da maddy däl isleglerini kanagatlandyrmak üçin olaryň bähbitleriniň umumylygy esasynda bellenilen tertipde döredilýän meýletin birleşme *jemgyýetçilik* we *dini guramalar* diýlip ykrar edilýär.

Raýatlar we ýuridik şahslar tarapyndan meýletin emläk gatançlarynyň esasynda döredilýän, agzalygy bolmadyk, durmuş, haýyr-sahawat, medeni, bilim ýa-da jemgyýetçilige peýdaly beýleki maksatlary öňde goýýan täjirçilik däl gurama *gazna* diýlip ykrar edilýär.

Emläk eýesi tarapyndan dolandyryş, durmuş-medeni ýa-da täjirçilik däl häsiýetli beýleki maksatlary amala aşyrmak üçin döredilen we onuň özi tarapyndan dolulygyna ýa-da bölekleýin maliýeleşdirilýän gurama *edara* diýlip ykrar edilýär.

Täjirçilik guramalary bolup duran ýuridik şahslar hojalyk şereketleri we jemgyýetleri, önümçilik kooperatiwleri, döwlet we munisipal unitar kärhanalar görnüşinde döredilip bilner.

### Sorag we ýumuşlar

*1. Telekeçilik işi nämeden ybarat?*
*2. Esasy önümçilik faktorlaryny görkeziň.*
*3. Ýurtdaky esasy eýeçilik görnüşlerini görkeziň.*
*4. «Ýuridik şahs» düşünjesine kesgitleme beriň.*
*5. Täjirçilik däl guramalaryň görnüşlerini we olaryň aýratynlyklaryny görkeziň.*

## 1.2. Kärhana: düşünje, düýp manysy, hereket etmegiň ykdysady esaslary

Ykdysadyýetiň esasyny önüm öndürmek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmat etmek düzýär. Önümçilik bolmasa sarp ediş bolmaz-da, diňe ozal toplanan baýlyk gutarar. Önümçiligi guramagyň häzirki görnüşi ykdysadyýetiň esasy bölegi (halkasy) bolup çykyş edýän kärhana bolup durýar. Tutuş ykdysadyýetiň ýagdaýy onuň işiniň netijeliligine, maliýe ýagdaýyna, tehnologik we durmuş taýdan «guratlygyna» baglydyr. Kärhana ýurduň tutuş ykdysadyýetiniň çylşyrymly piramidasynyň esasyny emele getirýär.

Biz kärhana, öňi bilen hem senagat kärhanasy bilen tanyşýan wagtymyzda özi bilen zawodlaryň binalaryny, enjamlaryny, ulag ulgamlaryny, kommunikasiýalary, ýagny önümçilik-tehniki toplumy görýäris. Olaryň aňyrsynda kärhananyň işiniň barşynda biri-biri bilen çylşyrymly gatnaşyklara girýän adamlar – işçiler, inženerler, önümçiligiň guramaçylary (menejerler), eýeler (paýdarlar) bar.

Kärhana has doly häsiýetnama bermek üçin önümleri ýerlemegi guramak, ony sarp edijileriň topary, harytlary iberme ulgamy we üpjün edijileriň düzümi barada hem düşünjäniň bolmagy zerurdyr. Mundan başga-da, kärhananyň guramaçylyk-hukuk görnüşi, onuň emläginiň düzümi we gymmaty, maliýe-karz guramalary hem-de döwlet bilen özara gatnaşyklary we ş.m. anyklanmalydyr. Bularyň ählisi bilelikde kärhananyň ykdysady taýdan bitewüligini emele getirýär.

«Kärhana» düşünjesine dürli nukdaýnazardan seredip bolar. Bir tarapdan, kärhana bu telekeçilik işini amala aşyrmak üçin peýdalanylýan emläk toplumydyr. Kärhana öz işini amala aşyrmak üçin niýetlenen ähli emläk görnüşlerini, şol sanda ýer böleklerini, jaýlary,

desgalary, enjamlary, esbaplary, çig maly, önümleri, firma adyny, haryt nyşanlaryny, şeýle hem bergileri we beýleki aýratyn hukuklary bir topluma birleşdirýär.

Beýleki tarapdan, kärhana bu tehniki we guramaçylyk prosesleri, onuň içinde bolup geçýän ykdysady gatnaşyklar bilen emele getirilýän bellibir durmuşy bitewülikdir. Aýdylanlaryň ählisini nazara almak bilen, «kärhana» düşünjesini şunuň ýaly emele getirip bolar:

Kärhana – ykdysady we özbaşdak kanuny, ýagny ýuridik şahsyň hukuklary, harytlary, işleri, hyzmatlary öndürmek we ýerleşdirmek hem-de peýda almak ýaly maksatlaryň umumylygy bilen kesgitlenýän guramaçylyk-tehniki, ykdysady we durmuş bitewülik bilen şertlendirilen hojalyk birligidir.

Guramaçylyk-tehniki, ykdysady we durmuş bitewülik şulary göz öňünde tutýar:

– peýdalanylýan serişdeleriň ähli görnüşleriniň we kärhananyň işiniň ykdysady netijeleriň umumylygyny;

– önümçilik serişdeleriniň umumylygyny we özara baglanyşygyny, tehnologik enjamlaryň özara baglylygyny we biri-biriniň üstüni ýetirýändigini;

– önümçiligi we zähmeti guramagyň ýeke-täk ulgamyny;

– işleýänleriň maksatlarynyň we bähbitleriniň umumylygyny.

Kärhananyň ykdysadyýetiň esasy bölegi hökmündäki ähmiýeti şu ýagdaýlar bilen kesgitlenýär:

– kärhanalarda önüm öndürilýär, işler ýerine ýetirilýär we hyzmatlar edilýär, olar aýratynlykda her bir adamynyň we tutuşlygyna jemgyýetiň ýaşaýşynyň maddy esasyny emele getirýär;

– kärhana jemgyýetde önümleri öndürmek, ýerleşdirmek, paýlamak we sarp etmek bilen bagly emele gelýän gatnaşyklaryň esasy subýekti hökmünde çykyş edýär;

– kärhana esasy önümçilik serişdelerine (çig mala, materiallara, ýangyja, energiýa, tehnologik enjamlara, işçi güýjüne, maliýe we maglumat serişdelerine), tehnologik, önüm we guramaçylyk-dolandyryş innowasiýalaryna bolan isleg çeşmesi bolup durýar;

– kärhana ähli derejelerdäki býujetleriň girdejilerini emele getirmegiň iň möhüm çeşmeleriniň biri bolup durýar;

– ilatyň köp bölegi kärhanalarda işlemek bilen, özüniň zähmeti üçin hak-heşdek alýar;

– kärhanalarda raýatlar durmuş taýdan uýgunlaşma geçýärler, ähli derejedäki dolandyryş edaralary tabynlygyndakylar bilen özara gatnaşyklarynyň kadalary we endikleri emele gelýär.

Kärhana hereketsiz duran göwre däldir. Islendik kärhana öz «ömrüniň» dowamynda «döreýiş - ösüş – durnuklaşma – peselme – ýapylma» döwrüni geçýär. Kärhanalar döreýärler we ýapylýarlar, olaryň ýerinde täzeleri peýda bolýar, olar hem öz gezeginde täze döreýänlere öz orunlaryny berýärler.

Häzirki zaman kärhanalary hünärmentçilik önümçiligi, manifakturalar we fabrikler tapgyrlaryny geçmek bilen, uzak ewolýusiýanyň netijesinde häzirki görnüşe geldiler.

Hünärmentçilik önümçiligi önümçilik işinde diňe adamyň fiziki güýji bilen herekete getirilýän gurallaryň peýdalanylýandygy bilen tapawutlanýar. Zähmet gurallaryny dolandyrmak hünärmentden uly sungaty, kähalatlarda bolsa degerli fiziki güýji talap edipdir. Düzgün bolşy ýaly, hünärment önümi taýýarlamak boýunça amallaryň hemmesi bolmasa-da, köpüsini ýerine ýetiripdir. El bilen herekete getirilýän gurallaryň ulanylmagy we zähmet bölünişiginiň pes derejesi onuň öndürijiliginiň ýokary derejesini üpjün edip bil-

meýärdi. Haryt ýerleşdirilýän bazarlaryň çäkli bolmagy we ösen bazar gatnaşyklarynyň bolmazlygy şol bir wagtda satyjynyň wezipeleriniň hünärment tarapyndan ýerine ýetirilmegine getiripdir.

Tehnikanyň we zähmeti guramagyň ösmegi, bazaryň giňelmegi öndürijileriň öz öndüren önümlerini ýerleşdirmekdäki kynçylyklaryny şertlendirdi. Şonuň üçin hem öndüriji bilen sarp edijiniň arasynda öndürijiden taýýar önümi has giň we uzakdaky bazarda gaýtadan satmak üçin satyn alýan ýa-da öndürijä gaýtadan işlemek üçin materiallary berýän we soňundan bazarda ýerlemek üçin taýýar önümleri alýan araçy hökmany suratda tanyşdyrylmalydyr. Iki ýagdaýda hem bu hünärmentçilik önümçiliginden manifaktura geçmäge ýardam berilmelidir.

Manifaktura hem, hünärmentçilik önümçiligi hem diňe adam tarapyndan herekete getirilýän gurallary peýdalanmagy häsiýetlendirýär, ýöne muňa garamazdan, olaryň birinjisi kärhananyň möçberiniň ululygy we zähmet bölünişiginiň has ýokary derejesi bilen tapawutlanýar. Hünärmentçilik önümçiliginden çykan manifaktura iki ugur bilen ösdi:

– biri-birine bagly bolmazdan işleýän, ýöne bellibir önümi öndürmek boýunça amallary ýerine ýetirýän birnäçe özbaşdak hünärmentleriň birleşmegi: mysal üçin, araba manufakturasy ozal aýry-aýrylykda işlän demirçi ussalaryň, agaç ussalarynyň, misçileriň, gaňňaçylaryň, tikinçileriň birleşmesi hökmünde emele gelipdi;

– bir hünärdäki hünärmentleriň birleşmegi: mebel taýýarlaýan agaç ussalary mebel manifakturasyny döredipdirler.

Iki ýagdaýda hem telekeçi işçileriň arasyndaky birleşdiriji halka hökmünde çykyş edipdir, ol manifaktura ýolbaşçylyk edipdir we ahyrky maksada ýetmek üçin ähli amallary dolandyrypdyr.

Kärhananyň ösüşinde üçünji – has kämil tapgyr fabrik bolup durýar. Bellibir derejede iri kärhana bolmak bilen, ol manifakturadan maşynlaryň bardygy bilen tapawutlanýar. Eger manifakturada önümçilik aýry-aýry amallary ýerine ýetirýän işgärleriň arasynda bölünen bolsa, onda fabrigiň maşyn önümçiligi aýry-aýry işçileriň wezipelerini birleşdirmäge niýetlenendir.

### Sorag we ýumuşlar

1. *Kärhana düşünjesini emläk toplumy we hojalyk birligi hökmünde emele getiriň.*
2. *Ykdysadyýetiň esasy bölegi hökmünde kärhananyň ähmiýeti nämeden ybarat?*
3. *Senagat önümçiliginiň ösüşiniň esasy tapgyrlaryny görkeziň we olaryň aýratynlyklaryny düşündiriň.*

## 1.3. Kärhananyň daşky gurşawy

Islendik kärhana ýapyk ulgamdan ybaratdyr, bu ulgama has ýokary derejedäki ulgam – döwletiň ykdysady ulgamy täsir edýär, kärhana bolsa döwletiň bir bölegi bolup durýar. Kärhana öz maksatlaryny durmuşa geçirmegiň barşynda beýleki hojalyk subýektleri, döwlet we sebitleýin dolandyryş edaralary, fiziki şahslar bilen özara hereketde bolýar. 1-nji suratda kärhananyň daşky gurşawynyň düzümi, şeýle hem onuň içerki ulgamyna täsir edýän subýektler görkezilýär.

Çyzgynyň çep tarapynda kärhananyň daşky gurşawyna şol gurşawyň elementleriniň onuň işine edýän täsiri nukdaýnazaryndan seredilýär. Meselem, *ykdysady gurşaw* kärhananyň işine döwletiň pul-karz we salgyt syýasatynyň, ykdysadyýetdäki hümmetsizlenme ýagdaýlarynyň, gurluş taýdan üýtgetmeleriň üstünden täsir edýär. Ykdysady gurşaw maýa goýum serişdelerine bolan islegi emele getirýär. Ol kärhananyň işine Merkezi bankyň göterim möçberiniň üýtgemeginiň hasabyna onuň üçin karz serişdeleriniň elýeterliligini üýtgetmek ýoly bilen has intensiw täsir edýär.

*Durmuş gurşawy* kärhana onuň önümine ilat tarapyndan bildirilýän islegiň tölege ukyplylygynyň üstünden täsir edýär. Durmuş gurşawyň elementleri (bilim, medeniýet, milli we dini däpler we ş.m.) islegiň gurluşyna täsir edýär.

Zähmet bazarynda islegiň we teklibiň gatnaşygy, işçi güýjüniň hünär derejesi hem durmuş gurşawy bolup durýar. Telekeçilik ukyplary we kärhananyň menejmentiniň derejesi durmuş gurşawyň ýagdaýyna baglydyr.

*Tehnologik gurşaw* kärhanada we onuň bäsdeşlerinde peýdalanylýan tehnologiýalaryň derejesini kesgitleýär. Aýratyn alnan milli hojalygyň çäklerinde bu çägi şu möhüm parametrler boýunça häsiýetlendirip bolar:

– önümçilik işinde täze tehnikany we innowasion tehnologiýalary ulanmak;

– esasy gaznalaryň, öňi bilen hem enjamlaryň peýdalanylýan ortaça möhleti we olaryň fiziki hem-de moral taýdan könelme derejesi.

*Hukuk gurşawy* kärhananyň onuň çäklerinde hereket etmeli bolýan, kanunçylyk taýdan berkidilen «oýun kadalaryny» emele getirýär. Kanunçylyk namalarynyň durnuklylyk, ýerine ýetiriliş derejesi we olaryň kabul edilişiniň demokratik derejesi, kabul edilen kadalaşdyryjy namalaryň hakyky işewürlik tejribesine laýyk gelşi we bazar gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň hukuk taýdan sowatlylygy hukuk gurşawyny häsiýetlendirýär. Hukuk gurşawynyň ýagdaýyna «görünmeýän ykdysadyýet» hem täsir edýär. Köplenç ýagdaýda, «görünmeýän» gurluşlaryň talap edýän oýun kadalary kärhananyň hojalyk işine düýpli täsir edip biler.




**1-nji surat.** ***Kärhananyň daşky gurşawynyň düzümi***

*Döwlet-syýasy gurşaw syýasy* çözgütleriň kärhananyň işiniň ykdysady şertlerine edýän täsiri bilen onuň işini tertipleşdirýär. Kärhananyň döwlet-syýasy gurşawa baglylygy döwletiň ykdysady proseslere täsir ediş derejesi bilen kesgitlenýär, çünki hökümet syýasy maksatlary, esasan, maliýe gurallaryny peýdalanmak arkaly durmuşa geçirýär.

1-nji suratyň ýokary tarapynda kärhananyň işine täsir edýän subýektler hökmünde onuň daşky gurşawynyň elementleri görkezilýär. Birinji nobatda olara kärhana tarapyndan öndürilen önümleri *sarp edijiler degişlidir*, olar haýsydyr bir zady ileri tutýandyklary we öz girdejilerine ygtyýar edýändikleri bilen kärhananyň önümleriň nomenklaturasyna, baha syýasatyny saýlap alşyna, önümçiligiň möçberlerine täsir edýärler.

Serişdeler (maddy, zähmet, maglumat, maliýe) bilen *üpjün edijiler* harajatlaryň emele getirilýän wagtynda täsir edýärler. Serişdeler bilen üpjün edijiler hökmünde beýleki senagat kärhanalary, ilat, maýa goýum-karz edaralary, ylmy-barlaglar we konstruktorçylyk işläp taýýarlamalar bilen meşgullanýan guramalar, geňeşçi firmalary we ş.m. çykyş edip bilerler.

Kärhana daşyndan täsir edýän subýektlere *bäsdeşler* hem degişlidir. Bazarda bäsleşik derejesi, bäsdeşleriň strategiýalary kärhananyň öz strategiýasynyň bolmagyny we onuň funksional kiçi ulgamlarynyň (baha, innowasion, daşary ykdysady ulgamlar) düzgünleşdirmegini talap edýär.

*Hyzmatdaşlar* (beýleki kärhanalar, banklar, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, ylmy-barlag we taslama-konstruktorçylyk guramalary we beýlekiler) hem kärhananyň işine täsir edýärler, aýratyn hem goşulyşan birleşikleriň, mysal üçin, dikligine ýa-da keseligine birleşikleriň işindäki gatnaşyklara täsir edýärler. Kärhananyň dikligine ýa-da keseligine birleşigine girmegi, adatça, kärhananyň mümkinçiliklerini, hususan-da, goşmaça serişdeleri çekmek mümkinçiligini giňeldýär.

Daşky gurşaw subýektlerine *döwletiň ykdysady syýasatyny alyp baryjylar* bolup durýan edaralar we guramalar hem, şol sanda salgyt gulluklary, tehniki düzgünleşdiriş, sertifikatlaşdyryş we metrologiýa edaralary we beýlekiler degişlidir.

Kärhananyň içki gurşawyna täsir ediş ulgamynda jemgyýetçilik guramalary aýratyn orun eýeleýärler, olar, mysal üçin, «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak jemgyýeti» öndürilýän önümiň we edilýän hyzmatlaryň hiline gözegçilik etmekde degerli rol oýnaýarlar. Ekologiýa guramalary kärhananyň ekologiýa ýagdaýyna edýän täsirine gözegçilik edýärler.

Kärhana täsir edýän subýektler makrogurşawyň milli derejesine, sebitleýin derejesine şeýle-de olaryň ikisine-de degişli bolup bilerler *(2-nji surat)*. Sebitleýin derejä degişli täsir edýän subýektler näçe köp bolsa, sebitiň ykdysady gurşawy şol derejede ýapyk bolýar, olaryň diňe sebit derejesine degişli bolmagy bolsa (serişdeler bilen üpjün edijileriň hem-de sarp edijileriň bir sebitde ýerleşmegi) sebitiň sebitara zähmet bölünişigine doly manysynda gatnaşmaýandygyny habar berýär.

| | | |
|---|---|---|
| **Milli dereje.**<br><br>Döwletiň ykdysady syýasatyny alyp baryjylar: | – bäsdeşler;<br>– maddy-çig mal serişdeler bilen üpjün edijiler;<br>– pul-karz serişdeleri bilen üpjün edijiler;<br>– sarp edijiler: | – zähmet serişdeleri bilen üpjün edijiler;<br>– giňişlik serişdeleri (ýer, tokaýlar we ş.m.) bilen üpjün edijiler.<br>**Sebitleýin dereje.** |

**2-nji surat.** ***Kärhananyň daşky gurşawynyň milli we sebitleýin derejeleri***

**Sorag we ýumuşlar**

*1. Kärhananyň daşky gurşawynyň gurluşyny teswirläň.*
*2. Kärhananyň wezipelerini durmuşa geçirmegiň barşynda onuň bilen özara hereketde bolýan bazar subýektleriniň düzümini görkeziň.*
*3. Kärhana täsir edýän haýsy hojalyk subýektleri milli derejä, haýsylary bolsa sebit derejesine degişli bolup durýar?*

## 1.4. Kärhanalaryň guramaçylyk--hukuk görnüşleri

Çylşyrymly durmuş-ykdysady ulgam hökmünde kärhananyň ýagdaýy we onuň wezipesi resminamalarda görkezilýär. Şunuň ýaly resminamalara kärhananyň pasporty, eger giňişleýin häsiýetnama zerur bolsa, kärhananyň portreti degişlidir.

Kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk görnüşleri şular boýunça tapawutlanýar:

– maýanyň eýesiniň kärhanany dolandyrmaga we onuň önümçilik işine şahsy özüniň gatnaşmagynyň hökmanylygy boýunça;

– telekeçilik işini amala aşyrýan täjirçilik guramasynyň maýasynyň eýeleri bolup duran raýatlaryň karzdarlaryň öňündäki emläk jogapkärçiliginiň derejesi boýunça;

– kärhananyň esaslyk (goşulan) maýasyna goýlan serişdeleri yzyna gaýtarmak mümkinçiligi we tertibi boýunça;

– esaslandyryjylaryň we gatnaşyjylaryň beýleki hukuklary hem-de borçnamalary boýunça.

Käbir ýurtlarda hojalyk şereketleriniň iki görnüşi bolýar: doly şereket we ynama esaslanýan şereket.

*Doly şereket* munuň özi, eger oňa gatnaşýanlar (doly şereketçiler) özaralarynda baglaşylan şertnama laýyklykda şereketiň adyndan telekeçilik işi bilen meşgullanýan bolsalar we özleriniň emlägi bilen onuň borçnamalary boýunça raýdaş jogapkärçilik çekýän bolsalar, ýagny şerekete karz beren tarap şol bir wagtda olaryň ählisine hem, olaryň birine hem doly möçberde emläk talabyny bildirip bilýän bolsa, doly şereketi aňladýar. Gatnaşýanlar azyndan iki bolmalydyr, gatnaşýanlaryň aňryçägi kesgitlenen däldir. Haýsydyr bir sebäbe görä diňe bir gatnaşyjynyň galýan ýagdaýynda doly şereket hojalyk jemgyýetine öwrülýär ýa-da ýatyrylýar. Şunuň ýaly şereketiň esaslyk maýasynyň iň pes möçberi esaslandyryş res-

minamalarynyň bellige aldyrmak üçin berlen senesindäki ýagdaýa görä, zähmet hakynyň iň pes möçberiniň 100 essesinden az bolmaly däldir.

Doly şereketiň esaslandyryş resminamasy esaslandyryş şertnamasy bolup durýar. Onda şereketi döretmegiň tertibi, emlägi oňa bermegiň şertleri, peýdany we ýitgileri gatnaşyjylaryň arasynda paýlamagyň şertleri hem-de tertibi, doly şereketiň işini dolandyrmagyň tertibi, esaslandyryjylaryň onuň düzüminden çykmagynyň düzgüni we esaslyk maýanyň düzümi we ş.m. kesgitlenýär.

*Doly şereketiň işini alyp barmagyň üç usuly bardyr:*

– her bir gatnaşyjy hojalyk işini şereketiň adyndan özbaşdak alyp barýar;

– gatnaşyjylar şereketiň işini bilelikde alyp barýarlar, ýagny şereketiň adyndan geçirilýän ähli geleşikler diňe gatnaşyjylaryň ählisiniň bilelikdäki çözgüdiniň esasynda amala aşyrylýar;

– işleri alyp barmak gatnaşyjylaryň birine tabşyrylýar, beýlekileri, eger olar şereketiň adyndan haýsydyr bir geleşikleri geçirjek bolsalar, onda bu geleşik «dolandyrýan» gatnaşyjynyň ynanç hatynyň esasynda amala aşyrylýar. Doly şerekete gatnaşyjynyň her biriniň, özüniň esaslyk maýadaky paýyna garamazdan, diňe bir sesi bolýar.

*Ynama esaslanýan şereket* – bu oňa gatnaşyjylaryň iki görnüşi girýän şereketdir: olaryň biri şereketiň adyndan telekeçilik işini amala aşyrýan we şereketiň borçnamalary boýunça özüniň ähli emlägi bilen jogap berýän, ýagny hukuk derejesi boýunça telekeçiler bolup durýan bir ýa-da birnäçe «doly» şereketçiler, beýlekisi şereketiň işlerini dolandyrmaga gatnaşmaýan we öz goýumlarynyň çäklerinde şereketiň işi bilen bagly ýitgiler töwekgelçiligini çekýän bir ýa-da birnäçe «goýumçylar» (kommandistler) bolup durýar.

Gatnaşýanlaryň iň az möçberi iki adamdyr, olaryň biri doly şereketçi, beýlekisi goýumçy bolýar, gatnaşýanlaryň iň ýokary möçberi çäklendirilmeýär. Ynama esaslanýan şereket üçin hojalyk işini ýöretmegiň doly şereket üçin niýetlenen görnüşi ýaly görnüşi bolýar, emma dolandyryşyň saýlanyp alnan görnüşi esaslandyryş şertnamasynda bellenýär.

Iki görnüşdäki şereketleriň hem gowy tarapy gurluşynyň çeýeligi, meseleleri gatnaşýanlaryň arasyndaky ylalaşyk boýunça çözmek mümkinçiligi bolup durýar. Şunda kanunçylyk taýdan berk düzgünleşdirme bolmaýar, dolandyryş örän ýönekeýdir we resmi häsiýete eýedir. Şereketiň öz işi barada köpçülikleýin hasabat bermeli däldigi möhüm ýagdaýdyr.

Esasy ýetmezçiligi – gatnaşýanlaryň öz emlägi bilen jogap berýänligidir (goýumçylar muňa girmeýär). Şu sebäbe görä, şereket telekeçilik işiniň töwekgelçiligi pes bolan ugurlarynda, ýagny maglumat geňeş hyzmatlary we ş.m. ugurlarynda döredilse gowy bolar.

Ýurduň ykdysadyýetinde möhüm orny hojalyk jemgyýetleri tutýar. Olaryň şereketlerden düýpli tapawudy şereketiň adamlaryň birleşigi bolup, onda hojalyk işine işjeň gatnaşmagyň hökmanydygyndan, hojalyk jemgyýetiniň bolsa maýanyň birleşmegi bolup, jemgyýetiň işine hökmany gatnaşmagyň talap edilmeýändiginden ybaratdyr.

Hojalyk jemgyýetleriniň esasy üç görnüşi görkezilýär: çäkli jogapkärçilikli jemgyýet, goşmaça jogapkärçilikli jemgyýet we paýdarlar jemgyýeti.

*Çäkli jogapkärçilikli* jemgyýet (ÇJJ) diýlip bir ýa-da birnäçe adam tarapyndan esaslandyrylan täjirçilik guramasy ykrar edilýär, onuň esaslyk maýasy esaslandyryş resminamalarynda kesgitlenen paýlara bölünýär. ÇJJ-niň firma adynda «çäkli jogapkärçi-

likli» diýen sözler bolmalydyr. Şunda «çäkli jogapkärçilikli» diýen adalga jemgyýeti esaslandyryjylaryň (gatnaşyjylaryň) onuň borçnamalary boýunça jogap bermeýändiklerini, olaryň töwekgelçiliginiň diňe jemgyýetiň esaslyk maýasyna goýum hökmünde berlen emlägiň ýitirilmegi bilen çäklenýändigini aňladýar.

Şereketlerden tapawutlylykda kanunçylyk ÇJJ-niň esaslyk maýasyna jemgyýetiň karzdarlarynyň bähbitlerini kepillendirýän emlägiň iň pes möçberi hökmünde seredýär, şunda:

– ÇJJ-niň esaslyk maýasynyň iň pes möçberi esaslandyryş resminamalarynyň bellige aldyrmak üçin berlen senesindäki ýagdaýa görä, zähmet hakynyň iň pes möçberiniň 100 essesinden az bolmaly däldir;

– esaslyk maýa goýum hökmünde diňe pul serişdeleriniň däl, eýsem beýleki emläkleriň hem geçirilen ýagdaýynda esaslandyryjylar bu goýumlaryň puldaky bahasyny kesgitleýärler. Kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda şunuň ýaly baha babatynda garaşsyz bilermenler tarapyndan barlag geçirilip bilner;

– ÇJJ esaslandyryjyny (gatnaşyjyny) esaslyk maýa goýum goýmak borjundan boşatmaga rugsat berilmeýär;

– ÇJJ-niň bellige alnan pursadynda esaslandyryjylar tarapyndan esaslyk maýanyň ýarysyndan az bolmadyk möçberi tölenen bolmalydyr, galan bölegi birinji ýylyň dowamynda tölenmäge degişlidir; eger şu döwrüň dowamynda ÇJJ-niň esaslyk maýasy doly tölenmedik bolsa, onda ÇJJ-niň esaslyk maýasyny bar bolan möçbere görä azaltmaga ýa-da ol özüniň ýapylýandygyny yglan etmäge borçludyr;

– ÇJJ-niň esaslyk maýasyny artdyrmaga oňa gatnaşyjylar tarapyndan goýumlar ÇJJ-niň arassa aktiwleriniň gymmatynyň esaslyk maýanyň kanunda bellenen iň pes möçberinden pes derejä çenli azalan ýagdaýynda jemgyýet ýatyrylmaga degişlidir;

– hojalyk şereketlerinden tapawutlylykda ÇJJ bir adam tarapyndan döredilip ýa-da onuň diňe bir gatnaşyjysy bolup biler.

ÇJJ-niň ýokary edarasy oňa gatnaşyjylaryň ýygnagydyr; ýerine ýetiriji edarasy kollegial görnüşde hem, bir başlyklyk (direktor, dolandyryjy) görnüşinde hem bolup biler.

ÇJJ degerli derejede täjirçilik töwekgelçiligi bolan işi amala aşyrmak üçin döredilse maksadalaýyk bolar. Şunuň ýaly görnüş kiçi telekeçilik we iri telekeçilik tarapyndan üstünlikli peýdalanylyp bilner.

*Goşmaça jogapkärçilikli jemgyýetiň* (GJJ) işi GJJ-niň işini tertipleşdirýän kadalar boýunça düzgünleşdirilýär. Onuň firma adynda «goşmaça jogapkärçilikli» diýen sözler bolmalydyr.

ÇJJ-den tapawutlylykda GJJ-niň gatnaşyjylarynyň onuň borçnamalary boýunça jogapkärçiligi esaslyk maýa ilkibaşky goýumyň möçberi bilen çäklenmeýär, tersine olar onuň borçnamalary boýunça ähli taraplar üçin birmeňzeş möçberde, esaslandyryş resminamalarynyň kesgitlenýän goýumlaryň esseleýin ululygynda subsidar jogapkärçilik (bergini birinji tarapyň töläp bilmedik ýagdaýynda, beýleki jogapkär tarapa töletdirmek hukugy) çekýärler. Gatnaşýanlaryň biriniň batan ýagdaýynda jemgyýetiň borçnamalary boýunça jogapkärçilik oňa gatnaşyjylarynyň arasynda olaryň goýumlaryna deň ölçegli paýlanýar.

Kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk görnüşleri ulgamynda *paýdarlar jemgyýeti* (PJ) aýratyn orun eýeleýär. «Paýdarlar jemgyýeti hakynda» kanuna laýyklykda esaslyk maýasy

her biri jemgyýete gatnaşyjylaryň (paýdarlaryň) jemgyýet babatynda aýratyn hukuklaryny tassyklaýan gymmatly kagyz bilen (paýnama) aňladylan paýlaryň bellibir möçberine bölünen täjirçilik guramasy paýdarlar jemgyýeti diýlip ykrar edilýär. Paýdarlar jemgyýeti iki görnüşli, ýagny açyk görnüşli (APJ) we ýapyk (ÝPJ) görnüşli bolýar.

APJ üçin öz paýnamalaryna açyk köpçülikleýin ýazylyşyk geçirmäge bolan hukuk häsiýetlidir, şunda sanlary çäklendirilmedik paýdarlar paýnamalary beýleki paýdarlaryň razylygy bolmazdan satyp bilýärler. Paýdarlar jemgyýetiniň açyklygy, hususan-da, onuň her ýylda ýyllyk hasabaty, buhgalterçilik hasabatlylygyny çap etmek borjundan ybaratdyr.

Munuň tersine, ÝPJ-niň çykarýan paýnamalarynyň açyk ýazylyşygyny geçirmäge ýa-da olary haýsydyr bir görnüşde sany çäklendirilmedik adamlara teklip etmäge haky ýokdur. Paýnamalar diňe esaslandyryjylaryň ýa-da adamlaryň beýleki bir öňünden kesgitlenen toparynyň arasynda paýlanýar. Eger paýdarlaryň sany 50 adamdan geçýän bolsa, ol APJ-ne öwrülmelidir ýa-da ýapylmalydyr. ÝPJ üçin azyndan iň pes zähmet hakynyň 100 essesinden pes bolmadyk derejede esaslyk maýanyň bolmagy zerurdyr.

Paýnamalary çykarmak we olaryň dolanyşykda bolmagy APJ-niň ony täjirçilik ýuridik taraplaryň guramaçylyk-hukuk gurluşyndan tapawutlandyrýan esasy aýratynlygy bolup durýar, bu bolsa şular ýaly artykmaçlyklary şertlendirýär:

– maýany jemlemegiň we onuň hereketiniň erkinligini;
– hereket etmeginiň durnuklylygyny;
– çäkli jogapkärçiligi;
– hünärli dolandyryşy.

APJ maýa goýumçylaryň serişdelerini çekmek paýnamalary çykarmak ýoly bilen amala aşyrylýar, bu bolsa ownuk maýa goýumçylaryň serişdelerini çekmek we her bir aýratyn maýa goýumçynyň töwekgelçiligini peseltmek üçin amatlydyr. Paýnamalary satyn almak bilen, satyn alyjy APJ-ni dolandyrmaga, onuň paýnamalaryň gymmatynda materiallaşdyrylan (maddylaşdyrylan) emläginiň bir bölegine eýe bolmaga bolan hukugy alýar. Mundan başga-da, paýdar pul serişdeleri görnüşinde diwidendleri, ýagny APJ-niň paýdarlaryň arasynda paýlanmaga degişli peýdasynyň bir bölegini almaga bolan hukugy alýar.

APJ-niň adaty (ýönekeý) we aýratyn hukukly paýnamalary çykarmaga haky bardyr, olar eýeleriniň hukuklary boýunça tapawutlanýarlar.

Adaty paýnamalar öz eýelerine şu hukuklary berýär:

– umumy ýygnakda meseleler çözülende ses bermek hukugy;
– diwidendleri almak hukugy;
– karzdarlar bilen hasaplaşykdan soň galýan emlägiň bir bölegini almak hukugy (APJ ýapylanda);
– jemgyýetden onuň işi barada maglumat almak hukugy.

Aýratyn hukukly paýnamalaryň eýeleri bellibir ýagdaýlarda ýönekeý paýnamalara garanyňda käbir artykmaçlyklardan peýdalanýar.

Meselem, aýratyn hukukly paýnamalaryň eýeleriniň işiň netijesine garamazdan, diwidendler adaty paýnamalaryň eýeleriniň arasynda paýlanmazdan öň olary almaga hukuklary bardyr. APJ ýapylan wagtynda karzdarlar bilen hasaplaşyklardan soň olaryň aýratyn hukukly paýnamalaryň gymmatyny almakda artykmaçlyk hukugy bardyr. Şol bir wagtyň özünde aýratyn hukukly paýnamalar olaryň eýelerine kärhananyň paýdarlarynyň umumy ýygnagynda ses bermek hukugyny bermeýär. Käbir halatlarda şeýle mümkinçilik kärha-

nanyň tertipnamasynda göz öňünde tutulýar, emma bu diňe aýratyn hukukly paýnamalaryň eýeleriniň emläk bähbitlerine gönüden-göni täsir edýän meseleleriň çözülýän ýagdaýlaryna degişlidir. APJ-niň esaslyk maýasynyň umumy möçberinde aýratyn hukukly paýnamalaryň paýy 25%-den geçmeli däldir.

Aýratyn hukukly paýnamalaryň eýeleriniň hukuklary paýdarlar jemgyýetiniň tertipnamasynda kesgitlenýär we olaryň görnüşine bagly bolup durýar. Öwrülýän (konwentirlenýän) aýratyn hukukly paýnamalar giňden ýaýrady, olaryň eýeleriniň degişli möhletden soň olaryň ýerine adaty paýnamalaryň bellibir mukdaryny almaga hukugy bardyr. Maýa goýumçylar üçin aýratyn hukukly paýnamalary öwrüp (çalşyp) bolýanlygy iki sebäbe görä özüne çekiji bolup durýar:

– paýnamalaryň eýesiniň adaty paýnamalar bilen deňeşdirilende, yzygiderli diwidendleri almaga ynam derejesi ýokary bolýar;

– adaty paýnamanyň bazardaky gymmaty ýokarlanan halatynda öwrülýän aýratyn hukukly paýnamanyň bahasy aýratyn hukukly paýnamanyň özüniň bahasyny hem, ony adaty paýnama öwürmegiň koeffisiýentini hem degişli derejede ýokarlandyrmak ýoly bilen artdyrylýar. APJ-niň tertipnamasynda aýratyn hukukly paýnamalar boýunça möçberi tertipnamada görkezilen diwidendiň tölenmedik ýa-da doly tölenmedik ýagdaýynda toplanýar we soňundan tölenýär (kumulýatiw aýratyn hukukly paýnamalar).

Aýratyn hukukly paýnamalar boýunça diwidendiň möçberi we ýatyryş gymmaty kesgitli pul möçberinde ýa-da aýratyn hukukly paýnamalaryň nominal gymmatynyň göteriminde bellenýär.

Eger kärhana iri maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirýän bolsa, onda paýdarlaryň umumy ýygnagy diwidendleri tölemezlik barada çözgüt kabul edip biler.

ÝPJ-niň paýnamalarynyň eýeleri olary beýleki paýdarlaryň ýa-da kärhananyň ýolbaşçylarynyň rugsady bolmazdan erkin satyp we satyn alyp bilerler. Paýnamalaryň erkin dolanyşygy mehanizminiň kömegi bilen maýanyň işiň bir ugrundan beýleki ugruna tiz geçmegi amala aşyrylýar. Emma maýanyň şunuň ýaly ondan-oňa geçmegi diňe paýnamalaryň geçginliliginiň ýokary bolan şertlerinde mümkindir (haýsydyr bir nygmatyň geçginliligi diýip ony degişli bazarda ýerleşdirmegiň tizligine düşünilýär). Gymmatly kagyzlaryň, şol sanda paýnamalaryň, geçginliliginiň üç derejesi görkezilýär:

– çäkli geçginliligi bolan gymmatly kagyzlar, şunuň ýaly kagyzlar boýunça bazara gatnaşyjylar satmak ýa-da satyn almak üçin ýüztutma berýärler, ýöne şeýle ýüztutmalaryň peýda bolmagy yzygider häsiýetde bolmaýar, şunuň ýaly gymmatly kagyzlar bazara gatnaşyjylaryň sany 3%-den ýokary geçmeýär;

– olar boýunça yzygiderli söwdalar alnyp barylýan we olary 5 günüň dowamynda bazar bahalary boýunça ýerleşdirmek mümkinçiligi bar bolan geçginli gymmatly kagyzlar;

– olar boýunça onlarça maýa goýum institutlarynyň gatnaşmagynda işjeň söwda alnyp barylýan we olary 1 sagadyň dowamynda ýerleşdirilip bolýan geçginliligi ýokary bolan gymmatly kagyzlar.

PJ kärhanalaryň gymmatly kagyzlarynyň beýleki bir görnüşini – obligasiýalary hem çykaryp (emitirläp) biler, bu kärhanalaryň bergi borçnamalary bolup, onuň eýesiniň bellenen möhletlerde nominal gymmatyny (ýa-da nominal gymmatyny we göterimleri) almak hukugyny tassyklaýar.

PJ-niň aýry-aýry gatnaşyjylaryň (paýdarlaryň) özüni alyp barşyna bagly däldigi onuň artykmaçlygy bolup durýar, bu hem onuň durnuklylygyny şertlendirýär. Meselem, doly şereketde bir gatnaşyjynyň çykyp gitmegi onuň hereketiniň bes edilmegine, AGJ-de bolsa gatnaşyja oňa degişli paýy tölemegiň hasabyna jemgyýetiň emläginiň azalmagyna getirip biler. Paýdar PJ-den çykan wagtynda ondan tölegleri talap edip bilmeýär, bu ýagdaý paýdar bilen PJ-niň arasynda özara gatnaşyklaryň tebigatyndan gelip çykýar. Paýdarlar jemgyýeti paýdarlaryň gündelik dolandyryşa gatnaşmagyny göz öňünde tutmaýar. Dolandyryş we eýeçilik bu ýerde ykdysady manyda bölünendir. Gündelik dolandyryşy ýörite bilimleri we endikleri bolan adamlar – menejerler amala aşyrýarlar.

PJ-niň ýokary dolandyryş edarasy paýdarlaryň umumy ýygnagy bolup durýar, onuň aýratyn ygtyýarlygyna şu meseleler girýär: PJ-niň tertipnamasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek, yglan edilen paýnamalaryň aňryçäk gymmatyny kesgitlemek, esaslyk maýany artdyrmak ýa-da azaltmak, ýerine ýetiriji edarany döretmek, ýyllyk hasabatlary, buhgalterçilik balanslary tassyklamak we beýlekiler. Paýdarlar jemgyýetine umumy ýolbaşçylygy direktorlar geňeşi amala aşyrýar. PJ-niň gündelik işine ýolbaşçylyk jemgyýetiň ýeke-täk ýerine ýetiriji edarasy (direktor, baş direktor) ýa-da ýeke-täk we kollegial ýerine ýetiriji edara (müdiriýet, direksiýa) tarapyndan bilelikde amala aşyrylýar.

PJ-niň käbir aýratynlyklarynyň onuň işine ýaramaz täsir edýändigini belläp geçmek gerek. Meselem, PJ-niň borçnamalary boýunça paýdarlaryň çäkli jogapkärçiligi, paýdarlar üçin bähbitli bolmak bilen, jemgyýete iri karzlary bermek mümkinçiligine ýaramaz täsir edip biler. Paýdarlaryň gündelik hojalyk işinden üzňe bolmagy we olaryň özaralarynda gatnaşyk saklamak mümkinçiliginiň bolmazlygy (ýa-da ýeterlik däldigi) PJ-niň işine gözegçiligi kynlaşdyrýar, bu bolsa direktorlar geňeşi tarapyndan kabul edilen, ýaramaz netijelere getirip biljek çözgütleriň öz wagtynda ýüze çykarylmagyna päsgelçilik berýär.

PJ-niň işiniň döwlet tarapyndan jikme-jik we berk düzgünleşdirilmegi hem ýetmezçiliklere degişli edilip bilner, şunda bu düzgünleşdirme kärhananyň işi baradaky maglumatlary açmak, hasabatlary diňe bir paýdarlara däl, eýsem, döwlet edaralaryna hem bermek, ýyllyk maliýe hasabatlarynyň dogrulygyna garaşsyz auditorlyk tassyknamasynyň hökmanylygy ýaly talaplary hem öz içine alýar.

Hususylaşdyrylýan kärhanalaryň binýadynda APJ-ni döretmegiň bellibir aýratynlyklary bardyr. Bu hususylaşdyrylýan kärhanalaryň paýnamalarynyň bir böleginiň ýapyk ýazylyşyk boýunça zähmet kollektiwleriniň agzalaryna we olara deňleşdirilen adamlara mugt ýa-da ýeňillikli bahalardan berilýändigi bilen baglydyr. Şunuň ýaly PJ-ni ýeke-täk esaslandyryjy emlägi dolandyrmak boýunça müdirlik ýa-da onuň ýerlerdäki edaralary bolup durýar.

Kanunçylykda golçur we garaşly jemgyýetler düşünjesi hem girizilýär. Eger beýleki (esasy) hojalyk jemgyýetiniň ýa-da şereketiň başga bir jemgyýetiň esaslyk maýasyna agdyklyk edýän gatnaşygynyň bardygy sebäpli ýa-da baglaşylan şertnama laýyklykda ýa başga bir görnüşde şol jemgyýet tarapyndan kabul edilýän çözgütleri kesgitlemäge mümkinçiligi bar bolsa, onda çözgütleri kesgitlenilýän hojalyk jemgyýeti golçur jemgyýet diýlip ykrar edilýär.

Eger beýleki (agdyklyk edýän) jemgyýetde PJ-niň ses berýän paýnamalarynyň 20%-den ýa-da APJ-niň esaslyk maýasynyň 20%-den gowragy bar bolsa, onda hojalyk jemgyýeti garaşly diýlip ykrar edilýär. Hojalyk jemgyýeti (agdyklyk edýän jemgyýet) garaşly

jemgyýetiň paýnamalarynyň 20%-den gowragyny satyn alandygy baradaky maglumatlary haýal etmän çap etmäge borçludyr.

Kärhananyň ýene bir guramaçylyk-hukuk görnüşi önümçilik kooperatiwleri bolup durýar, raýatlaryň şahsy zähmet ýa-da beýleki gatnaşygyna we onuň agzalary tarapyndan paý gatançlarynyň birleşdirilmegine esaslanýan bilelikdäki önümçilik ýa-da beýleki hojalyk işini amala aşyrmak üçin agzalyk esasyndaky meýletin birleşmeleri kooperatiwler diýlip ykrar edilýär.

Önümçilik kooperatiwiniň agzalary kanunçylyk namalarynda we kooperatiwiň tertipnamasynda göz öňünde tutulan möçberlerde we tertipde kooperatiwiň borçnamalary boýunça alanlygynyň subsidiýa jogapkärçiligini çekýärler, Kooperatiwiň ýokary dolandyryş edarasy onuň agzalarynyň ýygnagy bolup durýar, gündelik işi dolandyrmak bolsa synçylar geňeşi tarapyndan amala aşyrylýar.

Döwlet böleginiň täjirçilik guramalarynyň özboluşly guramaçylyk hukuk görnüşi döwlet unitar kärhanasy (DUK) we munisipal unitar kärhana (MUK) bolup durýar. Doly hojalygy ýöretmek hukugyna esaslanýan unitar kärhanalar we gündelik dolandyryş hukugyna esaslanýan unitar kärhanalar (döwlet kärhanalary) bardyr.

Unitar kärhanalar özlerine berkidilen emlägiň eýesi bolup durmaýarlar, olaryň diňe hojalygy doly ýöretmek ýa-da gündelik dolandyrmak babatynda çäkli hukuklary bolýar. Unitar kärhananyň emlägi bölünmeýär we bölekler, paýlar boýunça, şol sanda kärhananyň işgärleriniň arasynda paýlanmaýar.

Hojalygy ýöretmek hukugyna esaslanýan unitar kärhanalar has giň ýaýrandyr. Olaryň emläk eýesiniň ýa-da ol tarapyndan ygtyýarlandyrylan edaranyň rugsady bolmazdan, öz garamagyndaky emlägi satmaga, ony kärendä bermäge, girewine goýmaga ýa-da başga bir görnüşde oňa ygtyýar etmäge haklary ýokdur. Unitar kärhanany esaslandyryjy bolup döwlet ýa-da munisipal emlägi dolandyrmaga ygtyýarly edara çykyş edýär. Unitar kärhananyň esaslandyryjy resminamasy Tertipnama bolup durýar. Kärhananyň ýolbaşçysy emlägiň eýesi ýa-da onuň bähbitlerine wekilçilik edýän we oňa hasabat berýän edara tarapyndan bellenýär. Bellemek şertnamalaýyn esasda bolup geçýär, bu bolsa ýolbaşçyny özüne tabşyrylan gündelik hojalyk işini amala aşyrmagyň barşynda bellibir derejede garaşly ýagdaýda goýýar.

Beýleki unitar kärhanalar tarapyndan olara emlägiň bir bölegini hojalygy ýöretmek üçin bermek ýoly bilen döredilýän golçur kärhanalar hem hojalygy ýöretmek hukugyna esaslanýan unitar kärhanalara degişlidir.

Umumy kadalar boýunça unitar kärhananyň emläginiň eýesi ýa-da esaslandyryjysy onuň borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekmeýär, eýesiniň hereketleriniň kärhananyň batmagyna getiren ýagdaýlary muňa girmeýär.

Gündelik dolandyryş hukugyna esaslanýan unitar kärhanalar (döwlet (gazna) kärhanalary) ýokarda durýan edara tarapyndan tassyklanan meýilnama boýunça işleýärler we olara býujetden maliýeleşdirmek degişli bolýar. Şonuň üçin hem bu kärhanalaryň operatiw özbaşdaklygy hojalygy ýöretmek hukugyna esaslanýan unitar kärhanalara garanyňda ep-esli pesdir. Şular ýaly kärhanalary saklap galmak zerurlygy, birinji nobatda, halk hojalygynyň göni döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegini (meýilnamalaşdyrylmagyny) ýa--da maliýeleşdirilmegini talap edýän käbir pudaklarynyň we işiň ugurlarynyň özboluşly

aýratynlygy bilen baglydyr. Şunuň ýaly pudaklara we işiň ugurlaryna, mysal üçin, Gosznak, atom energetikasy kärhanalary, goranmak senagatynyň aýry-aýry kärhanalary degişlidir.

Şu aşakdakylar döwlet (gazna) kärhanalary bolup bilerler:

– kanunlarda diňe döwlet kärhanalary üçin rugsat edilýän işi amala aşyrýan kärhana;

– 50%-den gowragyny döwletiň sarp edýän önümini öndürýän kärhana;

– döwlet we munisipal kärhanalary hususylaşdyrmagyň döwlet maksatnamasynda hususylaşdyrylmagy gadagan edilen kärhana.

Emläk döwlet (gazna) kärhanasyna gündelik dolandyryş hukugy esasynda degişlidir, ýagny şunuň ýaly kärhananyň emläge diňe eýesiniň razylygy bilen ygtyýar etmäge haky bardyr, eýesi peýdalanylmaýan (ýa-da bellenen maksady boýunça peýdalanylmaýan) emlägi islendik wagtda döwlet (gazna) kärhanasyndan alyp biler.

Döwlet (gazna) kärhanasynyň önümçilik-hojalyk işi ony ösdürmek meýilnamasyna we ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylan meýilnama-tabşyryga laýyklykda amala aşyrylýar, bu edara-kärhananyň meýilnama-tabşyrygynyň we ösüş maksatnamasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Şunuň ýaly kärhana her çärýekde meýilnama-tabşyrygynyň we ösüş maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi barada we özbaşdak hojalyk işini amala aşyrmaga berlen rugsadyň esasynda öndürilen önümleriň çykarylyşy barada bellenilen görnüş boýunça statistik we buhgalterçilik hasabatlaryny ygtyýarly edara berýär.

Döwlet (gazna) kärhanasy özüniň öndürýän önümlerini özbaşdak ýerleşdirýär, ýöne onuň girdejilerini paýlamagyň tertibi emläk eýesi ýa-da eýesiniň ygtyýarlandyran edarasy tarapyndan kesgitlenýär. Kärhananyň peýdasy meýilnama-tabşyrygynyň we ösüş maksatnamasynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreleri maliýeleşdirmäge hem-de beýleki önümçilik maksatlaryna, şeýle hem durmuş ösüşe (ölçegler boýunça) gönükdirilýär, peýdanyň erkin galyndysy bolsa döwlet býujetiniň girdejisine alynmaga degişlidir.

Hojalyk gatnaşyklary ulgamynda kärende kärhanalary aýratyn orun tutýar. Kärende beýleki bir eýäniň emlägine şertnama esasynda muzdly ygtyýar etmekden we girdeji almak ýa-da başga wezipeleri çözmek maksady bilen, bellibir döwrüň dowamynda ondan peýdalanmakdan ybaratdyr. Kärendeçi bilen kärendä berijiniň arasyndaky gatnaşyklar kärende şertnamasy arkaly düzgünleşdirilýär. Kärende eýeçilik görnüşini we eýäni üýtgetmeýär. Kärendä alnan emläk kärendä berijiniň eýeçiliginde galýar, kärendeçi bellibir töleg tölemek bilen, kärendä alnan emläge rugsat etmek we ony peýdalanmak hukugyny alýar, şonuň netijesinde ony peýdalanmakdan alnan önüm we girdeji kärendeçiniň emlägi bolup durýar. Kärende kärhanasyna hojalygy ýöretmegiň hususy telekeçilik işi bilen kesekiniň emlägini dolandyrmagyň arasyndaky aralyk görnüşi hökmünde seredilip bilner.

### Sorag we ýumuşlar

*1. Kärhanalaryň esasy guramaçylyk-hukuk görnüşlerini sanap geçiň.*

*2. Şereketleriň esasy görnüşlerine gysgaça häsiýetnama beriň.*

*3. PJ-ni emele getirmegiň we onuň hereket etmeginiň aýratynlyklary nämeden ybarat?*

*4. Paýdarlar jemgyýetleriniň paýnamalarynyň esasy görnüşlerini we olaryň aýratynlyklaryny görkeziň.*

*5. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalary saklap galmagyň zerurlygynyň nämeden ybaratdygyny düşündiriň we olaryň esasy görnüşlerini beýan ediň.*

*6. Kärende kärhanalaryny häsiýetlendiriň we onuň beýleki guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň arasynda nähili orun eýeleýändigini aýdyp beriň.*

## 1.5. Kärhanalaryň topara bölünmesi

Işiň käbir görnüşlerini alyp barmak üçin, kärhana degişli döwlet edaralaryndan ygtyýarnama – resmi taýdan resminama almaly bolýar, şonuň esasynda bellibir möhletiň dowamynda işiň bu resminamada görkezilen görnüşini amala aşyrmaga rugsat berilýär we işiň şu görnüşini amala aşyrmagyň şertleri kesgitlenýär.

Mysal üçin, nebiti, gazy we olary gaýtadan işlemekden alnan önümleri saklamak üçin Nebit we gaz senagaty ministrliginden, senagat galyndylaryny we beýleki galyndylary ikinji gezek peýdalanmak, bir ýerde saklamak, ondan-oňa geçirmek we ýerleşdirmek üçin Tebigaty goramak ministrliginden, halkara derejesinde syýahatçylyk işini alyp barmak üçin syýahatçylyk baradaky döwlet komitetinden rugsat almak talap edilýär.

Kärhananyň hereket etmeginiň şertleriniň (salgyt möçberleriniň, esasy serişdelerden ulanyş tutumyny almagyň görnüşiniň, gümrük ýygymlarynyň we ş.m.) işiň häsiýetine we aýratynlyklaryna bagly bolup durýandygy sebäpli, işiň kärhananyň tertipnamasynda ýazylyp bellenilen ugurlarynyň sanawynyň ýokary ähmiýeti bardyr. Şunuň bilen bir wagtda döwlet möhüm makroykdysady proporsiýalary düzgünleşdirmek maksady bilen, halk hojalygynyň we senagatyň ileri tutulýan pudaklarynyň kärhanalary üçin ol ýa-da beýleki ýeňillikleri girizip biler.

Häzirki zaman önümçiligi özara baglanyşykly birnäçe pudaklardan we önümçiliklerden ybaratdyr. Bir pudagy beýleki pudakdan tapawutlandyrýan esasy alamatlar şulardan ybaratdyr: öndürilýän önümiň ykdysady maksady, sarp edilýän çig malyň we materiallaryň häsiýeti, önümçiligiň tehniki binýady we peýdalanylýan tehnologik prosesler, işgärleriň hünärlilik düzümi. Şu alamatlar boýunça aýry-aýry önümçilikler hem tapawutlandyrylýar. Şeýlelikde, senagat pudagy özleri üçin ýa öndürilýän önümiň bir maksadynyň bolmagy ýa-da ulanylýan tehnologik prosesleriň umumylygy ýa-da gaýtadan işlenýän çig malyň birmeňzeşligi häsiýetli bolan senagat kärhanalarynyň jeminden ybaratdyr.

Kärhanany haýsydyr bir pudaga degişli etmek üçin getirilen ähli alamatlaryň bolmagy hökman däldir. Ykdysady iş tejribesinde agdyklyk edýän bir alamat peýdalanylýar. Meselem, maşyn gurluşygynyň haýsydyr bir pudagyny emele getirmek üçin ýa önümiň bellenilen maksadynyň umumylygy (stanok gurluşygy) ýa-da tehnologik amallaryň birligi (galwaniki ýa-da lak-reňk çalmak) hasaba alynýar. Maşyn gurluşygynyň ol ýa-da beýleki pudagyna goşulýan kärhanalar, köplenç halatda, zähmet gurallary hökmünde peýdalanylýan önümleri ýa-da tehniki taýdan çylşyrymly, uzak möhletli peýdalanylýan harytlary öndürýärler. Azyk senagatyna birleşen kärhanalar we önümçilikler azyk önümlerini taýýarlaýarlar. Metallurgiýa kärhanalaryny birleşdirmegiň esasynda tehnologik prosesiň umumylygy goýlandyr. Agaç işläp bejerýän senagat gaýtadan işlenýän çig malyň umumylygynyň esasynda emele getirilýär.

Senagat pudaklaryny emele getirmek bellibir şertleriň bolmagyny talap edýär, olaryň iň möhümleriniň biri hem önümiň şu görnüşini ýerleşdirmek üçin sygymly bazaryň bolmagydyr. Islegiň ujypsyz bolmagy önümiň netijeli öndürilmegini we onuň ýerleşdirilmegini üpjün edýän kärhanalary döretmäge mümkinçilik bermeýär. Elbetde, bu ýörelge aýry-aýry ýagdaýlarda berjaý edilmän bilner.

Ikinji möhüm şert degişli tebigy serişdeleriň bolmagy bolup durýar. Düzgün bolşy ýaly, bu senagatyň kömür, gaz, nebit çykaryjy we beýleki bir (mono) önüm öndürýän pudaklarydyr.

Ykdysady nazaryýetde we tejribede senagat pudaklaryny klassifikasiýa bölmegiň esasynda goýlan aşakdaky esasy alamatlar peýdalanylýar:

– önümiň funksional maksady;
– önümçiligiň monopoliýalaşma derejesi;
– ykdysady özboluşlylyk.

*Önümiň bellenilen maksady nukdaýnazaryndan tutuş senagat esasy gaznalaryň, dolanyşyk gaznalarynyň elementlerini, sarp edilýän zatlary (predmetleri) öndürýän pudaklara bölünýär.*

Önümçiligiň *monopoliýalaşma derejesi* boýunça ähli pudaklar doly bäsdeşlige ukyply, monopolistik, monopolistik bäsleşikli we oligopolistik pudaklara bölünýärler.

*Doly bäsdeşlige* ukyply pudaklara her biri bäsdeşleriniň harytlarynyň ýerini doly tutup bilýän harytlary öndürýän we bazara çykarýan köp sanly kärhanalardan durýan pudaklar degişlidir. Şunda her bir kärhananyň teklibiniň möçberi teklibiň umumy möçberiniň ujypsyz bölegini (1%-den köp däl) düzýär we emele gelen baha täsir edip bilmeýär. Doly bäsdeşlige ukyply pudaklar üçin düzümiň durnukly däldigi häsiýetlidir, çünki her bir kärhananyň bazaryň konýunkturasyna garamazdan, pudaga erkin girmek we ondan çykmak mümkinçiligi bardyr.

*Monopolistik pudak* önümiň bir görnüşini öndürmegi we bazara çykarmagy amala aşyrýan bir kärhanadan durýar. Monopolistik pudaklaryň harydyň bazardaky möçberine, önümiň bahasyna gözegçilik etmäge we bazara bäsdeşleriň girmegine päsgelçilik bermäge mümkinçiligi bolýar.

Bazarda bäsdeşleriň peýda bolmagynyň öňüni almak döwletden önümiň (hyzmatlaryň) şu görnüşini öndürmäge aýratyn hukuklary almagyň, eýelerine şu önümi öndürmäge we satmaga aýratyn hukuklary berýän täze önümler we tehnologiýalar üçin patentleriň we awtorlyk hukuklarynyň hasabyna üpjün edilýär. Monopol bazarda täze oýunçylaryň peýda bolmagy üçin päsgelçilik bolup, iri maýa goýumlarynyň zerurlygy çykyş edýär (nazary taýdan ugurdaş ulgamlar boýunça gazy akdyrmagy üpjün edýän korporasiýanyň Gazprom bilen bäsdeşligini göz öňüne getirip bolar, ýöne ägirt uly möçberlerde maýa goýumlaryň talap edilýändigi sebäpli ony durmuşa geçirmek iş ýüzünde mümkin däldir).

*Monopolistik bäsleşikli pudak* bellibir derejede, ownuk, dürli görnüşdäki önümleri öndürýän köp sanly kärhanalaryň bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Her bir firmanyň önüminiň mahsus aýratynlygy bar hem bolsa, sarp ediji onuň ýerini tutýan harydy ýeňil tapyp we öz islegini oňa gönükdirip biler. Pudaga girýän kärhanalar biri-biri bilen bäsleşýärler we bazaryň köp bolmadyk bölegine (1-den 10%-e çenli) eýeçilik edýärler. Emma differensirlenen önümiň çykarylmagy bellibir monopolistik häsiýeti üpjün edýär we bahalar bellenilende we önümçiligiň möçberleri kesgitlenilende bäsdeşleriň pikirine üns bermezlige mümkinçilik berýär.

Oligopolistik pudak monopolistik bäsleşikli pudakdan özünde bazaryň ep-esli bölegine eýeçilik edýän çäkli kärhanalaryň bardygy bilen tapawutlanýar, bu bolsa önümiň çykarylýan möçberleri we bahasy kesgitlenilende, olaryň özara baglylygyny şertlendirýär we bazar bahalarynyň hem-de pudaklaýyn teklibiň möçberiniň ýokary derejede durnuklylygyny üpjün edýär.

Pudaklary önümçiligiň aýry-aýry kärhanalarda jemlenmegi alamaty boýunça topara bölmek hökümete bazar ýagdaýyna baha bermäge, degişli pudak edaralaryna bolsa bazary düzgünleşdirmek boýunça çäreleri işläp taýýarlamaga we onda (bazarda) monopolistik meýilleriň ösüşine garşy durmaga mümkinçilik berýär.

Senagat pudaklary olara girýän kärhanalaryň ykdysady özboluşlylygy alamatlary boýunça hem klassifikasiýa bölünýär, hususan-da:

1. Önümçilik çykdajylarynyň gurluş düzüminiň umumylygy. Pudaklar we önümçilikler materialy köp talap edýänlere (kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmatynda maddy harajatlar agdyklyk edýär – azyk senagaty, gara metallurgiýa), energiýany köp talap edýänlere (ýangyç we energiýa üçin harajatlar – alýumin senagaty), zähmeti köp talap edýänlere (zähmet haky üçin harajatlar we durmuş zerurlyklar üçin geçirimler – çaphana), gaznany (esasy serişdäni) köp talap edýänlere (ulanyş tutumlary – gaz we nebit çykaryjy senagat) bölünýär.

2. Esasy önümçilik gaznalarynyň (serişdeleriniň) gurluş düzüminiň umumylygy. Kärhanalaryň esasy önümçilik gaznalarynyň (serişdeleriniň) gymmatynyň gurluş düzüminde esasy orny jaýlar (gurluşyk materiallary, et-süýt senagaty), desgalar (ýangyç), geçiriji enjamlar (elektroenergetika), iş maşynlary (maşyn gurluşygy, ýeňil senagat) we ş.m.

3. Önümçilik görnüşleriniň umumylygy (aýratyn, köpçülikleýin, tapgyrlaýyn önümçilik).

Pudaklaryň arasyndaky bellibir önümçilik baglanyşyklaryny görkezýän mukdar häsiýetnamalary senagatyň pudaklaýyn gurluş düzüminiň beýany bolup durýar.

Senagatyň gurluş düzümine üç derejede seredilip bilner: makro, mezo we mikro gurluşlar.

Senagatyň makrogurluşy diýip senagatyň toplumlaýyn pudaklarynyň «birleşdirilen» pudaklarynyň arasyndaky gatnaşyga we özara baglanyşyklara düşüneris (gara metallurgiýa, ýangyç senagaty, maşyn gurluşygy hem-de metal işläp bejeriş we ş.m.).

Mezogurluşy «birleşdirilen» pudaklaryň düzümine girýän senagat pudaklaryny emele getirýär. Mysal üçin, maşyn gurluşygy we metal işläp bejeriş enjam gurluşygy, gural ýasaýjy senagaty, elektrotehniki, awtomobil, podşipnik senagatyny we beýlekileri, azyk senagatyny – et-süýt, gant, ýag senagatyny öz içine alýar.

Mikrogurluş kiçi pudaklary we senagat önümçiliginiň aýry-aýry görnüşlerini öz içine alýar.

Senagatyň gurluş düzümine seljerme geçirilende, önüm öndürmegiň möçber görkezijileri, esasy önümçilik serişdeleriniň, maýa goýumlaryň ululygy we işleýänleriň sany peýdalanylýar. Pudaklaryň mukdar gatnaşygyny önümçiligiň möçber görkezijisi has laýyk häsiýetlendirýär, sebäbi birinji nobatda bizi haýsydyr bir pudagyň ýa-da ykdysady işiň görnüşiniň senagat önümçiligine gatnaşma paýy gyzyklandyrýar. Ykdysady işiň görnüşleriniň gatnaşygy baradaky goşmaça maglumatlar esasy önümçilik serişdeleriniň gymmatynyň ýa-da işleýänleriň sanynyň gatnaşygyny berýär. Bazar gatnaşyklaryna geçilýän şertlerde ykdysady işiň görnüşiniň býujetleriň ähli derejelerine salgytlaryň gelip gowuşmagyndaky paýynyň görkezijisi peýdalanylyp bilner, bu degişli derejäniň býujetiniň emele getirilmeginde olaryň ornuna baha bermäge mümkinçilik berýär.

Dürli görkezijiler boýunça pudaklaýyn gurluş düzümine geçirilen seljerme ol ýa-da beýleki pudaklaryň kärhanalarynyň işiniň netijeliligine baha bermäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin, senagat önümçiliginde azyk senagatynyň paýy maşyn gurluşygyna garanyňda iki esse, işleýänleriň sany boýunça bolsa 6 essä golaý az hem bolsa, olaryň býujetiň girdeji bölegini emele getirmekdäki ähmiýeti birmeňzeşdir.

### Sorag we ýumuşlar

*1. «Ykdysady işiň görnüşi» düşünjesini açyp görkeziň.*
*2. «Senagatyň pudaklaýyn gurluşy» näme?*
*3. Senagat önümçiliginiň düzüm gurluşynyň hasaplanyp çykarylýan esasy görnüşlerini aýdyp beriň we olaryň artykmaçlygyny we ýetmezçiligini görkeziň.*
*4. Pudaklaryň, kiçi pudaklaryň we önümçiligiň görnüşleriniň topara bölünmesiniň esasy görnüşlerini aýdyp beriň.*

# II BAP. KÄRHANANYŇ GURLUŞ DÜZÜMI WE ÖNÜMÇILIK DÖWRI

## 2.1. Kärhananyň umumy we guramaçylyk gurluşy

*Gurluş – ulgamy emele getirýän elementler bilen olaryň arasyndaky durnukly aragatnaşyklaryň jemidir.* Kärhana çylşyrymly ulgam bolup, onuň içinde özara hereket edýän birnäçe gurluşlary - uçastoklary, sehleri, beýleki birlikleri görkezip bolar.

Kärhananyň ähli önümçilik sehleri we uçastoklary, kärhanany dolandyrmagy amala aşyrýan birlikler, şeýle hem oňa hyzmat etmek bilen meşgullanýan birlikler *kärhananyň umumy gurluşyny* emele getirýärler.

Kärhananyň önüm taýýarlamagyň barşynda özara hereket edýän önümçilik bölümleriniň (sehleriň, uçastoklaryň) düzümi, önümçilik bölümleriniň ululygy we olaryň işgärleriniň sany, esasy serişdeleriň gymmaty, eýeleýän meýdany boýunça gatnaşygy, olaryň giňişlikde ýerleşişi kärhananyň umumy gurluşynyň bir bölegi bolup durýan önümçilik gurluşyndan ybaratdyr.

Kärhanalaryň birlikleriniň arasynda dolandyrmagyň barşynda ýüze çykýan özara baglanyşyklaryň we özara gatnaşyklaryň jemi guramaçylyk gurluşyny emele getirýär. Guramaçylyk gurluşynyň esasy wezipesi kärhananyň ähli birlikleriniň işine gözegçiligi we olaryň utgaşmagyny üpjün etmek bolup durýar. Kärhananyň guramaçylyk gurluşy kärhananyň dürli funksional we çyzyklaýyn birlikleriniň ygtyýarlyk derejesini görkezýär.

Guramaçylyk gurluşy kärhananyň wezipelerine (meýilnamalaşdyrmak, hasaba alyş, maliýe, işgärler, marketing, önümçilik we beýlekiler), şeýle hem onuň işiniň aýratynlyklaryna – önümiň nomenklaturasyna we assortimentine, bazaryň aýratynlygyna we ş.m. laýyklykda emele getirilip bilner.

Dolandyryş täsirlerini durmuşa geçirmegiň başlangyç binýady we guramaçylyk gurluşyny taslamagyň esasy bolup, wagt we giňişlik boýunça oýlanyşykly paýlanan hem-de baglanyşdyrylan dolandyryş wezipeleri çykyş edýär.

*Önümçilik prosesini dolandyrmagyň esasy wezipeleri şular bolup durýar:*

1.Guramaçylyk – bu bellenen netijäni mümkin bolan az harajatlar bilen gazanmak maksady bilen, yzygiderli özara baglanyşykly hereketleriň birleşigidir. Önümçiligi guramak bilen dolandyryş ulgamy ýakyndan baglanyşyklydyr. Önümçiligi guramagy kämilleşdirmek täze dolandyryş ulgamlaryny talap edýär, bu ulgamlary ornaşdyrmak bolsa önümçiligiň guralyşyny kämilleşdirmegi göz öňünde tutýar. Guramaçylyk wezipesi önümçilige hem, tutuşlygyna kärhanany dolandyrmaga hem-de onuň aýry-aýry önümçilik bölümlerine we ýerine ýetirijilere hem degişlidir.

2. Kadalaşdyrmak (ölçegleri bellemek) – bu önümçiligiň we dolandyrmagyň barşynda peýdalanylýan dürli elementleriň mukdar hem-de hil çägini belleýän ululyklary esaslandyrmak işidir. Onuň wezipesi kadaly we sazlaşykly ösüşi üpjün etmek üçin önümçilik

tabşyryklaryny işläp taýýarlamagy we durmuşa geçirmegi tertipleşdirmek bolup durýar. Kadalaşdyrmak wezipesi dürli kadalaşdyryjy resminamalary döretmek we peýdalanmak bilen durmuşa geçirilýär.

3. Meýilnamalaşdyrmak bu bellenilen maksatlara ýetmek boýunça anyk hereketler maksatnamasyny düzmek we ony önümçilik bölümlerine hem-de anyk ýerine ýetirijilere ýetirmekdir. Tutuşlygyna alanyňda kärhananyň we onuň gurluş birlikleriniň işiniň tehniki-ykdysady görkezijileri meýilnamalaşdyrmak üçin esas bolup durýar.

4. Utgaşdyrmak – bu kärhananyň önümçilik we funksional birlikleriniň sazlaşykly işini üpjün etmekdir.

5. Gözegçilik bu kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň netijelerini umumylaşdyrmak, seljermek we baha bermek, meýilnama görkezijilerinden gyşarmalary ýüze çykarmak we degişli dolandyryş çözgütlerini öz wagtynda taýýarlamak maksady bilen, maglumatlary birlikleriň we funksional gulluklaryň ýolbaşçylarynyň dykgatyna ýetirmekdir.

6. Düzgünleşdirmek bu önümçilik işiniň barşynyň bellenen tertibinden we meýilnamalaşdyrylan netijelerden ýüze çykarylan gyşarmalary aradan aýyrmak boýunça dessine çäreleri görmekdir.

Islendik kärhananyň işi hökmany suratda kärhananyň derejesinde menejmentiň esasy «bloklaryny» düzýän şu umumy wezipeleriň durmuşa geçirilmegini öz içine alýar: marketing, strategik meýilnamalaşdyrmak, hasaba alyş, maliýe we ykdysady taýdan meýilnamalaşdyrmak, işgärleri dolandyrmak, önümçilik prosesini guramak we beýlekiler.

Guramaçylyk gurluşynda her bir element bellibir orun eýeleýär. Oňa aragatnaşykda bolmak mahsusdyr, şol gatnaşygyň üstünden dolandyryşyň barşynda olaryň özara hereketi (göni we gaýdyş aragatnaşygy) ýüze çykýar. Elementleriň guramaçylyk gurluşynyň içindäki arabaglanyşyklarynyň çyzyklaýyn, funksional we wezipeara häsiýeti bolup biler.

Çyzyklaýyn aragatnaşyklar birlikler bilen dolandyryşyň dürli derejelerindäki ýolbaşçylaryň arasynda ýüze çykýar we bir ýolbaşçynyň beýleki ýolbaşça edara ediş (administratiw) taýdan tabyn bolan ýerinde peýda bolýar (direktor – sehiň başlygy – ussa).

Funksional aragatnaşyklar birlikler bilen dolandyryşyň dürli derejelerinde bellibir iş bilen bagly ýolbaşçylaryň arasyndaky özara hereket üçin häsiýetlidir. Şunda olaryň arasynda edara ediş tabynlygy bolmaýar (mysal üçin, sehiň önümçilik maksatnamasyny düzmek: sehiň başlygy – önümçilik-dispetçerçilik bölümi).

Wezipeara aragatnaşyklar şol bir dolandyryş derejesindäki birlikleriň arasynda (kärhananyň dürli sehleriniň ýa-da funksional birlikleriniň ýolbaşçylarynyň arasynda) ýüze çykýar.

Sanalyp geçilen aragatnaşyklaryň häsiýeti dolandyryşyň guramaçylyk gurluşynyň görnüşini kesgitleýär.

Iň ýönekeý guramaçylyk gurluşy çyzyklaýyn gurluşdyr *(3-nji surat).* Onuň esasynda ähli dolandyryş wezipeleriniň kärhananyň ýolbaşçysynda jemlenmegi bolup, şunda ähli birlikleriň we sehleriň dolandyryş işgärleri onuň göni tabynlygynda bolýar. Şunuň ýaly guramaçylyk gurluşynda işgärler gönüden-göni ýolbaşça tabyn bolýarlar (gözegçilik gerimi

5-10 adam). Bu görnüşe iýerarhiýa (tabynlyk basgançagy) we bir ýolbaşçylyk ýörelgesi mahsusdyr, çyzyklaýyn ýolbaşçylara bolsa bilimleriň, dolandyryş usullarynyň we ýörelgeleriniň uniwersallygy häsiýetlidir.




**3-nji surat.** ***Çyzyklaýyn guramaçylyk gurluşy***

Çyzyklaýyn guramaçylyk gurluşy (1, 2. 3 – önümçilik sehleri; 1.1, 1.2... – önümçilik uçastoklary)

Gurluş ýönekeý we tygşytly bolup, başlyklyk etmek bilen jogapkärçiligiň balansyny berjaý etmäge mümkinçilik berýär, şol bir wagtyň özünde hem ýolbaşçynyň ahyrky jogapkärçiligini üpjün edýär. Emma çyzyklaýyn gurluşa uly ýetmezçilik hem mahsusdyr – hiç bir ýolbaşçy uniwersal bolup we kärhananyň işiniň ähli taraplaryna birmeňzeş hünärli ýolbaşçylyk edip bilmejekdigi şol ýetmezçilik bolup durýar.

Şunuň ýaly gurluş diňe gündelik wezipeleri çözmäge gözükdirilendir. Onuň üçin çeýe dällik häsiýetli bolup, ol býurokratizmiň ýüze çykmagyna we maglumatlar bir dolandyryş derejesinden beýlekisine geçirilende olaryň ýoýulmagyna ýol berýär.

Funksional gurluşda (4-nji suratda) funksional birlikleriň ýolbaşçylary bellibir iş boýunça ýöriteleşýärler we degişli wezipeleriň durmuşa geçirilişine jogap berýärler, öz ygtyýarlygyna girýän meseleler boýunça önümçilik birliklerine görkezme berýärler. Funksional gurluşyň esasy artykmaçlyklary – hünärmenleriň önümçilige göni täsir etmeginden, dolandyryşyň ýöriteleşmeginiň ýokary derejesinden, kabul edilýän çözgütleriň çuňňur işlenip geçilmeginden we esaslandyrylmagyndan ybaratdyr. Esasy ýetmezçilik çylşyrymlylygy we tygşytly däldigi (birlikleriň we diýmek, dolandyryş kanallarynyň köplügi) bolup durýar.

Önümçiligiň çylşyrymlylygynyň ýokarlanmagy we geriminiň giňelmegi, dolandyryş wezipeleriniň differensirlenmegi çyzyklaýyn-ştab gurluşynyň peýda bolmagyny şertlendirdi. Ýolbaşçylaryň ýanynda «ştablar» – bellibir wezipeleri (hasaba alyş, gözegçilik we ş.m.) ýerine ýetirýän, ýöne çözgütleriň kabul edilmegi, degişlilikde, önümçiligiň netijeleri üçin göni jogapkärçilik çekmeýän hünärmenlerden durýan dolandyryş birlikleri döredilýär. Çyzyklaýyn-ştab gurluşy dolandyryş meselelerini başarnykly çözmäge mümkinçilik berýär, ýöne çözgütleri kabul etmegiň barşynda ugurlaýyn ýolbaşçylaryň wagtlaýyn çalşylmagyna getirýär.




**4-nji surat.** ***Guramanyň funksional gurluşy***

Guramanyň funksional gurluşy (A, B, Ç – funksional birlikler; 1, 2, 3 – önümçilik birlikleri)

Önümçiligiň diwersifikasiýa edilmegi we dolandyryşyň ýöriteleşmegi utgaşdyrylan gurluşlaryň peýda bolmagyna getirdi, olaryň arasynda çyzyklaýyn-funksional gurluş *(5-nji surat)* has giň ýaýran gurluş bolup, ol çyzyklaýyn we funksional ulgamlaryň esasy gowy taraplaryny birleşdirýär we şol bir wagtyň özünde dolandyryş işiniň ýöriteleşmeginiň ösüşini üpjün edýär. Şunda önümçiligiň netijeleri üçin jogap berýän çyzyklaýyn ýolbaşçylaryň abraýy saklanýar.




**5-nji surat.** ***Guramanyň çyzyklaýyn-funksional gurluşy***

Guramanyň çyzyklaýyn-funksional gurluşy (A, B, Ç – funksional birlikler; 1, 2, 3 – önümçilik birlikleri).

Dolandyryşyň ykdysady usullarynyň agdyklyk edýän ýagdaýynda, bäsleşik, tiz üýtgeýän makroykdysady gurşaw şertlerinde, sarp edijileriň ileri tutmalarynyň we gymmatlyklarynyň üýtgäp durýan ýagdaýlarynda çyzyklaýyn-funksional gurluşyň artykmaçlyklary doly aýdyň görünmeýär, ýöne onuň ýetmezçilikleri has gowy duýulýar:

– maglumatlaryň hereketiniň haýallygy we degişlilikde, çözgütleriň haýal kabul edilmegi;

– çyzyklaýyn we funksional ýolbaşçylaryň bähbitleriniň laýyk gelmezligi, bu bolsa kabul edilýän çözgütleriň tizligine we hiline täsir edýär;

– orta derejedäki ýolbaşçylaryň örän inçe ýöriteleşmegi, bu olaryň gözýetimini çäklendirýär we şeýlelikde, täzelikleriň girizilmegi kynlaşýar;

– ýolbaşçylaryň töwekgelçiligi peseltmäge we çözgütler kabul edilende, öz üstüne uly jogapkärçilik almakdan gaça durmaga çalyşmaklary.

Senagat taýdan ösen ýurtlarda çyzyklaýyn-funksional gurluşdan daşlaşma bellenilýär (onuň nusgawy görnüşi telekeçiligiň däp bolan ugurlarynda orta we kiçi kärhanalarda saklanyp galýar). Iri kompaniýalaryň arasynda guramaçylyk gurluşynyň diwizional görnüşi agdyklyk edýär.




**6-njy surat.** ***Guramanyň diwizional görnüşi***

Diwizional guramaçylyk gurluşy üçin dolandyryş wezipeleriniň merkezden aýrylmagy häsiýetlidir, şunda önümçilik birliklerine esasy dolandyryş wezipelerini (hasaba alyş, meýilnamalaşdyrmak, maliýe taýdan dolandyrmak, marketing we ş.m.) durmuşa geçirýän özbaşdak gurluşlar berilýär. Bu bolsa önümçilik birliklerine öz önümlerini işläp taýýarlamak, öndürmek we ýerleşdirmek bilen bagly wezipeleri özbaşdak çözmäge mümkinçilik berýär. Şeýle ýagdaýda kärhananyň ýokary ýolbaşçylary strategik wezipeleri goýmak we çözmek meselesinde ünsüni jemläp bilýär.

Guramaçylyk gurluşynyň şu görnüşine geçilmegini aşakdaky ýagdaýlar şertlendirdi:

– telekeçilik işiniň diwersifikasiýasynyň ösmegi;

– dolandyryşyň ýöriteleşmegi;

– halkara zähmet bölünişigi;

– orta derejäniň menejerleriniň maglumatlylyk derejesiniň, özlerine berýän bahalarynyň we garaşmalarynyň ýokarlanmagy.

Diwizional gurluş çyzyklaýyn-funksional gurluşdan ýokary derejede çeýeligi bilen tapawutlanýar, bu bolsa çözgütleriň tiz kabul edilmegini üpjün edýär we bazar konýunkturasynyň tiz üýtgeýän we tehnologik täzelikleriň girizilýän şertlerinde onuň artykmaçlygy bolup durýar. Iki gurluşyň esasy artykmaçlyklary 1-nji tablisada görkezilýär.

Gurluşyň ýetmezçiliklerine aýry-aýry birlikler bilen tutuşlygyna alanyňda kärhananyň bähbitleriniň gapma-garşylygyny, dolandyryş wezipeleriniň gaýtalanmagyny (dolandyryş apparatynyň giňelmegi we tygşytlylygyň pesligi) degişli edýärler. Kärhananyň giňelmegi bilen bu dolandyryşyň ýitirilmegine getirip biler.

*1-nji tablisa*

**Çyzyklaýyn-funksional we diwizional gurluşlaryň gowy taraplarynyň deňeşdirmesi**

| Çyzyklaýyn-funksional gurluş | Diwizional gurluş |
|---|---|
| 1. Durnuklylyk (durnukly gurşawda has netijelidir) | 1. Çeýelik (hereketdäki gurşawda has netijelidir) |
| 2. Dolandyryş çykdajylarynda tygşytlylyk | 2. Çözgütleri kabul etmegiň tizligi |
| 3. Ýöriteleşme we ezberlilik | 3. Düzgün tertipli çemeleşme |
| 4. Bir funksional gullugyň ygtyýarlygyna girýän ýönekeý meseleleri çalt çözmek | 4. Çylşyrymly özara zerur meseleleri çalt çözmek |
| 5. Durnukly tehnologiýadan we emele gelen bazardan ugur almak | 5. Täze tehnologiýalardan we bazarlardan ugur almak |
| 6. Baha bäsdeşliginden ugur almak | 6. Baha däl bäsleşikden ugur almak |

Matrisaly guramaçylyk gurluşy kärhananyň önüminiň dürli görnüşlerini işläp taýýarlaýan we çykarýan, birnäçe maýa goýum ýa-da innowasion taslamalary durmuşa geçirýän mahalynda diwersifisirlenen önümçiligiň şertlerinde ýüze çykýar. Şunuň ýaly gurluş çyzyklaýyn-funksional we diwizional gurluşlaryň sintezinden ybaratdyr (*7-nji surat*).

Umumy görkezmeler ýerine ýetirijilere çyzyklaýyn ýolbaşçylar tarapyndan, aýratyn görkezijiler (instruksiýalar) bolsa aýry-aýry taslamalaryň ýolbaşçylary tarapyndan berilýär. Taslamalaryň ýolbaşçylaryna ýörite ygtyýarlyklar berilýär, olar çözgütleri kabul edýärler, funksional birliklerden gelip gowuşýan maglumatlary birleşdirýärler we teswirleýärler, taslamalaryň barşyna gözegçiligi amala aşyrýarlar. Ulgamlaýyn ýolbaşçylaryň görkezmeleriniň anyk bir taslama boýunça işlere degişli bolan ýagdaýynda bu görkezmeler aýry-aýry taslamalaryň ýolbaşçylary bilen ýazmaça ylalaşylýar.

Matrisaly gurluşyň esasy artykmaçlyklary çeýelik, depginlilik, tehnologik maýany we maýa goýum işini saklap galmagy hem-de giňeltmegi kepillendirmek bolup durýar. Taslamanyň ýolbaşçysynyň onuň üstünlikli durmuşa geçirilmegine hünär derejesini ýokarlandyrmaga bolan isleg we aýratyn kollektiwleýin maksatlaryň birleşmegi bilen şertlendirilen şahsy gyzyklanmasy kollektiwiň agzybirligini höweslendirýär hem-de zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyny üpjün edýär. Şonuň üçin hem bu gurluş, köplenç halatda, wagt boýunça çäkli taslamalar ýerine ýetirilende ulanylýar.




**7-nji surat.** ***Kärhananyň guramaçylyk gurluşynyň matrisa gurluşy***

Matrisa ulgamlarynyň ýetmezçilikleriniň hataryna ony amala aşyrmagyň dolandyryşdaky bir ölçeglilik ýörelgesini berjaý etmek bilen bilelikde bolup geçmeýändigini degişli edip bolar, şonuň netijesinde her bir tabynlykda işgäriň bir däl-de, birnäçe ýolbaşçysy bolýar, olaryň görkezmeleri bolsa, köplenç halatda, gapma-garşy bolup biler.

**Sorag we ýumuşlar**

*1. Kärhananyň umumy, guramaçylyk we önümçilik gurluşyna kesgitleme beriň.*
*2. Kärhananyň esasy guramaçylyk gurluşlarynyň nähili ýetmezçilikleri we artykmaçlyklary bar?*
*3. Edara ediş-buýruk beriş we bazar ykdysadyýeti şertlerinde işleýän kärhanalar üçin haýsy guramaçylyk gurluşlarynyň has kabul ederliklidigine seljerme geçiriň we esaslandyryň.*

## 2.2. Guramaçylyk gurluşlaryny emele getirmek we olary transformirlemek

Ykdysady gurşawyň yzygiderli üýtgeýän talaplaryna laýyk gelýän guramaçylyk gurluşynyň gözlegi kärhanalary öz guramaçylyk gurluşyny üýtgetmäge mejbur edýär. Islendik, bellibir şertler üçin iň gowy gurluş kärhananyň hereket etmeginiň barşynda daşky we içki gurşawda bolup geçýän üýtgemelere laýyk gelmän başlaýar.

Guramaçylyk gurluşynyň emele getirilmegine daşky we içki faktorlar täsir edýärler, ýöne esasy roly önümçiligiň görnüşi – senagat önümçiligini guramagyň aýratynlyklarynyň toplumlaýyn häsiýetnamasy oýnaýar. Önümçiligiň görnüşi önümçilik prosesiniň esasy elementleriniň içki aragatnaşyklarynyň häsiýetini we iş ýerlerinde önümçilik şertleriniň durnuklylyk derejesini görkezýär hem-de birnäçe faktorlara, ýagny ýöriteleşme derejesine, önümçiligiň gerimine, önümleriň taýýarlanýan nomenklaturasynyň çylşyrymlylygyna we durnuklylygyna bagly bolýar. Önümçiligiň üç görnüşi tapawutlandyrylýar: aýratyn, tapgyrlaýyn we köpçülikleýin.

Aýratyn önümçilik üçin çäkli derejede sarp edilýän önümiň dürli görnüşli we yzygiderli üýtgeýän nomenklaturasyna girýän önümleri bir-birden (aýratyn) çykarmak häsiýetlidir (turbinalar we kuwwatly elektrik maşynlary, kärende stanlary iri we özboluşly metal kesýän stanoklar we ş.m.). Tapgyrlaýyn önümçilige çäkli nomenklatura girýän, çykarylmagy bellibir wagtyň dowamynda gaýtalanýan birmeňzeş önümleri bir wagtda tapgyrlaýyn öndürmek mahsusdyr. Tapgyr diýip anyk döwrüň dowamynda üznüksiz, ugurdaş ýa-da yzygiderli, bölekleýin önümçilige goýberilýän birnäçe gurluş taýdan birmeňzeş önümlere düşünilýär. Iri elektro hereketlendirijiler, kompressorlar, ýol-gurluşyk we oba hojalyk maşynlary hem-de tehnikanyň beýleki görnüşleri tapgyrlaýyn önümçiligiň dürli görnüşli desgalary bolup durýarlar. Önümleriň sanyna baglylykda tapgyrda ownuk tapgyrlaýyn, orta tapgyrlaýyn we iri tapgyrlaýyn önümçilik görkezilýär.

Köpçülikleýin önümçilige önümiň çäkli nomenklaturasyny köp möçberlerde taýýarlamagyň bellibir derejede uzak döwri mahsusdyr. Mysal üçin, awtomobiller, telewizorlar, durmuşda ulanylýan elektrik enjamlary we tehnikanyň beýleki görnüşleri köpçülikleýin önümçiligiň görnüşli obýektleri bolup durýar.

Önümçiligiň guramaçylyk görnüşli gurluşyna täsir edýär. Köpçülikleýin önümçilik üçin işleýänleriň umumy sanynda hünärmenleriň paýynyň az bolmagy, diýmek, özbaşdak gurluş birlikleriniň az bolmagy häsiýetlidir, şonuň netijesinde dolandyryş wezipeleriň merkezleşme derejesi ýokarlanýar. Dolandyryş wezipeleriniň köp böleginiň gönüden-göni önümçilik birliklerine berilýän ýeri bolan aýratyn önümçilikde guramaçylyk gurluşy merkezleşmeden aýrylmaga ymtylýar, bu bolsa diwizional gurluşlaryň peýdalanylmagyna getirýär. Tapgyrlaýyn önümçilikde tapgyryň möçberi guramaçylyk gurluşyny kesgitleýär, ownuk tapgyrlaýyn önümçiligiň guralyşynyň aýratyn önümçiligiň guramaçylyk gurluşyna meňzeşligi bardyr, iri tapgyrlaýyn önümçiligiň guralyşy bolsa köpçülikleýin önümçiligiň guramaçylyk gurluşyna golaý bolýar.

Guramaçylyk gurluşy ulgamyň aýry-aýry elementleriniň bilelikde hereket etmeginiň aýry-aýry elementleriň hereket etmeginiň jemi netijeliligine garanyňda has ýokary umumy netijeliligi üpjün eder ýaly guralmalydyr (ulgamlaýyn netije diýlip atlandyrylýar).

Guramaçylyk gurluşy aşakdaky şertleri kanagatlandyrar ýaly görnüşde işlenip taýýarlanylýar:

– serişdeleriň peýdalanylyşyny amatly utgaşdyrmak we gözegçilik etmek hem-de kärhananyň işiniň ýokary ykdysady netijeliligi;

– kärhananyň her bir birligi boýunça maýa goýum we önümçilik harajatlaryny hem--de çykdajylary hasaba almak.

Guramaçylyk gurluşyny işläp taýýarlamak şu tapgyrlary öz içine alýar:

– kärhananyň maksatlaryny we wezipelerini bellemek;

– goýlan maksatlara ýetmek üçin kärhana tarapyndan durmuşa geçirilýän wezipeleri kesgitlemek (umumy ýolbaşçylyk, maliýe, ykdysady seljeriş, maliýe gözegçiligi, meýilnamalaşdyrmak, hasaba alyş, işgärleri dolandyrmak, marketing, satyn almalar, önümçilik we ýerleşdirme);

– wezipeleri toparlamak ýa-da özara baglanyşdyrmak;

– anyk wezipeleriň durmuşa geçirilmegi üçin jogap berýän gurluş birliklerini anyklamak;

– işleriň esasy görnüşleriniň ählisini seljermek, meýilnamalaşdyrmak we beýan etmek;

– täze birlikler üçin işgärleri toplamak we okatmak maksatnamalaryny düzmek.

Guramaçylygy taslamak (guramaçylyk gurluşyny işläp düzmek) şu kadalary berjaý etmek bilen amala aşyrylýar:

– kärhananyň wezipeleri anyk birliklere ýa-da adamlara berkidilmelidir. Eger kärhanada haýsydyr bir wezipesiniň amala aşyrylmagyna jogap berýän bölüm ýa-da işgär ýok bolsa, onda ony ýerine ýetirmek serişdeleriň, birinji nobatda bolsa ýüze çykýan meseleleri çözmek üçin gerek boljak wagtyň ýitirilmegi bilen bagly bolar;

– her bir wezipäni diňe bir birlik ýa-da bir ýerine ýetiriji amala aşyrmaly, bolmasa gaýtalama ýüze çykar, bu hem önümçilik däl çykdajylarynyň bolmagyna getirýär we dolandyryşyň ýitirilmegine sebäp bolýar;

– kärhananyň geljekki ösüşini göz öňünde tutmaly we guramaçylygy taslamak işini geljekki maksatlara gözükdirmeli;

– guramaçylyk gurluşyny amatly etmegiň esasy parametrlerine üns bermek talap edilýär, olaryň arasynda şular bardyr: dolandyryş çygry – birligiň ýolbaşçysynyň tabynlygyndaky işgärleriň sany; dolandyryş derejeleriniň sany; işler, prosesler, enjamyň görnüşleri, ýerleşýän ýerleri, önümler ýa-da sarp edijileriň derejeleri boýunça jikme-jikleşdirmek; borçlary we ygtyýarlyklary tertipleşdirmek we paýlamak.

Guramaçylyk gurluşy döwürleýin ösýär. Bellibir tapgyrda kärhana özüniň guramaçylyk gurluşynyň çäginden «ösüp çykýar» we ony özgertmek üçin şertler peýda bolýar.

Kärhananyň gurluşynyň üýtgemegi bilen bagly ony özgertmegiň esasy usuly gurluş taýdan üýtgedip guramak bolup durýar, ol dolandyryş gurluşyny we wezipelerini kämilleşdirmäge degişlidir. Kärhanany gurluş taýdan üýtgedip guramagyň maksady önümçiligiň netijeliligini, önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, zähmet öndürijiligini artdyrmak, şeýle hem önümçilik harajatlaryny azaltmak bolup durýar. Gurluş taýdan üýtgedip gurmagyň barşynda özgertmeler toplumlaýyn amala aşyrylýar we kärhana hereket etmegiň bazaryň üýtgän şertlerine laýyk gelýän täze şertlerine geçýär.

Gurluş taýdan üýtgedip guramagy geçirmegiň netijesinde ýüze çykýan täze guramaçylyk gurluşy şu talaplara laýyk gelmelidir:

– bähbitleriň çapraz gelmeginiň mümkin bolan nokatlarynyň sanyny azaltmak;

– birlikleriň arasynda maglumatlaryň çalt we netijeli alşylmagyny üpjün etmek;

– dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň barşynda ygtyýarlyklaryň we borçlaryň paýlanyşyny düzgünleşdirmek.

*2-nji tablisa*

**Önümçilik görnüşleriniň aýratynlyklary (maşyn gurluşygyň mysalynda)**

| Önümçiligiň görnüşi | Esasy alamatlary | | | Önümçilik görnüşleriniň mysallary |
|---|---|---|---|---|
| | Nomen-klaturanyň durnuklylygy we giňligi | Çykarylýan maşynlaryň köpdürlüligi we gaýtalanylyşy | Bir ýylda bir-meňzeş maşyn-laryň çykarylýan möçberi | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Aýratyn | Örän durnuksyz. Çäklendiril-medik | Köp bolmadyk möçberlerde çykarylýan maşynlaryň görnüşleriniň örän köpdürlüligi | Aýry-aýry ek-zemplýarlar ýa-da birnäçe sany (2-den 10-a çenli) kiçi tapgyrlar | 1. Iri turbinalar we generatorlar.<br>2. Metallurgiýa, dag-magdan we himiýa enjamlaryny çykarýan agyr maşyn gurluşyk.<br>3. Agyr enjamlar we iri gidropresler.<br>4. Awtomatik liniýalar |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Tapgyrlaýyn | Bellibir de-rejede gysga möhletiň dowamynda durnukly. Tap-gyrlar bilen çäklendirilýär | Köp möçberlerde çykarylýan maşynlaryň görnüşleri köp-dürli däl.<br>Bir wagtda birnäçe görnüşler çykarylýar ýa--da şu görnüşli maşynlary çykarmak bellibir wagtdan soň gezekleşdirilýär | Şu görnüşli maşynlary tapgyr-laýyn (onlarça we ýüzlerçe sany) çykarmak döwür-leýin gaýtalanýar.<br>Şu görnüşdäki has kämil maşyn-laryň çykarylýan tapgyrlary gaýta-lanýar | Zawodlar:<br>1.Enjam gurluşygy (ýeňil we orta möç-berli enjamlar).<br>2.Ulag maşyn gur-luşygy (teplowozlar, elektrowozlar).<br>3.Uçar gurluşygy.<br>4.Ýol-gurluşyk maşyn gurluşygy (ekskowa-torlar, buldozerler).<br>5.Agyr ýük awtomo-biller |
| Köpçülikleýin | Bellibir derejede uzak möhletiň dowamynda (8-10 ýyl) durnukly.<br>Bir ýa-da birnäçe maşyn (bölekler) | Bir görnüşli maşyn hemişe çykarylýar.<br>Bir wagtda bir görnüşdäki maşynlaryň para-metrleri boýunça biri-birinden ujypsyz tapawut-lanýan birnäçe modifikasiýasy çykarylýar | Şu görnüşli maşynlar müň sany çykarylýar, durmuşda ulanylýan maşyn-lar we gurallar we aýry-aýry bölekler boýunça milliona golaý çykarylýar | 1.Uniwersal ýeňil traktorlar.<br>2.Ýeňil ýük we ýeňil awtomobiller.<br>3.Orta we kiçi elek-trohereketlendirijiler.<br>4.Telewizorlar, magnitofonlar, kir ýuwýan maşynlar we beýleki durmuş tehnikasy.<br>5.Standart gural |

Guramaçylygy taslamak boýunça işleriň netijeleri «Kärhanalaryň guramaçylyk gurluşy hakynda düzgünnamada» durmuşa geçirilýär, ol şulary öz içine alýar, kärhananyň strategik maksatlaryny we syýasatyny umumy beýan etmek, kesgitlemek; işiň esasy ugurlary, öndürilýän önümiň we edilýän hyzmatlaryň düzümi; funksional we önümçilik birlikleriniň beýany (her birlik tarapyndan ýerine ýetirilýän esasy wezipeleri görkezmek bilen). «Guramaçylyk gurluşy hakynda düzgünnamany» jikme-jikleşdirmek üçin we oňa laýyklykda her bir gurluş bölüminiň işini, ygtyýarlyklaryny, borçlaryny tertipleşdirýän resminamalar we iň bolmanda esasy hünärmenleriň ählisi üçin wezipe görkezijileri işlenip düzülýär.

Her bir kärhananyň guramaçylyk gurluşynyň özüniň amatlaşdyrma kriterisi bardyr. Şonuň üçin hem mysal hökmünde maslahat berip boljak haýsydyr bir uniwersal amatly guramaçylyk gurluşyny görkezmek mümkin däldir.

### Soraglar we ýumuş

1. *Önümçiligiň görnüşi näme we ol kärhananyň guramaçylyk gurluşyna nähili täsir edýär?*
2. *Önümçiligiň esasy görnüşlerini görkeziň we senagatyň dürli pudaklarynda olary peýdalanmagyň mümkinçiliklerini teswirläň.*
3. *Guramaçylygy taslamak näme, onuň esasy tapgyrlary nämeden ybarat?*
4. *Kärhananyň guramaçylyk gurluşy haýsy kadalaşdyryjy resminamalar bilen tertipleşdirilýär?*

## 2.3. Önümçilik prosesini guramak

*Önümçilik prosesi önümçiligiň özara baglanyşykly esasy, kömekçi we hyzmat etmek prosesleriniň hem-de olaryň netijesinde başlangyç materiallaryň taýýar önümlere öwrülýän tebigy prosesleriniň jeminden ybaratdyr.*

Önümçiligiň barşynda işçi zähmet serişdeleriniň kömegi bilen zähmet predmetlerine täsir edip, olary taýýar önüme öwürýär. Özüniň gurluşy boýunça önümçilik prosesleri ýönekeý we çylşyrymly proseslere bölünýär. Bellibir obýekti taýýarlamagyň birnäçe yzygider amallaryndan ybarat bolan ýönekeý prosesden tapawutlylykda çylşyrymly proses wagt boýunça utgaşdyrylan ýönekeý prosesleriň jeminden durýar.

Amal – önümçilik prosesiniň bölegi bolup, bir ýa-da birnäçe (brigada) işçiler tarapyndan bir ýa-da birnäçe iş ýerlerinde ýerine ýetirilýär we önümçilik obýektiniň üstünde geçirilýän birnäçe hereketlerden durýar (*8-nji surat*).

Önümçilik proseslerini birnäçe alamatlar boýunça topara bölüp bolar (*3-nji tablisa*).




**8-nji surat.** ***Ýönekeý prosesiň çyzgysy***

*3-nji tablisa*

**Önümçilik prosesleriniň topara bölünmesi**

| **Topara bölünmesiniň alamatlary** | **Önümçilik prosesleriniň görnüşleri** |
|---|---|
| Guramanyň çylşyrymlylygy | Ýönekeý<br>Çylşyrymly. |
| Täsiriň netijeleri | Tehnologik – zähmet predmetleriniň görnüşlerini, ölçegini we häsiýetini üýtgedýär.<br>Tehnologik däl – zähmet predmetleriniň görnüşlerini, ölçegini we häsiýetini üýtgetmeýär. |
| Bellenilen maksady we önüm öndürmek prosesindäki orny | Esasy<br>Kömekçi<br>Hyzmat etmek |
| Ýerine ýetirilýän tehnologik amallaryň häsiýeti | Taýýarlamak<br>Işläp bejermek<br>Ýygnamak |
| Tehniki taýdan abzallaşdyrylyş derejesi | El bilen<br>Mehanizirlenen<br>Awtomatlaşdyrylan |
| Tehnologik proсesleriň üznüksizlik derejesi | Diskret<br>Üznüksiz |

Tutuşlygyna alanyňda önümçilik prosesini iki topara bölüp bolar: tehnologik topar – zähmet predmetleriniň görnüşlerini, ölçegini we häsiýetini üýtgedýär; tehnologik däl topar – ýokarda görkezilen häsiýetnamalary üýtgetmeýär.

Esasylara önümleri taýýarlamak bilen gönüden-göni bagly prosesler degişli edilýär, şol prosesleriň barşynda işlenip bejerilýän zähmet predmetleriniň görnüşleri, ölçegleri, içki gurluşy we himiki düzümi üýtgeýär, şeýle hem ýygnama amallary geçirilýär.

Kömekçi proseslere, düzgün bolşy ýaly, kärhanada sarp edilýän önümi taýýarlamak ýaly seredýärler: öz zerurlyklaryň üçin guraly we tehnologik abzallary öndürmek, abatlamak işlerini amala aşyrmak, öz zerurlyklary üçin energiýanyň ähli görnüşlerini işläp çykarmak we ş.m.

Hyzmat etmek prosesleri esasy önümçilige hyzmat etmäge gönükdirilendir: ähli materiallary we ýarym taýýar önümleri daşamak, ammarda ýerleşdirmek we önümçilige bermek; esasy we kömekçi proseslerde peýdalanylýan materiallary we ýarym taýýar önümleri, abzallary, gurallary laboratoriýa synaglaryndan geçirmek we seljermek.

Taslama önüm taýýarlanýan tapgyrda dürli usullar bilen şaýlary taslamak geçirilýär. Bu prosesler (kesmek, guýmak, sozmak, ülňülemek, guratmak we ş.m.) kärhana gelip gowuşýan materiallaryň we çig malyň görnüşini ilkinji gezek üýtgetmek bilen baglydyr.

Işläp bejeriş tapgyrynda ýarym taslanan önümler dürli usullar, ýagny basmak, kesmek, himiki, termiki usullar we işlenip bejerilýän ýarym taslanan önümleriň geometrik görnüşlerini, ölçeglerini ýa-da içki häsiýetlerini we gurluşyny üýtgetmek bilen beýleki usullar arkaly işläp geçmek ýoly bilen taýýar böleklere öwrülýär.

Ýygnama tapgyrynda aýry-aýry bölekleri (şaýlary) ýygnalýan birliklere (şaýlary ýygnamak), agregatlara birleşdirmek, soňra taýýar önüme öwürmek (umumy ýygnamak), sazlamak we synag etmek prosesleri amala aşyrylýar.

Tehniki taýdan enjamlaşdyrylyş derejesine baglylykda elde ýerine ýetirilýän (maşynlaryň we mehanizmleriň kömegi bolmazdan amala aşyrylýar), mehanizirlenen (ähli amallaryň ýa-da onuň bir böleginiň gol zähmetini ulanmazdan ýerine ýetirilýändigi bilen häsiýetlendirilýär) we awtomatlaşdyrylan (maşynlary we mehanizmleri dolandyrmagy goşmak bilen, ähli amallaryň işgärler gönüden-göni gatnaşmazdan ýerine ýetirilmegini üpjün edýär) prosesler görkezilýär.

Arasy kesilýän (diskret) önümçilik prosesleri tehnologik prosesiň barşynda arakesmeleriň bolmagyny göz öňünde tutýar. Arasy kesilmeýän prosesler arakesmesiz amala aşyrylýar, sebäbi bu önümiň hiliniň peselmegine we enjamyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirip biler (metallurgiýa we birnäçe himiki prosesler).

Önümçilik prosesi esasy elementleriň, ýagny zähmet serişdeleriniň, zähmet predmetleriniň we olary birleşdirýän işçi güýjüniň sazlaşykly hem-de özara hereketinden ybaratdyr. Şeýle bolanda önümçilik işini guramak diýip onuň elementlerini giňişlikde hem-de wagt boýunça utgaşdyrmagyň dürli görnüşlerine we usullaryna düşünilýär. Utgaşdyrmagyň görnüşleri we usullary dürli önümçilik şertlerinde degerli tapawutlanýar, ýöne olaryň köpdürli bolmagynda önümçilik proseslerini guramak umumy ýörelgelere bagly bolýar:

1. Ýöriteleşme ýörelgesi. Her bir önümçilik birligine (seh, uçastok, iş ýeri) önümiň çäkli nomenklaturasyny ýa-da gurluş taýdan dürli-dürli bolan önümleri taýýarlamak üçin tehnologiýa taýdan birmeňzeş işleri ýerine ýetirmegi berkitmek. Ýerine ýetirilýän işleriň birmeňzeşlik derejesiniň ýokarlanmagy zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga we önümçilik üçin harajatlary peseltmäge mümkinçilik berýän ýörite enjamlary, has öňdebaryjy tehnologiýany ulanmak üçin şertleri döredýär.

2. Deň ölçeglilik ýörelgesi. Deň ölçeglilik diýip ähli önümçilik birlikleriniň – esasy we kömekçi sehleriň, bu sehleriň çäklerinde bolsa – uçastoklaryň we liniýalaryň, enjamlar toparynyň we iş ýerleriniň bellibir derejedäki geçirijilik ukybyna (bellibir wagtda bellibir derejedäki öndürijilige) düşünilýär.

Esasy sehleriň deň bellibir derejedäki geçirijilik ukyby bar bolan enjamyň we meýdanlaryň mümkin bolan ýokary derejede peýdalanylan, häzirkizaman tehnologiýalarynyň we zähmeti guramagyň usullarynyň ulanylan mahalynda olar tarapyndan önümçilik maksatnamasyna laýyklykda zawodyň toplumlaýyn we deňölçegli önüm çykarmak talaplaryna laýyk gelýän nomenklaturada, mukdarda we möhletlerde önüm çykarylyp bilinjekdigini göz öňünde tutýar.

Kömekçi sehleriň geçirijilik ukyby esasy sehleriň geçirijilik ukybyna laýyk gelmelidir. Hususan-da, kömekçi sehler olary kesiji we ölçeýji gurallar, abzallar, ştamplar, nusgalar we beýleki tehnologik enjamlar bilen gerek bolan möçberde we nomenklaturada, şeýle

hem esasy sehleriň önümçilik prosesleriniň talaplary bilen şertlendirilen möhletlerde üpjün etmelidirler.

Hyzmat edýän hojalyklaryň geçirijilik ukyby gözegçilik, ulag we ammar amallaryny ýerine ýetirmek bilen, esasy we kömekçi sehleriň bökdençsiz hem-de sazlaşykly işini üpjün etmelidir. Enjamlary abatlamagyň we olara tehniki hyzmat etmegiň onuň kadaly hereket etmegi babatyndaky talaplara laýyk gelmegi zerurdyr.

3. Ugurdaşlyk ýörelgesi önümçilik prosesiniň aýry-aýry bölekleriniň bir wagtda ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýar, bu bolsa önümçilik döwrüniň gysgalmagyny üpjün edýär.

4. Göni akymlaýynlyk ýörelgesi önümçilik prosesiniň ähli tapgyrlaryndan we amallaryndan – başlangyç materiallaryň önümçilige goýberilmeginden taýýar önüm çykarylmagyna çenli önümiň geçmeli iň gysga ýoluny üpjün etmegi göz öňünde tutýar. Şuňa laýyklykda kärhananyň çäginde jaýlaryň we desgalaryň özara ýerleşmegi, şeýle hem olarda esasy sehleriň ýerleşdirilmegi göni akymlaýynlyk talaplaryna we degişlilikde, önümçilik prosesiniň yzygiderliligine laýyk gelmelidir – materiallaryň ýarym taýýar önümleriň we önümleriň akymy, garşylyklaýyn we gaýdymlaýyn akym bolmazdan, güýjeýän we gysga görnüşde bolmalydyr.

5. Üznüksizlik ýörelgesi anyk önümleri önümçilik prosesinde amallara, amaliçi we çalşykara arakesmeleriň gysgaldylmagyny ýa-da iň pes derejede bolmagyny göz öňünde tutýar.

6. Sazlaşyklylyk ýörelgesi wagtyň deň aralyklarynda önümiň birmeňzeş ýa-da barha köpelýän mukdarynyň çykarylmagyny we degişlilikde, şol wagt aralygynda önümçilik prosesiniň ähli tapgyrlarynda we amallarynda bu prosesiň gaýtalanmagyny göz öňünde tutýar.

7. Çeýelik ýörelgesi täze önümi çykarmaga geçmegiň ykjamlygyny häsiýetlendirýär; onuň durmuşa geçirilmegi enjamy gaýtadan sazlamak üçin sarp edilýän harajatlaryň we wagtyň azalmagyny üpjün edýär.

Önümçilik döwri diýip bir önümi (taslanan önümi, şaýlary, maşynyň böleklerini, apparaty, guraly) ýa-da önümleriň tapgyryny taýýarlamagyň önümçilik prosesiniň başlanýan we tamamlanýan wagtynyň arasyndaky senenama döwrüne düşünilýär. Önümçilik döwrüniň uzaklygy şulara baglydyr:

– obýektiň zähmeti talap edijiligine, ýagny önümi taýýarlamak üçin zerur bolan, tehniki taýdan esaslandyrylan wagt kadalary bilen kesgitlenýän iş wagtyna;

– önümçilige bir wagtda goýberilýän zähmet predmetleriniň sanyna (tapgyryň möçberine);

– önümçilik prosesindäki arakesmeleriň dowamlylygyna;

– önümçilik prosesinde işlenip bejerilýän predmetiň hereketiniň kabul edilen görnüşine.

Önümçilik döwrüniň uzaklygy iş wagtyndan, tebigy proseslerden we arakesmelerden durýar. Iş wagtynyň dowamynda önümçilik prosesiniň barşynda zähmet predmetlerini ondan-oňa geçirmegiň barşynda olaryň görnüşleriniň, ölçeginiň, häsiýetleriniň üýtgemegi bolup geçýär. Iş wagty tehnologik amallar (tehnologik sikl), işlenip bejerilýän zähmet predmetlerini daşamak, hile gözegçilik etmek we ş.m. sarp edilýän wagty öz içine alýar (*9-njy surat*).




**9-njy surat.** ***Önümçilik döwrüniň uzaklygynyň emele getirilişi***

***Önümçilikde artykmaçlyk gazanmak üçin on talap***

*1. Materiallary we işi önümçilik konweýerine oýlanmazdan dykyşdyrmagyň ýerine ondan önümi **çekip almaly.***

*2. Taslanan önümi ammarda üýşürip goýmagyň we ondan-oňa geçirmegiň ýerine öndürijiligi gowulandyrmak üçin çalt **öndürmeli** we **ibermeli.***

*3. Artykmaç hereketleri we önümiň çykarylyşyna ýa-da hiline göni ýardam etmeýän hereketleri aradan aýryp, tabşyryk alnandan başlap önüm iberilýänçä sarp edilýän wagty **azaltmaly**.*

*4. Öndürijiligi ýokarlandyrmak we sarp edijä önümiň ýokary funksionallygyny we ygtybarlylygyny üpjün etmek üçin konstruksiýanyň işlenip taýýarlanyşyny **gowulandyrmaly**.*

*5. Satyn alynýan çig malyň we materialyň önümiň birligi üçin sarp edilýän möçberini **azaltmaly**.*

*6. Ýönekeýligi höweslendirmek we serişdeleriň sarp edilişini azaltmak bilen, önümçilik prosesini **kämilleşdirmeli**.*

*7. Önümçilikdäki ýalňyşlary olaryň ýüze çykan wagtynda **anyklamaly** we **düzetmeli**.*

*8. Maglumatlar we gözegçilik ulgamyny **ýönekeýleşdirmeli**, olary işläp taýýarlaýyş we önümçilik bilen utgaşdyrmaly.*

*9. Bilimleri alyşmak we netijeliligi artdyrmak maksady bilen, üpjün edijiler we serwis hyzmatyny edýän wekilhanalar bilen **hyzmatdaşlyk etmeli**.*

*10. Işiň önümleri işläp taýýarlamaga we olary sarp edijilere ibermäge degişli ähli ugurlarynda goşmaça gowulandyrmalary geçirmäge **çalyşmaly**.*

Önümçilik prosesindäki arakesmeleriň bäş görnüşini görkezip bolar:

– kärhananyň iş düzgüni bilen şertlendirilen we iş çalşyklarynyň sanyna, olaryň arasyndaky arakesmeleriň uzaklygyna, dynç we iş däl günleriň sanyna bagly arakesmeler (çalşygara arakesmeler);

– iş ýeriniň (enjamyň) boş däldigi, şonuň netijesinde şaýlaryň onuň beýleki işlerden boşaýan wagtyna garaşyp ýatýandygy sebäpli (garaşma arakesmeleri);

– şaýlar tapgyrlaýyn işlenilip bejerilende, tutuş tapgyryň indiki amal üçin daşalmagyndan öň işlenmäge garaşyp ýatýandygy sebäpli arakesmeler (tapgyrlaýynlyk arakesmeler);

– kärhanada önümçilik işiniň kanagatlanarsyz guralandygy sebäpli ýüze çykýan arakesmeler. Iş ýerleriniň ýaramaz guralmagy, materiallaryň ýa-da gurallaryň öz wagtynda berilmezligi, tehniki resminamalaryň hiliniň pes derejede bolmagy, abatlaýyşdaky kemçilikler işiň barşynda mejbury arakesmelere we netijede önümçilik döwrüniň uzaklygynyň artmagyna getirýär;

– tötänleýin ýüze çykýan ýagdaýlar, hususan-da, materiallaryň üpjün edijilerden gelip gowuşmagynyň bökdelmegi, elektrik energiýasynyň öçürilmegi, enjamyň awariýa düşmegi sebäpli ýüze çykýan arakesmeler.

Önümçilik döwrüniň uzaklygy köp babatda kärhanada gündelik-senenamalaýyn meýilnamalaşdyrmagyň hiline baglydyr.

### Sorag we ýumuşlar

*1. Önümçilik prosesine kesgitleme beriň.*
*2. Esasy, kömekçi we hyzmat etmek proseslerine häsiýetnama beriň.*
*3. Önümçilik prosesini oýlanyşykly guramagyň ýörelgelerini görkeziň.*
*4. Ýönekeý we çylşyrymly önümçilik proseslerine mysal getiriň.*
*5. Önümçilik döwrüniň nämedigini düşündiriň.*
*6. Önümçilik döwrüniň uzaklygy nähili hasaplanyp çykarylýar?*

## 2.4. Kärhananyň önümçilik gurluşy

Kärhananyň bilelikde alnan önümçilik birlikleri (esasy, kömekçi we hyzmat edýän birlikler) we olaryň arasynda aragatnaşyklar önümçilik gurluşyny emele getirýär. Ol köp babatda zähmet öndürijiliginiň derejesini, maddy serişdeleri we tehnikany peýdalanmagyň netijeliligini kesgitlemek bilen, degişli önümçilik şertlerinde kärhananyň ykdysadyýetine düýpli täsir edýär.

Kärhananyň önümçilik birliklerine şular degişlidir:

– kärhana tarapyndan çykarylýan esasy önümiň taýýarlanylýan sehleri we uçastoklary;

– beýleki taraplardan alynýan toplaýyş önümleriniň, materiallaryň we ýarym taýýar önümleriň, ätiýaçlyk şaýlarynyň gözegçilik barlagynyň we synagynyň geçirilýän laboratoriýalary;

– tehnologik zerurlyklar üçin energiýa işläp çykarýan sehler.

Düzgün bolşy ýaly, kärhananyň esasy gurluş birligi seh bolup durýar, bu guramaçylyk we tehnologik taýdan aýrybaşga bölüm bolup, onda önümler (ýa-da olaryň bölekleri) öndürilýär, önümçilik prosesiniň bellibir tapgyry ýerine ýetirilýär. Käbir uly bolmadyk kärhanalaryň sehsiz gurluşy bolýar, ýagny olar kiçi önümçilik birliklerinden – aýry-aýry önümçilik uçastoklaryndan ýa-da liniýalaryndan durýar. Sehler özbaşdak we doly hukukly birlikler bolup durýar hem-de olara kärhananyň maliýe gurluşynda jogapkärçilik merkezi hökmünde seredilip bilner.

Mysal üçin, senagatda sehleri şu toparlara bölüp bolar:

1. Esasy sehler – ýerlemek üçin niýetlenen önümleri taýýarlamak boýunça amallary amala aşyrýarlar. Maşyn gurluşykda olara önümleri taslaýan (guýma, demirçilik-ştamplaýyş, demirçilik-basyş), işläp bejeriş (mehaniki, agaç işläp bejeriş, termiki, galwaniki, lakreňk, gorag we bezeg şaýlary goýulýan sehler), ýygnama (agregat we önümleri gutarnykly ýygnama sehleri) synag sehleri degişlidir.

2. Kömekçi sehler – esasy sehleri zerur bolan gurallar, abzallar bilen üpjün edýärler, tehnologik enjamlara tehniki taýdan hyzmat edýärler we olary abatlamak işlerini ýerine ýetirýärler, kärhanany energiýa we ýylylyk bilen üpjün edýärler we ş.m. Energetika (bug gazanlary, kompressor stansiýalary, elektrostansiýalar we kiçi transformator stansiýalary), gurallar (modeller, ştamplar we abzallar, kesiji we ölçeýji gurallar) we abatlaýyş (abatlaýyş-mehaniki, abatlaýyş-gurluşyk, standart däl enjam) kömekçi sehler.

3. Hyzmat edýän sehler – esasy we kömekçi sehlere ulag hyzmatlaryny etmek, çig maly, ýarym taýýar önümleri, taýýar önümleri saklamak hyzmatlaryny etmek boýunça, energiýa bermek boýunça amallary ýerine ýetirýärler – ammar, ulag birlikleri we ş.m.

Konstruktorçylyk we tehnologik birlikler, ylmy-barlag bölümleri we laboratoriýalar kärhananyň önümçilik gurluşynda aýratyn orun eýeleýärler. Olaryň işleriniň bir bölegi innowasion prosesiň aýry-aýry tapgyrlarynda – YBTKI-nde, önümçiligi tehnologiýa taýdan taýýarlamakda jemlenendir, şunuň bilen önümiň we tutuş kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygy üpjün edilýär.

Sehleriň içki önümçilik gurluşy bardyr, içki gurluş diýip olarda bar bolan önümçilik uçastoklarynyň, kömekçi we hyzmat edýän birlikleriň düzümine, olaryň önümçilik aragatnaşyklarynyň görnüşlerine düşünilýär.

Önümçilik uçastogy – önümçilik amallarynyň bellibir derejede aýrybaşgalaşdyrylan böleginiň amala aşyrylýan iş ýerleriniň toparyny birleşdirýän gurluş birligi. Uçastoklaryň düzümi, sany we olaryň arasyndaky önümçilik aragatnaşyklary sehleriň sanawyny we tutuş kärhananyň önümçilik gurluşyny kesgitleýär.

Kärhananyň önümçilik gurluşynyň ilkinji bölegi iş ýeri bolup durýar, bu önümçilik meýdançasynyň işçiniň ýa-da işçiler toparynyň degişli enjamlary we tehnologik abzallary peýdalanmak bilen, önümi taýýarlamak ýa-da önümçilige hyzmat etmek boýunça aýratyn amaly ýerine ýetirýän bölegidir. Iş ýerleriniň sany we sanawy önümleri taýýarlamagyň tehnologiýasy, zähmet bölünişiginiň derejesi, önümiň öndürilen möçberi we ony taýýarlamagyň zähmet talap edijiligi bilen kesgitlenýär. Iş ýeri ýönekeý (bir işçi enjamyň birine hyzmat edýär), köp stanokly (bir işçi enjamlaryň birnäçesine hyzmat edýär), toplumlaýyn (işçiler topary bir agregata hyzmat edýär) bolup biler.

Önümçilik gurluşy, guramaçylyk gurluşy ýaly, kärhana döredilende emele getirilýär we ol täze önümleri öndürmäge geçende üýtgedilýär. Önümçilik gurluşy önümçilik prosesini gurmagyň guramaçylyk görnüşine (ýagny onuň kärhananyň sehleriniň we uçastoklarynyň arasynda paýlanylyşyna), işiň tehniki-ykdysady görkezijilerine we tutuş kärhanany onuň aýry-aýry sehlerini dolandyryş edaralarynyň gurluşyna degerli täsir edýär.

Zawodyň içinde ýöriteleşmegiň görnüşine we kärhanada kooperirlenmäniň derejesine baglylykda önümçilik gurluşynyň üç görnüşi tapawutlandyrylýar (*10-njy surat*).

1. Predmetleýin gurluş: esasy sehler we olaryň uçastoklary her bir (uçastok, liniýa) tarapyndan bir önümi ýa-da önümler toparyny ýa-da olaryň böleklerini taýýarlamak alamaty boýunça gurulýar. Bir sehde dürli görnüşdäki birnäçe tehnologik prosesler birleşýär, önümi taýýarlamak boýunça amallaryň ählisini ýa-da esasy toplumyny ýerine ýetirmek üçin düýpli görnüşdäki enjamlar jemlenýär. Gurluşyň şunuň ýaly görnüşi iri tapgyrlaýyn we köpçülikleýin önümçilik (awtomobil gurluşygy) üçin häsiýetlidir.

Predmetleýin gurluşyň artykmaçlyklaryna şular degişlidir: zawodyň içinde kooperasiýanyň azalmagy we ýönekeýleşmegi, önümçilik sikliniň uzaklygynyň gysgalmagy, işgärleriň işiň hili üçin, birlikleriň ýolbaşçylarynyň bolsa degişli mukdarda we bellenen möhletlerde kesgitlenen hildäki önümleriň taýýarlanmagy üçin jogapkärçilikleriniň ýokarlanmagy, önümçiligi meýilnamalaşdyrmagyň ýönekeýleşmegi; önümçiligiň üznüksizlik usullarynyň, ýokary öndürijilikli enjamlaryň, önümçilik proseslerini toplumlaýyn awtomatlaşdyrmagyň we mehanizirlemegiň ulanylmagy. Bu artykmaçlyklaryň ählisi önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlanmagyna getirýär.




**10-njy surat.** ***Önümçilik gurluşyny kämilleşdirmek üçin hasaba almaly faktorlar***

2. *Tehnologik gurluşda* sehler bellibir tehnologik prosesleri (guýma, mehaniki, galwaniki, ýygnama we şuňa meňzeş sehler) ýerine ýetirmekde ýöriteleşýär.

Olarda adatça taslanan önümleriň we şaýlaryň ähli görnüşleri taýýarlanýar ýa-da önümler ýygnalýar. Önümçiligiň geriminiň giňelmegi bilen tehnologiýa taýdan ýöriteleşme hem çuňlaşýar (iri, orta we kiçi guýma sehleri, polat we reňkli metal guýulýan sehler we ş.m.). Şunuň ýaly gurluşlaryň artykmaçlyklaryna önümçilik bölümine ýolbaşçylyk etmegiň ýeňilligini, önümleriň bir görnüşinden beýleki görnüşine tiz geçmek mümkinçiligini degişli edýär. Tehnologik önümçilik gurluşyna ýetmezçilikler hem mahsusdyr: zawodyň içindäki kooperasiýanyň çylşyrymlylygy, ýokary öndürijilikli enjamlary ulanmagyň mümkinçiliginiň çäkliligi, ýolbaşçylaryň we işgärleriň şahsy jogapkärçiliginiň peselmegi. Şunuň ýaly gurluş önümçiligiň aýratyn we ownuk tapgyrlaýyn tipleriniň önümiň dürli görnüşli we durnukly däl nomenklaturasyny çykarýan kärhanalary üçin häsiýetlidir.

3. *Garyşyk (predmet-tehnologik taýdan)* önümçilik gurluşy şol bir kärhanada öndürilýän zatlar boýunça we tehnologik alamat boýunça gurnalan sehleriň ýa-da uçastoklaryň bolýandygy bilen häsiýetlendirilýär (mysal üçin, taslanan önümler sehleri tehnologik alamatlar boýunça, ýygnama sehleri boýunça öndürilýän zatlaryň alamaty boýunça gurnalýar). Bu gurluşyň artykmaçlyklaryna garşylyklaýyn tehnologik ugurlaryň (marşrutlaryň) azalýandygyny, önümçilik döwrüniň uzaklygynyň gysgalmagyny, enjamy işletmek derejesiniň we ahyr netijede zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyny we önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegini degişli edýär.

Önümçilik gurluşy, guramaçylyk gurluşy ýaly, daşky ykdysady gurşawyň üýtgeýşine laýyklykda transformirlenýär. Önümçilik gurluşyny kämilleşdirmek täze guramaçylyk gurluşyna geçilendäkä garanyňda has çylşyrymly bolup durýar, çünki şunda birnäçe faktorlary hasaba almaly bolýar:

**Önümçilik gurluşyny kämilleşdirmegiň ýollary:**

- giňişlikde ýerleşişini kämilleşdirmek
- umumy önümçilik gurluşygyny has kämil gurnamak (taslanýan kärhanalar üçin) we sehleriň hem-de uçastoklaryň gurluşyny kämilleşdirmegiň mümkinçilikleri (hereket edýän kärhanalar üçin)
- esasy, kömekçi we hyzmat edýän sehleriň arasyndaky gatnaşyklary oýlanyşykly etmek (işgärleriň sany, esasy önümçilik gaznalarynyň gymmaty, tutýan meýdanynyň möçberi boýunça esasy sehleriň udel agramyny ýokarlandyrmak)
- işleri we enjamlary bir ölçege getirmek hem-de standartlaşdyrmak
- kärhananyň ýöriteleşmegini, kooperirlenmegini we utgaşdyrylmagyny ösdürmek
- kärhananyň meýilnamalaşdyrylyşyny gowulandyrmak (kärhananyň baş meýilnamasynyň esasy tehnologik proseslere laýyk gelmegi).

**11-nji surat.** ***Önümçilik gurluşyny kämilleşdirmegiň ýollary***

Oýlanyşykly gurnalan, kärhananyň degişli guramaçylygyna has ýokary derejede laýyk gelýän önümçilik gurluşy kärhananyň ähli birlikleriniň hereketinde deň ölçegliligi üpjün edýär. Ony kämilleşdirmegiň usullarynyň biri hem önümçilik gurluşyny kärhananyň guramaçylyk we maliýe gurluşyna laýyk getirmek bolup durýar. Daşary ýurtlaryň korporasiýalary üçin soňky döwürde ulgamlaýyn gurluşlary emele getirmäge bolan meýiller häsiýetlidir, şoňa laýyklykda önümçilik gurluşy ulgamlaýyn guramaçylyk boýunça hyzmatdaşlaryň arasynda paýlanýar. Meselem, önümçilik firmalarynda, düzgün bolşy ýaly, kömekçi sehler, kähalatlarda hyzmat edýän sehler hem bolmaýar, şunda olar gurallary, enjamlary abatlamak, ýükleri daşamak boýunça hyzmatlary we ş.m. beýleki guramalardan alýarlar. Daşary ýurtlaryň maşyn gurluşyk kärhanalarynyň köpüsinde, adatça, özleriniň guýma, model, demirçilik sehleri we standart däl enjamlary taýýarlaýan sehleri bolmaýar. Şunuň ýaly önümler ýöriteleşdirilen öndürijilerden satyn alynýar. Şeýlelikde, önümçilik gurluşynyň kömekçi elementleriniň (telekeçilik-işleriniň) autsorsing esasda berilmegi bolup geçýär.

Guramaçylyk gurluşyny kämilleşdirmegiň esasy islegi çyzyklaýyn-funksional gurluşdan diwizional we matrisa esasynda gurluşa geçmekden ybaratdyr. Önümçilik gurluşy babatynda bu kärhanalaryň önümçilik birlikleriniň maliýe taýdan özbaşdaklygyny we jogapkärçiligini çuňlaşdyrmakda, ýagny olary maliýe hasaba alnyşynyň (peýdany ýa-da harajatlary hasaba almak) merkezine öwürmekde ýüze çykýar. Şu manyda birligiň işiniň netijeliligi oňa berkidilen wezipeleri ýerine ýetirmegiň hili bilen däl-de, maliýe netijeleri bilen kesgitlenýär.

Ahyr netijede önümçilik gurluşynyň üýtgemegi kärhananyň tehniki-ykdysady görkezijilerine täsir edýär; ýöriteleşme we kooperasiýa derejesi, önümçilik işleriniň üznüksizligi, önümleri taýýarlamagyň sazlaşyklylygy, zähmet öndürijiligi, önümiň hiliniň gowulanmagy, tamamlanmadyk önümçiligiň we ätiýaçlyklaryň möçberi, bu serişdeleriň peýdalanyş derejesi.

**Soraglar we ýumuşlar**

*1. Kärhananyň önümçilik gurluşynyň nämedigini düşündiriň.*

*2. Önümçilik gurluşlarynyň haýsy esasy görnüşlerini bilýärsiňiz? Olaryň gowy taraplaryny we ýetmezçiliklerini teswirläň.*

*3. Sehiň içerki guramaçylyk gurluşy diýip nämä düşünýärsiňiz? Onuň düzüm bölekleri nämeden ybarat?*

*4. Önümçilik gurluşyna haýsy faktorlar täsir edýär?*

*5. Kärhananyň önümçilik gurluşyny kämilleşdirmegiň esasy ugurlaryny aýdyp beriň.*

# III BAP. KÄRHANANYŇ IŞINI MEÝILNAMALAŞDYRMAGYŇ ESASLARY

## 3.1. Kärhanada strategik meýilnamalaşdyrmak

Bazar ykdysadyýetinde kärhana mümkin bolan ýollaryň iň amatlysyny saýlap almalydyr. Mysal üçin, önümleriň nyrhyny emele getirmekde, önümçiligiň möçberinde, karz we

maýa goýum syýasatynda saýlanyp alnan ugruň dogry boljakdygy onuň işiniň netijeliligine baglydyr. Şol bir wagtyň özünde iň şowly çözgütler hem, eger olar kärhananyň maksatlaryna we syýasatyna laýyk gelmeýän bolsa, netijeli bolup bilmez.

Kärhananyň strategik, taktiki we gündelik maksatlaryny düzmek, syýasaty işläp taýýarlamak, garaşylýan netijeleri anyklaşdyrmak, esasy tehniki-ykdysady görkezijileriň çaklanylýan ähmiýetleriniň hasaplamasy – bular meýilnamalaşdyryş prosesiniň mazmunyny emele getirýär.

*Sepgitlere (meýilnamanyň düzülýän döwürlerine) laýyklykda uzak möhletli, orta möhletli we gysga möhletli meýilnamalaşdyrmak tapawutlandyrylýar (12-nji surat).*

Uzak möhletli meýilnamalaşdyrmagyň strategik häsiýeti bardyr, sebäbi uzak möhletli çemeleşmede kärhananyň strategik maksatlary we olary durmuşa geçirmegiň ýollary anyklanylýar. Kärhananyň göwrümine baglylykda strategik meýilnamalaşdyrmagyň möhleti kiçi kärhana üçin 3-5 ýyla we iri kärhana üçin 20 ýyla deň bolup biler.

Şol sebäpli hem uzak möhletli meýilnamalaşdyrmak strategik meýilnamalaşdyrmak bilen meňzeş hasap edilýär, onuň gönüden-göni predmeti bolsa kärhananyň strategiýasyny işläp taýýarlamak we seljermek bolup durýar.

| **Dolandyryş derejesi** | | **Meýilnamalaşdyrma sepgidi** |
|---|---|---|
| Ýokary ýolbaşçylyk |  | Uzak möhletli (strategik) meýilnamalaşdyrmak |
| Orta derejedäki menejment |  | Orta möhletli meýilnamalaşdyrmak |
| Aşaky derejede dolandyryş |  | Gysga möhletli meýilnamalaşdyrmak |

**12-nji surat.** ***Meýilnamalaşdyrma sepgitleri boýunça meýilnamalaryň görnüşleri***

Strategiýa kärhananyň haýsy harytlary we hyzmatlary öndürjekdigini, onuň üpjün edijiler, sarp edijiler we bäsdeşler bilen özara gatnaşyklarynyň nähili boljakdygyny kesgitleýär, firmanyň içinde çak edilýän döwürde kärhanany dolandyryş ulgamyny tertipleşdirýän kadalaryň işlenip taýýarlanmagyny we peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar. Strategik meýilnamalaşdyrmak işinde iki tapgyr, ýagny maksatlary bellemek we strategiýany emele getirmek tapgyry, strategik alternatiwalary saýlap almak tapgyry görkezilýär.

Kärhananyň syýasaty degişli ykdysady, durmuş we dolandyryş filosofiýasyna esaslanýar. Bu hem onuň imijini kesgitleýär, ol köplenç hil we mukdar görkezijileri görnüşinde däl-de, özüňi alyp barmagyň standartlary görnüşinde öz beýanyny tapýar. Kärhananyň syýasatyny anyklaşdyrmaga maksady bellemek prosesi mümkinçilik berýär, ol hakykatdan strategik meýilnamalaşdyrmagyň birinji tapgyry bolup durýar.

Maksatlary bellemek prosesi kärhananyň işiniň şu jähtlerini göz öňünde tutýar:

1. Kärhananyň ykdysady we önümçilik ýagdaýy ýaşaýyş döwrüniň haýsy tapgyryna laýyk gelýär?

Kärhananyň ýaşaýyş döwri (ösüş döwri) esasy üç tapgyrdan durýar: ösüş, durnuklaşma we peselme. Şuňa laýyklykda kärhana üç ýagdaýyň birinde bolup biler:

– ösüş üçin amatly ýagdaý;

– durnuklaşma bolan isleg;

– ýaşamak (hereket etmek) zerurlygy.

Her bir ýagdaýa öz strategik maksatlary mahsusdyr.

2. Ykdysady we önümçilik işiniň gurluşy näderejede deňagramly bolup durýar?

Kärhananyň işiniň gurluşy şu ýagdaýlarda deňagramly bolup durýar: a) işiň esasy, ileri tutulýan görnüşi, iň bolmanda şular ýaly görnüşleriň çäkli sany kesgitlenende; b) işiň esasy görnüşi ileri tutulýan görnüşleriň ösüşine tabyn edilende; ç) önüm öndürmek, ony ýerlemek we serişdeleri üznüksiz öndürmek işleri tebigy taýdan biri-birine deň ölçegli bolanda.

3. Kärhananyň bazardaky paýy bilen bu paýy artdyrmagyň çaklanylýan ösüş depginleri kärhananyň bar bolan mümkinçiliklerine laýyk gelýärmi?

Bazardaky paý – kärhananyň şu harydynyň satylýan möçberleriniň bellibir döwürde bazarlarda şol harydyň satuwlarynyň umumy möçberlerine bolan göterimlerde kesgitlenýän gatnaşygydyr. Bazar şertlerinde kärhananyň söwdalarynyň ösüş tizligi daşky konýunktura, kärhananyň içki gurluşyna we onuň maliýe mümkinçiliklerine, şeýle hem önümiň bäsdeşlige ukyplylygyna baglydyr.

4. Kärhananyň serişdeler bilen üpjünçiligi we onuň işindäki töwekgelçilikler doly derejede göz öňünde tutulypmy?

Serişdeler bilen üpjünçilik derejesi kärhananyň ösüş mümkinçiliklerini çäklendirýär, bu ýagdaý maksatlar bellenilende göz öňünde tutulmalydyr. Daşky gurşawyň özüni alyp barşyny öňünden bilip bolmaýandygy sebäpli ýüze çykýan töwekgelçilige hem birnäçe ýagdaýlarda çäklendirýän faktor hökmünde seredilip bilner. Bar bolan serişdelere baha berlende täjirçilik we maliýe töwekgelçiligine seljerme geçirmek hökmany bolup durýar.

5. Kärhananyň işiniň durmuş we ekologiýa jähtleri häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýärmi?

Işgärleriň hili köp babatda kärhananyň durmuş ulgamynyň ösüş derejesine baglydyr. Zähmet hakynyň deňeçer derejesinde işgärleri durmuş we medeni-durmuş şertleri özüne çekýär. Önümçilik işleriniň ekologiýa kadalaryna laýyk gelmegi kadaly önümçilik işiniň hökmany şerti bolup durýar.

Sanalyp geçilen hil parametrlerini hasaba almak bilen, kesgitlenen maksatlar anyklaşdyrylmalydyr – olaryň üsti mukdar görkezijileri bilen ýetirilmelidir.

Uzak möhletli meýilnamalaşdyrmagyň görkezijileri kärhananyň seredilýän döwür üçin maksatlaryny kesgitleýär. Bu görkezijilere şular degişlidir:

– satuwlaryň möçberi;

– satuwlaryň möçberiniň ösüş depgini;

– peýdanyň möçberi;

– jemi maýa üçin peýdanyň ölçegi;

– satuwlaryň düşewüntliligi;

– bazardaky paý.

Satuwlaryň möçberi kärhanynyň işiniň binýatlyk görkezijisi bolup durýar, sebäbi beýleki görkezijileriň köpüsi kärhanany ýa satuwlaryň möçberini emele getirýän faktor-

lar nukdaýnazaryndan häsiýetlendirýärler ýa-da olardan alnan görkezijiler bolup durýarlar. Maksatlary bellemek görkezijileriniň sany we olaryň anyk toplumy birnäçe şertlere baglydyr, olaryň arasynda meýilnamanyň degerli işläp geçme derejesini (jikme-jiklik derejesi), kärhananyň eýeçilik görnüşini, onuň görnüşini (diwersifisirlenen ýa-da ýöriteleşdirilen) we ölçegini görkezýärler.

Strategik meýilnamalaşdyrmagyň maksatlary bellemek tapgyryndan soňky tapgyr strategiýany yzygiderli emele getirmekden we strategik saýlawlary saýlap almakdan durýar.

Strategiýany emele getirmek we strategik saýlawlary saýlap almak düzgüni şulary öz içine alýar:

– bar bolan strategiýa baha bermegi;

– emele getirmek düzgününiň özüni;

– töwekgelçilige baha bermegi meýilnamalaşdyrmagy;

– strategik saýlawy saýlap almagy.

Strategiýany emele getirmek düzgüni tutuş kärhananyň derejesinde, şeýle hem onuň birlikleriniň derejesinde strategik meýilnamalaryň tapgyryny işläp taýýarlamagy göz öňünde tutýar. Kärhananyň strategiýasy ähli strategik meýilnamalary bir bitewülige birleşdirýär.

Ýeke-täk strategik meýilnamanyň esasy onuň binýatlyk strategiýasy bolup durýar. Kärhananyň ösüş döwrüniň tapgyryna laýyklykda şu aşakdaky strategik binýatlyk strategiýalaryň birini saýlap alyp bolar:

– ösüş strategiýasy – ösdürmek strategiýasy, onuň esasynda önümçiligiň möçberlerini, peýdany, maýany artdyrmak islegi ýatýar. Şeýle hem ol hüjüm ediş hökmünde kesgitlenip bilner;

– durnuklaşdyrma strategiýasy – satuwlaryň we girdejileriň möçberleriniň durnuksyz şertlerinde kärhananyň işiniň strategiýasy. Ol satuwlaryň, girdejileriň möçberleriniň üýtgäp durýan iň irki döwürlerinde durnuklaşdyrmagyny gazanmaga we soňundan ösüş strategiýasyna geçmäge gönükdirilendir, şeýle-de onuň hüjüm ediş-goranyş häsiýeti bardyr;

– ýaşamak (hereketde bolmak) strategiýasy – kärhananyň işinde çuň ykdysady çökgünlik şertlerinde peýdalanylýar we arassa goranyş häsiýeti bolýar.

Binýatlyk strategiýalaryň her biri üçin goýlan maksatlara ýetmäge mümkinçilik berýän birnäçe strategik saýlawlar bardyr.

Strategik meýilnamalaşdyrma şertlerinde kesgitlenýän mukdar görkezijileri gysga möhletli meýilnamalaşdyrmagyň barşynda mundan belýäk hem jikme-jikleşdirmek we takyklamak üçin ugur alyş nokady bolup durýar.

Meýilnamalary düzmegiň we olary jikme-jikleşdirmegiň iki esasy shemasy bardyr: «ýokardan aşak» we «aşakdan ýokary». «Ýokardan aşak» usulynyň peýdalanylmagy saýlanyp alnan strategik saýlawy meýilnama derejesine çenli anyklaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Kärhanynyň ýolbaşçylygy tarapyndan goýlan maksat (mysal üçin, peýdanyň möçberi we ösüş depgini) meýilnama tabşyrygy hökmünde kärhananyň ähli birliklerine ýetirilýär. Şunda meýilnama tabşyrygynyň görnüşi gurluşyň ýokary derejelerinden has pes derejelerine tarap hereketine görä jikme-jikleşdirilýär.

Meýilnamalaşdyrmak kärhanada üznüksiz proses bolup durýar, onuň barşynda birlikleriň meýilnamalaryna yzygiderli düzediş girizmeli we olaryň ýerine ýetirilişine görä utgaşdyrmagy amala aşyrmaly bolýar.

**Barlag üçin soraglar**

*1. Uzak möhletli (strategik), orta möhletli we ýyllyk meýilnamalaşdyrma haýsy kriteriler boýunça tapawutlandyrylýar?*
*2. Strategik meýilnamalaşdyrmada haýsy görkezijiler peýdalanylýar?*
*3. Strategik meýilnamalaşdyrmada nähili binýatlyk strategiýalar peýdalanylýar?*

## 3.2. Kärhananyň geljek döwür üçin we gündelik meýilnamalary

Meýilnamalaşdyrmagyň 1-5 ýyllyk sepgidi (kärhananyň möçberine baglylykda) orta möhletli ýa-da geljegi göz öňünde tutulyp meýilnamalaşdyrmaga laýyk gelýär (*13-nji surat*). Geljegi göz öňünde tutulyp meýilnamalaşdyrmagyň düýp manysy boýunça tehniki-ykdysady meýilnamalaşdyrma bolup durýar. Geljek üçin meýilnamada şu esasy bölekler görkezilýär:

1. Önümi ýerlemek meýilnamasy (ýerlemek maksatnamasy) orta möhletli meýilnamalaşdyrmagyň ýyllary boýunça önümiň sanawyna we görnüşlerine laýyklykda önüm ýerlemek maksatnamasyndan ybaratdyr. Ýerlemek maksatnamasy haryt we ýerlemegiň çaklanylýan bahalaryny hasaba almak bilen gymmat manysynda emele getirilýär we önümçilik meýilnamasyny işläp düzmegiň esasy bolup durýar.

2. Önümçilik meýilnamasy (önümçilik maksatnamasy) natural manysynda öndürilýän önümiň esasy görnüşlerini çykarmagyň meýilnamasy bolup durýar, ol täze enjamyň işe girizilmegini, zähmet öndürijiliginiň, çykarylýan önümiň gurluşynyň üýtgemegini we onuň hiliniň ýokarlanmagyny hasaba almak bilen, önümçilik kuwwatlyklarynyň balansynyň hasaplamalary bilen berkidilýär.




**13-nji surat.** ***Kärhanada meýilnamalaşdyrmak işi***

3. Tehniki ösüş we önümçiligi guramak meýilnamasy şu kiçi bölekleri öz içine almalydyr: önümiň täze görnüşlerini özleşdirmek we çykarylýan önümiň tehniki derejesini ýokarlandyrmak; öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak; önümçiligi mehanizasiýalaşdyrmagyň, awtomatlaşdyrmagyň derejesini ýokarlandyrmak, kärhanada zähmeti we önümçiligi dolandyrmak, meýilnamalaşdyrmak we guramak ulgamyny kämilleşdirmek.

Innowasion işiň her bir ugry boýunça anyk çäreler işlenip taýýarlanýar, maýa goýumlaryň möçberi we garaşylýan ykdysady netije (peýdanyň üýtgemegi ýa-da şu maýa üçin zerur bolan islegiň azalmagy görnüşinde) hasaplanýar. Kärhananyň strategik meýilnamasynda kesgitlenýän maksatlara baglylykda maýa goýum işiniň ileri tutulýan ugurlary bellenilýär, bu bolsa maýa goýum serişdelerini iň ähmiýetli ugurlarda jemlemäge mümkinçilik berýär.

4. Düýpli gurluşyk meýilnamasy esasy gaznalaryň, önümçilik kuwwatlyklarynyň we beýleki düýpli gurluşyk desgalarynyň seredilýän döwründe işe girizilmeli möçberlerini kesgitleýär. Maýa goýumlaryň zerur bolan möçberlerini kesgitlemek, şeýle hem ony maliýeleşdiriş çeşmelerini anyklamak onuň möhüm elementi bolup durýar. Şonuň bilen bir wagtda gurluşyk-gurnama işleriniň häsiýeti (potrat, öz güýçleri bilen ýerine ýetirilýän işler we ş.m.) kesgitlenýär.

5. Satyn almalar meýilnamasy (maddy-tehniki üpjünçilik) esasy maddy serişdelere bolan islegi kesgitleýär we olaryň alynmaly çeşmelerini takyklaýar (esasy üpjün edijiler, ibermek barada uzak möhletli şertnamalaryň bolmagy, önümçilik kooperasiýasy, çäkli serişdeler bilen üpjünçilik we ş.m.), bu bölekde maddy serişdeleriň peýdalanylyşynyň we saklanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak hem meýilnamalaşdyrylýar.

6. Zähmet we zähmet haky boýunça meýilnama zähmet öndürijiliginiň üýtgeme görkezijilerini öz içine alýar, zähmet serişdelerine bolan zerurlygy we olaryň üstüni ýetirmegiň mümkin bolan çeşmelerini kesgitleýär. Wagt boýunça hak tölenende zähmet haky gory hasaplanýar ýa-da zähmete hak tölemegiň beýleki görnüşlerinde zähmet hakyny hasaplamak üçin ölçegnama kesgitlenýär. Işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň usullaryna baha bermäge aýrytyn üns berilýär.

7. Önümiň özüne düşýän gymmaty, peýda we önümçiligiň hem-de kärhananyň düşewüntliligi boýunça meýilnama önümçilik çykdajylarynyň depgini baradaky maglumatlaryň seljermesini öz içine alýar. Şu esasda önüm öndürmegiň özüne düşýän gymmatyny peseltmegiň mümkinçilikleri kesgitlenýär, özüne düşýän gymmatyň üýtgemeginiň peýda we düşewüntlilige edýän täsirine baha berilýär. Garaşylýan peýdanyň we önümçiligiň düşewüntliliginiň hasaplamalary we seredilýän döwrüň ýyllary boýunça bu görkezijileriň depgini getirilýär.

8. Tebigaty goramak boýunça meýilnama ekologiýa ugry bolan çäreleri göz öňünde tutýar.

9. Maliýe meýilnamasy (býujet) – bu bölek kärhananyň girdejileriniň we çykdajylarynyň balansyny, geljekki çykdajylaryň we geçirimleriň hasaplamasyny, karz özara gatnaşyklaryny, merkezleşdirilen we ýerli býujetiň öňündäki borçnamalary öz içine alýar. Maliýe meýilnamasy meýilnamalaşdyrylýan döwrüň her bir ýyly üçin kärhananyň girdejileriniň we çykdajylarynyň balansyny öz içine alýar.

Geljegi göz öňünde tutýan meýilnamany işläp düzmegiň algoritmi şulardan ybaratdyr:

– strategik meýilnamany işläp düzmegiň barşynda geçirilen marketing barlaglarynyň netijeleri takyklanýar. Geçen döwürlerde satuwlaryň möçberiniň depginine seljerme berilýär, önümçilik kuwwatlyklarynyň hakyky mümkinçiliklerine baha berilýär. Bu maglumatlaryň esasynda ýyllar boýunça bölmek bilen, seredilýän döwür üçin kärhananyň önümçilik maksatnamasy we önümleri ýerlemegiň meýilnamasy işlenilip taýýarlanylýar;

– önümçilik maksatnamasynyň esasynda kärhananyň maýa goýum işiniň maksatnamasy işlenilip taýýarlanylýar, onda önümçilik ulgamynda maýa goýum harajatlaryndan başga-da, daşky gurşawy goramak üçin çykdajylar hasaba alynýar we maddy hem-de zähmet serişdelerine bolan zerurlyga baha berilýär;

– önüm öndürmegiň özüne düşýän gymmatynyň depgini seljerilýär, meýilnamalaşdyrylýan peýda we önümçiligiň düşewüntliligi hasaplanýar, özüne düşýän gymmaty peseltmegiň mümkinçiliklerine seredilýär we bu çäreleriň netijesine baha berilýär.

Geljegi göz öňünde tutýan meýilnamany düzmek işini kärhananyň maliýe meýilnamasyny (býujetini) işläp taýýarlamak jemleýär.

Kärhanany ösdürmegiň geljege niýetlenen meýilnamasy işlenip taýýarlanylanda ykdysady-matematiki usullar we häzirkizaman hasaplaýyş tehnikasy uly rol oýnaýarlar. Olardan peýdalanylmagy hojalygy ýöretmegiň durnuksyz şertlerinde (salgyt syýasatynyň we gümrük kanunçylygynyň üýtgemegi, ýeňillikleriň ýatyrylmagy ýa-da girizilmegi, önümlere bolan islegiň üýtgäp durmagy, bahalaryň depgini we ş.m.) firmany ösdürmegiň dürli görnüşlerine seljermäni gowy hilli ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär. Meýilnamanyň köp görnüşliligi ony amatly etmäge, ýagny bar bolan çäklendirmelerde köp sanly görnüşleriň arasyndan kriteriler hökmünde saýlanyp alnan parametrleriň amatly ähmiýetini üpjün etmäge mümkinçilik berýän bir görnüşini saýlap almaga mümkinçilik berýär. Köp görnüşli beýleki hemişelik görkezijileriň bolmagynda aýry-aýry parametrleri üýtgetmek bilen gazanylýar, bu bolsa meýilnama işlenip taýýarlanylanda hasaba alynýar.

Geljekde meýilnama gysga möhletli meýilnamalaşdyrmagyň çäklerinde anyklaşdyrylýar – kärhananyň ýyllyk meýilnamasynyň hasaplamasy ýerine ýetirilýär.

Ýyllyk ykdysady we durmuş ösüş meýilnamasy kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň mukdar hem-de hil görkezijileri boýunça takyklanylan ýyllyk maksatnamasy bolup durýar, zerur bolan ähli tehniki-ykdysady hasaplamalary öz içine alýar, kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň ähli taraplaryny gurşap alýar we geljege niýetlenen meýilnamalaryň işlenip taýýarlanylýan böleklerine laýyklykda işlenip düzülýär. Ýyllyk meýilnama çärýekler boýunça bölünýär. Ony düzmek üçin başlangyç resminamalar şulardan ybaratdyr:

– kärhanany ösdürmegiň geljege niýetlenen meýilnamasy;

– onuň önümçilik-hojalyk işiniň netijelerine täsir edýän kanunçylyk binýadynyň üýtgemegi;

– geçen döwürde önüme bolan isleg we bahalaryň depgini babatynda geçirilen marketing barlaglarynyň takyklanylan netijeleri;

– geçen döwürde önüm öndürmek we ýerlemek boýunça hem-de esasy maliýe görkezijileri boýunça kärhananyň hasabatlary;

– geçen döwürdäki ýetmezçiligi (artyklygy) hasaba almak bilen, meýilnamalaşdyrylýan döwür üçin maýa goýum harajatlaryny amala aşyrmagyň we kreditor bergini üzmegiň meýilnamasy-wagt tertibi;

– meýilnamalaşdyrylýan ýyl üçin täzelikleri özleşdirmek maksatnamasyna goşmaça intellektual işiň obýektleri (oýlap tapyşlar, ygtyýarnamalar, täzeçillik teklipler).

Ýyllyk meýilnama hem geljege niýetlenen meýilnama ýaly birnäçe tapgyrlarda düzülýär. Ýyllyk meýilnamanyň taslamasy emele getirilýär. Bu tapgyrda geçen ýylyň we şu ýylyň birinji ýarymynyň netijeleri seljerilýär. Şonuň esasynda kärhananyň bar bolan maddy, zähmet we maliýe serişdeleriniň peýdalanyşy hasaplanylyp çykarylýar. Şunda kärhananyň dolandyryş edarasynyň meýilnamalaşdyrylýan döwürdäki hereketleri geçen ýyldaky ýaly bolar diýip hasap edilýär. Deslapky hasaplamalaryň maksady meýilnamalaşdyrylýan ýyl üçin, takmynan, önümçilik maksatnamasyny düzmek bolup durýar, şonuň esasynda hem kärhananyň peýdasynyň çaklamasy kesgitlenilýär.

Kärhanany dolandyrmakda düýpli üýtgemeleriň bolup geçmedik we önümleri geçen döwürdäki ýaly möçberde öndürmek barada çözgüt kabul edilen ýagdaýynda hem peýdanyň ululygy seredilýän döwrüň hasabatynda görkezilen ululykdan tapawutlanar. Şunuň ýaly gyşarma hojalygy ýöretmegiň daşky şertleriniň üýtgemeginiň göni netijesi bolup durýar, olar çaklama hasaplamalar düzülende hasaba alynmalydyr. Daşky şertleriň üýtgemegi bilen bir hatarda, kärhananyň öz içinde hem käbir üýtgemeler bolup biler. Mysal üçin, geljege niýetlenen meýilnama laýyklykda meýilnamalaşdyrylýan ýylda täze tehnologiýany ornaşdyrmak, maýa goýum taslamasyny amala aşyrmak, işgärleriň hil ýa-da mukdar düzümini üýtgetmek we ş.m. göz öňünde tutulyp bilner.

Degişli üýtgetmeler hasaba alnandan soň peýda boýunça deslapky hasaplama düzedilen görnüşi alýar we meýilnamalaşdyrmagyň soňky tapgyrlary üçin binýat bolup biler. Kärhanany dolandyrmakdaky mümkin bolan üýtgemelere seretmezden, geçen döwrüň seljermesine esaslanýan hasaplamalar meýilnamalaşdyrmagyň passiw tapgyryna degişlidir.

Peýdanyň düzediş girizilen hasaplamasy meýilnama görnüşini alýar, ol maliýe meýilnamasy düzülende peýdalanylar. Maliýe meýilnamasynyň esasynda kärhananyň geljek ýyl üçin meýilnama balansy işlenip taýýarlanylýar we peýdalylyk hem-de geçginlilik görkezijilerine seljerme geçirilýär. Bu görkezijileriň durnuklylygyna subutnama bar bolan ýagdaýynda meýilnama kabul edilýär.

Elbetde, telekeçilik işiniň ýokary derejede näbellilik we ykdysady şertleriň durnuksyzlyk şertlerinde, şeýle hem daşky ykdysady gurşawdaky üýtgemelere çalt seslenmek zerur bolanda geljege niýetlenen we ýyllyk meýilnamalary düzmegiň doly düzgüni ony ýönekeýleşdirmek tarapyna üýtgär.

### Sorag we ýumuşlar

*1. Orta möhletli (geljege niýetlenen) meýilnamalaşdyrmak diýmegiň nämedigini düşündiriň.*
*2. Geljege niýetlenen meýilnamanyň böleklerini sanap beriň we olaryň mazmunyny teswirläň.*
*3. Ýyllyk meýilnama işlenip taýýarlanylanda nähili maksat göz öňünde tutulýar we onda nähili esasy bölekler bar?*
*4. Meýilnamany düzmegiň passiw tapgyrynyň mazmunyny açyp görkeziň.*
*5. 13-nji suraty seljermegiň esasynda kärhanada meýilnamalaşdyrmak ulgamyna we meýilnamalaryň dürli görnüşleriniň özara baglanyşygyna häsiýetnama beriň.*

## 3.3. Kärhanada dessin (operatiw) meýilnamalaşdyrmak we dispetçerlemek

Senagat kärhanasynda dessin-önümçilik meýilnamalaşdyrmak (DÖM) firmanyň içinde meýilnamalaşdyrmagyň jemleýji tapgyry bolup durýar. DÖM önümçilik maksatnamasyny anyklaşdyrýar we jikme-jikleşdirýär, meýilnama tabşyryklarynyň birliklere öz wagtynda ýetirilmegini üpjün edýär, şeýle hem kärhananyň ähli birlikleriniň sazlaşykly işlemegi üçin şertleri döretmek bilen, utgaşdyryjy wezipesini ýerine ýetirýär. DÖM-iň baş maksady önümçilik kuwwatlyklarynyň amatly peýdalanylmagynda önümleriň bellenilen möhletlerde bellenilen mukdarlarda deňeçer bökdençsiz öndürilmegini üpjün etmek bolup durýar. Öndürilýän önüm hil standartlaryna laýyk gelmelidir. DÖM-iň esasy wezipelerine şular degişlidir:

– önümçiligiň senenama-meýilnamalaýyn kadalaryny işläp düzmek (önümçilik döwrüniň uzaklygy, tapgyrlaryň möçberi we ş.m.);

– enjamlaryň we meýdançalaryň iş ýüküniň möçber hasaplamalary;

– esasy önümçilik birlikleriniň we taýýarlaýyş sehleriniň deslapky maksatnamalaryny düzmek;

– dessin dolandyryş hasaba alnyşy we maksatnamalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik;

– önümçiligiň barşyny dessin düzgünleşdirmek, meýilnamadan gyşarmalary öz wagtynda ýüze çykarmak, olary düzetmek boýunça çäreleri işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek.

DÖM iki tapgyrda amala aşyrylýar. Birinji tapgyrda ýyllyk önümçilik maksatnamasynyň esasynda önüm öndürmegiň dessin meýilnamalary işlenip taýýarlanylýar (operatiw-senenamalaýyn meýilnamalaşdyrmak). Ikinji tapgyrda – hemişelik, üznüksiz, dessin dolandyryş hasaba alynýar we gözegçilik geçirilýär hem-de meýilnamalaryň ýerine ýetirilişi düzgünleşdirilýär. Şu şertlerde önümçilik işiniň barşynda ýüze çykýan bellenilen düzgünden gyşarmalar öz wagtynda anyklanylýar we düzedilýär. Jemläp alanyňda, bu işler dispetçerçilik wezipesini emele getirýär.

Önümçiligiň DÖM we dispetçerçilik önümçiligi meýilnamalaşdyrmagyň bellibir ulgamlaryna esaslanýar.

Önümçiligiň DÖM ulgamy diýip meýilnamalaşdyrmak we dolandyryş hasaba alnyşy boýunça işleriň elementleriniň, görnüşleriniň we usullarynyň berlen jemine düşünilýär, ol şulary göz öňünde tutýar:

– birlikleriň işini laýyk getirmegiň we özara baglanyşdyrmagyň tertibini;

– meýilnama-hasaba alyş birligini kesgitlemegi;

– meýilnama döwrüniň ululygyny saýlap almagy;

– önümçilik birlikleri üçin senenamalaýyn-meýilnamalaýyn tabşyryklary düzmegi we ş.m.

Kärhanalarda DÖM ulgamy, düzgün bolşy ýaly, önümçiligiň görnüşi bilen kesgitlenýär. Ýurdumyzyň bar bolan iş tejribesinde şu DÖM ulgamlary has giň ýaýrady:

– sargytlar boýunça meýilnamalaşdyrmak;

– öňe gitmek bilen döwürleýin meýilnamalaşdyrmak;

– «ammar üçin» meýilnamalaşdyrmak (min-max);

– taslanan önümler boýunça meýilnamalaşdyrmak;

– çykarylýan önümiň depgini boýunça meýilnamalaşdyrmak;

– toplumlaýyn meýilnamalaşdyrmak.

Sargytlar ulgamy aýratyn önümçilik üçin häsiýetlidir. Meýilnamalaýyn-hasaba alyş birligi hökmünde bellibir önümleriň (şaýlaryň, ýygnalýan birlikleriň we ş.m.) jemi hökmünde sargyt kabul edilýär. Bu sargyt meýilnama döwründe taýýarlanylmalydyr. Ulgam her bir sargydy öndürmegiň tehniki taýýarlygynyň utgaşykly wagt tertibini (grafik) işläp düzmäge we ýerine ýetirmäge hem-de onuň beýleki sargytlar boýunça wagt tertibini hasaba almak bilen tapgyrlaýyn ýerine ýetirilmegine esaslanýar.

Öňe gitmek bilen döwürleýin meýilnamalaşdyrmak önümçiligiň tapgyrlaýyn görnüşini göz öňünde tutýar. Öňe gitmek diýip ähli işi bellenen möhletde tamamlamak maksady bilen, onümçilik prosesiniň ondan öňki her bir böleginiň soňky böleginden öňe gitmeli wagtynyň senenamalaýyn bölegine düşünilýär. Şunuň ýaly ulgamyň meýilnamalaýyn-hasaba alyş birligi şaý ýa-da ýygnalýan birlik bolup durýar. Düýp mazmuny tehnologik döwürleriň arasynda senenamalaýyn öňe gitmegi berjaý etmek bilen, aýry-aýry meýilnama döwürleri boýunça dürli önümleri ýygnamak we çykarmak işleriniň bölünişinden ybaratdyr.

«Ammar üçin» meýilnamalaşdyrmak (min-max) ulgamy önümçiligiň dürli görnüşlerinde ulanylyp bilner. Esasy şert – ýygnalýan birlik zähmeti az talap edýän bolmalydyr, ony işläp bejermek bolsa tehnologik amallaryň ujypsyz möçberinden durmalydyr. Ulgamyň düýp mazmuny aralyk ammarlarda ýygnalýan birlikleriň ätiýaçlyklaryny ýygnama sehleriniň bökdençsiz işini üpjün edýän derejede saklamakdan ybaratdyr.

Bu ulgam tamamlanmadyk önümçiligi iň pes derejede saklamaga we ýygnalýan birlikleriň artyk ätiýaçlyklarynyň emele gelmeginden gaça durmaga gönükdirilendir.

Taslanan önümler boýunça meýilnamalaşdyrmak ulgamy önümçiligiň tapgyrlaýyn görnüşinde ulanylýar. Şunuň ýaly ulgamyň meýilnamalaýyn-hasaba alyş birligi şaý ýa-da ýygnama birlik bolup durýar. Taslanan önümiň möçberi şaýlarda, günlerde, hepdelerde we ş.m. bellenilýär. Ulgamyň düýp mazmuny ähli önümçilik birlikleri üçin her bir şaý ýa-da ýygnalýan birlik boýunça hemişelik ölçegleýin taslanan önümi bellemekden we hakyky bar bolan taslanan önümleri ölçegleýin derejede saklamakdan ybaratdyr. Ulgamyň maksady önümçilik sikliniň ähli döwürlerini zerur bolan şaýlar we ýarym taýýar önümler bilen bökdençsiz üpjün etmek bolup durýar.

Çykarylýan önümiň depgini boýunça meýilnamalaşdyrmak ulgamy önümçiligiň köpçülikleýin görnüşinde ulanylýar. Ulgamyň düýp mazmuny kärhananyň önümçilik birliklerini (sehleri, uçastoklary we ş.m.) çykarylýan önümiň kadalaýyn depgini boýunça deňeçerlemekden ybaratdyr.

Dessin meýilnamalaşdyrmagyň seredilip geçilen ähli ulgamlarynyň esasynda meýilnamalaýyn-hasaba alyş birlik-şaý, taslanan önüm, ýygnalýan birlik, önüm bolýar. Şaýlaryň toplumyna ýa-da meýilnamalaýyn-hasaba alyş birligi hökmünde ýygnama birliklerine esaslanýan ulgamda dessin meýilnamalaşdyrmagyň toplumlaýyn ulgamlary diýilýänler ulanylýar. Düzgün bolşy ýaly, bu ulgamlar önümçiligiň tapgyrlaýyn görnüşinde ulanylýar. Toplumlaýyn-bölek we toplumlaýyn-toparlaýyn ulgamlar has giň ýaýrandyr.

Toplumlaýyn-bölek ulgamy önümçilik döwri uzak bolan ownuk tapgyrlaýyn önümleriň önümçiligi üçin häsiýetlidir. Meýilnamalaýyn-hasaba alyş birligi bölek – birnäçe şaýlardan ýygnalýan birlik bolup durýar. Ulgamy peýdalanmagyň maksady şaýlaryň

taýýarlanmaly möhletlerini beýleki şaýlary taýýarlamagyň tamamlanýan wagty bölegiň ýygnalyp başlanýan wagty bilen gabat geler ýaly görnüşde laýyk getirmekden ybaratdyr.

Toplumlaýyn-toparlaýyn ulgam şaýlaryň we toplaýyş bökleleriniň uly möçberini emele getirýän önümler tapgyrlaýyn öndürilende ulanylýar. Onuň düýp mazmuny konstruktiw meňzeşligi we tehnologik bitewüligi bolan şaýlary hem-de öňe gitmegiň we ýygnamaga bermegiň birmeňzeş ululygy (wagt boýunça) bolan şaýlary toparlamakdan ybaratdyr.

Kärhanalarda dessin meýilnamalaşdyrmak iki derejede – umumy zawod we seh derejesinde amala aşyrylýar.

Umumy zawod derejesinde sehara dessin meýilnamalaşdyrmak amala aşyrylýar, onuň maksady kärhananyň aýry-aýry birlikleri üçin çärýekleýin, aýlyk we aýiçi dessin tabşyryklary bellemekden hem-de birlikler tarapyndan dessin tabşyryklaryň ýerine ýetirilişini hasaba almakdan ybaratdyr.

Seh derejesinde sehiçi meýilnamalaşdyrmak amala aşyrylýar, onuň maksady aýry-aýry uçastoklar, brigadalar, iş ýerleri üçin meýilnama tabşyryklaryny işläp taýýarlamakdan ybarat bolýar. Tabşyryklar çalşyklara ýa-da gije-gündize bölmek bilen bir aý üçin düzülýär. Seh derejesinde meýilnama tabşyryklaryny düzgünleşdirmek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üpjün edilýär.

Kärhanalarda dessin meýilnamalaşdyrmagyň ähli görnüşleriniň hasaplamalarynyň esasy senenama-meýilnama kada bolup durýar, olaryň toplanyşy önümçiligiň görnüşi bilen şertlendirilýär.

Aýratyn önümçilikde esasy kadalar şular bolup durýar:

– sargydy ýerine ýetirmegiň meýilnamalaýyn wagty;

– önümçiligiň döwürleýin grafigi;

– enjamlary işletmegiň hasaplamalary.

Tapgyrlaýyn önümçilikde esasy kadalaýyn görkezijileriň hataryna şular girýär:

– bir wagtda işlenip bejerilýän ýygnama birlikleriniň ýa-da önümleriň tapgyrlaýyn möçberi;

– önümçilik döwrüniň uzaklygy;

– önümleriň ýa-da ýygnama birlikleriniň tapgyrlaryny goýbermegiň döwürleýinligi;

– öňe gitmegiň ululygy;

– başlanan önümleriň kadalary.

Köpçülikleýin önümçilikde iň möhüm kadalar bolup şular çykyş edýär:

– ýygnalýan birlikleri ýa-da önümleri çykarmagyň ýa-da goýbermegiň depgini;

– taslanan önümleriň kadalary;

– üznüksiz liniýanyň iş depgini we ş.m.

Önümçiligiň ähli görnüşlerinde iň möhüm senenama-meýilnama kadalarynyň biri hem tapgyrda çykarylmaly möçberi we tapgyrlary hem-de olary işläp bejermek üçin goýbermegiň döwürleýinligi bolup durýar. Bir wagtda işlenip bejerilýän ýygnalýan birlikleriň ýa-da önümleriň tapgyrlaýyn möçberini amatly etmek kärhananyň işiniň netijeliligine täsir edýär, sebäbi tapgyryň möçberi önümçiligiň çykdajylarynyň depginine we gerimine täsir edýär. Eger önümçilige goýbermek uly bolmadyk möçberlerde köp gezekleýin amala aşyrylýan bolsa, onda önümi ammarda goýmak we saklamak bilen baglanyşykly çykdajylar azalýar, ýöne şonuň bilen bir wagtda önümçiligi taýýarlamak üçin harajatlar ýokarlanýar (enjamy

gaýtadan sazlamak, ony işe goýbermek we ş.m. üçin harajatlar, olar her bir goýberilýän tapgyr üçin deň ululykda (möçberde) bolýar).

Önümçilik döwri hem dessin-senenamalaýyn meýilnamalaşdyrmakda möhüm kadalaryň biri bolup durýar. Önümçilik döwrüniň uzaklygy işlenip bejerilýän birligiň bir amaldan beýleki amala tarap hereketiniň görnüşine we amallaryň sanyna bagly bolýar. Amallaryň sany bir amally we köp amally bolan önümçilik döwürleri tapawutlandyrylýar. Köp amally döwür üçin işlenip bejerilýän birlikleriň bir amaldan beýleki amala tarap hereketiniň aşakdaky ýaly görnüşleri bardyr:

– yzygider;
– ugurdaş;
– yzygider-ugurdaş.

Dessin-önümçilik meýilnamalaşdyrma kärhananyň ýyllyk meýilnamasyny bir tarapdan, önümçiligiň ähli döwürleri bilen, beýleki tarapdan bolsa, önümçiligi taýýarlamak we taýýar önümi ýerlemek bilen meşgullanýan önümçilik birlikleriniň işi bilen laýyk getirmegi üpjün edýär. Umumy zawod derejesinde dessin-önümçilik meýilnamalaşdyrmagyň netijeliligi önüm öndürmegiň we ýerlemegiň ähli döwürlerini wagt boýunça baglanyşdyrmak ukybyna baglydyr. Bu wezipe kärhananyň marketing we meýilnama-dispetçerçilik gulluklary tarapyndan bilelikde ýerine ýetirilýär.

Kärhananyň ähli birlikleriniň işini laýyk getirmek boýunça görkezilen wezipelerden başga-da, meýilnama-dispetçerçilik gullugy meýilnama tabşyryklarynyň bellenen möhletlerde deňeçer we toplumlaýyn ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, önümçiligiň ähli böleklerine yzygiderli gözegçiligi we operatiw dolandyryşy amala aşyrýar.

Dispetçerçilik ýolbaşçylygy önümçiligiň barşynda mümkin bolan düzgün bozmalary öňünden ýüze çykarmaga we olary aradan aýyrmak boýunça zerur bolan çäreleri görmäge borçludyr. Dispetçerçilik gullugyň işiniň anyk mazmuny köp babatda önümçiligiň görnüşi bilen kesgitlenýär.

### Sorag we ýumuşlar

1. *Dessin-önümçilik meýilnamalaşdyrmagyň esasy maksady nämeden ybarat?*
2. *Dessin-önümçilik meýilnamalaşdyrmagyň esasy wezipelerini aýdyň.*
3. *Dessin-önümçilik meýilnamalaşdyrmagyň ulgamlaryny, şeýle hem olaryň gurluşynyň we peýdalanylyşynyň aýratynlyklaryny sanap geçiň.*
4. *Önümçiligiň görnüşine baglylykda senenama-meýilnama kadalaryny sanap geçiň.*

## 3.4. Önüm öndürmegi meýilnamalaşdyrmak

Kärhananyň önümçilik birlikleriniň meýilnamasy önümiň öndürilýän möçberi, nomenklaturasy, assortimenti, hili we möhletleri boýunça kärhananyň önümçilik maksatnamasy diýip atlandyrylýar.

Önümçilik maksatnamasy kärhanada meýilnamalaşdyrmagyň esasyny düzýär, çünki degişli görnüşlerde we zerur bolan möçberde senagat önümini çykarmak senagat kärha-

nasynyň esasy maksady bolup durýar. Meýilnamanyň beýleki bölekleriniň görkezijileri köplenç halatda önümçilik maksatnamasyndan emele getirilýän görkezijiler hökmünde çykyş edýärler. Olar önümçilik maksatnamasyny durmuşa geçirmek üçin zerur önümçilik serişdelerine (işgärleriň sany we hünär derejesi; material, çig mal, ýangyç, energiýa harajatlary; zerur bolan enjamlaryň düzümi we möçberi; maliýe serişdeleri) bolan islegi, önümçiligiň netijeliligini (önümiň özüne düşýän gymmaty, düşewüntlilik, peýda, dolanyşyk we ş.m.) kesgitleýärler:

Önümçilik maksatnamasynyň mazmuny meýilnamalaşdyrylýan döwürde kärhananyň strategik maksatlaryna baglydyr. Ol düzülende kärhana degişli bazarlara geçirilen marketing barlaglarynyň netijelerine, döwlet tabşyrygynyň ululygyna (eger kärhananyň işinde ol bar bolsa), tabşyryklaryň emele getirilen bukjasyna, şeýle hem serişdeler ähli görnüşleri boýunça bar bolan çäklendirmelere gollanýar.

*Kärhananyň önümçilik maksatnamasy işlenip taýýarlanylanda şu bölekler göz öňünde tutulmalydyr:*

– natural görnüşde haryt öndürmek meýilnamasy;

– gymmat manysynda haryt öndürmek meýilnamasy.

Önümçilik maksatnamasynda göz öňünde tutulan meýilnamalaýyn tabşyryklaryň esaslylygy we hakykylygy ölçeýjileriň saýlanyp alnyşyna baglydyr. Meýilnamalaşdyrma iş tejribesinde natural we şertli natural ölçeg birlikleri peýdalanylýar. Natural görkezijileriň häsiýeti önümiň aýratynlygy bilen kesgitlenilýär: nebit senagatynda tonna, elektroenergetikada kilowat sagat, agajy gaýtadan işlemekde kub metr, zergärçilik senagatynda gramlar we karatlar ölçeg birligi bolup durýar.

Bir natural görkezijini ulanmagyň önümiň fiziki göwrümini we sarp ediş gymmatyny doly häsiýetlendirmek üçin ýeterlik bolmaýan önümçilikleri hem bardyr. Şeýle ýagdaýlarda iki görkeziji peýdalanylýar. Meselem, kagyzyň çykarylyşy tonnalarda we inedördül metrlerde, turbalaryň öndürilişi tonnalarda we metrlerde, traktorlary öndürmek sanlarda we at güýjünde (a.g.) meýilnamalaşdyrylýar.

Şertli-natural birlikler önümiň bellenilen maksady boýunça birmeňzeş bolan görnüşleriniň dürli sarp ediş gymmaty bar bolanda ýa-da çykarylýan önüm (mysal üçin, maşynlar, mehanizmler) kuwwatlylygy we öndürijiligi boýunça birmeňzeş däl bolanda ulanylýar. Meselem, kömrüň kaloriýalylygy dürli-dürli bolup biler, diwarlyk materiallary – bloklar, kerpiçler dürli göwrümde bolup biler. Şonuň üçin hem iş ýüzünde ýangyjy gazyp çykarmak şertli tonnalarda, diwarlyk materiallar million sany şertli kerpiçde meýilnamalaşdyrylyp bilner.

Önümçilik maksatnamasyny düzmezden öň sargytlar bukjasy emele getirilýär, şonuň esasynda hem önümiň ýerlenjek möçberi bellenilýär.

Natural görnüşde önümi meýilnamalaşdyrmak önümçiligi onuň anyk görnüşlerine bolan isleg bilen, şeýle hem serişdeleriň natural görnüşdäki degişli möçberi bilen laýyk gelmegini üpjün edýär. Emma şunuň ýaly iş tejribesi hemişe umumy möçberini, ösüş depginini we önümçiligiň gurluşyny kesgitlemäge mümkinçilik bermeýär, şonuň üçin önüm çykarmak meýilnamasyny gymmat manysynda düzmegiň uly ähmiýeti bardyr.

Gymmat manysynda önümçilik maksatnamasynda ýerlenen, harytlyk, jemi we arassa önümiň möçberine baha berilýär.

Ýerlenen önümiň möçberi önümçilik meýilnamasynda meýilnama döwründe ibermek üçin niýetlenen we tölenmäge degişli taýýar önümleriň, özünde öndürilen ýarym taýýar önümleriň, kärhananyň senagat-önümçilik işgärleriniň güýji bilen ýerine ýetirilýän öz tehnologik enjamlaryny we ulag serişdelerini düýpli abatlamagy goşmak bilen, beýleki tarap üçin senagat häsiýetli işleriň, önümiň ýerlenen möçberiniň we kärhananyň özüniň hem-de onuň balansyndaky beýleki senagat däl hojalyklaryň düýpli gurluşygy üçin ýerine ýetirilen işleriň gymmaty hökmünde kesgitlenýär.

Meýilnama boýunça ýerlenýän önümiň möçberini ($P_{zm}$) şu formula boýunça kesgitläp bolar:

$$P_{zm} = P_{hm} + (\Delta_1 - \Delta_2),$$

bu ýerde $P_{hm}$ meýilnama boýunça harytlyk önümiň möçberi; $\Delta_1$ meýilnama döwrüniň başynda ýerlenmedik önümiň galyndysy; $\Delta_2$ meýilnama döwrüniň ahyrynda ýerlenmedik önümiň galyndysy.

Harytlyk we jemi önümiň möçberi senagat önümçiliginiň möçberini, ösüş depginini we gurluşyny, şeýle hem zähmet öndürijiligini, gaznanyň peýda berijiligini we kärhananyň işiniň beýleki binýatlyk tehniki-ykdysady görkezijilerini kesgitlemek üçin peýdalanylýan möhüm gymmat görkezijileri bolup durýar.

Harytlyk önümiň (Hö) möçberi taýýar önümleriň, ýerlemek üçin niýetlenen ýarym taýýar önümleriň, kömekçi we goşmaça önümçiliginiň başgalara satmak üçin taýýarlanan önüminiň, beýleki taraplaryň ýa-da kärhananyň senagat däl birlikleriniň sargytlary boýunça ýerine ýetirilýän senagat häsiýetli işleriň gymmatyny öz içine alýar.

Arassa önümiň möçberi – bu ulanyş tutumlaryny we maddy harajatlary aýyrmak bilen harytlyk önümiň möçberidir.

Jemi önümiň möçberi şu döwürde ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutulan işleriň ähli möçberini öz içine alýar. Önümiň meýilnama möçberi şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$P_{jemi} = P_{hm} + (\Delta_{tö1} - \Delta_{tö2}),$$

bu ýerde $\Delta_{tö1}$ meýilnama döwrüniň başynda tamamlanmadyk önümçiligiň galyndysy; $\Delta_{tö2}$ meýilnama döwrüniň ahyrynda tamamlanmadyk önümçiligiň galyndysy.

Ýerlenýän we harytlyk önümiň möçberi kärhananyň hereket edýän lomaý bahalarynda getirilýär.

Önümçilik maksatnamasyny işläp taýýarlamak esasy üç tapgyrda ýerine ýetirilýär.

1. Bar bolan önümçilik kuwwatlyklarynyň binýadynda önümi çykarmagyň mümkin bolan aňryçäk derejesini kesgitlemek. Şu tapgyrda «gowşak ýerleri» aradan aýyrmak, şeýle hem önümçiligiň guralyşyny kämilleşdirmek ukyby göz öňünde tutulýar. Eger «gowşak ýerleri» düzetmegiň netijesinde sargytlar bukjasynda kesgitlenýän önümçilik möçberine ýetmek başartmadyk bolsa, kärhananyň önümçilik kuwwatlyklaryny güýçlendirmek boýunça çäreleri işläp taýýarlamaga girişmek zerurdyr.

2. Kärhananyň önümçilik kuwwatlyklaryny öz maliýe çeşmeleriniň hasabyna güýçlendirmek mümkinçiligini öwrenmek we şonuň bilen baglylykda goşmaça önüm öndürmek mümkinçiligini kesgitlemek. Eger önümçiligiň jemi möçberi (goşmaça önümçiligi hasaba alanyňda) sargytlar bukjasyny üpjün etmek üçin ýeterlik bolmasa, üçünji tapgyra geçmek gerek.

3. Kärhanany tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak we durkuny täzelemek meýilnamasyny işläp düzmek. Bu tapgyry durmuşa geçirmegiň zerurlygy önümçiligiň tehniki taýdan ösüşi önümiň hiline, material talap edijilik derejesine, özüne düşýän gymmatyna we ş.m. bildirilýän häzirkizaman talaplara laýyk gelýän önümi çykarmaga ýardam etmeýän derejede pes bolanda hem ýüze çykýar.

### Sorag we ýumuşlar

*1. Kärhananyň önümçilik maksatnamasy näme we ol meýilnamalaşdyrmak ulgamynda nähili orun eýeleýär?*
*2. Kärhananyň meýilnamasy düzülende nähili ölçeýjilerden peýdalanylýandygyny düşündiriň.*
*3. Önümçilik meýilnamasy düzülende nähili gymmat görkezijileriniň peýdalanylýandygyny gürrüň beriň.*
*4. Önümçilik maksatnamasyny işläp taýýarlamagyň tertibini beýan ediň.*

## 3.5. Kärhananyň işindäki töwekgelçilik

Strategiýany emele getirmek we strategik saýlawlary saýlap almak tapgyrlarynyň biri hem töwekgelçilige baha bermek hem-de ony meýilnamalaşdyrmak bolup durýar. Töwekgelçilik häzirki we geljekki ýagdaýlar barada maglumatlaryň ýetmezçiliginde ýüze çykýar. Telekeçilik işine näbelliligiň mahsusdygy sebäpli, töwekgelçilik islendik hojalyk çözgüdiniň ýerine ýetirilişine mahsusdyr:

– ykdysady konýunkturanyň (haryda, pula bolan islegiň we teklibiň, önümçilik faktorlarynyň) näbelliligi;

– maýanyň ulanylýan çygyrlarynyň köp görnüşliligi;

– telekeçiniň biliminiň çäkliligi we ş.m.

Töwekgelçiligiň düýp manysyna düşünmek töwekgelçiligiň önümçilik işiniň barşynda durmuşa geçirýän wezipelerini anyklamak bilen baglydyr.

1. Sazlaýjy wezipeleriniň gapma-garşy häsiýeti bolup, ol iki görnüşde çykyş edýär:

– konstruktiw görnüşde – töwekgelçilik telekeçilik işjeňligini, täzeçilligi, geljegi nazarlamagy höweslendirmek bilen, katalizatoryň ornunda çykyş edýär;

– destruktiw görnüşde – töwekgelçilik durnuklylygy bozýar, çözgütleriň esassyz ýokary töwekgelçilik bilen durmuşa geçirilmegi walýuntarizme getirýär.

2. Gorag wezipelerine iki jähtden seredilip bilner:

– taryhy-genetiki jäht – adamzat öz ösüşiniň dowamynda amatsyz şertlerden goranmagyň usullaryny, ýagny töwekgelçiligi peseltmegiň usullaryny gözläpdir.

– hukuk jähti – telekeçiniň oýlanyşykly töwekgelçilige bolan hukugyny kanunçylyk taýdan üpjün etmegiň zerurlygyna getirýär.

Töwekgelçilik bellibir şertlerde (töwekgelçilik ýagdaýy) ýüze çykýar, ol şulary öz içine alýar:

1. Näbelliligiň bolmagyny, ýagny häzirki ýagdaý barada we wakalaryň geljekki ösüşi barada maglumatlaryň ýetmezçiligi.

2. Bar bolan saýlaw görnüşleriň arasyndan çözgüdi saýlap almak zerurlygy.

3. Bar bolan görnüşleriň her birini amala aşyrmagyň ähtimallygyna baha bermek mümkinçiligi.

Şeýlelikde, töwekgelçiligi gutulgysyz, ýagny hökmany saýlap alyş ýagdaýynda näbelliligi ýeňip geçmek bilen baglanyşykly iş hökmünde kesgitläp bolar. Töwekgelçilik ýagdaýynda şu pursatlara baha berip bolar:

– islenýän netijäni almak ähtimallygy (şowlulyk);

– islenilmeýän netijäniň ýüze çykmak ähtimallygy;

– saýlanyp alnan maksatdan gyşarmalar ähtimallygy;

– hereketleriň mümkin bolan amatly we amatsyz netijeleri.

Telekeçilik töwekgelçilikleriniň dürli bardyr, hususan-da, şu ölçegler boýunça:

1. *Howpuň çeşmesi boýunça:*

1.1. Tebigy güýçleriň zyýan beriji täsiri bilen bagly tebigy töwekgelçilikler:

1.1.1. Howa sebäpli töwekgelçilikler (tupanlar, sil gelmegi, suw basmagy).

1.1.2. Geologiýa sebäpli töwekgelçilikler (ýer titreme, sunami);

1.1.3. Kosmos sebäpli töwekgelçilikler (meteoritleriň gaçmagy);

1.1.4. Biologiýa sebäpli töwekgelçilikler (epidemiýalar).

1.2. Adamlaryň hereketleri bilen şertlendirilen durmuş töwekgelçilikler:

1.2.1. Delikat töwekgelçilikler (ogurlyklar, aldawçylyklar we ş.m.).

1.2.2. Syýasy töwekgelçilikler (uruşlar, iş taşlaýyşlar, embargo we ş.m.);

1.2.3. Bazar töwekgelçilikleri (puluň hümmetiniň üýtgemegi, hümmetsizlenme, töleg tölenmezligi);

1.2.4. Hukuk töwekgelçilikleri (kanunçylygyň üýtgemegi, kanunlaryň ýalňyş ulanylmagy).

2. *Işiň görnüşi boýunça:* bank, ulaglar, maýa goýum, önümçilik, söwda, birža, oba hojalyk işleri we ş.m.

3. *Ýüze çykýan ugry boýunça:*

3.1. Daşky töwekgelçilikler – telekeçiniň işi bilen bagly bolmadyk töwekgelçilikler;

3.2. Içki töwekgelçilikler – esasy (ýitgiler) we kömekçi (abraýyň, bazardaky orunlaryň ýitirilmegi we beýlekiler. Ýitirilen bähbit görnüşinde aňladylýar).

4. *Uzaklygy boýunça:*

4.1. Gysga möhletli töwekgelçilikler – bellibir döwrüň dowamynda ýüze çykýar;

4.2. Hemişelik töwekgelçilikler (seýsmiki zolak, harby hereketleriň zolagy we ş.m.).

5. *Ýüze çykmagynyň hukuk esaslary:*

5.1. Hökmany (şertnamalaýyn) esaslar – anyk geleşikden gelip çykýar;

5.2. Hökmany bolmadyk – şu geleşik bilen bagly bolmadyk esaslar.

6. *Netijeleri:*

6.1. Dinamiki (hereketdäki) töwekgelçilik – dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň netijesinde emlägiň gymmatynyň öňünden görülmedik üýtgemeleri ýa-da bazar, syýasy ýagdaýlaryň öňünden görülmedik üýtgemeleri sebäpli töwekgelçilik (girdejileriň ýitirilmegine hem-de goşmaça girdejileriň alynmagyna getirip biler).

6.2. Statiki (hereketsiz) töwekgelçilik – eýeçilige zyýan ýetirmegiň netijesinde hakyky aktiwleri ýitirmek, şeýle hem guramanyň işe ukypsyzlygy sebäpli girdejini ýitirmek töwekgelçiligi, diňe ýitgilere getirýär.

7. *Töwekgelçilik derejesi:*

7.1. Kanuny töwekgelçilik;

7.2. Bikanun (kanuny däl) töwekgelçilik (awantýura);

7.3. Moral töwekgelçiligi (ýitgiler ätiýaçlandyryş baýragy bilen ýapylar diýip hasap etmek bilen bagly töwekgelçilik).

Kabul ederlikli töwekgelçilik konsepsiýasy ALARA (As Low As Reasonable Achievable) ýörelgesi hökmünde bellidir. Bu konsepsiýa laýyklykda, eger «absolýut howpsuz» taslamany saýlap alyp bolmaýan bolsa, onda şu taslama üçin howpsuzlygyň kabul ederlikli derejesine ýetmäge çalyşmak zerurdyr, ýagny islendik prosesi, islendik tehnologiýany ähli derejelerde ekologiýa, ykdysady we hukuk hem-de başga bir taýdan amatly etmäge çalyşmak gerek.

Töwekgelçiligiň kanunylygynyň şu ölçeglerini görkezip bolar:

1) bellenilen maksada töwekgelçiligi aradan aýyrýan tärleri ulanmak arkaly ýetmegiň mümkin däldigini ykrar etmek;

2) töwekgelçilikli hereketleriň jemgyýetçilik ähmiýeti bolan netijelere gönükdirilmegi;

3) adamyň ömrüne we saglygyna howp salýan ýagdaýlarda hakyky çaklap bolýan derejede töwekgelçilige ýol bermezlik.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. «Töwekgelçilik» düşünjesine kesgitleme beriň.*
*2. Töwekgelçiligiň düzgünleşdiriji we gorag wezipeleriniň mazmunyny açyp görkeziň.*
*3. Töwekgelçilik ýagdaýyny haýsy şertler kesgitleýär?*
*4. Statiki we dinamiki töwekgelçilikleriň mazmuny nämeden ybarat?*
*5. Töwekgelçiligiň kanunylygy diýip nämä düşünýärsiňiz?*

# IV BAP. KÄRHANANYŇ IŞINI DÖWLET TARAPYNDAN DÜZGÜNLEŞDIRMEK

## 4.1. Bazar we döwlet tarapyndan düzgünleşdiriş

Ähli döwürleriň ykdysatçylary we syýasatçylary döwletiň ykdysadyýetdäki roly baradaky meseläni şol döwürde bar bolan syýasy gurluşda agdyklyk eden ykdysady nazaryýetiň çäklerinde çözmäge synanyşypdyrlar.

Bazar ykdysadyýetinde döwlet diňe düzgünleşdiriş wezipesi bilen çäklenip bilmez, ol jemgyýetde durmuş taýdan hyzmatdaşlyk üçin şertleri döretmelidir. Döwlet gurluşyna we döwlet dolandyryşynyň görnüşine garamazdan, milli ykdysadyýet üçin hem, tutuş

jemgyýet üçin hem esasy hukuklary we erkinlikleri kepillendirýän bellibir kadalara we institutlara zerurlyk bardyr.

Döwlet bilen jemgyýetiň arasynda şu kepillendirmeleri durmuşa geçirmek maksady bilen, kepillendirilýän erkinlikleri üpjün etmek üçin döwletiň elinde bellibir mehanizmiň bolmagyny göz öňünde tutýan durmuş şertnama baglaşylýar. Netijeli döwlet bolmasa ýurduň durnukly ösmegi mümkin däldir, ol bazarlara ösmäge mümkinçilik berýän kadalary we institutlary döretmek üçin, ýurda bolsa abadançylykda gülläp ösmek üçin zerurdyr.

Konstitusiýa ykdysady giňişligiň bitewüligini, harytlaryň erkin ondan-oňa geçirilmegini, bäsdeşligiň goldanylmagyny, ykdysady işiň erkinligini kepillendirýär. Emma ykdysady erkinlik ykdysady tertibi göz öňünde tutýar, ýagny döwlet bilen telekeçiligiň arasynda şertnama zerurdyr.

Ýeke-täk döwlet eýeçiliginiň çäklerinde, dolandyryşyň administratiw-buýruk beriji ulgamynda meýilnamalaýyn ykdysadyýet şertlerinde döwletiň ykdysadyýete täsiri absolýut bolup durýar. Hojalygy meýilnamalaýyn-merkezleşdirilen tertipde alyp barmak öndürilen önümleri döwletiň dolulygyna özüne almagyny we olaryň önümçilik prosesine gatnaşýanlaryň arasynda görkezmeler esasynda paýlanmagyny göz öňünde tutýar.

Eýeçiligiň dürli görnüşleri, jemgyýetiň demokratik gurluşy we bazar ykdysadyýeti bolan ýagdaýynda döwletiň ykdysady proseslere gatnaşmagy pes derejede bolýar. Ykdysadyýetiň ösmegi we bazar gatnaşygynyň ösdürilmegi bilen şunuň ýaly gatnaşmagyň derejesi peselýär. Emma institusional esaslaryň emele getirilýän we bazar mümkinçiliginiň pugtalandyrylýan döwründe döwlet institutlarynyň roly hemişe ähmiýetli bolýar. Döwletiň ykdysadyýete goşulma derejesi ykdysadyýetiň ösüş derejesi bilen kesgitlenýär. Ösen bazar ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň we çaklamagyň bolmagyny göz öňünde tutýar. Iş ýüzünde bu döwletde bellibir ykdysady strategiýanyň we senagat syýasatynyň bolmagynda ýüze çykýar.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek – bu durmuş-ykdysady ulgamy we onuň aýry-aýry subýektlerini durnukly ösdürmek hem-de olary üýtgeýän ykdysady şertlere laýyk getirmek maksady bilen, amatly gurşawy syýasy, ykdysady, hukuk we durmuş taýdan üpjün etmek ulgamydyr.

Bazar ykdysadyýetini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň esasy wezipeleri:

1) guramaçylyk-durnuklaşdyryş – ykdysady ösüşi höweslendirýär, durmuş taýdan möhüm önümleriň bahasynyň durnuklylygyny we onuň öňünden bilinmegini hem-de ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň zerur bolan derejesini üpjün edýär;

2) ykdysady-durmuşy – jemgyýetde girdejileriň adalatly paýlanmagyny durmuşa geçirýär.

Birnäçe ýurtlarda bazar ykdysadyýetiniň hereket etmeginiň tejribesiniň esasynda bazar mehanizminiň, umuman alnanda serişdeleriň netijeli peýdalanylmagyny üpjün etmäge ukyplydygyna garamazdan, birnäçe ýagdaýlarda bazaryň aňrybaş derejede mümkin bolan netijäni gazanmakda «ýeterlik» däldigini görkezýär. Şeýle ýagdaýlarda serişdeleriň ýerleşdirilişini amatly etmek maksady bilen, döwletiň goşulmagy zerurdyr. Düzgün bolşy ýaly, şunuň ýaly goşulma aşakdakylara gönükdirilýär:

1. Jemgyýetçilik nygmatlaryna bolan islegleri kanagatlandyrmaga, ol milli goranyşy, jemgyýetçilik tertibini goramagy, daşky gurşawyň ýagdaýyna gözegçiligi, bilimi, saglygy

goraýşy we beýlekileri öz içine alýar. Bu nygmatlaryň ählumumy sarp edilmegi olaryň aýratynlygy bolup durýar – täze sarp edijiniň bu nygmatlardan mugt peýdalanmagyny gadagan etmek mümkin däldir. Meselem, milli goranyş şol ýurduň ähli raýatlarynyň birmeňzeş howpsuzlygyny üpjün edýär we kimdir birini onuň hereket edýän çygryndan çykarmak mümkin däldir. Her bir täze sarp edijiniň jemgyýetçilik nygmatlaryndan mugt peýdalanyp bilýändigi sebäpli, olaryň önümçiligi üçin töleg tölemezlik islegi tebigy ýagdaý bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda bu ulgam hususy maýa üçin özüne çekiji bolup durmaýar.

Şu ýagdaýda bazar jemgyýetçilik nygmatlaryny öndürmek, paýlamak ulgamynda «ýeterlik derejede» sazlaýjy bolup bilmeýär we döwlet bu wezipäni öz üstüne alýar. Bu meseläni çözmegiň mümkin bolan ugurlarynyň biri hem degişli nygmatlaryň bir böleginiň döwlet kärhanalarynda öndürilmegi bolup durýar. Gytaklaýyn goşulmak has netijeli bolýar, şunda döwlet nygmatlary öndürijiler bilen sarp edijileriň arasynda araçy hökmünde çykyş edýär, alnan serişdeleri (salgytlary) jemleýär, önümçilige subsidiýa bermek we ş.m. ýollar bilen olary degişli nygmatlary öndürmek üçin gönükdirýär.

2. Ykdysady işiň ýaramaz goşmaça (esasy däl) netijelerini aradan aýyrmak. Onuň düýp manysyny şu mysalda düşündirip bolar. Sarp edijiniň hal-ýagdaýyna daşky gurşawy hapalaýan (ýol berilýän kadalaryň çäklerinde) firma ýaramaz täsir edip biler, bu bolsa onuň işiniň goşmaça (esasy däl) netijesi bolup durýar, ol önümiň bazar bahalaryna täsir etmeýär.

Goşmaça (esasy däl) netijäniň gowy tarapy hem bolup biler. Täzelikleri girizmegi amala aşyrmak bilen, kärhana geljekki islegden, sarp edijileriň täze önüm üçin tölemäge razy bolan bahalaryndan ugur alýar. Emma bu bahalar jemgyýetiň şunuň ýaly täzelikden alýan ähli peýdasyny görkezmeýär. Innowasiýalar, toplanan bilimleriň umumy möçberine goşant hökmünde, mundan beýläkki täzeliklere ýardam edýär. Bu täzeligiň özünden soňky innowasiýalara täsir ediş derejesini, diýmek, kärhananyň soňky innowatorlardan talap edip biljek töleginiň möçberini kesgitlemek bolsa, düzgün bolşy ýaly, köp çykdajylar bilen baglydyr we kärhana üçin peýdaly däldir.

Umuman alanyňda, goşmaça (esasy däl) netijeleri berýän kärhananyň peýdaly netijesi jemgyýet üçin indiwidual baha bermelerden ýokary (eger bahalar oňyn bolsa) ýa-da pes (eger olar ýaramaz bolsa) bolup biler. Döwlet öz subýektleriniň işiniň indiwidual we jemgyetçilik bahalaryny deňleşdirmek bilen, bazaryň gowşak ýerini düzedýär. Ýaramaz goşmaça (esasy däl) netijede bu öndürijä goşmaça salgyt salmagyň, göni administratiw goşulmagyň we ş.m. hasabyna üpjün edilýär. Oňyn goşmaça (esasy däl) netije ýüze çykanda salgyt ýeňillikleri we subsidiýalar peýdalanylýar.

3. Näbellilik şertlerinde meseleleri çözmek.

Geleşiklerde gatnaşyjylaryň arasyndaky ähli ykdysady gatnaşyklaryň görkezilmedik ýagdaýy serişdeleriň netijesiz peýdalanylmagyna getirip biler. Şunuň ýaly ýagdaýlary internal ýagdaýlar hökmünde aňlatmak kabul edilendir.

Internaliýalar – bu geleşige gatnaşýanlar tarapyndan alynýan, ýöne geleşik baglaşylanda görkezilmedik peýdalar ýa-da ýitgilerdir. Şular internaliýalylara mysal bolup biler: satyn alyjynyň hili ýaramaz harytdan çekýän zyýany; taraplaryň biriniň hiç hili temmi çekmän şertnamany bozmagy; işçini okatmak üçin goşmaça töleg tölemezden onuň hünärini ýokarlandyrmakdan firmanyň utuş gazanmagy we ş.m.

Töwekgelçilik şertlerinde şertli şertnamalary baglaşmak bilen bagly çykdajylar; geleşige gatnaşyjylaryň (mysal üçin, ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan adamlaryň) özüni alyp barşyna syn etmek we gözegçilik etmek boýunça çykdajylar; önümiň hakyky hili barada sarp edijileriň köpçüligi üçin elýeter bolmadyk maglumatlary almak üçin harajatlar – internaliýalary peseltmek üçin harajatlaryň mysallarydyr. Şu we şuňa meňzeş ýagdaýlarda bazar subýektleriniň goşmaça maglumat almak üçin harajatlarynyň geçirilýän işleriň netijesinde alynýan peýdadan ýokary bolýan halatlary seýrek bolmaýar. Şunuň bilen baglylykda, köp ýagdaýlarda geleşikler maglumat asimmetriýasy şertlerinde baglaşylýar, bu bolsa internaliýalaryň ýüze çykmagyna getirýär.

Bu meseläni çözmegiň ýollarynyň biri hem telekeçiligiň hukuk taýdan üpjünçiligi bolup durýar. Meselem, eger hukuk ulgamy şertnamalaryň standart görnüşlerini we geleşigi baglaşmagyň takyk düzgünini, şeýle hem şertnamalaryň bozulandygy üçin temmi çärelerini göz öňünde tutýan bolsa, şertnamalary baglaşmak ep-esli derejede ýeňilleşýär. Düzgün bolşy ýaly, möçberlerde tygşytlamagyň hasabyna döwletiň şunuň ýaly düzgünleşdirmegi amala aşyrmak üçin çykdajylary şertli şertnamalary baglaşmak bilen bagly bölekleýin çykdajylaryň jeminden az bolýar. Maglumatlaryň asimmetriýasyny aradan aýyrmagyň usullaryna bazar subýektlerini öz kontragentlerine maglumatlary mugt bermäge mejbur edýän kanunçylyk kadalarynyň döredilmegini (derman öndürmek, azyk senagaty, bank işi we beýlekiler), şeýle hem önümiň hiline gözegçilik edilmegini degişli edip bolar. Döwlet harytlaryň we hyzmatlaryň aýry-aýry görnüşlerini öndürmek üçin ygtyýarnama berýär, onümleri sertifikatlaşdyrýar, sarp edijileriň hukuklaryny kanunçylyk esasynda goraýar.

4. Maýanyň pudak içi we pudagara erkin geçmegini üpjün etmek. Hatda bäsdeşligiň goldanylýan şertlerinde hem, eger maýanyň erkin ondan-oňa geçmegi üçin düýpli päsgelçilik bar bolsa, bazar ýeterlik bolman biler. Täze kärhananyň bazara girmegi üçin bazarda hereket edýän firmalaryň önümçilik çykdajylaryndaky absolýut artykmaçlygy (tehnologiýa aýratynlykda eýeçilik etmek, çig malyň arzan çeşmeleriniň elýeter bolmagy we ş.m.) päsgelçilik bolup biler.

Bazara girýän kärhanalaryň çekmeli bolýan çykdajylaryna bazara girmek mümkinçiligini şertlendirýän we geljekki girdejiler bilen ýapylýan harajatlar degişlidir. Pudakda hereket edýän kärhanalar ozal, ykdysady çözgütler kabul edilende çekilen harajatlary çekmeýärler. Şonuň üçin hem potensial bäsdeşler üçin peýdanyň möçberi pudakda hereket edýän kompaniýalara garanyňda az bolýar. Bu täze kärhanalaryň bäsdeşlige ukyplylygyny gowşadýar we olar üçin bazara girmegiň özüne çekijiligini peseldýär.

Maýanyň erkin ondan-oňa geçmegi üçin päsgelçilikleriň bolmagy bazaryň ýeterlik däldigine we döwlet tarapyndan goşulmagyň zerurdygyna şaýatlyk edýär. Döwlet bäsdeşligi janlandyrmaga çalyşmak bilen, iki ugurda hereket edip biler:

1) ýeňillikli karzlary, subsidiýalary, salgyt ýeňilliklerini bermek ýoly bilen pudaga girýän kärhanalar üçin önümçiligi guramakdaky ilkibaşky çykdajylary azaltmak;

2) bu kärhanalar tarapyndan şu önümi mümkin bolan sarp edijiler bilen uzak möhletli şertnamalaryň baglaşylmagy üçin has amatly şertleri döretmek bilen garaşylýan girdejini artdyrmak.

Netijede, maýa goýumlaryny öwezi dolunmaýan çykdajylardan goramak üpjün edilýär.

Döwletiň goşulmagy, aýratyn hem onuň işine hakyky gözegçilik ýok wagtynda goşulmagy utuşa däl-de, netijeliligiň ýitirilmegine getirip biler. Şunuň ýaly ýagdaý «döwletiň ýeterlik däldigi» diýen ady aldy.

Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň şu görnüşleri görkezilýär:

– ykdysadyýeti dolandyrmakda doly döwlet gözegçiligi (mysal üçin, Demirgazyk Koreýa, Kuba, ozalky SSSR);

– diňe çäklendirilmedik hususy telekeçiligiň şertlerini netijeli diýip hasap edýän aňrybaş liberallyk (ABŞ);

– bazar we döwlet düzgünleşdirijileriniň dürli görnüşdäki sazlaşygy (durmuş taýdan gözükdirilen bazar hojalygynyň Günbatar Ýewropa modeli).

Durmuş-ykdysady düzgünleşdirmegi amala aşyrmak bilen, döwlet usullar we gurallar ulgamyny peýdalanýar, olar çözülýän wezipeleriň mazmunyna, döwletiň maliýe mümkinçiliklerine, düzgünleşdirmegiň toplanan tejribesine baglylykda ulanylýar (*14-nji surat*). Hukuk taýdan düzgünleşdirmek bazar subýektleriniň ählisi üçin «oýun kadalaryny» bellemekden ybaratdyr. Kanunçylyk kadalary we düzgünleri ulgamy, eýeçilik görnüşlerini we hukuklaryny, kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk görnüşlerini, şertnamalary baglaşmagyň we firmalaryň hereket etmeginiň şertlerini, kärdeşler arkalaşyklary bilen iş berijileriň gatnaşyklary babatynda özara borçnamalary we beýlekileri kesgitleýär.

Edara ediş düzgünleşdirmesi şulary öz içine alýar:

– ygtyýarlylandyrmak we akkreditasiýa etmek işi (bellibir şertlerde işiň ol ýa-da beýleki görnüşlerini amala aşyrmaga rugsatnamalary (ygtyýarnamalary) bermek);

– paý bölüp bermek (harytlaryň bellibir görnüşleriniň eksportyny, importyny mukdar taýdan çäklendirmek);

– kontingentleşdirme (daşary söwdany eksport we import paýlaryny bellemek, puluň emissiýa edilmegini kanunçylyk arkaly çäklendirmek görnüşinde düzgünleşdirmek).




**14-nji surat.** ***Kärhanalaryň işini döwlet tarapyndan düzgünleşdiriş ulgamy***

Edara ediş çäreleriniň kömegi bilen bahalara, hasaba alyş stawkalaryna, puluň hümmetine we ş.m. gözegçilik amala aşyrylýar. Häzirki wagtda ýurtlaryň köpüsinde edara ediş çäreleriniň hereket edýän çygry daşky gurşawy goramak, ilaty durmuş taýdan goramak bilen çäklenýär.

**Soraglar we ýumuşlar**

*1. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň nämedigini düşündiriň.*
*2. Bazar ykdysadyýetini düzgünleşdirmegiň esasy wezipelerini aýdyp beriň.*
*3. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň esasy maksatlary nämeden ybarat?*
*4. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?*
*5. Düzgünleşdirmegiň esasy görnüşleriniň, ýagny hukuk, edara ediş, ykdysady taýdan düzgünleşdirmegiň düýp manysy nämeden ybarat?*

## 4.2. Kärhanalaryň işini göni ykdysady taýdan düzgünleşdirmek

Tutuş ykdysadyýete we bazar subýektlerine täsir etmek nukdaýnazaryndan göni we gytaklaýyn döwlet tarapyndan ykdysady taýdan düzgünleşdirmek amala aşyrylyp bilner.

Göni döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek edara ediş we ykdysady taýdan düzgünleşdirmek bolýar.

Döwlet tarapyndan ykdysady taýdan düzgünleşdirmek, düzgün bolşy ýaly, şu esasy elementleri öz içine alýar:

– göni döwlet subsidiýalary;
– paýly maýa goýumlar we garyşyk maliýeleşdirmek;
– döwlet telekeçiligi;
– döwlet tarapyndan meýilnamalaşdyrmak we çaklamak.

Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan göni düzgünleşdirmegiň möhüm faktory monopoliýa garşy syýasat we bäsdeşligi goramak bolup durýar.

Göni döwlet subsidiýalaryny yzyna gaýtarylmaýan nesýe hökmünde kesgitläp bolar, ol ony alýanyň önümçilik çykdajylaryny dolulygyna ýa-da bölekleýin ýapýar. Subsidiýalar ýurduň ykdysady gurluşynda örän möhüm bolan, kärhanalary ýeterlik derejede düşewüntli bolmadyk ýa-da ýitgili işleýän pudaklara berilýär. Şunuň ýaly ýagdaý bu pudagyň önüminiň durmuş ähmiýetiniň bardygy sebäpli, onuň bahalaryna döwlet tarapyndan çäk bellenýändigi netijesinde ýa-da ykdysady konýunkturanyň ýaramazlaşyp, kärhananyň batyp ýa-da döwlet üçin möhüm önümi öndürmegi bes edip biljek mahalynda ýüze çykýar. Döwlet subsidiýalary halk hojalygynda iri gurluş özgertmeleri döwründe hem berlip bilner (hatda ol zerur bolup biler). Düzgün bolşy ýaly, subsidiýalaryň esasynda käbir ylmy edaralara, bilim ulgamynyň edaralaryna, işgärleri taýýarlaýyş ulgamyna we ş.m. goldaw bermek amala aşyrylýar. Emma döwlet tarapyndan göni düzgünleşdirmek usuly ýetmezçiliklerden halas däldir, olaryň esasysy bölünip berilýän subsidiýalaryň peýdalanyşyna merkezleşdirilen tertipde gözegçilik etmegiň çylşyrymlylygy bolup durýar.

Döwletiň taslamalara maýa goýumlar we maliýeleşdirmek görnüşinde gatnaşmagy, düzgün bolşy ýaly, jemgyýetiň we döwletiň öňe gidişlikli durnukly ösüşiniň esasy bolup

durýan we ýurduň bäsleşik artykmaçlygyny üpjün edýän strategik taýdan möhüm pudaklar bilen çäklenýär.

Döwlet telekeçiligi döwlet kärhanalarynyň önümçilik, ykdysady we durmuş işini döretmegi hem-de dolandyrmagy öz içine alýar. Birnäçe pudaklaryň kärhanalaryna döwlet eýeçiligi olaryň umumy döwlet ähmiýetiniň bardygy ýa-da jemgyýetiň durmuşynyň möhüm infrastrukturasyny saklaýandygy we tebigy hem-de aradan aýryp bolmaýan monopoliýalar bolup durýandyklary bilen kesgitlenýär.

Dünýä ykdysadyýetinde döwlet kärhanalarynyň iki guramaçylyk-hukuk görnüşi görkezilýär:

– köpçülikleýin hukuk kadalaryna laýyklykda esaslandyrylan kärhanalar;

– hususy hukuk kadalaryna laýyklykda esaslandyrylan, maýasy dolulygyna döwlete degişli bolan ýa-da garyşyk maýa bolup durýan kärhanalar.

Döwletiň köpçülikleýin kärhanalary – ýörite kanunçylyk namalary bilen döredilýän, hukuk taýdan özbaşdak kärhanalardyr. Olaryň maýasy paýnamalara ýa-da paýlara bölünmeýär we dolulygyna döwlete degişli bolýar. Döwlet köpçülikleýin kärhanalaryň bergileri boýunça jogap berýär, olary dolandyrýan adamlar bolsa özbaşdak hereket edip bilmeýärler we döwlet dolandyryşynyň ýokarda durýan edaralaryna tabyn bolýarlar, dar täjirçilik häsiýeti bolan wezipeleri çözmekden däl-de, jemgyýetçilik maksatlaryny durmuşa geçirmekden ugur alýarlar. Şonuň netijesinde köpçülikleýin kärhanalaryň, düzgün bolşy ýaly, düşewüntliligi pes bolýar ýa-da ýitgili işleýärler.

Hususy hukuk kadalaryna esaslanýan döwlet kärhanalarynyň maýasy böleklere (paýnamalara ýa-da paýlara) bölünýär. Hususy hukuk kadalaryna esaslanýan döwlet kärhanalary köplenç halatda açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetlerinden (döwlet korporasiýalaryndan) ybaratdyr. Döwlete şunuň ýaly korporasiýanyň ähli paýnamalary (şu ýagdaýda jemgyýet hakykatdan ýapyk bolýar) ýa-da paýnamalaryň gözegçilik bukjasy degişli bolýar. Döwlet hususy hukuk kadalaryna esaslanýan kärhanalaryň bergileri boýunça jogap bermeýär. Olaryň maliýe ýagdaýy ýaramazlaşan halatynda döwlet, düzgün bolşy ýaly, ýitgileri býujet serişdeleriniň hasabyna ýapmaýar-da, özüne degişli paýnamalary gazna bazarynda ýerleýär.

Döwlet kärhanalaryny dolandyrmagyň dürli ýurtlarda öz aýratynlyklary bardyr. Olaryň köpüsinde döwlet kärhanalaryny dolandyrmagyň bir merkezi bolmaýar, olar degişli pudaklaýyn ministrlikleriň garamagynda bolýar. Birnäçe ýurtlarda döwlet kärhanalarynyň işleri boýunça ýörite ministrlikler bolýar. Döwlet kärhanalaryny ykdysadyýet ýa-da maliýe ministrligine tabyn etmek görnüşleri hem bar.

Bazar ykdysadyýetli ýurtlarda göni döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň möhüm elementleriniň hataryna döwlet tarapyndan maksatnamalaşdyrmak degişlidir, ol iri halk hojalyk wezipesini ýa-da sebitleýin wezipäni çözmek we eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki kärhanalarda şertnamalaýyn maliýeleşdirmegiň kömegi bilen bäsleşik esasynda degişli önümi önümçiligi ýerleşdirmek boýunça çäreler toplumyny emele getirmegiň we durmuşa geçirmegiň mehanizminden ybaratdyr. Döwletiň ykdysady maksatnamalarynyň aşakdaky ýaly esasy görnüşleri bardyr:

– konýunktura görnüşleri, olaryň maksady ykdysadyýetiň gündelik deňeçerligi meselelerini çözmek bolup durýar;

– gurluş görnüşleri, olaryň maksady milli we sebitleýin ykdysadyýetiň esasy meselelerini çözmekden ybaratdyr.

Döwlet maksatnamalarynyň anyk çärelerini meýilnamalaşdyrmak we durmuşa geçirmek döwlet tabşyrygynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Döwlet tabşyrygyny emele getirmek we durmuşa geçirmek şu ýörelgelere tabyn edilýär:

– önümi buýrujy bolup maliýe we beýleki serişdeleri bolan hem-de özüniň ýerine ýetiriji edaralaryna bellibir hukuklary berýän döwlet çykyş edýär;

– tabşyryklaryň düzümi umumy döwlet zerurlyklary, ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynyň dürli pudaklarynda döwlet wezipeleri ulgamy bilen bagly, obýektiw sebäplere görä durmuşa geçirip bolmaýan tabşyryklaryň düzümi;

– döwlet tabşyryklarynyň möçberi döwlet býujetiniň ululygy bilen çäklendirilendir;

– tabşyryklar şertnamalaýyn esasda ýerleşdirilýär we ýerine ýetirilýär.

Döwlet tabşyryklaryny işläp taýýarlamagyň tertibi adatça şu tapgyrlary öz içine alýar: döwlet tabşyrygynyň düzümi emele getirilýär; bäsleşik esasynda seçip almak (tender) geçirilýär; ýerine ýetiriji bilen şertnama baglaşylýar, ol maliýe, ykdysady, inžener-tehniki we durmuş böleklerden durýar we görkezijileriň şu toparlaryny öz içine alýar: ahyrky önümiň parametrlerini, taraplaryň ikisi üçin hem kabul ederlikli bahany, iberilmeli harydyň möçberini we möhletini, täjirçilik, inžener-tehniki we ylmy-tehniki töwekgelçiligiň derejesini, taraplaryň arasynda ýitgileri (peýdany) paýlamagyň tertibini.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň usuly hökmünde maksatnamalaşdyrmak gönüden-göni meýilnamalaşdyrmak bilen utgaşýar. Döwlet meýilnamasynyň kanuny güýji alýan we halk hojalygynyň ähli pudaklary üçin hökmanylyga öwrülýän direktiwalaýyn meýilnamalaşdyrmakdan tapawutlylykda ösen bazar ykdysadyýeti bolan ýurtlarda umumy döwlet meýilnamalaşdyrmagyň indikatiw häsiýeti bolýar. Işlenip taýýarlanylýan meýilnamalar resmi taýdan kanun bolup durmaýar we umumymilli bähbitlerde ykdysady gurluşyň aýry-aýry böleklerini olaryň ýerine ýetirilmegine gözükdirýän we jemleýän döwlet maksatnamalary bolup durýar.

Ýaponiýada hökümet ykdysady syýasaty kabul edilýän orta we uzak möhletli meýilnamalara esaslanmak bilen, yzygiderli amala aşyrýar. Ýaponiýada ykdysady meýilnamalar indikatiw bolup durýarlar we hususy hojalyk işi babatynda olaryň mejbury häsiýeti ýokdur. Şeýle-de bolsa, olar ykdysadyýetiň ösüşine goşant goşýarlar, çünki onda ykdysady syýasatyň maksatlary bellenýär, her bir tapgyrda hojalygy ösdürmegiň möhüm wezipeleri kesgitlenýär.

Olaryň özara baglanyşygyndaky «gowşak» ýerler ýüze çykarylýar, mukdar häsiýetnamalary kesgitlenýär. Ýagny degişli öňüni alyş çärelerini öňünden işläp taýýarlamaga mümkinçilik peýda bolýar, meýilnamalaryň esasy roly bolsa, olaryň milli hojalyk syýasatyna degişlilik duýgusyny ýokarlandyrýandygyndan ybaratdyr. Şunuň ýaly toplumlaýyn meýilnamalary işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek ýurduň çäklerini toplumlaýyn ösdürmek hakynda kanunalaýyklykda geçirilýär we şonuň üçin hem onuň kanuny häsiýeti bardyr.

**Sorag we ýumuşlar**

1. *Ykdysady taýdan göni döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz we düýp manysy nämeden ybarat?*
2. *Döwlet telekeçiliginiň nämedigini düşündiriň.*
3. *Döwletiň köpçülikleýin kärhanalaryny we döwletiň hususy hukuga esaslanýan kärhanalaryny häsiýetlendiriň.*
4. *«Döwlet tarapyndan maksatnamalaşdyrmak» düşünjesine häsiýetnama beriň.*

## 4.3. Kärhanalaryň işini ykdysady taýdan gytaklaýyn düzgünleşdirmek

Gytaklaýyn döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek şu düzüm böleklerini öz içine alýar:
– býujet salgyt ulgamy;
– gümrük çäklendirmeleri;
– pul-karz syýasaty;
– döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek.

Kärhanalaryň işini gytaklaýyn düzgünleşdirmegiň iň netijeli usuly salgyt taýdan düzgünleşdirmek bolup durýar. Salgyt ulgamy esasy üç wezipäni ýerine ýetirýär:

– döwlet wezipelerini ýerine ýetirmek üçin döwlete zerur bolan maliýe serişdelerini çekýär;

– durmuş adalatlylygy üpjün etmek, gurby pes raýatlaryň bähbitlerini we jemgyýetde durnuklylygy goramak maksady bilen, durmuş we syýasy ileri tutulýan ugurlara baglylykda milli girdejini gaýtadan paýlaýar;

– işiň ileri tutulýan ugurlaryny höweslendirmek bilen, jemgyýetiň derwaýys meselelerini çözmäge ýardam edýär.

Dünýä tejribesinde kärhanalaryň işini salgyt taýdan düzgünleşdirmegiň esasy usullaryna şular degişlidir:

– salgyt salmagyň umumy derejesiniň üýtgemegi;

– maýa goýumlar üçin salgyt ýeňillikleri;

– işiň aýry-aýry pudaklarynda ýa-da sebitlerde işewürlik işjeňligini höweslendirýän ýa-da kärhanalaryň ol ýa-da beýleki çärelere gyzyklanmalaryny güýçlendirýän dürli görnüşdäki ýörite salgyt ýeňillikleri.

Häzirki zaman dünýä ykdysadyetinde salgyt salmak ulgamyna bellibir meýiller häsiýetlidir. Öňi bilen, bu ykdysadyýetdäki ýagdaýa baglylykda, kärhanalaryň peýdasyndan alynýan salgytlaryň möçberleriniň üýtgemegi bolup durýar.

Daşary ýurtlarda önümçiligiň ösüşini höweslendirmekde täze döredilýän kompaniýalar üçin peýdadan alynýan salgyt boýunça ýeňillikler degerli orun tutýar.

Kärhanalaryň netijeleri goýlan serişdeleri gysga möhletde ödemeýän we döwürleýin maliýe serişdeleriniň berilmegini talap edýän öz ylmy maksatnamalaryny maliýeleşdirmeklerini höweslendirmek üçin köp ýurtlarda ýörite salgyt ýeňillikleri – salgyt karzy girizilýär, bu bolsa kompaniýalara özüniň YBTKI (ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işläp taýýarlamalary) üçin çykdajylarynyň geçen döwrüň çykdajylary bilen deňeşdirilende

artan möçberiniň bir bölegini peýdadan alynýan salgytdan (korporatiw salgytdan, paýnamalaryň girdejilerine salynýan salgytdan) ýa-da girdejilerden alynýan beýleki bir salgytdan aýyrmaga mümkinçilik berýär.

Kärhananyň işini salgyt taýdan düzgünleşdirmegiň bir görnüşi hem ulanyş tutumlarynyň alnyşyny düzgünleşdirmek bolup durýar, bu, düzgün bolşy ýaly, ol ýa-da beýleki pudaklarda we sebitlerde ylmy-tehniki ösüşi (YTÖ) tizleşdirmek üçin peýdalanylýar.

YTÖ şertlerinde önümçilik enjamlarynyň moral taýdan tiz könelmegi bolup geçýär, ulanyş tutumynyň ölçegini ýokarlandyrmak we ulanyş tutumy alynýan möhletleri azaltmak kanuny meýil bolýar. Elbetde, şunuň ýaly şertlerde balansyň aktiwinde möhüm orun ulanyş tutumlaryna degişli bolýar, önümçilik gurallaryny täzelemek üçin bolsa tizleşdirilen ulanyş tutumy syýasatynyň aýratyn ähmiýeti bolýar, bu esasy maýanyň gymmatyny has gysga möhletlerde we ulanyş tutumynyň has ýokary ölçegleri boýunça hasapdan öçürmäge mümkinçilik berýär hem-de kärhananyň maýa goýum mümkinçiligini artdyrýar.

Tizleşdirilen ulanyş tutumy syýasatynyň düýp mazmuny ulanyş tutumyndan geçirimleri esasy maýanyň hakyky könelmesinden düýpli ýokary bolan möçberlerde hasapdan öçürmäge berlen rugsatdan ybaratdyr, bu bolsa kärhanalara berilýän özboluşly salgyt subsidiýalary bolup durýar – ulanyş tutumyndan geçirimler önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar we ol ýerlenenden soň eýesine gaýtarylýar. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň artmagynyň hasabyna (önümiň bahasynyň üýtgemedik ýagdaýynda) salgyt salynýan peýdanyň möçberi we degişlilikde, kärhana tarapyndan tölenýän salgytlar peselýär.

Ulanyş tutumynyň ölçeginiň ýokarlanmagy we ulanyş tutumy alynýan möhletleriň degişli derejede peselmegi maýa toplamagyň depginini çaltlandyrýar, bu bolsa kärhanalara esasy maýany täzelemek, şonuň bilen bir wagtda peýdadan alynýan salgydyň toplumyny azaltmak üçin giň mümkinçilikler berýär.

Salgytlaryň her bir görnüşiniň sazlaýjy wezipeleri ýeňillikleri bermek we salgyt çärelerini ulanmak mümkinçilikleri bilen kesgitlenýär.

Häzirki wagtda ýurtda hereket edýän salgyt ýeňilliklerini birnäçe topara bölüp bolar.

Birinji topardaky ýeňillikler maýa goýumlar üçin sarp edilýän peýda degişlidir, ikinji toparyň ýeňillikleri durmuş-medeni işi goldamak üçin ulanylýan peýdalara degişlidir, üçünji toparyň ýeňillikleri töleýjileriň aýratyn görnüşleri tarapyndan alnyp bilner.

Birinji topara düýpli goýumlary artdyrmak üçin şertleri döredýän ýeňillikler degişlidir. Kärhanalaryň önümçilik we önümçilik däl häsiýetli düýpli goýumlaryny maliýeleşdirmäge, şeýle hem şol maksatlar üçin niýetlenen bank karzlaryny üzmek üçin gönükdirilen peýdasy salgyt salmakdan boşadylýar. Bu ýeňillik özüniň önümçilik we önümçilik däl desgalaryny ösdürmegi amala aşyrýan kärhanalara olar tarapyndan ulanyş tutumlarynyň maýa goýum maksatlarynda doly peýdalanan şertlerinde berilýär. Soňky şert, birinji nobatda, kärhananyň öz serişdelerini jemlemegi, diňe ikinji nobatda maýa goýumlaryny amala aşyrmak üçin salgyt ýeňillikleri görnüşinde kömek berilmegi üçin döwlete ýüz tutmalydygy babatynda talap bilen baglydyr.

Kärhana tarapyndan tölenýän diwidendlere, olaryň kärhananyň içinde önümçiligiň durkuny täzelemek we/ýa-da giňeltmek üçin maýa goýuma gönükdirilýän halatynda, salgyt alynmaga degişli däldir.

YBTKI guramak we geçirmek üçin ulanylýan, peýda salgyt salnanda kärhanalara berilýän salgyt ýeňillikleri hem şulara degişlidir.

Ikinji topara degişli salgyt ýeňillikleri saglygy goraýyş, bilim, sport we medeni desgalaryny we edaralary, çagalar edaralaryny we kärhananyň balansyndaky beýleki durmuş desgalary saklamak üçin harçlanýan bölegini salgyt salynýan peýdadan aýyrmaga mümkinçilik berýär. Bu haýyr-sahawat maksatlary üçin, ekologiýa we sagaldyş gaznalaryna geçirilýän gatançlara hem degişlidir.

Üçünji topara degişli ýeňillikler işgärleriniň umumy sanynyň 50%-den az bolmadyk bölegi maýyplardan ýa-da pensionerlerden (70%-den az bolmadyk bölegi) durýan kärhanalara degişlidir. Şu ýagdaýda kärhananyň peýdasyndan alynýan salgyt 50 % azalýar.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek çäreleriniň ulgamynda gümrük taýdan düzgünleşdirmek degerli orun tutýar.

Kärhanalaryň işini düzgünleşdirmekde pul-karz syýasaty aýratyn orun tutýar. Karz – bu karzdar tarapyndan köplenç halatda ondan peýdalanylandygy üçin karz alyjy tarapyndan göterim tölemek bilen gaýtarmak şertlerinde karz alyja berilýän pul ýa-da haryt görnüşindäki nesýedir. Bazar ykdysadyýetiniň tebigaty bazar subýektleriniň işiniň, şol sanda döwletiň işiniň hem bellibir tapgyrlarynda emele gelýän pul serişdeleriniň hereketsiz durmagyna ýol bermeýär. Däp bolşy ýaly, bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde karz serişdeleriň esasy çeşmeleri şular bolup durýar:

– kärhanalaryň ulanyş tutumy gaznasy;

– kärhananyň dolanyşyk maýasynyň taýýar önüminiň ýerlenýän we üznüksiz önümçiligi dowam etmek üçin zerur bolan dolanyşyk gaznalarynyň elementleriniň satyn alynýan pursaty bilen gabat gelmezligi, şeýle hem zähmet hakynyň tölenmeli pursady bilen bagly wagtlaýyn erkin bölegi;

– fiziki we ýuridik şahslaryň, banklaryň, ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň we beýleki maliýe institutlarynyň hasaplarynda jemlenilýän pul girdejileri we tygşytlanan serişdeleri;

– döwletiň toplanan pul serişdeleri (döwlet býujetiniň we býujetden daşary gaznalaryň serişdeleri).

Karz makro we mikro ykdysady deňeçerligi üpjün etmekde möhüm wezipeleri ýerine ýetirýär. Karzyň kömegi bilen maýany dürli pudaklaryň we kärhanalaryň arasynda bazaryň üýtgeýän konýunkturasyna hem-de önümçiligiň gurluşynyň amatly edilişine laýyklykda gaýtadan paýlamak amala aşyrylýar. Karz dürli görnüşlerde hereketi amala aşyrýar, olaryň arasynda täjirçiilk we bank karzy nusgawy görnüşler bolup durýar. Täjirçilik karzy, mälim bolşy ýaly, tölegi soňa süýşürmek bilen haryt satylanda peýdalanylýar. Haryt görnüşindäki serişdeler onuň obýekti bolup çykyş edýär, maksady harytlaryň, hyzmatlaryň we pul serişdeleriniň hereketini tizleşdirmek bolup durýar.

Bank karzy pul serişdeleriniň eýeleri, banklar, ýörite karz edaralary tarapyndan nesýe pullar görnüşinde berilýär. Şeýlelikde, bank karzynyň obýekti pul maýasy, telekeçi, döwlet, öý hojalyklary sektory karz alyjy, pul serişdeleriniň eýesi karzdar (karz beriji) bolup durýar.

Döwletiň pul-karz syýasaty bazar ykdysadyýetini merkezleşdirilen tertipde düzgünleşdirmegiň we dolandyrmagyň möhüm serişdeleriniň biri bolup durýar. Bazaryň kanun-

laryna goşulman, tersine, olary we edil şonuň ýaly, bazar mehanizmini peýdalanmak bilen, döwlet pul-karz syýasatynyň özboluşly çäreleriniň we gurallary arkaly diňe bir karz-maliýe hem-de pul ulgamlaryny däl, eýsem tutuş ykdysadyýeti durnuklaşdyrmagyň mümkin bolan şertlerini döredýär. Döwletiň pul-karz syýasaty iki esasy ugurda amala aşyrylýar: Merkezi bankyň (MB) işi arkaly we döwletiň gymmatly kagyzlaryny emissiýa etmegiň (zaýomlary geçirmek) üsti bilen amala aşyrylýar.

MB-niň döwletiň ykdysadyýetini, aýry-aýry pudaklaryň we kärhanalaryň ykdysadyýetini düzgünleşdirmekdäki esasy guraly gaýtadan maliýeleşdiriş möçberi (stawkasy) ýa-da hasaba alyş möçberi (stawkasy) bolup durýar, ol aýry-aýry bank amallaryny düzgünleşdirmegiň ölçegi hökmünde MB tarapyndan peýdalanylýan göterim möçberidir. Hasaba alyş stawkasynyň möçberi nesýe bank göteriminiň möçberine we depozit möçberlerine täsir edýär. Gaýtadan maliýeleşdiriş möçberiniň ýokarlanmagy depozitler boýunça göterim möçberleriniň ýokarlanmagyna getirýär, bu bolsa olary hakyky sektora maýa goýum goýmaga seredeniňde özüne çekiji edýär. Şunuň ýaly syýasat ýurduň senagat önümçiliginiň peselmegine getirýär. Kärhanalar önümçilik döwri gysga bolan önümleri öndürmäge geçýärler, tehnologiýa ýönekeýleşýär, ýagny senagat kärhanalarynyň köpüsiniň bar bolan ylmy-tehniki we önümçilik mümkinçiligi peýdalanylmaýar, ol wagtyň geçmegi bilen ýitip gidýär.

Gaýtadan maliýeleşdiriş möçberiniň durnukly peselýän halatynda ýokardakynyň tersine bolan ýagdaýy bolup geçýär.

Kärhanalaryň işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň möhüm guraly karz guramalarynyň işiniň normatiwler ulgamy bolup durýar. Anyk normatiwleri bellemek bilen döwlet amallaryň ol ýa-da beýleki görnüşlerini ýa-da anyk müşderiler bilen amallary banklar üçin özüne çekiji edýär. Hökmany ätiýaçlandyryş kadalarynyň üýtgemegi hem pul-karz syýasatynyň möhüm gurallarynyň biri bolup durýar. Täjirçilik banklary özleriniň ätiýaçlyk serişdelerini MB-niň ýörite hasaplarynda saklamalydyrlar. Kähalatda bu talap ähli institutlara däl-de, diňe karz sorap MB-ä ýüz tutulanda degişli ýeňillik alýan agza banklar diýilýänlere degişli bolýar. Hökmany ätiýaçlandyryş kadalarynyň üýtgemeginiň makroykdysady manysy bank karzlarynyň möçberini düzgünleşdirmekden ybaratdyr. Hökmany ätiýaçlandyryş kadalaryny artdyrmak bilen, MB degişlilikde, banklaryň hasaplarynda goýumlar görnüşinde, karz serişdeleri hökmünde bar bolan serişdeleriň peýdalanylyşyny çäklendirýär. Tersine, bu kadany peseltmek bilen, MB täjirçilik banklarynyň karz işjeňligini giňeltmek üçin serişdeleriň boşadylmagyny höweslendirýär. Bäsleşik şertlerinde täjirçilik banklarynyň karz mümkinçilikleriniň giňelmegi bolsa, müşderilere, öňi bilen hem senagat kärhanalaryna pes göterim möçberi bilen karz almaga mümkinçilik berýär.

Pul-karz syýasatynyň iň möhüm bazar gurallarynyň biri hem gymmatly kagyzlaryň satyn alnyşyny-satylyşyny we degişlilikde, bank ätiýaçlyklarynyň azalyşyny ýa-da köpelişini görkezýän gazna biržalaryndaky amallar bolup durýar. Açyk bazardaky amallaryň obýekti bolup, düzgün bolşy ýaly, ozal çykarylan gysga möhletli gaznaçylyk borçnamalary, döwletiň gaznaçylyk borçnamalary (DGB), döwletiň beýleki gymmatly kagyzlary hyzmat edýärler. Düzgünleşdirmegiň bu görnüşi has netijelidir, sebäbi amallaryň bellibir derejede ýokary bolmadyk möçberlerinde islenilýän netijäni alyp bolýar. Karz-kagyz pullaryň agdyklyk bilen ösýän şertlerinde açyk bazardaky amallar diňe bir karz amallary düzgünleşdirimek görnüşinde bolman, eýsem pul toplumyna gözegçilik etmegiň möhüm usuly hem bolup durýar.

Döwletiň gymmatly kagyzlaryny (DGK) çykarmak we olar boýunça girdejililigiň ululygyny bellemek bilen döwlet toplama hem-de maýa goýum proseslerini düzgünleşdirip biler.

Döwlet karz işini döwlet kärhanalaryna we ýerli häkimiýet edaralaryna degişli garyşyk kärhanalara goýulýan düýpli goýumlary maliýeleşdirmek üçin zaýomlary çykarmak arkaly hem amala aşyrýar, býujetiň ýa-da döwletiň karz gaznalarynyň serişdeleriniň hasabyna döwlet karzlaryny berýär. Döwlet karzlary telekeçiniň nukdaýnazaryndan peýdasy az we düşewüntsiz, ýöne ykdysadyýetiň hereket etmegi üçin zerur bolan pudaklara gönükdirilýär.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň ýene bir görnüşi walýutany (daşary ýurt puluny) düzgünleşdirmek bolup durýar. Milli puly dewalwasiýa (hümmetini peseltmek) ýa-da rewalwasiýa (hümmetini ýokarlandyrmak) etmek bilen döwlet önümiň eksportyny ýa-da importyny peýdaly ýa-da peýdasyz edýär. Milli puluň dewalwasiýasy importy peýdasyz edýär we kärhanalaryň eksport mümkinçiliklerini giňeldýär, şeýlelikde, ýurduň önüm öndürijileriniň işewürlik işjeňligini höweslendirýär.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Gytaklaýyn ykdysady taýdan düzgünleşdirmegi öz içine alýan elementleri aýdyp beriň.*
*2. Salgyt ulgamynyň esasy wezipeleri nämeden ybarat?*
*3. Salgyt düzgünleşdirmesiniň esasy usullaryny atlandyryň.*
*4. Ulanyş tutumy arkaly düzgünleşdirmegi we onuň kärhananyň işine edýän täsirini häsiýetlendiriň.*
*5. Pul-karz düzgünleşdirmesiniň esasy gurallary haýsylar?*

# V BAP. KÄRHANANYŇ ESASY MAÝASY

## 5.1. Esasy gaznalar: düşünje, düzümi, gurluşy

Ýurduň ykdysadyýetiniň çäklerinde önüm öndürmegi, edil şonuň ýaly aýry-aýry kärhanalaryň çäklerinde önümleri öndürmegi serişdeleriň esasy üç görnüşiniň – maliýe, zähmet we maddy serişdeleriň özara hereketi bolmazdan amala aşyrmak mümkin däldir. Olaryň soňkusy çig maly, materiallary, toplaýyş önümlerini, ýangyjy we energiýany, şeýle hem tehnologik enjamy, jaýlary, desgalary, ulag serişdelerini we beýlekileri öz içine alýar.

Islendik önümçilik prosesi, bir tarapdan, maddy zät binýadynyň (onuň esasyny önümçilik serişdeleriniň (zähmet predmetleri we serişdeleri) emele getirýär) kömegi bilen, beýleki tarapdan,gönüden-göni janly zähmet arkaly amala aşyrylýar.

Maýa diýip biz maddy ýa-da maliýe serişdelerine, önümçilik prosesine gatnaşýan we peýda almak serişdesi bolup hyzmat edýän intellektual işläp taýýarlamalara we guramaçylyk (telekeçilik) başarnyklaryna düşünýäris.

Maýanyň hereketi we önümçiligiň barşynda ony özgertmek hem-de önümleri ýerlemek prosesi maýanyň töwerekleýin dolanyşygy diýlip atlandyrylýar.

Ykdysady nazaryýetde ol şu şekil bilen aňladylýar:




D – pul görnüşindäki maýa, ol önümçilik serişdelerini (F) we işçi güýjüni (L) satyn almak üçin peýdalanylýar. Soňra önümçilik faktorlary (F we L) önümçilik prosesiniň pudaklaýyn aýratynlyklaryny görkezýän bellibir proporsiýalarda birleşýärler önüm (P) döredýärler, ol bolsa bazarda ýerlenmek bilen düşewünt (D`) alynmagyna ýardam edýär. Bu girdeji ozal pul görnüşinde (D) harçlanan maýanyň öwezini dolman, eýsem bellibir peýdany hem öz içine alýar.

Şeýlelikde, töwerekleýin dolanyşygyň barşynda maýa şol bir wagtda şu görnüşlerde bolup biler: pul, önümçilik (önümçilik serişdeleri) we haryt (harytlar) görnüşinde.

Öndürijilikli maýanyň jaýlarda, desgalarda, maşynlarda, enjamlarda we önümçilik prosesine köp gezek gatnaşýan, bu prosesiň barşynda gymmaty bölekleýin, kem-kemden taýýar önüme geçirilýän beýleki zähmet serişdelerinde maddylaşan bölegi esasy gaznalar diýlip atlandyrylýar.

Öndürijilikli maýanyň bir önümçilik sikliniň barşynda peýdalanylýan we öz gymmatyny dolulygyna taýýar önüme geçirýän beýleki bölegi (çig mal, materiallar, ýangyç, toplaýyş önümleri) dolanyşyk gaznalary diýlip atlandyrylýar.

Hereket edýän ulgamyna baglylykda esasy gaznalar önümçilik we önümçilik däl gaznalara bölünýär.

Önümçilik gaznalaryna önümçilik prosesine gönüden-göni gatnaşýan we ony amala aşyrmak üçin şert döredýän esasy gaznalar degişlidir. Esasy önümçilik däl gaznalar – bu durmuş ulgamyň obýektleridir (çagalar baglary, bakja baglary, sport desgalary, saglygy goraýyş, medeniýet binalary), şeýle hem kärhanalaryň işgärlerine durmuş hyzmatyny etmek üçin niýetlenen desgalardyr.

Kärhanalaryň esasy gaznalary onuň birlikleriniň ykdysady işiniň (pudaklaýyn degişliliginiň) görnüşleri boýunça toparlanma bölünýär. Meselem, senagat kärhanasynyň esasy önümçilik gaznalary gönüden göni önümçilik prosesine gatnaşýan, onuň hereket etmegini üpjün edýän, oňa hyzmat edýän senagat-önümçilik gaznalaryna we senagat däl gaznalara bölünip biler. Soňkularyna kärhana degişli bolan kömekçi hojalygyň jaýlary, desgalary we enjamlary, kärhananyň gurluşyk birlikleriniň esasy gaznalary degişlidir.

Esasy önümçilik gaznalary olaryň önümçilik prosesinde bellenilen maksadyna we natural-maddy alamatlaryna laýyklykda şulara bölünýär:

1. Jaýlar – zähmet çekmek we maddy gymmatlyklary saklamak üçin zerur şertleri döredýän binagärlik-gurluşyk desgalary, hususan-da, esasy, kömekçi we goşmaça önümçilik prosesleriniň amala aşyrylýan jaýlary we ymaratlary, şeýle hem edara jaýlary we hojalyk ymaratlary. Olaryň gymmatyna  jaýlary ýaramly ýagdaýda saklamak ulgamlarynyň (ýyladyş, suw geçirijiler, elektroset, wentilýasiýa we beýleki ulgamlaryň) gymmaty goşulýar.

2. Desgalar – önümçilik prosesine hyzmat etmek boýunça tehniki wezipeleri ýerine ýetirýän we zähmet serişdeleriniň üýtgemegi bilen bagly bolmadyk inžener-tehniki desgalardyr (ötükler, estakadalar, zawodyň içindäki demir ýollar, suw akdyrylýanlar we beýleki şuňa meňzeş desgalar).

3. Geçiriji enjamlar – olaryň kömegi bilen elektrik, ýangyç we mehaniki energiýanyň, şeýle hem suwuk (ergin) we gaz görnüşli maddalaryň geçirilýän enjamlary (elektrik we ýylylyk ulgamlary, aragatnaşyk liniýalary, gaz ulgamlary, bug geçirijiler we jaýyň düzüm bölegi bolup durmaýan beýleki enjamlar).

4. Maşynlar we enjamlar, şol sanda:

1) güýç maşynlary we enjamlar – energiýany işläp çykarýarlar, özgerdýärler we paýlaýarlar (generatorlar, elektrodwigateller, bug maşynlary we turbinalar, içinden otlanýan dwigateller, güýç transformatorlary, paýlaýyş şitleri we ş.m.);

2) iş maşynlary we enjamlar – zähmet serişdelerine täsir etmek we önüm öndürmegiň barşynda olary ondan-oňa geçirmek bilen gönüden-göni tehnologik prosese gatnaşýarlar (tehnologik enjamlar – stanoklar, presler, ýekedabanlar, termiki enjamlar, buraw enjamlary, göteriji-ulag mehanizmleri, konweýerler we beýlekiler);

3) ölçeýji we sazlaýjy gurallar hem-de enjamlar – önümçilik proseslerini el bilen ýa-da awtomatik usulda sazlamak, tehnologik prosesleriň düzgünlerini ölçemek we parametrlerine gözegçilik etmek, laboratoriýa synaglaryny we barlaglaryny geçirmek üçin hyzmat edýärler;

4) hasaplaýyş tehnikasy – kärhanany, önümçiligi hem-de tehnologik prosesleri dolandyrmak wezipelerini çözmek işlerini tizleşdirmek we awtomatlaşdyrmak üçin niýetlenen serişdeleriň jemi bolup durýar (elektron-hasaplaýyş maşynlary, enjamlary we beýlekiler);

5) ýokarda sanalyp geçilen toparlara girmedik, bellibir tehniki wezipeleri ýerine ýetirýän gaýry maşynlar we enjamlar (awtomatik telefon stansiýalary, ýangyn wagtynda ulanylýan basgançaklar, ýangyna garşy göreş maşynlary we beýlekiler).

5. Ulag serişdeleri – kärhananyň çäginde adamlary gatnatmak we ýükleri daşamak üçin serişdeler (kärhana degişli bolan demir ýol ulaglarynyň hereket edýän düzümi, suw we awtomobil ulaglary, şeýle hem zawodyň içindäki ulag serişdeleri).

6. Gural – gönüden göni görnüş emele getirýän element hökmünde önümçilik prosesini amala aşyrmaga gatnaşýar (gymmaty iň pes zähmet hakynyň 100 essesinden ýokary we peýdalanylýan möhleti 1 ýyldan gowrak bolan gurallaryň, ştamplaryň, abzallaryň ähli görnüşleri).

7. Önümçilik esbaplary we abzallary – önümçilik amallaryny ýeňilleşdirmek, howpsuz iş şertini döretmek, zähmet serişdelerini, ergin we ürgün jisimleri saklamak üçin hyzmat edýär (iş stollary, werstaklar, germewler, wentilýatorlar, baklar, tekjeler we beýlekiler).

8. Hojalyk esbaplary – önümçilige hyzmat etmek we iş üçin şertleri üpjün etmek boýunça wezipeleri ýerine ýetirýär (köpeldiji we nusga alyjy apparatlar, stollar, şkaflar, hat ýazýan maşynkalar, kompýuterler, printerler we beýlekiler).

Esasy önümçilik gaznalary aktiw we passiw böleklere bölünýär. Aktiw bölegine zähmet predmetlerini taýýar önüme öwürmäge gönüden göni gatnaşýan esasy gaznalar degişlidir. Bu iş maşynlary we enjamlary, gurallar we abzallar, ölçeýji we sazlaýjy gurallar we

beýlekiler bolup durýar. Passiw bölegine, düzgün bolşy ýaly, zähmet serişdeleriniň önüme öwrülmegi üçin zerur şertleri döredýän we şeýlelikde önümçilik prosesine ýardam edýän esasy serişdeleri – jaýlary, desgalary, geçiriji enjamlary we beýlekileri degişli edýärler.

Esasy önümçilik gaznalarynyň aktiw we passiw bölekleriniň gatnaşygy kärhananyň önümçilik mümkinçiligine şaýatlyk edýär. Düzgün bolşy ýaly, aktiw bölegiň paýy näçe ýokary bolsa, esasy önümçilik gaznalarynyň şol bir jemi ululygynda şol derejede köp önüm (natural görnüşde) öndürilip bilner.

Esasy gaznalaryň ol ýa-da beýleki görnüşlerini aktiw ýa-da passiw bölege degişli etmek kärhananyň işiň ol ýa-da beýleki görnüşine degişliligine baglydyr. Meselem, mysal üçin, maşyn gurluşyk önümçiligi üçin maşynlar we enjamlar, nebit çykarýan önümçilik üçin nebit çykaryjy enjamlar we guýylar aktiw bölek bolup durýar.

Önümçilik prosesinde ýerine ýetirilýän wezipä baglylykda, esasy gaznalaryň şol bir görnüşi aktiw bölege ýa-da passiw bölege degişli edilip bilner. Meselem, eger transporter tehnologik prosesiň düzüm bölegi ýa-da şaýlary amallaryň arasynda ondan-oňa geçirmek üçin hyzmat edýän bolsa, onda ony esasy gaznalaryň aktiw bölegine degişli edip bolar. Kärhana gelip gowuşýan materiallary gaýtadan ýüklemek üçin peýdalanylýan halatynda onuň roly passiwdir.

#### Sorag we ýumuşlar

*1. Esasy gaznalara we dolanyşyk serişdelerine kesgitleme beriň.*
*2. Tehnologik alamaty boýunça esasy gaznalaryň topara bölünmesi barada gürrüň beriň.*
*3. «Esasy gaznalaryň aktiw bölegi» düşünjesi enjamlaryň haýsy görnüşlerini öz içine alýar?*

## 5.2. Esasy gaznalara baha bermek. Fiziki we moral taýdan könelme

Esasy önümçilik gaznalaryna gymmat we natural görnüşde baha berlip hem-de hasaba alnyp bilner. Gymmat manysynda baha bermegiň birnäçe görnüşleri bardyr: ilkibaşky, dikeldiş, galyndy we ýatyryş gymmaty.

Ilkibaşky gymmaty – esasy gaznalaryň şu görnüşiniň hakyky satyn alnan bahasydyr, oňa esasy gaznalaryň degişli elementleriniň (enjamlar, jaýlar we ş.m.) hereket edýän bahalary boýunça getirmegiň we oturtmagyň gymmaty hem goşulýar. Esasy gaznalaryň kärhananyň balansynda şu baha boýunça hasaba alynýandygy sebäpli, ilkibaşky gymmatyny kähalatlarda balans gymmaty diýip hem atlandyrýarlar.

Esasy gaznalaryň hereket edýän döwründe bellibir üýtgemeler bolup geçip biler. Olaryň käbiri YTÖ-niň çaltlanmagy bilen baglydyr, bu bolsa meňzeş zähmet serişdeleriniň taýýarlanyşyny arzanladýar. Tersine, hümmetsizlenme şertlerinde şular ýaly zähmet serişdeleriniň ilkibaşky gymmaty ýokarlanýar. Iki ýagdaýda hem baha faktorynyň ýagdaýy ýoýup görkezmegi aradan aýyrmak zerurdyr. Munuň üçin esasy önümçilik gaznalaryna dikeldiş gymmaty boýunça baha berýärler.

Dikeldiş gymmaty bar bolan önümçilik gaznalary ýaly esasy önümçilik gaznalaryny satyn almak (ýa-da gurmak) üçin häzirki pursatda hereket edýän bahalar boýunça nähili serişdeleriň harçlanmaly boljakdygyny görkezýär.

Esasy önümçilik gaznalarynyň dikeldiş gymmatyny kesgitlemek üçin olara gaýtadan baha bermek geçirilýär.

Esasy gaznalara gaýtadan baha bermek, ýagny kärhananyň esasy maýasynyň ulylygyny üýtgetmek onuň işiniň maliýe netijelerine dürli ugurlar boýunça täsir edýär.

Bir tarapdan esasy gaznalaryň gymmatynyň artmagy ulanyş tutumlarynyň ululygyny kärhananyň esasy gaznalary döwrebaplaşdyrmak, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, täzelemek boýunça isleglerine laýyk getirmäge mümkinçilik berýän obýektiw proses bolup durýar.

Şol bir wagtda kärhananyň önüminiň özüne düşýän gymmaty hem ýokarlanýar (ýagny şunuň ýaly önümiň bäsdeşlige ukyplylygy peselýär) we salgyt salynýan peýdanyň ululygy peselýär (bahalar üýtgewsiz galanda). Şu ýagdaýda kärhana gelip gowuşýan maliýe serişdeleriniň möçberini saklap galýar we peýdadan alynýan salgydyň azalmagynyň hasabyna utuş gazanýar, şunda býujet bu salgydy ýitirýär.

Gaýtadan baha bermegiň hasabyna kärhananyň esasy gaznalarynyň gymmatynyň artmagy ýuridik şahsyň emläk üçin salgydynyň artmagyna getirýär we şol bir wagtda kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygy meselesi ýüze çykýar. Bu esasy serişdeleriň bar bolan kadalaşdyryjy resminamalarda bellenilen indeksler boýunça esasy gaznalaryň gymmatynyň üýtgemeginiň we soňundan ulanyş tutumlarynyň ululygynyň üýtgemeginiň kärhana tarapyndan alynýan peýdanyň ýol berilýän derejeden hem pes bolýandygy ýa-da asla peýdanyň ýokdugy bilen baglydyr. Kärhana ýa ýitgi çekip işlemeli ýa-da bahany ýokarlandyrmaly bolýar, bu bolsa bazarda onuň önümleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny dessine peseldýär. Şeýle ýagdaýlarda kärhana merkezleşdirilen tertipde bellenilýän indeksler babatynda bellibir peseldiji koeffisiýentleri peýdalanmak hukugyny alýar.

Häzirki wagtda kärhananyň ýylda bir gezek ýylyň başynda esasy gaznalaryň gymmatyna meýletin esasda gaýtadan baha bermäge haky bardyr. Eger kärhana nobatdaky gaýtadan baha bermeden soň emlägiň gymmatyny soňky ýylyň 1-nji ýanwaryndan üýtgedýän bolsa, onda şunuň ýaly gaýtadan bermegiň netijeleri diňe buhgalterçilik hasaba alnyşynda görkezilýär. Salgyt hasaba alnyşynda diňe bir emlägiň gymmaty däl, eýsem salgytlaryň derejesi hem üýtgewsiz galýar.

Bir tarapdan kärhanalara esasy serişdelere olaryň gymmatyny artdyrmak bilen gaýtadan baha bermegi geçirmek peýdasyz bolýar, sebäbi şonuň netijesinde ulanyş tutumlary awtomatik usulda diňe soňky ýylyň 1-nji ýanwaryndan artýar, salgyt salynýan peýdanyň ululygy we peýdadan alynýan salgydyň möçberi bolsa soňky ýylyň dowamynda üýtgewsiz bolup galýar. Beýleki tarapdan, eger şunda emlägiň gymmaty peselýän bolsa, emläge gaýtadan baha bermek peýdaly bolýar. Bu bolsa kärhana emläk üçin salgytda serişdeleri tygşytlamaga kömek edip biler, sebäbi bu salgyt emlägiň buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça gymmatyndan ugur alnyp hasaplanýar. Degişlilikde, eger emlägiň balans gymmaty azalsa, onda salgydyň absolýut ululygy hem peseler.

Galyndy gymmaty – bu könelmäni aýyrmak bilen, esasy gaznalaryň ilkibaşky (balans) gymmatydyr, könelme möçberi bolsa şu esasy gaznalaryň hyzmat edýän möhletiniň geçen döwründäki ulanyş tutumlarynyň ululygy bilen kesgitlenýär.

Önümçiligiň barşynda esasy önümçilik gaznalary fiziki we moral taýdan könelmä sezewar bolýarlar.

Fiziki taýdan könelme diýip esasy gaznalar tarapyndan özleriniň sarp ediş gymmatynyň ýitirilmegine düşünilýär. Fiziki taýdan könelme esasy gaznalaryň peýdalanylýandygyna ýa-da boş durýandygyna garamazdan, bolup geçýär. Fiziki taýdan könelme derejesi birnäçe faktorlary, hususan-da, işiň howa düzgünine, hakyky peýdalanmagyň intensiwligine we wagtyna, işgärleriň hünär derejesine, konstruksiýanyň aýratynlyklaryna we enjamyň işiniň şertlerine, materiallaryň hiline we ş.m. baglydyr.

Fiziki könelmeden başga-da, esasy serişdeleriň moral taýdan könelmesi hem bolup geçýär, bu ýagdaý YTÖ-niň täsiri bilen olaryň gymmatynyň peselmeginden ybaratdyr. Birinji we ikinji görnüşli moral taýdan könelme tapawutlandyrylýar. Birinji görnüşli moral taýdan könelme maşyn gurluşyk pudaklarynda önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlanmagy bilen kesgitlenýär, şonuň netijesinde ozal çykarylan maşynlar we enjamlar arzanlaýar. Ikinji görnüşli moral taýdan könelme täze, has ýokary öndürijilikli tehnikanyň peýda bolmagy bilen baglydyr, şonuň netijesinde öndürilýän önümiň biri üçin çykdajylar peselýär. Bu bolsa könelişen esasy gaznalaryň bellibir derejede peýdalylygyny peseldýär.

Fiziki taýdan könelme esasy gaznalaryň hyzmat edýän möhletleriniň esasynda şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$C_{fiz.kön} = T_f / T_{kx} 100\%,$$

bu ýerde $T_f$ – hakyky hyzmat etmeli möhleti, ýyl; $T_k$ – kadaly hyzmat etmeli möhleti, ýyl.

Birinji görnüşli moral taýdan könelme balans (ilkibaşky) gymmat bilen dikeldiş gymmatynyň gatnaşygy boýunça kesgitlenýär:

$$C^1_{fiz.kön} = (F_b – F_d) / F_{bx} 100\%,$$

bu ýerde $F_b$ – esasy serişdeleriň balans gymmaty, müň manat; $F_d$ – dikeldiş gymmaty, müň manat.

Ikinji görnüşli moral taýdan könelme, düzgün bolşy ýaly, köne we kämilleşdirilen enjamlary esasy parametr boýunça, köplenç halatda öndürijiligi boýunça deňeşdirmegiň esasynda kesgitlenýär:

$$C^2_{fiz.kön} = (P_h – P_t) / P_t x 100\%,$$

bu ýerde $P_h$ – hereket edýän enjamyň öndürijiligi, $P_t$ – täze enjamyň öndürijiligi.

Ýatyryş gymmaty – könelen we hasapdan öçürilen esasy gaznalaryň ýerlenýän gymmaty bolup, esasy önümçilik gaznalarynyň ýagdaýy we olary geljekde peýdalanmak mümkinçiligi bilen tertipleşdirilýär. Şunuň ýaly gymmat (enjam üçin) doly dikeldiş gymmaty bilen enjamyň demir böleginiň bahasy boýunça satylýan gymmatynyň arasynda üýtgäp biler.

### Soraglar we ýumuş

1. *Esasy serişdeler obýektiniň dikeldiş gymmatyna kesgitleme beriň.*
2. *Esasy serişdeleriň galyndy gymmaty nähili kesgitlenýär?*
3. *Esasy serişdeleriň fiziki taýdan könelmegi näme we oňa nähili baha berilýär?*
4. *Esasy serişdeleriň moral taýdan könelmeginiň nähili görnüşleri bar?*
5. *Siz esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň haýsy usullaryny bilýärsiňiz we olaryň mazmuny nämeden ybarat?*

## 5.3. Esasy serişdelerden ulanyş tutumyny almak

Esasy serişdeler, olaryň önümçilik işine gatnaşyşyna görä, kem-kemden sarp ediş gymmatyny ýitirýärler. Esasy serişdeleriň aýry-aýry görnüşleri dürli möhletlerde könelýär, bu olary ulanmagyň intensiwligine we häsiýetine, saklanyş şertlerine we ş.m. baglydyr. Zähmet serişdeleriniň kem-kemden könelmegi olary yzygiderli çalyşmagyň we täzelemegiň zerurlygyna getirýär, bu bolsa bellibir serişdeleriň toplanmagyny talap edýär. Şunuň ýaly toplama usullarynyň biri hem esasy serişdelerden ulanyş tutumyny almak bolup durýar (*15-nji surat*).

Esasy serişdeleriň könelen derejesiniň öwezini pul görnüşinde dolmak, ýagny esasy serişdeleriň gymmatyny çykarylýan önümiň özüne düşýän gymmatyna kem-kemden geçirmek usuly ulanyş tutumyny almak diýlip atlandyrylýar. Esasy serişdeleriň könelen böleginiň öwezini dolmak üçin niýetlenilen geçirimler ulanyş geçirimleri bolup durýar.




**15-nji surat.** ***Esasy serişdeleriň üznüksiz önümçiligi ulgamynda ulanyş tutumynyň orny***

Ýyllyk ulanyş geçirimleriniň esasy serişdeleriň balans gymmatyna bolan, göterimlerde görkezilýän gatnaşygy ulanyş tutumynyň ölçegi (kadasy) diýlip atlandyrylýar.

Ulanyş tutumlaryny hasaplap ýazmagyň birnäçe usullary bardyr.

Çyzyklaýyn usul, bu usulda senagat kärhanalary ulanyş tutumlaryny ulanylýan ýyllary boýunça deňeçer hasaplap ýazýarlar.

$$D = n \times C / 100,$$

bu ýerde D – esasy serişdeleriň şu obýekti boýunça bir ýyldaky ulanyş tutumlarydyr, müň manat; n – ulanyş tutumlarynyň ýyllyk ölçegi, %; C – esasy serişdeler obýektiniň balans gymmaty, müň manat.

Şu ýagdaýda ulanyş tutumynyň ölçegi şunuň ýaly kesgitlenýär:

$$1 / t_n \times 100,$$

bu ýerde $t_n$ – esasy serişdeler obýektiniň peýdaly ulanylýan kadaly möhleti, ýyl.

Esasy serişdeler obýektiniň peýdaly ulanylýan möhleti onuň girdeji getirýän ýa-da guramanyň maksatlaryny ýerine ýetirmek üçin hyzmat edýän döwri bolup durýar.

Eger tehniki şertlerde esasy serişdeler obýektiniň peýdaly ulanylýan kadaly möhleti barada görkezme ýok bolsa, onda kadaly ulanylýan möhleti şulardan ugur alyp kesgitlenýär:

– çak edilýän öndürijiligine ýa-da kuwwatlylygyna laýyklykda obýektiň peýdalanylmagyna garaşylýan wagtdan;

– ulanyş düzgünine baglylykda çak edilýän fiziki könelmeden, tebigy şertlerden we agressiw gurşawyň täsirinden, şeýle hem meýilnamalaýyn – öňüni alyş – abatlaýyş işlerini geçirmek ulgamyndan;

– esasy serişdeler obýektlerini peýdalanmagyň kadalaşdyryjy-hukuk we beýleki çäklendirmelerinden (kärende möhletinden we ş.m.).

Ulanyş tutumyny hasaplap ýazmagyň çyzyklaýyn usuly enjamyň ulanylýan döwrüniň bitin dowamynda onuň deňeçer işledilmegini, diýmek, onuň deňeçer könelmegini göz öňünde tutýar. Hakykatdan bu esasy serişdeleriň fiziki taýdan könelmegi babatynda adalatly bolup biler, ýöne esasy gaznalaryň moral taýdan könelmegi, düzgün bolşy ýaly, çalt bolup geçýär. Şonuň üçin hem kärhana ulanyş tutumlaryny hem tiz almalydyr, moral taýdan könelmäniň öwezini öz wagtynda dolmak mümkinçiligini üpjün etmek üçin olar obýektiň ulanylan ilkinji ýyllarynda alynsa gowy bolar.

Özüne düşýän gymmaty çykarylan önümiň (ýerine ýetirilen işleriň) möçberine deň ölçeglilikde hasapdan öçürmek usuly. Şu usulda ulanyş tutumlary hasabat döwründe önümleriň (işleriň) möçberini hasaba almagyň we esasy serişdeler obýektiniň ilkibaşky gymmatynyň hem-de onuň peýdaly ulanylýan möhletiniň bitin dowamynda önümiň (işleriň) garaşylýan möçberiniň gatnaşygynyň esasynda geçirilýär. Eger onuň peýdaly ulanylýan möhletiniň dowamynda obýektden alynýan peýdany ýeterlik derejede takyk kesgitlemek mümkin bolan halatynda ulanylýar.

Şeýle ýagdaýda ulanyş tutumlarynyň ýyllyk pul möçberi şuňa deň bolar:

$$D = Q_i \text{ x } (C / Q_n),$$

bu ýerde $Q_i$ – 1 ýylda öndürilen önümiň gymmat manysyndaky möçberi; $Q_n$ – peýdaly ulanylýan döwrüniň bitin dowamynda önümi öndürmegiň gymmat manysynda garaşylýan möçberi; C – esasy serişdeler obýektiniň ilkibaşky gymmaty.

Çyzyklaýyn däl usul (azalýan galyndy usuly). Bu usulda ulanyş tutumlary esasy serişdeler obýektiniň hasabat ýylynyň başyndaky galyndy gymmatyndan we bu obýektiň peýdaly ulanylýan möhletini hasaba almak bilen hasaplanyp çykarylan ulanyş tutumynyň ölçeginden ugur alnyp hasaplanýar. Şu usul boýunça 1 ýylynda ulanyş tutumynyň möçberi şuňa deň bolar:

$$D_1 = (C_1 – D_{i-1}) \text{ xn},$$

bu ýerde $C_i$ – esasy serişdeler obýektiniň hasabat ýylynyň başyndaky galyndy gymmaty; $D_{i-1}$ hasabat ýylynda ulanyş tutumlarynyň möçberi; n – ulanyş tutumynyň ölçegi.

Halkara tejribesinde azalýan galyndy usuly peýdalanylanda, köplenç halatda, çyzyklaýyn usul boýunça ölçeg bilen deňeşdirilende ulanyş tutumynyň iki esse ölçegi alynýar. Çyzyklaýyn däl usul ulanylanda ulanyş tutumy alynýan emläk obýektiniň her biri boýunça ulanyş tutumynyň ölçegi şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$N = 2 / T_n \text{ x } 100\%.$$

Çyzyklaýyn däl usul sekizinji-onunjy toparlara girýän jaýlar, desgalar, geçiriji enjamlar babatynda peýdalanylyp bilinmez. Bu toparlara degişli obýektlerden ulanyş tutumy diňe çyzyklaýyn usul bilen amala aşyrylýar.

Peýdaly ulanylýan möhletiniň ýyllarynyň sanynyň jemi boýunça gymmaty hasapdan öçürmek usuly bilen ulanyş tutumyny hasaplap ýazmak. Ulanyş tutumynyň ýyllyk möçberi obýektiň ilkibaşky gymmatynyň we obýektiň ulanylmaly möhletiniň ahyryna çenli galan ýyllaryň sanynyň onuň ulanylmaly möhletiniň ýyllarynyň sanynyň jemine bolan gatnaşygynyň esasynda kesgitlenýär:

$$D_i = C \text{ x } (t_i / t_\Sigma),$$

bu ýerde C – obýektiň ilkibaşky gymmaty; ti – obýektiň ulanylmaly möhletiniň ahyryna çenli galan ýyllaryň sany; $t_\Sigma$ – obýektiň ulanylmaly möhletiniň ýyllarynyň sanynyň jemi (mysal üçin, obýektiň hyzmat etmeli möçberi – 10 ýyl. Şunda t z= 1+2+3+4+5+6+7+8+9+10=55).

Ulanyş tutumyny almagyň (çyzyklaýyn däl) usuly. Bu, esasan, onuň üçin çalt moral taýdan könelme häsiýetli bolan häzirkizaman öňdebaryjy enjamlar babatynda ulanylýar. Bu usul ulanylan halatynda enjamyň gymmatynyň köp bölegi ulanylýan ilkinji ýyllarynda önümçiligiň çykdajylaryna goşulýar. Mysal üçin, birinji ýylda 50%, ikinji ýylda 30%, üçünji ýylda 10%, dördünji ýylda 7% we bäşinji ýylda 3%. Bu kärhana gymmat bahaly häzirkizaman enjamynyň özüni ödeýşini çalt üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, hümmetsizlenmegiň ýokary derejesi bolan şertlerde çykarylan harajatlaryň öz wagtynda özüni ödemegi we olary önümçilik apparatyny mundan beýläk hem täzelemäge gönükdirmek üçin şertler döredilýär.

Eger şunda ulanyş tutumy çyzyklaýyn däl usul bilen hasaplanyp ýazylýan bolsa, birinji, ikinji we üçünji ulanyş tutumy toparlaryna degişli bolan esasy serişdeleriň çaltlandyrylan ulanyş tutumyny alma usulynyň ulanylmaly däldigini belläp geçmek gerek.

Mundan başga-da, birnäçe çalşykda ulanylýan ýa-da agressiw gurşawda peýdalanylýan emläk çaltlandyrylan ulanyş tutumyny almaga degişlidir. Şu ýagdaýlarda ölçeg artdyrylyp bilner, ýöne bu iki esseden ýokary bolmaly däldir.

Çaltlandyrylan ulanyş tutumyny almagy lizing şertnamasynyň meselesi bolup duran esasy serişdeler babatynda hem ulanyp bolar. Şu ýagdaýda salgyt töleýjiniň binýatlyk ölçegden üç esseden ýokary bolmadyk koeffisiýenti ulanmaga haky bardyr.

Başga tejribe hem bardyr, şunda gymmat bahaly, sazlanmaly we özleşdirilmeli döwri uzak bolan çylşyrymly tehnika ornaşdyrylanda ilkinji ýyllarda özüne düşýän gymmatyny

6. Sargyt № 996

peseltmegiň, diýmek bahasyny peseltmegiň hasabyna önümleriň bäsdeşlige ukyply bolmagy üçin ulanyş tutumynyň peseldilen ölçegi ulanylýar. Soňra ulanyş tutumynyň ýyllyk ölçegi birden ýokarlanýar we soňy bilen ulanyş tutumyny almak ýokarlanýan hem-de köpelýän şkala boýunça amala aşyrylýar.

Şeýlelikde, esasy serişdelerden çaltlandyrylan ulanyş tutumyny almagyň iki ugry bardyr: bir tarapdan, kärhananyň önümçilik apparatyny täzelemek üçin mümkinçilikleri artýar, beýleki tarapdan, önümçilik çykdajylary ýokarlanýar, bu bolsa önümiň bazar bahalarynyň durnukly wagtynda peýdanyň pese gaçmagyna getirýär we önümiň peýdasyz ýa-da hatda ýitgili bolmagyna alyp barýar.

Şonuň üçin hem kärhana ulanyş tutumyny almagyň ol ýa-da beýleki usullaryny ulanmak babatynda degişli hasaplamalary geçirmelidir hem-de olary ulanmagyň zerurlygyna we mümkinçiligine baha bermelidir.

**Soraglar we ýumuşlar**

*1. Esasy serişdelerden ulanyş tutumyny almagyň düýpli manysyny we maksadyny açyp görkeziň.*
*2. Ulanyş tutumynyň ölçegi nähili hasaplanýar?*
*3. Esasy serişdeleriň peýdaly ulanylýan möhletine kesgitleme beriň we onuň ulanyş tutumlarynyň ýyllyk ululygyna nähili täsir edýändigini görkeziň.*
*4. Ulanyş tutumyny hasaplap ýazmagyň haýsy esasy usullaryny bilýärsiňiz?*
*5. Senagatda çaltlandyrylan ulanyş tutumyny almak näme bilen bagly bolup durýar?*

## 5.4. Esasy serişdeleriň bardygyna, ýagdaýyna, hereketine we peýdalanylyşyna baha bermek

Esasy serişdeleriň ululygyna degişli döwürde ortaça we pursatdaky senedäki ýagdaýa görä baha berlip bilner. Bu baha bermeleri peýdalanmak esasy önümçilik gaznalarynyň ululygyna baha berlende göz öňünde tutulan maksatlara baglydyr. Meselem, kärhanalar hususylaşdyrylan ýagdaýynda we onuň emläginiň gymmaty kesgitlenilende esasy gaznalaryň ululygy anyk pursatda hasaplanylýar, ýuridik şahslaryň emläk üçin salgydy hasaplanylanda esasy gaznalaryň ortaça ýyllyk gymmaty hasaplanylýar.

Şeýle hem esasy serişdelere baha bermek üçin esasy serişdeleriň könelme we ýaramlylyk görkezijileri peýdalanylýar, olar degişlilikde, esasy serişdeleriň könelme pul möçberi bilen galyndy gymmatynyň nagt bar bolan esasy serişdeleriň doly gymmatyna gatnaşygyny görkezýär.

Esasy serişdeleri peýdalanmakda has umumy görkeziji gaznanyň peýda berijilik görkezijisi bolup durýar, ol şu formula boýunça hasaplanylýar:

$$PBG = Q / F_{sn},$$

bu ýerde Q – öndürilen önümiň (hyzmatlaryň, işleriň) gymmaty manysyndaky möçberi;
$F_{sn}$ – esasy gaznalaryň şu döwürdäki ortaça gymmaty.

Mälim bolşy ýaly, aktiw we passiw esasy gaznalar önümçilik prosesinde dürli wezipeleri ýerine ýetirýärler, şonuň üçin olaryň kärhananyň işiniň ahyrky netijesine edýän täsirine baha bermek üçin esasy serişdeleri aktiw we passiw bölekleriniň görkezijileri hasaplanýar.

Gaznanyň peýda berijilik görkezijisiniň tersine bolan görkeziji gaznany talap edijilik görkezijisidir, ol boýunça esasy maýanyň (esasy gaznalaryň) öndürilen önümiň birligi üçin çykarylan harajatlara baha berilýär:

$$TEG = F_{sn} / Q.$$

Gaznany talap edijilik görkezijisi bellibir derejede esasy maýanyň önümçilikde baglanyşdyrylmagynyň ortaça derejesini häsiýetlendirýär, şonuň üçin hem kähalatda ony esasy serişdeleri berkitme koeffisiýenti diýip atlandyrýarlar.

Esasy önümçilik gaznalarynyň möhüm elementleriniň biri hem önümçilik we edara jaýlary kärhananyň ýerleşýän meýdany bolup durýar. Meýdanlaryň peýdalanylyşyna baha bermegiň barşynda şu kesgitlemeler ulanylýar:

– eýelenýän meýdan, kärhanada bar bolan meýdan ($P_{meý}$)

– önümçilik meýdany – gönüden-göni önümçilik işiniň amala aşyrylýan meýdany ($P_{ön.meý}$);

– enjamlaryň oturdylan meýdany – önümçilik meýdanynyň enjamlaryň gönüden-göni ýerleşýän bölegi ($P_{enj}$).

Seljermäniň barşynda tutýan meýdany koeffisiýenti (enjamlaryň tutýan meýdanynyň önümçilik meýdanyna bolan gatnaşygy) we eýelenýän meýdanyň üpjünçilik koeffisiýenti (önümçilik meýdanynyň eýelenýän (bar bolan) meýdana bolan gatnaşygy) peýdalanylýar. Bu iki koeffisiýentiň goşulmagy enjamlaryň tutýan meýdanynyň ähli eýelenýän (bar bolan) meýdan babatyndaky paýyndan ybarat bolýar.

Kärhananyň meýdanlarynyň peýdalanylyşy üç esasy görkeziji bilen häsiýetlendirilýär:

– enjamlaryň oturdylan 1 kubmetr meýdanyndan alnan önüm ($Q / P_{meý}$);

– 1 kubmetr önümçilik meýdanyndan alnan önüm ($Q / P_{öm}$);

– 1 kubmetr eýelenýän (bar bolan) meýdandan alnan önüm ($Q / P_{enj}$).

Esasy gaznalaryň ululygy kärhananyň we onuň aýry-aýry birlikleriniň önümçilik kuwwatlyklaryny emele getirmekde esasy görkeziji bolup durýar.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Esasy gaznalaryň peýdalanylyşynyň esasy görkezijilerini aýdyp beriň.*
*2. Esasy gaznalary täzeleme koeffisiýentini nämäni häsiýetlendirýär?*
*3. Enjamlaryň peýdalanyş derejesine baha berlende haýsy görkezijiler peýdalanylýar?*
*4. Kärhananyň meýdanlarynyň peýdalanylyşy haýsy görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär?*

## 5.5. Kärhananyň önümçilik kuwwaty

Kärhananyň önümçilik kuwwaty bellenilen döwürde şu enjamda önüm öndürmegiň mümkin bolan möçberi hökmünde kesgitlenýär. Has takyk kesgitleme önümçilik kuwwatlygyna bellibir iş düzgüninde şu enjamda bellenilen nomenklatura we görnüşler boýunça

önümleri (işleri, hyzmatlary) çykarmagyň ýyllyk (gije-gündizdäki, çalşykdaky) aňrybaş mümkin bolan möçberi hökmünde seretmäge mümkinçilik berýär.

Önümçilik kuwwatlyklarynyň balansy – görkezijiler ulgamynyň üstünden önümçilik kuwwatlyklarynyň olaryň üznüksiz önümçiliginiň şertleri we peýdalanyş derejesi bilen baglanyşdyrylan ýagdaýyny häsiýetlendirýän ýörite balans bolup durýar. Bu öňi bilen, esasy önümçilik gaznalarynyň aktiw bölegine degişlidir. Önümçilik kuwwatlyklarynyň balansynda meýilnama döwrüniň başyndaky önümçilik kuwwatlyklary baradaky maglumatlar bolýar, şeýle hem şu döwürde olaryň artyşy (işe girizilişi) we azalyşy (çykyp gitmegi) baradaky maglumatlar getirilýär. Şunda balansda işe girizilýän anyk çeşmeler (täze kuwwatlyklaryň işe girizilmegi, hereket edýänleriň döwrebaplaşdyrylmagy, guramaçylyk çäreleri, kärende) hem, önümçilik kuwwatlyklarynyň çykyp gitmeginiň sebäpleri (önümçilik gaznalarynyň könelmegi, gaznalaryň kärendä berilmegi we beýlekiler) hem beýanyny tapýar.

Kärhananyň önümçilik-hojalyk işi meýilnamalaşdyrylanda we seljerilende, şeýle hem önümçilik kuwwatlyklarynyň balansy düzülende giriş, çykyş we ortaça ýyllyk önümçilik kuwwatlygyny tapawutlandyrýarlar.

Kärhananyň ýa-da onuň gurluş birliginiň çykyş önümçilik kuwwatlygy degişli döwrüň ahyryndaky kuwwatlykdyr. Döwrüň başyndaky giriş kuwwatlygy şol döwrüň dowamynda dürli çeşmeleriň hasabyna girizilen kuwwatlygyň we şu döwürde çykyp giden kuwwatlygyň jemi hökmünde hasaplanýar.

Ortaça ýyllyk kuwwatlyk – kärhananyň ýa-da onuň gurluş birlikleriniň bar bolan kuwwatlyklaryň artyşyny we çykyp gitmegini hasaba almak bilen, bir ýyldaky ortaça kuwwatlykdyr.

Önümçilik kuwwatlyklarynyň balansy şu formula boýunça aňladylyp bilner:

$$M_{çyk} = M_{gir} + M_{gtç} + M_{te} + M_{nom} - M_{çg}$$

bu ýerde $M_{çyk}$ – meýilnamalaşdyrylýan döwrüň ahyryndaky önümçilik kuwwatlygy (çykyş kuwwatlygy); $M_{gir}$ – ýylyň başyndaky (giriş) kuwwatlygy; $M_{gtç}$ – geçirilýän guramaçylyk-tehniki çäreleriň hasabyna meýilnama döwründe önümçilik kuwwatlyklarynyň artyşy; $M_{te}$ – kärhanany giňeltmegiň, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmagyň we durkuny täzelemegiň hasabyna kuwwatlyklaryň artyşy; $M_{nom}$ – önümiň nomenklaturasynyň we görnüşleriniň üýtgemegi bilen bagly kuwwatlygyň artyşy (+) ýa-da azalyşy (–); – $M_{çg}$ esasy önümçilik gaznalarynyň çykyp gitmegi sebäpli önümçilik kuwwatlyklarynyň azalmagy.

Kärhananyň önümçilik kuwwatlygy we kuwwatlyklaryň balansy kärhanada önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) meýilnamalaşdyrylýan we önümçiligiň hasaba alynýan birliklerinde hasaplanýar.

Kärhananyň önümçilik kuwwatlygy esasy sehleriň ýa-da uçastoklaryň, esasy önümçilik agregatlarynyň we enjamlarynyň kuwwatlygy boýunça bellibir döwre (ýyla) hasaplamak bilen kesgitlenýär. Şunda «gowşak ýerleri» aradan aýyrmak boýunça çäreleri geçirmek mümkinçiligi hasaba alynýar. Esasy önümçiligiň bölümlerine önüm öndürmek boýunça esasy tehnologik amallary ýerine ýetirýän bölümleri degişlidir. Eger kärhanada tehnologik prosesleriň aýry-aýry tapgyrlaryna laýyk gelýän birnäçe esasy önümçilik bölümleri bar bolsa, işleriň zähmet talap edijiligi ýa-da ölçegiň natural

birlikleri boýunça baha berilýän iň ýokary möçberi haýsy bölüme düşýän bolsa, şol bölümler boýunça önümçilik kuwwatlygy kesgitlenýär.

Senagat kärhanasynyň önümçilik kuwwatlygy çykarylýan önümiň ähli nomenklaturasy boýunça hasaplanýar. Kähalatda köp nomenklaturaly önümçilikde nomenklaturalary ölçeg birligi hökmünde kabul edilýän birmeňzeş önümiň bir ýa-da birnäçe görnüşlerine getirmek maksadalaýyk bolar.

Kuwwatlygy önümçilik maksatnamasy ýaly, ähli harytlyk önüm hem-de onuň aýry-aýry görnüşleri boýunça natural görnüşlerde hasaplamak bilen bir wagtda gymmat manysynda hem kesgitläp bolar.

Kärhanalaryň bazar ykdysadyýeti şertlerinde hereket etmegi hasaplamada nominal aňryçäk önümçilik kuwwatlygynyň we ýetip bolýan kadaly önümçilik kuwwatlygynyň görkezijileriniň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar.

Nominal aňryçäk önümçilik kuwwatlygy – tehniki taýdan ýetip bolýan kuwwatlyk bolup, düzgün bolşy ýaly, ol önümçilik enjamy bilen üpjün ediji tarapyndan kepillendirilýän bellenen kuwwatlyga laýyk gelýär. Ýetip bolýan kadaly önümçilik kuwwatlygy diňe bir goýlan enjamyň mümkinçiliklerini we onuň hereket etmeginiň bellenilen tehniki şertlerini (işdäki kadaly arakesmeler, boş durmalar, dynç günleri, tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak, guraly çalyşmak, çalşyklylyk we ş.m.) däl, eýsem dolandyryş ulgamyny hem hasaba almak bilen işiň kadaly şertlerinde amala aşyrylýar. Bu kuwwatlyk önümçiligiň meýilnamalaşdyrylýan möçberine laýyk gelmelidir. Bu ululyklaryň arasyndaky tapawut hakykatdan ätiýaçlykda duran önümçilik kuwwatlygynyň (ätiýaçlyk önümçilik kuwwatlyklarynyň) ululygyna laýyk gelýär.

Ätiýaçlyk kuwwatlygy kärhananyň ýetip bolýan kadaly önümçilik kuwwatlygynyň ululygyna täsir edýän faktorlary hasaba almak bilen kesgitlenýär. Oňyn faktorlara şular degişlidir:

– täze tehnikany özleşdirmek;
– tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak;
– çykarylýan önümiň nomenklaturasynyň we görnüşleriniň onuň zähmeti hem-de materiallary talap edijiligini çäklendirmäge tarap üýtgemegi;
– çig mal serişdeleriniň düzüminiň üýtgemegi;
– çig malyň we materiallaryň iberilmeli möhletleriniň gysgalmagy;
– enjamyň boş durýan wagtynyň azalmagy;
– zaýa önüm çykarmakdan çekilýän ýitgileriň azalmagy;
– tehnologik arakesmeleriň azalmagy;
– önümçiligi taýýarlamak üçin wagtyň azalmagy;
– işgärleriň hünär derejesiniň ýokarlanmagy we zähmet öndürijiliginiň artmagy we ş.m.

Önümçilik kuwwatlygynyň ululygyna ýaramaz täsir edýän faktorlara şular degişlidir:

– täze önümi özleşdirmek;
– aýry-aýry birlikleriň kuwwatlyklarynyň biri-biri bilen bagly däldigi;
– awariýa we fors mažor ýagdaýlarynyň ýüze çykmagy we ş.m.

Kärhanada bar bolan ätiýaçlyk kuwwatlyklaryny kesgitlemek üçin önümçilik kuwwatlyklaryny peýdalanyş koeffisiýenti ulanylýar ($C_m$).

Bu koeffisiýent hasaplamalarda önümçiligiň meýilnamalaýyn ýa-da hakyky möçberiniň peýdalanylýandygyna baglylykda meýilnamalaýyn ýa-da hakyky koeffisiýent bolup biler we kärhananyň şu döwürde öndüren önüminiň möçberini şol döwürdäki önümçilik kuwwatyna bölmek bilen kesgitlenýär:

$$C_m = (Q / M_{or}) \text{ x } 100\%,$$

bu ýerde Q – şu döwürdäki önümçilik möçberi; $M_{or}$ – döwürdäki ortaça önümçilik.

Maglumatlardan görnüşi ýaly, senagat önümleriniň aýry-aýry görnüşleri boýunça önümçilik kuwwatlyklarynyň peýdalanylyşy ýokary däldir, şeýle-de bolsa, onuň durnuklaşma we bellibir derejede artma meýli açyk görünýär.

Bu meýil aýry-aýry senagat pudaklary boýunça önümçilik kuwwatlyklaryny peýdalanyşynyň ortaça derejesiniň depginine hem mahsusdyr. Maglumatlar kuwwatlyklary peýdalanmagyň bellibir derejesi, düzgün bolşy ýaly, diňe eksport-import pudaklaryna (ýangyç-energetika, metallurgiýa we agaç-kagyz toplumlaryna) mahsusdyr.

Peýdalanylmaýan kuwwatlyklaryň möçberiniň senagat önüminiň köp görnüşleri boýunça ýeterlik derejede ýokarydygyna garamazdan kuwwatlyklaryň hakyky ätiýaçlyklary kärhanalaryň däp bolan önümine we aýratyn hem, täze önüme bolan islegleri artan ýagdaýynda ep-esli pesdir. Kuwwalyklaryň könelme derejesi we olaryň bäsdeşlige ukyply önümi çykarmak talaplaryna laýyk gelmezligi, senagat önümçiligi ulgamynda ykdysady işiň dürli görnüşlerine degişli bolan senagat kärhanalarynyň ýolbaşçylarynyň pikirine görä, bu kuwwatlyklary önümçiligi giňeltmek üçin peýdalanmaga mümkinçilik bermeýär.

Bellibir döwür üçin önümçilik kuwwatlyklary meýilnamalaşdyrylanda önümçilik kuwwatlyklaryny peýdalanmagyň ölçegi ($Ö_k$) hasaplanylmalydyr:

$$Ö_k = (M_{or} – M_{ät} / M_{or}) \text{ x } 100\%,$$

bu ýerde $M_{or}$ – kärhananyň orta ýyllyk önümçilik kuwwatlygy; $M_{ät}$ kärhananyň önümçilik kuwwatlygynyň ätiýaçlygy.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Kärhananyň önümçilik kuwwatlylygyna kesgitleme beriň.*
2. *Önümçilik kuwwatlyklarynyň balansynyň haýsy görkezijileri öz içine alýandygyny aýdyp beriň.*
3. *Önümçilik kuwwatlylygynyň ätiýaçlygy näme üçin döredilýär we onuň ululygy nähili kesgitlenýär?*
4. *Önümçilik kuwwatlylygynyň ätiýaçlygyna haýsy faktorlar nähili görnüşde täsir edýärler?*
5. *Önümçilik kuwwatlyklarynyň peýdalanyş koeffisiýenti nähili hasaplanyp çykarylýar?*

## 5.6. Maddy däl serişdeler: düýp manysy, maksady, topara bölünmesi

Häzirki zaman şertlerinde maddy däl serişdeler kärhananyň hojalyk işiniň serişdeleriniň aýrylmaz bölegi bolup durýar, olaryň ep-esli bölegini maddy däl aktiwler emele getirýär. Maddy däl akitiwlere fiziki alamatlary bolmadyk, ýöne hemişelik esasda ýa-da uzak wagtyň dowamynda girdeji almak mümkinçiligini üpjün edýän obýektler degişlidir. Şunuň

ýaly aktiwlere şular degişlidir: tebigy serişdelerden we ýerden peýdalanmak hukugy, oýlap tapyş hukugy, awtorlyk hukugy, patentler, haryt nyşanlary, [«nou-hau»], söwda nyşanlary, satyn alnan dellalçylyk ýerleri ýa-da dellalçylyk ýerlerinden peýdalanmak hukugy we beýlekiler degişlidir. Maddy däl aktiwleriň gymmaty kärhananyň balansynda görkezilýär.

Kärhananyň möhüm serişdeler toplumy hökmünde maddy däl serişdelere bolan gyzyklanma birsyhly ýokarlanýar. Bu şu ýagdaýlar bilen baglydyr:

– global derejede öňdebaryjylyk üçin bäsleşikli göreşiň güýçlenmegi;
– hyzmatlar ulgamynyň giňelmegi;
– ylmy-tehniki ösüşiň çaltlanmagy we çylşyrymlaşmagy;
– bu aktiwleriň gymmatynyň haýal (maddy serişdeler bilen deňeşdirilende) pese gaçmagy we beýlekiler.

Maddy däl serişdeleriň käbir görnüşleriniň gymmaty kärhananyň aktiwleriniň gymmaty boýunça onuň satylýan bahasyndan birnäçe esse ýokary bolup biler. Bu haryt nyşanlarynyň gymmatynyň mysalynda has aýdyň görünýär. Kanunçylyga laýyklykda haryt nyşany we hyzmat ediş nyşany – degişlilikde, bir ýuridik ýa-da fiziki şahslaryň harytlaryny we hyzmatlaryny beýleki ýuridik we fiziki şahslaryň birmeňzeş harytlaryndan we hyzmatlaryndan tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýän belgilerdir. Bazaryň esasy subýektleriniň – haryt öndürijileriň we sarp edijileriň özara hereketler ulgamynda haryt nyşanynyň ornuna 16-njy suratda getirilen şekil boýunça syn edip bolar.




**16-njy surat.** ***Haryt nyşanynyň bazara gatnaşyjylara edýän täsiriniň şekili***

Haryt nyşanyna eýe bolmak maýa eýe bolmak bilen deňdir. Ösen ykdysady ulgamlarda degişli söwda nyşanlary bolan kärhanalaryň emläginiň 30-50%-i maddy däl aktiwler diýilýänlerden ybarat bolýar, olaryň uly bölegini (80%-e çenli) bolsa söwda nyşany tutýar.

17-nji suratda maddy däl serişdeleriň toparlanyşy getirilýär. Kärhanalaryň balansynda maddy däl aktiwler «assets» (aktiwler) ýa-da «competencies» (kompetensiýa, ukyp, başarnyk) hökmünde topara bölünýär. Maddy däl aktiwler, olaryň tebigatyna we käbir häsiýetli aýratynlyklaryna baglylykda, kanunlar arkaly dürli görnüşde goralýar *(4-nji tablisa)*.

Başga bir alamat boýunça maddy däl serişdeleri «satyn alynýan» maddy däl serişdelere, mysal üçin, patentlere we ş.m. we endiklerde hem-de başarnyklarda ýüze çykýan, «işlenip öndürilmeýän» maddy däl serişdelere bölünýär.




**17-nji surat.** ***Maddy däl serişdeleriň görnüşleriniň topara bölünmesi***

*4-nji tablisa*

**Kanun arkaly goraglylygy nukdaýnazaryndan maddy däl aktiwleriň toparlanyşy**

| Kanun arkaly goralýar | Kanun arkaly goralmaýar |
|---|---|
| **1** | **2** |
| Söwda nyşanlary<br>Ygtyýarnamalar<br>Awtorlyk hukugy<br>Bellige alnan modeller<br>Şertnamalar we ygtyýarnamalar | Jemgyýetçilik ulgamynda maglumatlar |
| **1** | **2** |
| Söwda syrlary<br>Maglumatlar binýady<br>Önümiň we kompaniýanyň abraýy<br>Şahsy we guramaçylyk ulgamlary | |

Häzirki wagtda dünýäde öndürilýän maşyn gurluşyk önümleriniň ýarysyndan gowragy ygtyýarnama ylalaşyklarynyň esasynda öndürilýär, bu bolsa satyn alyja nou-hau üznüksiz öndürmek üçin almaga we geleşik meselelerini kämilleşdirmäge, kämilleşdirilen önümleri özara alyşmagy amala aşyrmaga we hyzmatdaş bilen ylalaşyga laýyklykda ygtyýarnama önümlerini bellibir bazarlarda ýerlemäge mümkinçilik berýär.

Maddy däl aktiwler buhgalterçilik hasaba alnyşynda ilkibaşky gymmaty boýunça görkezilýär, bu gymmat goşulan baha üçin salgydy we beýleki öwezi dolunýan salgytlary aýyrmak bilen, hakyky çykdajylaryň ählisiniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

Maddy däl aktiwleri satyn almak üçin hakyky çykdajylar şulardan ybaratdyr:

– hukuklary bermek (satyn almak) şertnamasyna laýyklykda hukuk eýesine (satyja) tölenýän pul möçberleri;

– geleşik bilen bagly maglumat we geňeş hyzmatlary üçin guramalara tölenýän pul möçberleri;

– bellige alyş ýygymlary, gümrük paçlary, ygtyýarnama paçlary we hukuk eýesiniň aýratyn hukuklaryny bermek (satyn almak) bilen baglanyşykly geçirilen şoňa meňzeş tölegler;

– maddy däl akitiwler obýektini satyn almak bilen baglanyşykly tölenýän öwezi dolunmaýan salgytlar.

– maddy däl aktiwler obýekti araçy guramanyň üstünden satyn alnan bolsa, şol gurama tölenen hak-heşdekler;

– maddy däl aktiwleri satyn almak bilen gönüden-göni baglanyşykly beýleki çykdajylar.

Kärhananyň özi tarapyndan döredilen maddy däl aktiwleriň ilkibaşky gymmaty döretmek we taýýarlmak üçin hakyky çykdajylaryň ählisiniň (harçlanan maddy serişdeler, zähmet hakyny tölemek, kontragent şertnamalary boýunça beýleki guramalaryň hyzmatlary, ygtyýarnamalary, şahadatnamalary almak bilen baglanyşykly ygtyýarnama paçlary we

ş.m.) jemi hökmünde kesgitlenýär, goşulan baha üçin salgyt we beýleki öwezi dolunýan salgytlar muňa girmeýär.

Maddy däl aktiwlerden, esasy serişdelerden alnyşy ýaly, ulanylýan döwründe ulanyş tutumy alynýar. Maddy däl aktiwlerden alynýan ulanyş tutumy ulanyş tutumynyň ölçegleri boýunça öndürilen önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar we salgyt hasaba alnyşy üçin iki usulyň biri bilen, ýagny çyzyklaýyn we çyzyklaýyn däl usul boýunça hasaplanýar. Maddy däl aktiwiň peýdaly ulanylýan möhleti ygtyýarnamanyň, şahadatnamanyň ýa-da intellektual eýeçilik obýektleriniň peýdalanylmaly möhletini çäklendirýän beýleki bir resminamanyň berlen döwrüne deňdir.

Peýdaly ulanylýan möhletini kesgitlemek mümkin bolmadyk maddy däl aktiwler boýunça ulanyş tutumlarynyň ölçegleri on ýyl möhlete bellenýär.

Buhgalterçilik hasaba alnyşynda maddy däl aktiwiň ulanyş tutumyny hasaplap ýazmak ýörelgeleri salgyt hasaba alnyşyna garanyňda başgaça görnüşde bolýar. Buhgalterçilik hasaba alnyşynda ulanyş tutumy üç görnüşiň biri boýunça hasaplanyp ýazylyp bilner:

– çyzyklaýyn usul;

– önümiň möçberine deň ölçegli;

– azalýan galyndy usuly.

Maddy däl aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletini şulardan ugur alyp hasaplap bolar:

– ygtyýarnamanyň, şahadatnamanyň we ş.m. hereket edýän wagty;

– maddy däl aktiwiň peýdalanylar öýdüp garaşylýan, onuň dowamynda guramanyň bu aktiwden girdeji alyp biljek döwri;

– kärhananyň şu maddy däl aktiwi peýdalanmak bilen, almak isleýän önüminiň möçberi.

Eger maddy däl aktiwiň peýdaly ulanylýan möhletini kesgitlemek mümkin bolmasa, onda ol 20 ýyl hyzmat eder diýip hasap edilýär.

Häzirki zaman şertlerinde senagat kärhanalary üçin intellektual senagat eýeçiliginiň (ISE) aýratyn ähmiýeti bardyr, ol oýlap tapyşlara, senagat nusgalaryna, peýdaly modellere, haryt nyşanlaryna, hyzmat ediş nyşanlaryna degişli hukuklaryň jeminden ybaratdyr. Döwlet emläginiň, hususan-da, ylmy-tehniki ulgama degişli obýektleriň hususylaşdyrylmagy bu meseläniň ähmiýetini has-da ýitileşdirdi. Kärhananyň olar babatynda aýratyn hukuklary bolan intellektual eýeçilik obýektleriniň ählisiniň ýüze çykarylmagy kärhananyň özüniň gymmatyna obýektiw baha bermäge mümkinçilik berer.

ISE-niň bazar gymmatyna baha bermegiň şu usullary bardyr:

– satuwlary deňeşdirmek usuly, oňa laýyklykda obýektiň bazar gymmaty baha berilýän obýekt babatynda birmeňzeş bolup duran obýektler bilen bazarda baglaşylan satyn almak-satmak geleşikleriniň degişli derejede ortaça we düzediş girizilen bahasy hökmünde kesgitlenýär;

– girdeji usuly, onda göni maýalaşdyrmak ýa-da pul akymlaryny diskontirlemek usullary bilen gündelik (ýa-da häzirki) gymmatyna getirilen obýektden garaşylýan jemi girdeji hökmünde baha berilýär;

– çykdajyly usul, şunda obýektiň gymmaty diýip ony döretmek we bazara çykarmak üçin harajatlaryň jemine düşünilýär.

5-nji tablisada ISE bilen amallar bilen oňa baha bermek usullarynyň arasyndaky özara baglanyşyk görkezilýär. Seredilen ýagdaýlaryň her birinde diýen ýaly baha berijide baha

berilýän gymmatyň görnüşini hem, baha beriş usulyny hem saýlap almaga mümkinçilik bar, şunda şol bir ISE-ne baha bermek üçin dürli çemeleşmeleriň ulanylmagy dürli netijeleri berip biler.

*5-nji tablisa*

**Intellektual senagat eýeçiligi bilen amallar, gymmatyň görnüşleri we baha beriş usullary**

| ISE bilen hereketler | Baha berilýän gymmatyň görnüşi | Satuwlary deňeşdirmek usuly | Girdeji usuly | Çykdajyly usuly |
|---|---|---|---|---|
| Satyn almak-satmak | Maýa goýum<br>Bazar | Esasy | Esasy | Goşmaça<br>Goşmaça |
| Maýa goýmak | Maýa goýum | Goşmaça | Esasy | Goşmaça |
| Maliýe hasabatlylygy we utgaşykly resminamalar | Balans<br>Bazar | Esasy | | Esasy<br>Goşmaça |
| Karz üpjünçiligi | Maýa goýum<br>Bazar | Esasy | Esasy | Goşmaça<br>Goşmaça |

**Soraglar we ýumuşlar**

1. *Maddy däl aktiwleriň nämedigini düşündiriň we olaryň kärhanany ösdürmekde nähili orun tutýandygyny aýdyp beriň.*
2. *Haryt nyşanynyň bolmagy bazara gatnaşyjylaryň işine nähili täsir edýär?*
3. *«Satyn alynýan» we «işlenip öndürilýän» maddy aktiwler näme?*
4. *Satyn alynýan maddy däl aktiwleriň ilkibaşky gymmatyna näme goşulýar?*
5. *Intellektual senagat eýeçiligine baha bermegiň görnüşlerini sanap geçiň.*
6. *Baha bermegiň maksatlaryna baglylykda baha bermeleriň haýsy görnüşleri ulanylýar?*

# VI BAP. KÄRHANANYŇ DOLANYŞYK SERIŞDELERI

## 6.1. Dolanyşyk serişdeleri: düşünje, düzümi, gurluşy

Üznüksiz önümçilik gymmatynyň we sarp ediş gymmatynyň bitewüliginden ybaratdyr. Önümçilik tapgyryndan başlap harydyň ýerlenýän wagtyna çenli iki proses hem gabat gelýär: sarp ediş gymmaty we gymmat bilelikde hereket edýär, sarp ediş gymmatyny döretmek gymmaty döretmek diýmekdir. Şeýlelikde, önümçilik we maliýe döwürleri barada gürrüň edip

bolar (*18-nji surat*). Önümçilik döwri materiallaryň kärhananyň ammaryna gelip gowşan pursadyndan başlanýar we şu materiallardan taýýarlanan önümiň satyn alyjylara iberilen pursadynda tamamlanýar.




**18-nji surat.** ***Kärhananyň önümçilik we maliýe döwürleri***

Maliýe döwri materiallar üçin üpjün edijilere tölegiň geçirilen pursadyndan başlanýar (kreditor bergini üzmek) we satyn alyjylardan serişdeleriň alnan pursadynda tamamlanýar (debitor bergini üzmek).

Bu prosesleriň gabat gelmegi önümiň (harytlaryň) ýerlenýän tapgyrynda tamamlanýar. Şu pursatdan başlap maddy görnüşdäki harydyň hereketi bilen onuň gymmatynyň hereketi aýratynlykda bolup geçýär. Sarp ediş gymmaty hökmünde haryt önümçilikden gönüden-göni sarp edişe gelip gowuşýar ýa-da ätiýaçlyklaryň artmagyny emele getirýär. Ýerlenen gymmat bolsa iki bölekden durýar – biri önümçilige berlen hakujy serişdeleriň öwezini dolýar, beýlekisi bolsa girdejini emele getirýär.

Köp bölegini dolanyşyk serişdeleri tutýan gymmatyň hereketiniň çaltlanmagy ýa-da haýallamagy dolanyşyk serişdelerini emele getirýär, kärhananyň işiniň maliýe netijelerine göni täsir edýär.

Dolanyşyk serişdeleri (dolanyşyk maýasy, dolanyşyk aktiwleri) – pul serişdeleriniň üznüksiz dolanyşygyny üpjün edýän dolanyşyk önümçilik gaznalaryny we dolanyşyk gaznalaryny döretmek üçin hakujy hem-de her bir dolanyşyk tamamlanandan soň, başky görnüşine gaýdyp gelýän pul serişdeleriniň jemidir.

Dolanyşyk önümçilik gaznalary – önümçilik serişdeleriniň her bir önümçilik siklinde dolulygyna sarp edilýän, özüniň gymmatyny dolulygyna taýýar önüme geçirýän we her bir sikldan soň natural görnüşde hem, gymmaty boýunça hem täzeden döreýän bölegidir. Dolanyşyk önümçilik gaznalarynyň gymmatyna zähmet predmetleriniň (çig mal, esasy materiallar, ýangyç, kömekçi materiallar, gap, ätiýaçlyk şaýlar) we käbir zähmet serişdeleriniň (peýdalanylýan möhleti bir ýyldan ýokary bolmadyk ýa-da gymmaty iň pes zähmet hakynyň 100 essesinden ýokary bolmadyk gymmaty pes we çalt zaýalanýan önümler)

gymmaty girýär. Mundan başga-da, dolanyşyk serişdelerine tamamlanmadyk önümçiligiň gymmaty, özüniň taýýarlan ýarym taýýar önümleri we geljek döwürleriň çykdajylary goşulýar.

Tamamlanmadyk önümçilik we özüniň taýýarlan ýarym taýýar önümleri – önümçilik prosesine gelip gowşan zähmet predmetleri: materiallar, şaýlar, bölekler we işlenip bejerilýän ýa-da ýygnalýan önümler, şeýle hem özüniň taýýarlan, bir sehde önümçiligi doly tamamlanmadyk we şol kärhananyň beýleki sehlerinde mundan beýläk gaýtadan işlenmäge degişli ýarym taýýar önümleri.

Geljek döwürleriň çykdajylary – dolanyşyk gaznalarynyň serişdeleriniň maddy däl elementleri, olar täze önümi taýýarlamak we özleşdirmek üçin şu döwürde çykarylan, ýöne geljek döwürlere degişli bolan harajatlary öz içine alýarlar.

Dolanyşyk gaznalary – kärhanalaryň dolanyşykda bolýan we taýýar önümiň ätiýaçlyklaryna, iberilen harytlara goýlan, ýöne tölenmedik serişdeleri, şeýle hem hasaplaşyklardaky serişdeler we kassadaky hem-de kärhananyň hasaplaryndaky pul serişdeleri. Dolanyşyk serişdeleriniň düzümi we topara bölünmesini 19-njy suratda görkezilýär.

Dolanyşyk gaznalary önüm öndürmek üçin harçlanýar we oňa öz gymmatyny geçirýär. Dolanyşyk serişdeleri önümçilikde sarp edilmeýär, pul görnüşinde hakujy we önüm ýerlenenden soň, dolanyşygy gaýtalamak üçin, şu görnüşde hakujy bermegiň başlangyç nokadyna gaýdyp gelýär.

Dolanyşyk serişdeleriniň gymmaty material gymmatlyklarda maddylaşdyrylandyr we onuň bilen üznüksiz baglydyr. Şol bir wagtyň özünde dolanyşyk serişdeleri pul serişdeleri görnüşindäki gymmat bolup durýar. Kärhananyň dolanyşyk serişdeleri maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklaryny döretmek üçin niýetlenen pul gaznasyny emele getirýär. Dolanyşyk gaznalary şu ätiýaçlyklardan ybaratdyr.




**19-njy surat.** ***Dolanyşyk serişdeleriniň düzümi***

Dolanyşyk serişdeleriniň we dolanyşyk gaznalarynyň tapawudy dolanyşygyň haýal bolup geçmeginde, geçginliligiň peselmeginde we beýlekilerde ýüze çykýar. Dolanyşyk serişdeleri ýokary derejede ykjamdyr, hereketlidir. Şu kärhana üçin laýyk gelýän üpjünçilik, önümçilik, ýerlemek we bank hasaplaşyklary şertleri bilen çäklendirilendir. Olaryň soňkulary dolanyşygyň tizligini, diýmek, dolanyşyk serişdelerine bolan islegi kesgitleýärler. Dolanyşygyň kadaly bolup geçýän wagtynda önümçiligiň we dolanyşygyň dolanyşyk serişdeleri bilen kärhananyň önümçilik gaznalarynyň arasyndaky tapawut ýüze çykmaýar, olaryň hereketiniň tizligi bolsa, bellibir derejede sinhronlaşýar.

Eger gaznalaryň hereketi peselýän bolsa, laýyk gelmeýän hildäki çig malyň kärhana gelip gowşandygy, önümçilikde zaýa önümiň köp çykarylmagy, hereket edýän enjamyň käbir birlikleriniň hatardan çykmagy (döwülme, meýilnamalaýyn abatlaýyş işleri), taýýar önümiň bazarda ýerlenip bilinmezligi bolup geçýär, şeýle bolanda tapawut bildirýär. Dolanyşyk serişdeleri islendik ätiýaçlygy döretmek üçin birmeňzeş ýaramlydyr. Eger dolanyşyk haýallasa, onda olar hem öz hereketini gowşadýar we ätiýaçlyklara goşulýar. Kärhanada dolanyşyk gaznalary has köp bolup, dolanyşyk serişdeleri bolsa ýeterlik bolman biler.

Dolanyşyk serişdeleri şu kärhana tarapyndan satyn alynýan maddy gymmatlyklar we ýerine ýetirilen işler hem-de hyzmatlar üçin tölegden beýleki tölege – taýýar önümi satyn alyjylardan gelip gowuşýan tölege çenli hereket edýär. Ol ýa-da beýleki hereketleriň möçberini we tizligini dolanyşyk serişdeleriniň dolanyşygy kesgitleýär. Mundan başga-da, dolanyşygyň tizligine çig malyň we materiallaryň iberilýän wagt tertibiniň ýerine ýetirilmegi, kärhanada tehnologik prosesiň guralyşy, iberilen önümler, ýerlenen önümler we beýleki harytlar hem-de hyzmatlar üçin tölegleriň tertibi täsir edýär.

Dolanyşyk serişdeleriniň wezipesi kärhana gelip gowuşýan maddy gymmatlyklaryň we edilen hyzmatlaryň tölegini şu maksatlar üçin hakujy pul möçberinden geçirmekden, başga sözler bilen aýdylanda kärhanada dolanyşygyň gymmatyna töleg-hasaplaşyk hyzmatyndan ybaratdyr.

Kärhananyň önümçilik-hojalyk işi onuň töleg-hasaplaşyk düzgünine täsir edýär. Önümçilik ätiýaçlyklarynyň artmagy tölegleriň artmagyna, tamamlanmadyk önümçiligiň köpelmegi ýerlemegiň gowşamagyna, şeýlelikde, puluň gelip gowşuşynyň azalmagyna getirýär. Önümçilik prosesiniň çaltlandyrylmagy, ätiýaçlyklaryň azalmagy, ýerlemegiň ýokarlanmagy pul serişdeleriniň köp gelip gowuşmagyna getirýär. Eger dolanyşyk gaznalarynyň hereketi her pursatda üznüksiz önümçiligiň maddy faktorlarynyň dolanyşygyny görkezýän bolsa, onda dolanyşyk serişdeleriniň hereketi pul serişdeleriniň dolanyşygyny görkezýär.

Geçişiň ýokary derejede hümmetsizlenme bilen bagly şertlerinde bazar ykdysadyýetine geçmek kärhanalaryň dolanyşyk serişdelerini tiz ýitirmeklerine getirýär. Kärhana çig maly we materiallary satyn almak bilen, olary önümiň özüne düşýän gymmatynda hereket edýän bahalar boýunça hasaba alýar. Önüm öndürilenden we ýerlenenden soň kärhana çig malyň hem-de materiallaryň täze tapgyryny satyn alýar, ýöne eýýäm hümmetsizlenmegi hasaba almak bilen emele getirilen täze bahalardan satyn alýar. Diýmek, kärhana dolanyşyk serişdeleriniň ýitgisiniň öwezini ýa peýdanyň hasabyna dolmaly ýa-da önümiň

bahasyny ýokarlandyrmaly bolýar, bu bolsa önümiň bäsdeşlige ukyplylygynyň peselmegine getirýär.

Häzirki zaman şertlerinde kärhanalaryň dolanyşyk serişdeleriniň möçberine we gurluşyna köp faktorlar, köplenç, düýbünden gapma-garşy ugurlarda hereket edýän birnäçe faktorlar uly täsir edýär.

Täze ykdysady gurluşa azda-kände uýgunlaşan kärhana wagtlaýyn erkin pul serişdelerini gysga möhletli maliýe aktiwlerine goýmak üçin peýdalanýar, bu bolsa olary hümmetsizlemeden goramaga we hatda bellibir derejede girdeji almaga hem mümkinçilik berýär. Dolanyşyk serişdeleriniň gurluşy senagatyň dürli pudaklary üçin tapawutlanýar. Mysal üçin, debitor berginiň has ýokary möçberi elektroenergetika, maşyn gurluşygy üçin, has az möçberi bolsa ýeňil we azyk senagaty, ýagny gönüden-göni ahyrky sarp edijä, işleýän kärhanalar üçin häsiýetlidir.

Kärhananyň kadaly işini üpjün etmek üçin dolanyşyk serişdelerini meýilnamalaşdyrmagyň uly ähmiýeti bardyr, ol bu serişdelere bolan isleglerin başlangyç we ahyrky görkezijilerini, şeýle hem meýilnama döwrüniň içinde bu islegiň her bir degerli üýtgeýşini (ýokarlanma, peselme) öz içine alýar. Hakykatdan hem, eger bellibir döwür üçin dolanyşyk serişdelerine bolan islegiň ýokarlanmagy çaklanylýan bolsa, zerur bolan halatynda, mysal üçin, karz sorap, banka ýüz tutmak mümkinçiligini göz öňünde tutmak üçin garaşylýan maliýe mümkinçiliklerine baha berilmelidir. Dolanyşyk serişdelerine bolan islegiň wagtlaýynça peselmegi gözegçilikde saklanmalydyr we degişli meýilnamalarda görkezilmelidir, sebäbi şu döwürde boşadylýan serişdeler, mysal üçin, kärhana bellibir girdeji getirjek gysga möhletli gymmatly kagyzlary satyn almaga gönükdirilip bilner.

Başga sözler bilen aýdylanda, dolanyşyk serişdelerini meýilnamalaşdyrmak dürli seneler üçin kärhananyň dolanyşyk serişdelerine bolan isleginiň başlangyç derejesiniň we soňky üýtgemeleriň görkezilýän senenama grafiginiň düzülişine golaý bolmalydyr. Şunuň ýaly meýilnama-grafik kärhananyň pul serişdeleriniň we maliýe borçnamalarynyň häsiýetnamasyny, şol sanda bank karzyna we karzyň beýleki görnüşlerine bolan islegi öz içine almalydyr. Kärhananyň dolanyşyk serişdelerini  ortaça, birmeňzeş önümleriň tölegi üçin däl-de, köp dürli, kiçi we uly, ýygy we seýrek, howa arkaly, awtomobil ulaglary we beýlekiler bilen getirilýän önümler üçin sarp etmeli bolar. Geljekde önümleriň iberilmeginiň depginini bilmek bilen, kärhana önümçiligi we maliýäni has esasly dolandyryp biler.

Kärhananyň dolanyşyk serişdelerini meýilnamalaşdyrmagyň esasy kadalaşdyrmak bolup durýar.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Dolanyşyk serişdelerine kesgitleme beriň.*
*2. Kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň düzümine näme goşulýar?*
*3. Kärhananyň önümçilik dolanyşyk serişdeleriniň düzümine näme goşulýar?*
*4. Dolanyşyk gaznalaryna we olaryň düzümine häsiýetnama beriň.*
*5. Dolanyşyk serişdeleriniň ýetmezçiligi kärhananyň işine nähili täsir edýär?*

## 6.2. Dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak

Dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak iki esasy wezipäni çözýär. Birinjisi, kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň möçberi bilen maddy gymmatlyklaryň iň pes derejede gerek bolan ätiýaçlyklaryny üpjün etmek üçin serişdelere bolan islegiň arasyndaky zerur bolan laýyklygy birsyhly saklamak wezipesidir. Bu her bir kärhana üçin kadanyň (normatiwiň) bellenmelidigini aňladýar, onuň peýdalanylmagy kadaly hojalyk işinde kärhananyň üznüksiz önümçiligi üpjün etmek üçin maliýe kynçylyklaryny çekmezligine mümkinçilik berip biler.

Beýleki wezipe has çylşyrymly bolup, ol kadalaşdyrmagyň esasynda ätiýaçlyklary dolandyrmakdan ybaratdyr. Kadalaşdyrmak hojalyk işiniň gowulandyrylmagyny, goşmaça mümkinçilikleriň gözlenip tapylmagyny we üpjünçilik usullarynyň oýlanyşykly sazlaşygynyň emele getirilmegini höweslendirmäge niýetlenendir.

Kadalaşdyrmagyň birinji tapgyry dolanyşyk serişdeleriniň her bir elementi boýunça ätiýaçlyk kadalaryny işläp taýýarlamak bolup durýar.

Dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak günlerde olaryň ätiýaçlyklarynyň kadasyny (ölçegini) we tutuşlygyna alnanda dolanyşyk serişdeleriniň kadalaryny pul manysynda kesgitlemegi, şol sanda her bir element boýunça kesgitlemegi göz öňünde tutýar.

Dolanyşyk serişdeleriniň kadalary kärhananyň iş şertleri bilen, hususan-da, aşakdakylar bilen kesgitlenýär:

– önümçilik döwrüniň uzaklygy;

– materialyň önümçilige taýýarlanýan wagty;

– gaýtadan işlemegiň we galyndylary peýdalanmagyň tertibi, üpjün edijileriň çäkler boýunça ýerleşişi;

– üpjün etmegiň ýygylygy we deňeçerligi, materiallaryň we önümleriň iberilýän tapgyrlarynyň möçberi;

– hasaplaşyklar ulgamy we görnüşi, üpjünçiligiň we ýerlemegiň beýleki şertleri.

Dolanyşyk serişdeleriniň kadalary bellenilende şu görkezijilerden ugur alynýar:

– harytlaryň öndürilýän we ýerlenýän möçberinden;

– önümçilik üçin harajatlardan;

– haryt-maddy gymmatlyklaryň görnüşleri boýunça dolanyşyk serişdeleriniň günlerde görkezilen kadalaryndan.

Çig maly we materiallary sarp ediji bolup duran kärhananyň içki islegleri önümiň öndürilen we ýerlenen möçberi baradaky maglumatlaryň hem-de kärhanalaryň harajatlary baradaky maglumatlaryň esasynda kesgitlenýär. Kärhananyň dolanyşyk serişdelerine bolan islegi daşky şertlere, hususan-da, üpjün edijileriň we ulaglaryň işleýşine baglydyr, şonuň üçin dolanyşyk serişdeleriniň kadalary günlerde hasaplanýar.

Dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak esasy üç orun boýunça amala aşyrylýar:

– çig mal, materiallar, satyn alynýan önümler üçin dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak;

– tamamlanmadyk önümçilik üçin dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak;

– taýýar önüm üçin dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak.

Çig mal, materiallar, satyn alynýan önümler üçin dolanyşyk serişdeleriniň kadasy wagtyň jemi hökmünde hasaplanýar:

– kärhana tarapyndan tölegi geçirilen maddy gymmatlyklaryň ýolda bolýan wagty (ulag ätiýaçlygy);

– materialy düşürmek we kärhana getirmek, kabul etmek we ammarda ýerleşdirip goýmak üçin gerek bolan wagt;

– materiallary önümçilige taýýarlamak üçin gerek bolan wagt;

– materiallaryň gündelik we ätiýaçlyklaryň düzüminde bolýan wagty.

Çig mal, materiallar, satyn alynýan önümler üçin dolanyşyk serişdeleriniň kadasynyň birinji elementi bolan ulag ätiýaçlygy üpjün edijiniň hasabynyň tölenen pursadyndan ýüküň sarp edijiniň ammaryna gelýän pursadyna çenli materiallaryň ýolda bolýan wagtyny öz içine alýar.

Bellibir wagtyň dowamynda maddy gymmatlyklar önümçilikden çykarylýar – üpjün ediji ony sarp edijä iberýär we eýýäm ondan peýdalanyp bilmeýär, sarp ediji bolsa olary heniz almandygy sebäpli, sarp edip bilmeýär (aýratyn hem bu ýagdaý öndüriji bilen sarp edijiniň arasynda birnäçe araçynyň durýan wagtynda ähmiýetli bolýar). Maddy gymmatlyklaryň önümçilikden çykarylan wagtynda üpjün ediji üçin hem, sarp ediji üçin hem dolanyşyk serişdeleri zerur bolýar. Üpjün ediji üçin harydyň iberilen wagtyndan sarp ediji tarapyndan tölegiň geçirilýän wagtyna çenli, sarp ediji üçin bolsa tölenen pursadyndan materiallaryň sarp edijiniň ammaryna gelip gowuşýan wagtyna çenli serişde gerek bolýar.

Üpjün ediji tarapyndan önümi ibermegiň barşynda ulaglaryň dürli görnüşi boýunça maddy gymmatlyklaryň (materiallaryň dolanyşygy) we töleg resminamalarynyň (resminamalaryň dolanyşygy) bir wagtdaky hereketi bolup geçýär, şunda maddy gymmatlyklaryň we töleg resminamalarynyň hereketi wagt boýunça gabat gelmän biler we köplenç ýagdaýda gabat hem gelmeýär.

Aşakdaky ýagdaýlar mümkindir:

– kärhana töleg resminamalaryny alýar, maddy gymmatlyklar gelip gowuşmazyndan öň çig malyň, materiallaryň, ýarym taýýar önümleriň bahasyny töleýär. Şu ýagdaýda birnäçe wagt ýolda bolmaly bolýan maddy gymmatlyklaryň bahasyny tölemek üçin oňa bellibir möçberde dolanyşyk serişdeleri gerek bolýar;

– maddy gymmatlyklar we töleg resminamalary bir wagtda gelýär;

– maddy gymmatlyklar töleg resminamalaryndan öň gelýär.

Ikinji we üçünji ýagdaýlarda kärhana ýoldaky materiallaryň tölegi üçin dolanyşyk serişdesi gerek bolmaýar.

Ulag ätiýaçlygynyň möçberi ýoldaky materiallaryň gymmatynyň we hasabat maglumatlary boýunça materiallaryň bir günde sarp edilýän möçberiniň esasynda hasaplanýar.

Çig mal, materiallar, satyn alynýan önümler üçin dolanyşyk serişdeleriniň kadasynyň emele gelýän wagtynyň ikinji elementi – materiallary kabul etmek, düşürmek, sortlara bölmek we ammarda ýerleşdirip goýmak üçin gerek bolan wagtdyr. Düzgün bolşy ýaly, bu amallar tehniki taýdan kadalaşdyrmak ýoly bilen ýa-da hronometraž arkaly kesgitlenýär. Bu kada maddy-tehniki üpjünçiligiň aýratynlyklaryna, ýükleme-düşürme işleriniň guralyşyna we beýleki şoňa meňzeş ýagdaýlara baglydyr. Mundan başga-da, bu görkezijä materiallaryň görnüşi we olary resmileşdirmegiň aýratynlyklary hem uly täsir edýär.

Materiallaryň we çig malyň gündelik hem-de ätiýaçlandyryş ätiýaçlyklarynyň düzüminde bolýan wagtyny hasaplamak has çylşyrymlydyr. Gündelik ätiýaçlyklar dolanyşyk serişdeleriniň kadasynyň esasy bölegi bolup durýar. Gündelik (ammardaky) ätiýaçlyk – bu önümçilige goýbermek üçin doly taýýarlanan materiallaryň hemişelik ätiýaçlygydyr. Onuň maksady kärhananyň bökdençsiz önümçilik işini üpjün etmekden ybaratdyr. Ätiýaçlygyň ululygy çig malyň we materiallaryň şu görnüşini ibermegiň ýygylygyna baglydyr.

Dolanyşyk serişdeleriniň kadasynyň ýene bir elementi ätiýaçlyk ýa-da ätiýaçlandyryş ätiýaçlygy bolup durýar, ol tötänden ýüze çykýan faktorlaryň bu serişdeleriň dolanyşygyna edýän täsirini aradan aýyrmalydyr. Ol harytlary ibermegiň möhleti we bellenen möçberi bozulan ýagdaýynda, kadalaşdyryjy resminamalara laýyk gelmeýän önümler ýa-da toplu-ma girmeýän materiallar gelip gowşanda kärhananyň bökdençsiz işini kepillendirmek üçin niýetlenendir.

Ykdysady we usuly edebiýatlarda ätiýaçlandyryş ätiýaçlygynyň kadasyny gündelik ätiýaçlygyň kadasynyň 50%-i möçberinde hasaplamak maslahat berilýär.

Materiallaryň her bir görnüşi boýunça dolanyşyk serişdeleriniň kadasy her bir element boýunça alnan, ätiýaçlyk günleriniň sanyndan ýokary bolan günleri goşmak bilen hasaplanýar. Dolanyşyk serişdeleriniň kadasynyň gymmatyna baha bermek üçin günleriň sanyny gymmat manysynda şu görnüşiň gije-gündizdäki ortaça çykdajysyna köpeltmeli.

Tamamlanmadyk önümçilige işläp bejermegiň dürli tapgyrlaryndaky – çig malyň, materiallaryň we toplaýyş enjamlarynyň önümçilige goýberilen wagtyndan tehniki gözegçilik bölümi tarapyndan taýýar önümiň kabul edilýän pursadyna aralykda önümçilikde bolýan önümler degişlidir. Tamamlanmadyk önümçilik çig mala, esasy we kömekçi materiallara, ýangyja, elektroenergiýa goýlan, hakujy pul serişdelerini, ulanyş tutumlaryny we gaýry çykdajylary öz içine alýar. Her bir görnüş boýunça bu harajatlaryň ählisi tehnologik hatar boýunça herekete görä ýokarlanýar.

Tamamlanmadyk önümçilige çekilen dolanyşyk serişdeleriniň möçberi önümçilik sikliniň uzaklygyna, taýýarlanýan önümiň özüne düşýän gymmatyna we önümçiligiň barşynda harajatlaryň artyşynyň intensiwligine baglydyr. Tamamlanmadyk önümçilikde bolýan dolanyşyk serişdeleriniň möçberini kesgitlemek dolanyşyk serişdeleriniň doly ululygyny hasaplamagyň iň bir çylşyrymly bölegidir. Tamamlanmadyk önümçilikdäki dolanyşyk serişdeleriniň kadasy ($N_{tö}$) şunuň ýaly hasaplanýar:

$$N_{tö} = Z_{or} \text{ x } T_{öň} \text{ x } k,$$

bu ýerde $Z_{or}$ – bir günki ortaça harajatlar, manat; $T_{öň}$ – şu önümi öndürmek üçin önümçilik sikliniň uzaklygy, gün; k – harajatlaryň köpelme koeffisiýenti.

Önümçilik döwri ýa-da önümçilik sikliniň uzaklygy maşynyň önümçilige goýberilýän birinji şaýynyň öndürilip başlanan wagtyndan tehniki gözegçilik bölümi (TGB) tarapyndan taýýar maşynyň kabul edilýän pursatyna çenli bolup geçýär.

Önümçilik harajatlarynyň deňeçer köpelýän ýagdaýynda harajatlaryň köpelme koeffisiýenti şu formula boýunça hasaplanýar:

$$k = (Z_{mö} + 0,5\, Z_{ön}) / C,$$

bu ýerde $Z_{mö}$ – esasy materiallar üçin meýilnamalaýyn harajatlar; $Z_{ön}$ – harajatlaryň gaýry elementleri; C – önümiň biriniň meýilnamalaýyn özüne düşýän gymmaty.

Dolanyşyk serişdeleriniň kadasynyň jemleýji elementi – taýýar önüm üçin dolanyşyk serişdeleriniň kadasydyr. Oňa önümçiligi tamamlanan, TGB tarapyndan kabul edilen we taýýar önümler ammaryna tabşyrylan önümler degişlidir. Taýýar önüm üçin dolanyşyk serişdeleriniň kadasy önümiň ammara kabul edilen pursatyndan onuň töleginiň geçirilen wagtyna çenli döwür bilen kesgitlenýär we şu aşakdakylar üçin zerur bolan wagta baglydyr:

– sehlerden taýýar önümi kabul etmek;

– önümi iberilýän tapgyryň ululygyna çenli we sargytlara, tabşyryklara, şertnamalara laýyk görnüşlerde toplamak we seçip almak;

– önümleri belgilemek, gaplamak;

– gaplanan önümi kärhananyň ammaryndan demir ýol stansiýasyna, gämi duralgasyna we ş.m. getirmek;

– önümleri ulag serişdelerine ýüklemek;

– önümi ammarda saklamak.

Ammardaky taýýar önümleriň ätiýaçlyklarynda dolanyşyk serişdeleriniň kadasy ($N_{tö}$):

$$N_{tö} = P_{or} \text{ x } N_{tög},$$

bu ýerde $P_{or}$ – önümçiligiň özüne düşýän gymmaty boýunça her bir önümiň bir günde ortaça çykarylyşy, manat; $N_{tög}$ – dolanyşyk serişdeleriniň kadasy, gün.

### Soraglar

*1. Dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak nämeden ybarat?*
*2. Dolanyşyk serişdeleriniň kadasy haýsy düzüm böleklerinden emele gelýär?*
*3. Maddy gymmatlyklaryň we degişli resminamalaryň hereketi nähili bolup geçýär?*

## 6.3. Kärhananyň dolanyşyk serişdelerinden peýdalanylyşynyň netijeliligi

Kärhananyň dolanyşyk serişdelerini peýdalanylyşynyň netijelilik derejesi şu esasy görkezijileri häsiýetlendirýär: dolanyşygyň tizligini ýa-da dolanyşyk koeffisiýentini; bir dolanyşygyň wagtyny ýa-da uzaklygyny; dolanyşyk serişdeleriniň bir dolanyşygyny berkitme koeffisiýentini.

Dolanyşyk serişdelerini peýdalanylyşynyň netijeliliginiň esasy görkezijisi bellibir wagtyň dowamynda dolanyşyk serişdeleriniň dolanyşyklarynyň sany (dolanyşyk koeffisiýenti) bolup durýar:

$$k_{dol} = Q_e / R_{or.gal},$$

bu ýerde $Q_e$ – şu döwürde önümiň ýerlenen möçberi, müň manat; $R_{or.gal}$ – seredilýän döwürde dolanyşyk serişdeleriniň ortaça galyndysy, mln. manat.

Dolanyşyk serişdeleriniň peýdalanylyşynyň netijeliligine geçirilen seljermäniň barşynda dolanyşyk wagty, ýagny bir dolanyşygyň uzaklygynyň görkezijisi giňden ulanylýar, bu görkeziji günlerde ölçenilýär:

$$T_{dol} = R_{or.gal} \text{ x } N_{sg} / Q_e.$$

bu ýerde $N_{sg}$ – seredilýän döwürde senenama günleriniň sany.

Ýerlenen önümiň 1 manadyna düşýän dolanyşyk serişdeleriniň jemi bilen kesgitlenýän dolanyşyk serişdeleriniň berkitme koeffisiýenti şunuň ýaly hasaplanýar:

$$k_{dol} = / R_{or.gal} / Q_e.$$

Senenama döwrüniň dowamynda dolanyşyk serişdeleriniň ululygy üýtgeýär, şonuň üçin hem degişli hasaplamalarda ortaça hronologik formula boýunça hasaplanylýan dolanyşyk serişdeleriniň ortaça galyndy görkezijisi peýdalanylýar.

Kärhananyň dolanyşyk serişdeleriniň dürli çeşmelerden emele getirilýändigi (peýda, karzlar, paýdarlar maýasy, býujet serişdeleri we ş.m.) sebäpli, kärhana üçin öz dolanyşyk serişdeleri bilen üpjünçilik görkezijisi möhümdir, ol öz dolanyşyk serişdeleriniň pul möçberiniň dolanyşyk serişdeleriniň umumy möçberine gatnaşygy hökmünde hasaplanýar. Maliýe ministrliginiň kadalaşdyryjy resminamalarynda bu görkezijiniň ululygynyň 10%-den az bolmaly däldigi bellenilýär.

Dolanyşyk serişdeleriniň peýdalanylyşynyň netijeliligine geçirilen seljerme şol serişdeleriň dolanyşygyň çaltlanmagynyň (haýallamagynyň) netijesinde dolanyşykdan çykarylan (dolanyşyga çekilen) möçberini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu görkezijiniň hasaplamasy dolanyşyk serişdeleriniň hakyky ortaça galyndysyny hakyky alnan düşewüntde we dolanyşyk serişdeleriniň dolanyşygynyň ozal emele gelen tizliginde olara bolan islegiň şertli ululygy bilen deňeşdirmek ýoly bilen, şu formula boýunça geçirilýär:

$$R_{boş\ g} = R_{f.or} – T_{dol} \times Q_e / F_k,$$

bu ýerde $R_{f.or}$ – dolanyşyk serişdeleriniň hakyky ortaça galyndysy; $T_{dol}$ – binýatlyk döwürde serişdeleriň bir dolanyşygynyň dowamlylygy; $Q_e$ – önümleriň hakyky ýerlenen möçberi; $F_k$ – hasaplamagyň geçirilýän döwrüniň dowamlylygy.

**Soraglar we ýumuşlar**

*1. Dolanyşyk serişdeleriniň peýdalanylyşynyň netijeliligine nähili baha berilýär?*
*2. Dolanyşyk koeffisiýenti nähili hasaplanýar we ol nämäni häsiýetlendirýär?*
*3. Dolanyşyk serişdeleriniň ortaça galyndysynyň nämedigini düşündiriň.*

# VII BAP. IŞGÄRLER, KÄRHANADA ZÄHMETI GURAMAK WE HAK TÖLEMEK

## 7.1. Kärhanada işgärler we onuň gurluşy

Kärhananyň serişdeler potensialynyň umumy ulgamynda aýratyn orun zähmet serişdelerine degişlidir. Häzirki wagtda zähmet bazary işjeň hereket edýär, onuň infrastrukturasy döredildi, işsizlik gizlin görnüşden açyk görnüşe geçdi. Kärhananyň işgärleri önümçiligiň maddy we maliýe serişdelerini birleşdirmegi üpjün edýär.

Kärhananyň işgärleri kärhanada işleýän dürli kärli – hünär derejeli toparlaryň işgärlerinden ybaratdyr. Olar ýuridik şahs hökmünde kärhana bilen hakyna tutma şertnamasy bilen baglanyşykly fiziki şahslaryň jemini emele getirýärler.

Kärhananyň işgärlerini dolandyrmak kärhanany ösdürmegiň strategiýasyna tabyn edilýär, şol strategiýa baglydyr we onuň netijeli durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir.

Senagat kärhanalarynyň işgärleriniň gurluşy olaryň ýerine ýetirýän wezipelerine baglylykda işgärleriň dürli kategoriýalarynyň we toparlarynyň düzümi hem-de san gatnaşygy bilen kesgitlenýär.

Kärhananyň önüm öndürmek (işleri, hyzmatlary ýerine ýetirmek) prosesi bilen gönüden göni bagly işgärleri, ýagny önümçilik işinde işleýän işgärleri senagat-önümçilik işgärlerini (SÖI) emele getirýär. Senagat kärhanalarynda oňa esasy, kömekçi, hyzmat edýän sehleriň, ylmy-barlag, taslama-konstruktorçylyk we tehnologik guramalaryň, laboratoriýalaryň we kärhananyň balansyndaky birlikleriň işgärleri, edara kärhananyň administrasiýasy we funksional bölümleriň hem-de gulluklaryň ählisi we ş.m. goşulýar.

Haýsy ulgamda zähmet çekilýändigine garamazdan, kärhananyň senagat-önümçilik işgärleri iki esasy kategoriýa – işçiler we gullukçylar kategoriýalaryna bölünýär.

Işçiler önüm öndürmek prosesine gönüden-göni gatnaşýarlar, maşynlary, enjamlary dolandyrýarlar, awtomatik enjamlaryň işine gözegçilik edýärler, maşynlary abatlamagy, düzgünleşdirmegi we sazlamagy, gelip gowuşýan toplaýyş enjamlaryna we çig mala, taýýar önümlere gözegçiligi amala aşyrýarlar, ýüklemek-düşürmek we daşamak, ammara ýerleşdirmek işlerini we ş.m. ýerine ýetirýärler.

Işgärleriň toparynda esasy we kömekçi işgärler görkezilýär. Olaryň üstüne ýüklenýän işler dürli-dürli bolýar, şonuň üçin hem kärhanada bellibir geljekki döwür üçin olaryň sany kesgitlenilende meýilnamalaşdyrmagyň barşynda peýdalanylýan usullar hem dürli-dürlüdir.

Esasy işgärlere önümi öndürmek bilen gönüden göni meşgullanýan işçiler (stanokçylar, awtomatiki we beýleki enjamlaryň we ş.m. operatorlary), kömekçi işgärlere esasy işgärler tarapyndan ýerine ýetirilýän önümçilik proseslerine hyzmat edýän işgärler (enjamlary sazlaýjylar, abatlaýjy, ulag we ammar işgärleri, gözegçiler we ş.m.) degişlidir.

Gullukçylar toparynda ýolbaşçylar, hünärmenler we gönüden göni gulluk edýän işgärler toparlara bölünip görkezilýär. Ýolbaşçylar toparyny kärhanada ýolbaşçy wezipeleri eýeleýän işgärler (direktor, başlyk, dolandyryjy), şeýle hem olaryň gurluş birliklerindäki we bölümlerindäki orunbasarlary, baş hünärmenler (baş inžener, baş hasapçy, baş mehanik, baş ykdysatçy we ş.m.) emele getirýär. Işgärleriň bu toparynyň tapawutly aýratynlygy ýolbaşçylarda köp ugurly wezipeleri çözmek ygtyýarlygynyň bardygyndan, olaryň wezipäni goýmagy, şol wezipeleri çözmegi we gözegçiligi guramagy amala aşyrýandyklaryndan ybaratdyr.

Hünärmenler toparyny inžener-tehniki, ykdysady, buhgalterçilik, hukuk we beýleki wezipeleri ýerine ýetirmek bilen meşgullanýan işgärler emele getirýär. Hünärmenlere bildirilýän esasy talaplar – kärhananyň administrasiýasy tarapyndan goýlan funksional wezipeleri öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gowy hilli, bellenen möhletlerde ýerine ýetirmek bolup durýar.

Gullukçylar resminamalary taýýarlamagy we resmileşdirmegi amala aşyrýarlar, olaryň geçişine gözegçilik edýärler, gurama hojalyk taýdan hyzmat etmek we işleri ýöretmek bilen meşgullanýarlar (agentler, kassirler, iş ýöredijiler, kätipler we beýlekiler). Olaryň esasy borjy wezipe borçlaryny, ýolbaşçylaryň hem-de hünärmenleriň tabşyryklaryny takyk we doly möçberde ýerine ýetirmek bolup durýar.

Esasy we kömekçi işçileriň, hünärmenleriň we işgärleriň beýleki kategoriýalarynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň köpdürlüligi her bir kär boýunça, her bir käriň çäklerinde bolsa hünäri we hünärlilik derejesi boýunça olara bolan islegi meýilnamalaşdyrmagy talap edýär.

*Kär* diýip zähmet işiniň bellibir nazary bilimleri we amaly endikleri talap edýän aýratyn görnüşine, *hünäri* diýip käriň çäklerindäki işiň özboluşly aýratynlygy bolan we goşmaça bilimleri hem-de endikleri talap edýän görnüşine düşünilýär. Meselem, slesar käriniň birnäçe hünär ugurlary bolup biler: slesar bellikleýji, slesar-ýygnaýjy we ş.m.

Her bir käriň çäklerinde dürli hünär derejesi bolan, ýagny bu käre dürli derejede erk edip bilýän işgärler bardyr.

Kärhananyň işgärleri kärhananyň esasy gaznalary we dolanyşyk serişdeleri ýaly önümçilik serişdesi bolup durýar, degişlilikde, kärhanany dolandyrmak işgärleri dolandyrmagy göz öňünde tutýar. Işgärleri dolandyrmak funksional derejede hem, guramaçylyk derejesinde hem amala aşyrylyp bilner. Birinji ýagdaýda işgärleri dolandyrmak şu möhüm elementleri öz içine alýar:

– kärhanada işgärler ugruny ösdürmegiň umumy strategiýasyny kesgitlemek;
– işgärleriň gurluşyny we sanyny meýilnamalaşdyrmak;
– işgärleri çekmek;
– işgärleri seçip almak;
– işgärlere baha bermek;
– hünäri ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak;
– wezipä geçmegi (gulluk boýunça ýokary çekilmegi) dolandyrmak;
– işi gurmak we gurnamak, şol sanda işleriň mazmunyny we olary ýerine ýetirmegiň yzygiderliligini, zähmet şertlerini, zähmet haky syýasatyny kesgitlemek.

Ikinji ýagdaýda işgärleri dolandyrmagy kärhanada işgärler bilen işlemek üçin jogapkärçilik çekýän ähli adamlar we gulluklar amala aşyrýarlar. Işgärler bilen iş alyp barmak çyzyklaýyn ýolbaşçylaryň, şeýle hem birnäçe funksional bölümleriň, gulluklaryň, aýry-aýry hünärmenleriň we menejerleriň üstüne ýüklenýär: işgärler bölümi (müdirligi), zähmeti guramak we zähmet haky bölümi, işgärleri okatmak bölümi, işgärleri dolandyryş bölümi, işgärler boýunça direktor.

Işgärleri dolandyrmagyň möhüm wezipeleriniň biri hökmünde meýilnamalaşdyrmak, kärhananyň baş maksatlaryndan we önüm öndürmegiň hem-de ony ýerlemegiň şertlerinden ugur alyp, şu wezipeleriň çözülmegini göz öňünde tutýar: zähmet serişdeleri babatynda wezipeleri çözmek; işleýänleriň hakyky sanyny anyklamak; işgärleriň geldi-geçerligine baha bermek we işden çykýanlaryň ýerine öz wagtynda işgär alynmagyny üpjün etmek; işçi güýjüniň ýetmezçiligi ýüze çykmazyndan öň onuň lokallaşdyrylmagyny däl, eýsem ýüze çykmagynyň ähtimal bolan wagtyny kesgitlemek we ş.m.

### Soraglar

*1. Işgärleriň haýsy kategoriýalary senagat-önümçilik işgärlerini emele getirýär?*
*2. «Kär» diýip nämä düşünilýär?*
*3. Işgärleri dolandyrmak haýsy elementleri öz içine alýar?*
*4. Kärhananyň haýsy gurluş birlikleri işgärleri dolandyrmak bilen meşgullanýar?*

## 7.2. Kärhananyň işgärlerini meýilnamalaşdyrmak

Işgärleriň sanyny bellenilen döwre meýilnamalaşdyrmak ilkibaşda şulary kesgitlemegiň zerurlygyny göz öňünde tutýar (kärler we wezipeler boýunça):

– işgärler düzümi;
– işleýänleriň sany;
– işgärleriň artyklygy we ýetmezçiligi;
– işden boşadylýan işgärleri işe ýerleşdirmegiň usullary, şeýle hem işgärleriň üstüni ýetirmegiň çeşmeleri we usullary.

Senagat-önümçilik işgärleriniň düzümi adatça işçiler we gullukçylar boýunça aýratynlykda kesgitlenýär.

Esasy işçileriň düzümi ahyrky önümi taýýarlamagyň tehnologik prosesiniň häsiýeti bilen kesgitlenýär, kömekçi işgärleriň düzümi bolsa önümçiligi guramagyň, sehler hemde gulluklar boýunça kömekçi we hyzmat edýän işgärleriň gurluşynyň shemalary boýunça bellenilýär. Kärhananyň işgärlere bolan islegi işleýänleriň toparlary we kategoriýalary boýunça meýilnamalaşdyrylmalydyr.

Gullukçylaryň düzümini kesgitlemek kärhanada bar bolan guramaçylyk gurluşyny hasaba almaga we dolandyryş apparatynyň hereket edýän wezipe sanawyna esaslanýar.

Kärhananyň işgärleriniň mukdar häsiýetnamasy işgärleriň sanaw, ortaça sanaw we bar bolan sanynyň görkezijileri bilen ölçenilýär.

Sanaw düzümi ähli işgärleriň sanynyň hereketini – işe kabul etmegi, işden çykarmagy we beýlekileri görkezýär. Onda hemişelik we wagtlaýyn işgärleriň ählisi, şol sanda iş saparynda we rugsatda bolýan, doly däl iş gününe ýa-da stawkanyň bir bölegine işe kabul edilen işgärler, şeýle hem olar bilen zähmet gatnaşyklary resmileşdirilen adamlar hasaba alynýar.

Işgärleriň anyk döwürdäki sanyny kesgitlemek üçin ortaça sanaw sany görkezijisi hasaplanýar, ol ortaça zähmet öndürijiligi, ortaça zähmet haky, işgärleriň geldi-geçerligi we ş.m. hasaplanylanda ulanylýar. Ony hasaplamak üçin iş wagtynyň tabelleri boýunça hasaba alyş maglumatlary peýdalanylýar.

Bar bolan düzümi diýlip bellibir wagtyň dowamynda hakykatdan iş ýerinde bolýan işgärleriň sanyna düşünilýär.

Işgärleriň sanyny kesgitlemek. Senagat-önümçilik işgärleriniň sanyny meýilnamalaşdyrmak tejribesinde işgär sanyny hasaplamagyň birnäçe usullary peýdalanylyp bilner:

– binýatlyk işgär sanyna düzediş girizmek;
– önümçilik maksatnamasynyň zähmet talap edijiligi boýunça;
– wezipe sanawy boýunça;

– iş ýerleri, iş öndürijiligi ýa-da hyzmat etmek ölçegleri.

Usuluýeti saýlap almak önümçiligi we dolandyryşy guramagyň aýratynlyklary, maglumatlaryň dolulygy we garaşylýan netijä bildirilýän talaplar bilen kesgitlenýär.

1. Binýatlyk sana düzediş girizmek usulyna birikdirilen usul hökmünde seredilýär, onuň ulanylmagy şu ýagdaýlarda esaslydyr, eger:

– meýilnamalaşdyrylýan döwürde kärhananyň önümçilik maksatnamasynda önümleriň nomenklaturasy we görnüşleri babatynda düýpli üýtgemeler bolup geçmedik bolsa;

– kärhananyň innowasiýalary ornaşdyrmak, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak we işgärleriň sanyny azaltmak boýunça çäreleriň işlenip taýýarlanan meýilnamasy bar bolsa.

Bu usul peýdalanylanda meýilnama döwründe kärhananyň işgärleriniň sany kesgitlenýär:

$$L_{meý} = (L_{bin} \text{ x } k_{öö}) + \Delta L_{md},$$

bu ýerde $L_{bin}$ – binýatlyk (hasabat) döwürde işgärleriň sany; $k_{öö}$ – meýilnama döwründe önümçiligiň möçberiniň artyş koeffisiýenti; $\Delta L_{md}$ – meýilnama döwründe täzelikleri girizmegiň netijesinde işgär sanynyň üýtgemegi.

Usulyň esasy ýetmezçiligi gullukçylaryň sanynyň önümçilik möçberine göni deň ölçegli bagly däldigi bolup durýar.

2. Önümçilik maksatnamasynyň zähmet talap edijiligi boýunça işgär sanyny hasaplamagyň usuly. Işgär sanyna baha bermek üç tapgyry öz içine alýar:

– önümiň önümçilik maksatnamasyna goşulan her bir görnüşini taýýarlamagyň zähmet talap edijiligi hasaplanýar;

– tutuşlygyna we işleriň görnüşleri boýunça önümçilik maksatnamasynyň zähmet talap edijiligi bellenilýär;

– tutuşlygyna we işleýänleriň kategoriýalary boýunça işgärleriň sany kesgitlenilýär.

Şu usuldan peýdalanylanda önümçilik maksatnamasynyň doly zähmet talap edijiligi ($L_{z.dol}$) tehnologik ($L_{z.teh}$), hyzmat etmek ($L_{z.hyz}$) we dolandyryş ($L_{z.dol}$) zähmet talap edijiliginiň jemi hökmünde kesgitlenilýär:

$$L_{z.dol} = L_{z.teh} + L_{z.hyz} + L_{z.dol}.$$

Birinji iki görkezijiniň jemi esasy we kömekçi işgärleriň zähmet harajatlaryny görkezýär we degişlilikde, önümçilik zähmet talap edijiligini ($L_{z.ön}$) emele getirýär, üçünjisi bolsa gullukçylaryň zähmet hakyny görkezýär:

$$L_{z.ön} = L_{z.teh} + L_{z.hyz}.$$

Tehnologik zähmet talap edijiligi tehnologik täzeden işlemeler, işiň görnüşleri we meýilnama döwri üçin kabul edilen zähmet harajatlarynyň kadasyny peýdalanmak bilen önümi taýýarlamagyň tehnologik prosesinde göz öňünde tutulan amallar boýunça kesgitlenip bilner.

Hyzmat etmegiň zähmet talap edijiligi iki usul bilen hasaplanyp bilner:

– göni usul – normatiwleri gönüden-göni önüm üçin hasaplanan esasy önümçilige hyzmat etmegiň aýry-aýry wezipeleri boýunça;

– alternatiw usul – hyzmat etmegiň zähmet talap edijiligi bilen tehnologik zähmet talap edijiligiň arasyndaky gatnaşyklary, soňundan olara önüm boýunça möçberiň, kooperirlenme derejesiniň, şeýle hem meýilnama guramaçylyk-tehniki şertleriň üýtgeme fak-

torlaryna görä düzediş girizmek bilen, binýatlyk döwrüň hasaba alyş maglumatlarynyň esasynda kesgitlemek.

Dolandyryş zähmet talap edijiligi hyzmat etmek zähmet talap edijiligine meňzeşdir, ýöne birinjiden, dolandyryşyň guramaçylyk gurluşynda meýilnamalaşdyrylan üýtgemeler hasaplaşyga kabul edilýär, ikinjiden, işleriň birligi hökmünde tehnologik däl-de, önümçilik zähmet talap edijiligi kabul edilýär.

Işgärleriň umumy sany meýilnamalaýyn önümçilik zähmet talap edijiligini iş ölçeglerini ýerine ýetirmegiň meýilnamalaýyn koeffisiýentini hasaba almak bilen, bir ýylda bir işgäriň iş wagtynyň netijeli gaznasyna bölmek ýoly bilen kesgitlenýär:

$$L_i = L_{mak} / (T_{peý} \text{ x } k_{işk}),$$

bu ýerde $L_i$ – işgärleriň ortaça sanaw sany; $L_{mak}$ – önümçilik maksatnamasynyň meýilnamalaýyn zähmet talap edijiligi (esasy işgärleriň zähmet harajatlary boýunça), norma-sagatlarda; $T_{peý}$ – bir işgäriň wagtynyň peýdaly gaznasy, sagat; $k_{işk}$ – iş öndürijiliginiň ölçegini ýerine ýetirmegiň meýilnamalaşdyrylýan koeffisiýenti.

Işgärleriň ortaça sanaw sany ($L_{gul}$) önümçilik maksatnamasyny dolandyrmagyň meýilnamalaýyn zähmet talap edijiligini bir ýylda bir gullukçynyň iş wagtynyň netijeli koeffisiýentine bölmek ýoly bilen kesgitlenýär:

$$L_{gul} = L_{dol} / T_{doly},$$

bu ýerde $L_{gul}$ – gullukçylaryň ortaça sanaw sany; $L_{dol}$ – önümçilik maksatnamasynyň meýilnamalaýyn zähmet talap edijiligi (esasy işgärleriň zähmet harajatlary boýunça), norma – sagatlarda.

Meýilnama döwründe senagat-önümçilik işgärleriniň umumy sany ($L_{söi}$) işçileriň we gullukçylaryň sanynyň jemi hökmünde kesgitlenýär:

$$L_{söi} = L_{iş} + L_{gul}.$$

Bir işgäriň iş wagtynyň peýdaly gaznasy hasaplananda iş wagtynyň býujetiniň senenama, nominal, bar bolan we peýdaly gaznalary tapawutlandyrylýar.

Senenama wagt gaznasy bir ýyldaky senenama günleriniň sanyna laýyk gelýär. Nominal gazna dynç günlerini we baýramçylyk günlerini aýyrmak bilen senenama wagtyny görkezýär. Bar bolan wagt gaznasy nominal gaznadan kanunçylykda göz öňünde tutulan işe doly günläp gelinmedik günleri aýyrmak ýoly bilen kesgitlenýär. Bu ululyk meýilnamalaýyn döwrüň dowamynda bir işgäre düşýän iş günleriniň sanyny görkezýär.

Peýdaly wagt gaznasy bir işgäre düşýän iş günleriniň sanyny, iş gününiň kanunda rugsat edilen gysgaltmalaryny hasaba alyp, düzediş girizilen iş gününiň ortaça dowamlylygyna köpeltmek ýoly bilen kesgitlenýär.

3. Wezipe sanawy boýunça işgär sanyny hasaplamagyň usuly köplenç zähmete hak tölemegiň wagt boýunça ulgamyny peýdalanýan kärhanalarda ulanylýar. Bu usul önümçilik mehanizasiýalaşdyrylan we awtomatlaşdyrylan mahalynda – enjamlaryň iş düzgünlerini saklamagyň we tehnologik prosesi berjaý etmegiň zähmet öndürijiliginiň we önümiň hiliniň enjamlarda goýlan degişli derejelerini üpjün edýän wagtynda barha giň ýaýrawa eýe bolýar. Guramaçylyk taslamasynyň usullarynyň ösmegi we kärhanany dolandyrmagyň

oýlanyşykly gurluşlaryny gurnalmagy, dolandyryş apparatynyň iň amatly ýagdaýa golaý wezipe sanawyny bellemäge we gullukçylara degişli dolandyryş wezipelerini berkitmäge mümkinçilik berýär.

Bu usulyň peýdalanylmagy kärhanada dolandyryş apparatynyň, wagt boýunça işleýän esasy işgärleriň we kömekçi işgärleriň aýratynlykdaky esaslandyrylan wezipe sanawynyň bolmagyny göz öňünde tutýar.

Dolandyryş apparatynyň wezipe sanawy kärhananyň dolandyryş birlikleri boýunça gullukçylaryň sanawyny öz içine alýar. Bu sanawda dolandyryş apparatynyň birliklerinden başga-da, işgär düzümindäki wezipeler, işgärleriň sanawy we sanalyp geçilen wezipeler boýunça aýlyk wezipe haklary görkezilýär. Işgärleriň sany işgär düzümindäki wezipeler boýunça işleýänleriň sanyny jemlemek ýoly bilen kesgitlenýär.

Wagt boýunça işleýän esasy işgärleriň wezipe sanawy kärhanada kabul edilen, tehnologik enjamlary dolandyrmagyň iş ýerleriniň ýerleşýän shemalary boýunça düzülýär. Esasy işgärleriň sany şular ýaly iş ýerleriniň sanyny enjamyň kabul edilen iş düzgünini goşmak ýoly bilen kesgitlenýär.

Wagt boýunça işleýän kömekçi işgärleriň wezipe sanawy esasy önümçilik prosesine hyzmat etmek wezipelerini (iş ýerlerini çig mal, materiallar, şaýlar, gurallar we abzallar bilen üpjün etmek, enjamlara tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak, önümçilik jaýlaryny abatlamak, howpsuzlygy üpjün etmek we beýlekiler) bellenen grafikleriň we hyzmat edýän zolaklaryň esasynda berkidýär. Hyzmat etmegiň her bir wezipesi boýunça wagt boýunça işleýän kömekçi işgärleriň wezipe borçlary bellenýär we işiň häsiýetini hem-de möçberini hasaba almak bilen, kömekçi işgärleriň zerur bolan sany kesgitlenýär.

4. Işgär sanyny iş ýerleri, iş öndürijiliginiň kadasy (ölçegi) we hyzmat etmegiň kadalary boýunça hasaplap çykarmak usuly kärhananyň ähli kategoriýalara degişli işgärleriniň sanyny kesgitlemek üçin peýdalanylyp bilner. Gullukçylar babatynda ol örän seýrek ulanylýar, bu dolandyryş işgärleriniň zähmetini kadalaşdyrmagyň usullarynyň taýýarlanyşynyň gowşakdygy sebäplidir. Adatça bu usul esasy we kömekçi işgärlere bolan islegi hasaplamak üçin wezipe sanawy boýunça işgär sanyny kesgitlemegiň usuly bilen bilelikde peýdalanylýar.

Iş ýerleri boýunça hasaplamak usuly olaryň işi bellibir iş ýerlerinde ýerine ýetirilýän we hyzmat etmegiň anyk obýekti (kranççy, ammarçy we ş.m.) bilen baglydygy sebäpli işleriň möçberi hem, hyzmat etmegiň kadalary hem bellenip bilinmeýän kömekçi işgärleriň toparynyň sany kesgitlenende ulanylýar. Şu ýagdaýlarda hasaplama şu formula boýunça geçirilýär:

$$L_{ki} = N_e \text{ x } h \text{ x } k_{ss},$$

bu ýerde $N_e$ – iş ýerleriniň sany; h – gije-gündizde çalşyklaryň sany; $k_{ss}$ – sanaw sanynyň koeffisiýenti (iş wagtynyň nominal gaznasyny iş wagtynyň meýilnama balansy boýunça iş günleriniň fiziki sanyna bölmekden alnan netije).

Gullukçylaryň sany bar bolan pudaklaýyn maglumatlaryň esasynda, olaryň bolmadyk wagtynda bolsa gönüden göni kärhanada işlenip taýýarlanan kadalar boýunça bellenýär.

Işgär sanynyň normatiwleri olaryň bellenen maksadyna baglylykda, diňe tutuş kärhana boýunça we ony dolandyrmagyň her bir wezipesi boýunça däl-de, eýsem işiň aýry-aýry görnüşleri we wezipeler boýunça işlenip taýýarlanmalydyr. Ýolbaşçylaryň sany kärhananyň ululygyna, onuň pudaklaýyn aýratynlyklaryna, dolandyryş kadalaryna we ş.m. baglydyr.

Iş öndürijiliginiň kadalary boýunça hasaplananda esasy işgärleriň sanyny önümçilik tabşyrygyndan we iş öndürijiliginiň kadalaryndan ugur almak bilen, şu formula boýunça kesgitleýärler:

$$L_{ei} = Q_{ýer} / (N_{ön} \times T_{net}),$$

bu ýerde $Q_{ýer}$ – kabul edilen ölçeg birliklerinde ýerine ýetirilen işleriň möçberi; $N_{ön}$ – iş wagtynyň birliginde iş öndürijiliginiň meýilnamalaýyn kadasy; $T_{net}$ – iş wagtynyň netijeli gaznasy.

Hyzmat etmegiň kadalary boýunça hasaplamak usuly işini kadalaşdyrmak kyn bolan esasy işgärleriň sanyny kesgitlemek üçin peýdalanylýar. Bu agregatlary, peçleri, apparatlary, maşynlary we beýleki enjamlary dolandyrýan we tehnologik prosesleriň barşyna gözegçilik edýän işçilere degişlidir. Işçileriň ortaça sanaw sany şu formula boýunça hasaplanýar:

$$L_i = n \times L_{iag} \times h \times (T_{mdgg} / T_{hgg}),$$

bu ýerde n – iş agregatlarynyň sany; $L_{iag}$ – çalşygyň dowamynda bir agregata hyzmat etmek üçin zerur bolan işçileriň sany; $T_{mdgg}$ – meýilnama döwründe agregatyň işlemeli güje-gündizleriniň sany; $T_{hgg}$ – işlenilýän gije-gündizleriň sany.

Kömekçi işgärleriň sany işleriň zähmet talap edijiligi, hyzmat ediş kadalary we iş ýerleri boýunça kesgitlenip bilner.

Möçberini wagt kadalary boýunça kesgitläp bolýan işlerde wagt boýunça işleýän kömekçi işçileriň sany wagt boýunça işleýän esasy işgärleriň sany ýaly, işleriň zähmet talap edijiligi boýunça hasaplanylýar. Tapawut diňe esasy işçileriň sany hasaplananda çykarylýan önümiň zähmet talap edijiliginden, kömekçi işçileriň sany kesgitlenende bolsa kömekçi işleriň zähmet talap edijiliginden ugur alynýandygyndan ybaratdyr.

Olar babatynda hyzmat etmegiň kadalary bar bolan işleri ýerine ýetirýän kömekçi işçileriň sany ($L_{ki}$) işleriň çalşyklylygyny we hyzmat etmegiň kadalaryny hasaba almak bilen, hyzmat edilýän obýektleriň umumy sanynyň esasynda, şu formula boýunça hasaplanýar:

$$L_{ki} = n \times h \times k_{ss} / N_{hyz},$$

bu ýerde n – hyzmat edilýän obýektleriň umumy sany; $N_{hyz}$ – hyzmat ediş kadasy, ýagny bir kömekçi işçi ýa-da olaryň topary tarapyndan hyzmat edilýän enjamlaryň, önümçilik meýdanlarynyň sany.

### Soraglar we ýumuş

1. *Esasy işgärleriň sany haýsy usullar bilen kesgitlenýär?*
2. *Kömekçi işgärleriň sany nähili kesgitlenýär?*
3. *Iş ýerleri boýunça işgär sanyny hasaplamagyň usulyna häsiýetnama beriň we ony senagat-önümçilik işgärleriniň haýsy topary babatynda ulanyp bolýandygyny düşündiriň.*
4. *Gullukçylaryň sany nähili kesgitlenýär?*

## 7.3. Kärhanada işgärleriň hereketi

Kärhananyň işgärleriniň sanaw sanynda işgärleri işe kabul etmek we çykarmak bilen bagly üýtgeşmeler yzygider bolup geçýär. Işgärleri dolandyryş nukdaýnazaryndan kärhananyň işiniň netijeliligine baha bermek zerurlygy olaryň işe gelýän çeşmelerine we olaryň işden çykyp gidýän ugurlaryna seljerme geçirmegi talap edýär.

Düzgün bolşy ýaly, gurama işgärleri işe çekmegiň aşakdaky çeşmelerini peýdalanyp biler:

– guramanyň öz içindäki çeşmeler;

– guramanyň işgärleriniň kömegi bilen tanyşlaryň we garyndaşlaryň arasyndan;

– özüni hödürleýän kandidaturalaryň arasyndan. Islendik gurama elektron poçta, poçta arkaly ýa-da dil üstünden iş gözleýän adamlardan teklipleri alýar. Häzirki pursatda olaryň tekliplerini kabul etmek zerurlygy ýok hem bolsa, gerek bolan halatynda peýdalanmak üçin bu kandidaturalar maglumatlar binýadyna goşulmalydyr;

– köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde – teleýaýlymda, radioda, metbugatda, ýörite neşirlerde, şol sanda olaryň elektron görnüşlerinde bildiriş bermek;

– degişli kär we hünär derejesi bolan hünärmenleri taýýarlaýan okuw mekdeplerine gidip görmek;

– potensial kandidaturalar boýunça özlerinde ýeterlik derejede giň maglumatlar binýady bolan işe ýerleşdirmek baradaky döwlet edaralary;

– işgärleri seçip almak boýunça hususy agentlikler.

Işgärleri seçip almagyň amatly usulynyň ýokdugy sebäpli, işgärleri dolandyryş bölüminde kandidatlary çekmek üçin tärleriň tutuş toplumy bolmalydyr we çözülýän anyk wezipä baglylykda mümkin bolan ähli usullardan peýdalanylmalydyr.

Guramanyň geljekki işgärlerini seçip almagyň algoritmi birnäçe yzygiderli tapgyrlardan ybarat bolup biler:

– ilkinji seçip alyş – boş duran wezipäni eýelemek üçin zerur bolan häsiýetnamalaryň iň pes derejesi bolmadyk kandidatlary dalaşgärleriň sanawyndan çykarmak. Häzirki wagtda anketa maglumatlaryny seljermek, test barlagyny geçirmek we hatda hat ýazyp bilşini seljermek ýaly usullar has giň ýaýrandyr;

– işgärleri dolandyryş bölüminiň işgäri bilen söhbetdeşlik;

– onuň öňki işlän ýerlerinden we ony tanaýan adamlardan kandidat barada maglumatlary almak;

– birligiň ýolbaşçysy bilen söhbetdeşlik;

– synag;

– işe kabul etmek barada çözgüt.

Işgärleriň işden çykyp gitmeginiň sebäpleriniň arasynda şu sebäpler görkezilýär: fiziologik häsiýetli sebäpler (ölüm, uzak wagtlap näsaglyk, pensiýa ýaşyna ýetmegi, saglyk ýagdaýy sebäpli şu kärhanada öz borçlaryny ýerine ýetirmegiň mümkin bolmazlygy); kanunçylykda göni göz öňünde tutulan sebäpler (işçi güýjüniň zerur bolan dolanyşygy) – gulluga çagyrylmak, önümçilikden aýrylmak şerti bilen okuwa girmek; işçi güýjüniň artykmaç dolanyşygy ýa-da işgärleriň geldi-geçerligi (öz islegiň boýunça işden çykmak, işe

çykmazlygy we düzgün-nyzamyň beýleki bozulmalary üçin, kazyýetiň çözgüdi boýunça we ş.m. üçin işden çykarmak).

Firmanyň işgärler gulluklarynyň işiniň hiline baha bermek üçin işgärleriň dolanyşygynyň intensiwligini häsiýetlendirýän görkezijiler ulgamy peýdalanylýar:

– kabul etmek boýunça dolanyşygyň intensiwliginiň koeffisiýenti – seljerilýän döwürde işe kabul edilen adamlaryň sanynyň ortaça sanaw sanyna bolan gatnaşygy;

– çykyp gitmek boýunça dolanyşygyň intensiwliginiň koeffisiýenti – seljerilýän döwürde işden çykyp giden adamlaryň sanynyň ortaça sanaw sanyna bolan gatnaşygy;

– işgärleriň geldi-geçerliginiň koeffisiýenti – işgärleriň geldi-geçerligine degişli sebäpler boýunça çykyp giden işgärleriň sanynyň şol döwürdäki işgärleriň ortaça sanaw sanyna bolan gatnaşygy. Işgärleri çalyşmak we olaryň durnuklylygy koeffisiýentleri hem peýdalanylýar.

Firmanyň işgärleri bilen alnyp barylýan işiň möhüm ugurlarynyň biri hem işgärleri okatmak we gaýtadan taýýarlamak (şol sanda kärhananyň özünde) bolup durýar. Bu önümçiligiň we tutuş firmanyň bäsdeşlige ukyplylygyny saklamak üçin zerur bolup, işgärleri okatmak we gaýtadan taýýarlamak zerurlygyny şertlendirýär. Kärhanada işleýän işgärler hemişe öwrenmek (okuw) prosesinde bolýarlar, sebäbi täze enjamlar peýda bolýar, täze tehnologik prossesler ulanylýar, dolandyryşy, önümçiligi we zähmeti guramagyň ýörelgeleri üýtgeýär, ozal bolmadyk täze wezipeler (mysal üçin, marketing) ýüze çykýar.

Soňky ýyllarda işgärler bilen iş alyp barmagyň täze görnüşleri peýda boldy. Gürrüň, birinji nobatda, işgärleriň lizingi barada gidýär. Işgärleriň lizingi (staff leasing) işgärleri daşyndan wagtlaýyn ýa-da möhletli çekmegiň bir görnüşi bolup durýar. Wagtlaýyn işgärleriň hyzmatlaryndan adatça şu ýagdaýlarda peýdalanýarlar:

– gyssagly işler döwründe we möwsümleýin işlerde;

– ýerini çalşyp bolmaýan hemişelik hünärmeniň işde bolmaýan wagtynda (rugsat, dekret we ş.m.);

– guramanyň esasy iş ugry bilen bagly bolmadyk ýörite işleri ýerine ýetirmek üçin;

– hemişelik işgär düzümine täze işgärleri girizmek mümkinçiligi ýok bolanda.

Köp ýurtlaryň kanunçylygynda [«lizing»] düşünjesiniň işgärlere degişli däldigi sebäpli, arassa hukuk babatynda degişli hyzmatlary etmek barada gürrüň edilip bilner.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Işgärleriň çekilýän ugurlaryny görkeziň.*
*2. Kandidatlary seçip almagyň esasy tapgyrlaryny görkeziň we mazmunyny açyp görkeziň.*
*3. Işgärleriň çykyp gitmeginiň haýsy ugurlaryny bilýärsiňiz?*
*4. Işgärleriň geldi-geçerligi, koeffisiýenti nähili hasaplanýar?*

## 7.4. Zähmet öndürijiligi: görkezijiler, ölçegler, ösüş ätiýaçlyklary

*Zähmet öndürijiligi* – kärhananyň işiniň möhüm görkezijileriniň biri bolup, ol adamlaryň önümçilik işiniň netijeliligini, peýdalylygyny häsiýetlendirýär. Iş wagtynyň birliginde öndürilen önümiň mukdary bilen kesgitlenilýän zähmet öndürijiligi zähmet serişdeleri-

niň peýdalanylyşynyň netijeliligine şaýatlyk edýär. Zähmet öndürijiligine tersine bolan görkeziji – zähmet talap edijiligi bilen, ýagny önümiň birligini öndürmek üçin sarp edilen iş wagty bilen hem baha berip bolar.

Zähmet öndürijiliginiň giňden ulanylýan we ählumumy görkezijisi işlenip çykarylan önüm bolup durýar, ol peýdalanylýan ölçeglere baglylykda, üç usul – natural, gymmat we zähmet usullary bilen hasaplanyp bilner.

Iş öndürijiligi iş wagtynyň birliginde öndürilen önümiň ýa-da onuň ortaça sanaw sanyndaky bir işgäre bir günde, aýda, çärýekde, ýylda düşýän mukdarydyr.

Iň ýönekeý we ygtybarly usul natural usuly bolup durýar, şu usul boýunça öndürilen önümiň möçberi natural görnüşde ölçenilýär.

Natural ölçegler (sanlar, tonnalar, metrler), düzgün bolşy ýaly, birmeňzeş önümler taýýarlanylanda peýdalanylýar, olar ýönekeý we aýdyňdyr. Emma olaryň ulanylýan ugurlary çäklidir, sebäbi olar kärhana tarapyndan önümleriň giň nomenklaturasy taýýarlanan ýagdaýynda dürli sarp ediş gymmatlyklaryň köplügini ölçemäge mümkinçilik bermeýär.

Gymmat usuly iş öndürijiligini gymmat manysynda öndürilen önümiň möçberiniň sarp edilen iş wagtyna bolan gatnaşygy hökmünde kesgitlenýändiginden ybaratdyr. Öndürilen önümiň möçberi hökmünde şu görkezijiler alnyp bilner: jemi, harytlyk, kadalaýyn, arassa we arassa önüm, şeýle hem jemi girdeji.

Ölçemegiň zähmet usuly çykarylan önümiň möçberine kadalaşdyrylan wagt birliklerinde – kadalaýyn sagatlarda baha bermäge esaslanýar. Bu usuly peýdalanmagyň zerur şertleri kadalaryň deň depginliligi, zähmete wagt boýunça hak tölenýän işlerde işleýän işçileri kadalaşdyrylmak bilen gurşap almak bolup durýar. Bu usulyň öz ýetmezçilikleri bardyr, Mysal üçin, kadalaýyn sagatlar peýdalanylanda zähmetiň çylşyrymlylygy we hili hasaba alynmaýar.

Şol bir wagtyň özünde iş ýüzünde dürli görnüşli hasaplamalarda, şol sanda zähmet öndürijiliginiň ýokarlanyşy hasaplananda zähmet talap edijiliginiň görkezijisi, ýagny natural görnüşde önümiň birligi üçin sarp edilýän iş wagtynyň görkezijisi giňden ulanylýar. Zähmetiň sarp edilişiniň gurşalyp alnyş derejesine baglylykda, zähmet talap edijiligi doly, tehnologik we önümçilik talap edijiligi bolup biler. Önümiň doly zähmet talap edijiligi boýunça ähli senagat-önümçilik işgärleriniň sarp eden zähmeti, önümçilik zähmet talap edijiligi boýunça esasy we kömekçi işçileriň sarp eden zähmeti, tehnologik zähmet talap edijiligi boýunça – diňe esasy önümçilik işçileriniň sarp eden zähmeti hasaba alynýar.

Degişlilikde, önümiň zähmet talap edijiligi kärhanalaryň işgärleriniň has jikme-jikleşdirilen kategoriýalarynyň ählisi boýunça we olaryň hünär toparlary boýunça kesgitlenip bilner.

Kadalaýyn, meýilnamalaýyn we hakyky zähmet talap edijiligi tapawutlandyrylýar. Kadalaýyn zähmet talap edijiligi tehniki wagt kadalarynyň, hyzmat etmek kadalarynyň, işgär sanynyň we ş.m. esasynda kesgitlenýär, meýilnamalaýyn zähmet talap edijiligi kadalaýyn zähmet talap edijiligi boýunça, ýöne meýilnamalaýyn döwürde göz öňünde tutulan, önümçiligiň netijeliligini we zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreleri hasaba almak bilen kesgitlenýär. Hakyky zähmet talap edijiligi wagtyň bellibir döwründe önümiň birligi üçin hakyky sarp edilýän zähmete şaýatlyk edýär we zähmet öndürijiliginiň görkezijisiniň aýdyň şöhlelenmesi bolup durýar.

Zähmet öndürijiligini yzygiderli ýokarlandyrmak we netijede, önümiň birligine düşýän harajatlary azaltmak wezipesi ätiýaçlyklaryň ähli görnüşlerini gözlemegi we olary geljekde peýdalanmagy talap edýär. Şu ýagdaýda mümkinçilikler diýip ösüş faktorlaryny has doly peýdalanmak we kärhanada dürli görnüşdäki ýitgileri aradan aýyrmak ýoly bilen öndürijiligi ýokarlandyrmak mümkinçiliklerine düşünilýär.

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak köp dürlüdir, olar dolandyryşyň ähli derejelerinde we önümçiligiň ähli bölümlerinde mümkindir. Ähli ätiýaçlyklar şunuň ýaly toparlanma bölünip bilner:

1. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak çeşmesi boýunça:
– önümçilik serişdeleriniň peýdalanylyşyny gowulandyrmak;
– işçi güýjüniň peýdalanylyşyny gowulandyrmak.
2. Ýüze çykyş we peýdalanyş derejesi boýunça:
– zawod;
– seh;
– brigada;
– iş ýerinde.
3. Funksional gelip çykyşy boýunça:
– esasy önümçilik;
– kömekçi önümçilik;
– dolandyryş.
4. Peýdalanmagyň mümkin bolan möhletleri boýunça:
– gündelik;
– geljegi bolan.

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak boýunça mümkinçilikleri ýüze çykarmak we durmuşa geçirmek meselesi tehniki we guramaçylyk faktorlary bilen bir hatarda zähmetiň durmuş jähtleri bilen – işgärleriň önümçilik işiniň durmuş-ykdysady we psiho-fiziologik şertlerini has doly hasaba almak bilen, ýakyndan baglanyşyklydyr. Olara şular degişlidir: zähmet we dynç alyş şertlerini gowulandyrmak, işgärleriň geldi-geçerligini azaltmak, iş wagtynyň önümçilik däl sarp edilmegini peseltmek, zähmet düzgün-nyzamynyň derejesini ýokarlandyrmak, işgärleriň başlangyjyny we döredijilik mümkinçiligini ösdürmek.

Zähmet öndürijiligini we tutuşlygyna alanyňda önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak zähmete höwes döretmek ýörelgeleriniň has doly hasaba alynmagyny talap edýär. Mälim bolşy ýaly, kärhananyň işgärleriniň zähmet çekmek höwesiniň esasy görnüşi zähmet haky bolup durýar.

### Soraglar we ýumuş

*1. «Zähmet öndürijiligi» düşünjesine kesgitleme beriň.*
*2. Zähmet öndürijiligi bilen önümiň zähmet talap edijiliginiň nähili gatnaşygy bar?*
*3. Zähmet talap edijiliginiň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?*
*4. Zähmet talap edijiligini peseltmegiň mümkinçilikleri nähili toparlanma bölünýär?*

## 7.5. Kärhanada zähmete hak tölemek

Her bir kärhana önümçilik prosesine işçi güýji serişdesini çekmek bilen, degişli harajatlary çekýär.

Kärhanalaryň işçi güýji üçin harajatlary – ýerine ýetirilen iş, işlenen wagt üçin pul we natural görnüşdäki hak-heşdekleriň jemidir; işgärleri ýaşaýyş jaý bilen üpjün etmek boýunça çykdajylar; durmuş taýdan goramak üçin çykdajylar, muňa býujetden daşary gaznalara geçirimler, meýletin pensiýa, saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy we ätiýaçlandyrmagyň beýleki görnüşleri üçin ätiýaçlandyryş gatançlary, şeýle hem sagaldyş çäreleri, medeni-durmuş taýdan hyzmat etmek bilen bagly çykdajylar; kär-hünär öwretmek üçin çykdajylar; iş sapary çykdajylaryny goşmak bilen, gaýry çykdajylar; hakyna tutma işçi güýjüni çekmek bilen baglanyşykly salgytlar.

Zähmet haky – bu zähmet üçin hak-heşdegiň görnüşidir. Kärhanalarda zähmete hak tölemegiň esasynda şu ýörelgeler goýlandyr (ol ýa-da beýleki modifikasiýalar bilen olar bazar ykdysadyýetli ýurtlaryň ählisinde hereket edýär):

– zähmetiň mukdaryna we hiline (kwalifikasiýa) baglylykda zähmete hak tölemek;

– uzak möhletli döwürde zähmet hakynyň artyşy bilen deňeşdirilende zähmet öndürijiliginiň öňegidişlikli ýokarlanmagy;

– işleýänleriň dürli kategoriýalary we toparlary üçin zähmet hakynyň möçberleriniň kärhanalaryň sebitleýin we pudaklaýyn degişliligine, zähmet şertlerine we ş.m. baglylykda differensirlenmegi;

– ýurtda hümmetsizlenme depginlerine laýyklykda zähmet hakynyň ýokarlanmagy;

– zähmet hakynyň kepillendirilmegi.

Zähmete hak tölemegiň potrat ýa-da wagt boýunça töleg ulgamyny saýlap almak önümçilikde zähmetiň haýsy ölçeginiň (önüm ýa-da wagt) saýlanyp alnandygyna bagly bolup durýar.

Zähmete potrat usulynda hak tölenilende zähmet haky taýýarlanan önümiň mukdaryna we işe bildirilýän hünär talaplaryna baglylykda bellenýär. Hak tölemegiň bu görnüşi tehnologik prosesleriň yzygiderli gaýtalanýan, amallary tehniki taýdan kadalaşdyryp bolýan, önümiň çykarylyşyny artdyrmagyň bolsa, esasan, işçä bagly bolup durýan ýerlerinde ulanylýar. Zähmet hakynyň wagt boýunça tölenýän mahalynda zähmet haky işlenen wagtyň mukdaryna hem-de tarif derejesine görä bellenen we iş öndürijiliginiň aýratyn kadasyny bellemegiň mümkin bolmadyk, şeýle hem işçiniň wezipeleriniň maşynlary sazlamakda we olara gözegçilik etmekde jemlenýän önümçiligiň awtomatlaşdyrylan uçastoklarynda, önümçilik bellenen depgini bolan konweýer usulynda guralanda peýdalanylýan hünär derejesine bagly bolýar. Göni özbaşdak potrat usulynda zähmete hak tölenende işçiniň iş haky öndürilen önümiň mukdary we onuň biriniň (birliginiň) bahasy bilen kesgitlenýär, şunda bahalar hemişelik bolmalydyr we iş öndürijiliginiň kadalarynyň ýerine ýetirilmegine bagly bolmaly däldir. Zähmet haky brigadalaýyn potrat usulynda tölenilende hak tölemek ýerine ýetirilen işiň mukdaryna we işiň birliginiň bahasyna baglylykda brigadanyň işiniň ahyrky netijeleri boýunça geçirilýär. Soňra zähmet haky brigadanyň agzalarynyň arasynda öňünden bellenen ýörelge boýunça (mysal üçin, hünär derejesine we işlenen wagta laýyklykda) paýlanýar. Zähmet hakynyň potrat-baýrak ulgamy göni potrat ulgamy bo-

lup, onuň üstüne bellibir önümçilik görkezijileriniň gazanylandygy üçin baýrak tölemek goşulýar. Zähmete hak tölemegiň potrat-progressiw ulgamynda iş öndürijiliginiň bellenilen çäklerinde önüm öndürilendigi üçin üýtgewsiz bahalar boýunça hak töleýärler. Kadadan ýokary öndürilen önüm üçin kadanyň artygy bilen ýerine ýetirilen derejesine baglylykda progressiw artýan – ýokarlandyrylan baha boýunça hak tölenýär. Zähmete hak tölemegiň gytaklaýyn-potrat usuly potratçylaryň iş öndürijiligine ep-esli täsir edýän kömekçi işçiler üçin käbir pudaklarda ulanylýar. Olaryň zähmet haky özleriniň hyzmat edýän esasy işçileriniň işiniň görkezijileri boýunça kesgitlenýär. Akkord ulgamy awariýa ýagdaýynda we gysga möhletlerde geçirilmeli bolan beýleki işleriň ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutýar. Şunda tabşyrykda göz öňünde tutulan ähli işleriň mukdary üçin zähmet hakynyň pul möçberi öňünden bellenýär.

Ýönekeý wagt boýunça hak tölenilende işçiniň zähmet haky onuň hakyky işlän wagtynyň we oňa berlen tarif stawkasynyň esasynda bellenilýär. Wagt boýunça baýrak ulgamy – ýönekeý wagt boýunça zähmet hakyny tölemegiň gazanylan netijeler üçin baýrak bermek bilen utgaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Wagt boýunça baýrak ulgamynyň bir görnüşi aýlyk zähmet haky (oklad) ulgamy bolup durýar, onda işçileriň zähmetine hak tölemek tarif möçberleri boýunça däl-de, aýlyk zähmet haklary boýunça geçirilýär.

Zähmete hak tölenilişini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek ulgamynyň esasy kanunçylykda bellenýän zähmet hakynyň iň pes möçberi (ZHPM) bolup durýar. Zähmet hakynyň iň pes möçberi işgäriň durmuş zerurlyklarynyň iň pes derejesini üpjün edýär diýlip hasaplanýar.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Kärhananyň işçi güýji üçin harajatlaryna näme girýändigini düşündiriň.*
*2. Zähmete hak tölemegiň esasy ýörelgelerini aýdyp beriň.*
*3. Senagatda zähmete hak tölemegiň haýsy görnüşleri we usullary ulanylýar?*
*4. Döwlet zähmete hak tölenişini nähili düzgünleşdirýär?*

# VIII BAP. ÖNÜMÇILIGIŇ ÝÖRITELEŞMEGI WE KOOPERASIÝASY

## 8.1. Önümçiligiň ýöriteleşmegi

Häzirki zaman senagatynda uniwersal we ýöriteleşdirilen kärhanalar bardyr.

Köp ugurly kärhanalar üçin her bir iş ýerinde, düzgün bolşy ýaly, gaýtalanmaýan şaýlary we ýygnalýan birlikleri taýýarlamak häsiýetlidir. Şunuň ýaly kärhana giň görnüşli (nomenklaturaly) taýýar önümleriň aýratyn birnäçe nusgasyny çykarýar. Köp ugurly önümçilikleriň bolmagy bellibir şertlerde obýektiw ykdysady zerurlyk bolup durýar – ol ýa-da beýleki önüme islegiň ýokary bolmazlygy ýa-da jemgyýetçilik zähmet bölünişiniň

ösüş derejesiniň pes bolmagy muňa sebäp bolup biler. Önümçilik we şahsy sarp edişiň ýokarlanmagynyň önümçiligiň iri tapgyrlaýyn we köpçülikleýin önümçilige geçmek mümkinçiligini üpjün edýän möçberlere ýetmegi bilen köp ugurly kärhana zerur bolmagyny bes edýär.

Önümçiligiň ýöriteleşmegi ýokary öndürijilikli tehnikany, önümçilikde öňdebaryjy tehnologiýalary we guramaçylygy ulanmagyň ykdysady taýdan maksada laýyk bolýan mahalynda ösýär. Diýmek, ýöriteleşme önümçiligiň degerli möçberlerinde önümçilik umumylygynyň ýokary derejesine eýe bolan önümleriň önümçiliginiň jemlenmegi (konsentrasiýa) bilen şertlendirilendir.

Ýöriteleşen önümçilik diýip tehnologik ýa-da önümçilik babatynda meňzeş bolan, ýol berilýän iň pes derejeden ýokary bolan kuwwatlyga ýeten önümçilige düşünilýär. Önümçiligiň ýöriteleşmeginiň netijeliligi şu faktorlaryň hasabyna emele gelýär:

– zähmet öndürijiliginiň has ýokary bolmagy (zähmet talap edijiliginiň peselmegi);

– önümçilik prosesini anyk iş ýerlerine berkidilen birnäçe aýry-aýry amallara bölmegiň hasabyna. Amallaryň sanyny çäklendirmek önümçilik enjamyny, ýörite guraly we abzaly peýdalanmaga mümkinçilik berýär;

– bar bolan enjamy has doly peýdalanmak, sebäbi tehnologiýa we konstruktiw taýdan birmeňzeş önümiň öndürilmegi onuň ýygy-ýygydan we uzak wagtlap gaýtadan sazlanmagyny talap etmeýär;

– şol bir wagtda dolandyryş işgärlerini kemeltmek bilen, kärhananyň gurluşyny ýönekeýleşdirmek. Çykarylýan önümiň nomenklaturasy näçe az bolsa, kärhananyň gurluş birlikleriniň sany hem şol derejede az bolýar;

– tehniki derejäni ýokarlandyrmak. Düzgün bolşy ýaly, köpçülikleýin önüm öndürilýän kärhanalarda (mysal üçin, maşyn gurluşykda) awtomatlaşdyrylan önümçilikleriň, awtomatlaryň, ýarym awtomatlaryň tutýan orny tapgyrlaýyn we aýratyn önüm öndürýän zawodlardaka garanyňda üç essä golaý az bolýar. Tersine, çeýe awtomatlaşdyrylan enjamlar (ulgamlar, ýaçeýkalar, işläp bejerýän merkezler), olary täze önüm taýýarlamak üçin gaýtadan sazlamagyň ýeňildigi sebäpli, tapgyrlaýyn we hatda aýratyn önümçiliklerde ulanylsa gowy bolar.

Önümçiligiň ýöriteleşdirilmegi şu görnüşlerde amala aşyrylýar: predmetleýin, bölek boýunça, tehnologik we funksional ýöriteleşmeler.

1. Predmetleýin ýöriteleşme ahyrky önümiň aýry-aýry görnüşleriniň önümçiliginiň ýöriteleşdirilen kärhanalarda ýa-da olaryň gurluş birliklerinde jemlenmeginde ýüze çykýar. Mysal üçin, kärhanalar uçarlary, awtomobilleri, traktorlary, metal işläp bejerýän stanoklary we ş.m. öndürmekde ýöriteleşýärler.

2. Bölekler boýunça ýöriteleşme, onda kärhana we olaryň birlikleri önümiň böleklerini we şaýlary taýýarlamakda ýöriteleşýärler. Mysal üçin, awtomobil gurluşygynda aýry-aýry kärhanalar ugruna laýyk önüm hökmünde awtomobiliň böleklerini (amortizatorlary, karbýuratorlary we ş.m.) çykarýarlar.

3. Tehnologik (tapgyrlaýyn) ýöriteleşme, onda kärhanalar tehnologik prosesiň bellibir tapgyrlaryny amala aşyrýarlar. Dokma senagatynda bu dokma kärhanalary üçin ýüplükleri öndürýän egirme-dokma fabrikleri, maşyn gurluşykda metal guýulýan kärhanalar, demirçilik-pres kärhanalary we ş.m. bolup durýar.

4. Funksional ýöriteleşme ýa-da kömekçi önümçilikleriň ýöriteleşmegi – kärhana ýa-da onuň gurluş birligi bellibir wezipeleri durmuşa geçirmekde ýöriteleşýärler, mysal üçin, abatlaýyş kärhanalary, ulag hyzmatlaryny edýän kärhanalar we beýlekiler.

Kärhananyň ýöriteleşme derejesiniň esasy görkezijisi kärhananyň esasy ugruna laýyk gelýän önümiň çykarylýan önümiň umumy möçberindäki tutýan orny bolup durýar. Önümçilik ugry diýip kärhananyň önümleriň bellibir nomenklaturasyny durnukly öndürmäge uýgunlaşmagyna düşünilýär.

Ýöriteleşdirilen kärhananyň köp artykmaçlyklary (öňdebaryjy tehnikany we tehnologiýany peýdalanmak, önümçilik siklini gysgaltmak, önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, işgärleriň hünär derejesiniň ýokarlanmagy, standartlaşdyrmagyň we bir ölçege getirmegiň ösmegi, çykarylýan önümiň hiliniň ýokarlanmagy we diýmek, kärhanalaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň güýçlenmegi) bar hem bolsa, ol bazar ýagdaýyna örän bagly bolýar. Ýokary derejede ýöriteleşdirilen kärhana tarapyndan çykarylýan önüme bolan isleg üýtgän ýagdaýynda onuň durnuklylygy ýöriteleşme derejesi pes bolan kärhana garanyňda pes bolýar. Öndürijileriň islegiň üýtgäp durmalaryndan we bahalaryň gaçmagyndan ýitgi çekmek töwekgelçiligini peseltmäge bolan isleg önümçiligiň diwersifikasiýa edilmegine getirýär, şunda kärhananyň önümçilikleri, düzgün bolşy ýaly, tehnologik we konstruktiw taýdan meňzeş önümi ýa-da umumy sarp edijisi bolan önümi çykarmaga geçýärler.

Beýleki tarapdan, senagat kärhanalarynyň ösüşiniň düýp manysy häzirki zaman şertlerinde kärhananyň menejmentine öz tagallalaryny ýokary peýdany üpjün edýän önümde jemlemäge mümkinçilik bermek maksady bilen, kärhanany ugruna laýyk gelmeýän aktiwlerden boşatmak prosesi giň ösüşe eýe bolýar.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Ýöriteleşdirilen we uniwersal kärhanalaryň arasyndaky tapawudy görkeziň.*
*2. Haýsy önümçiligi ýöriteleşdirilen önümçilik diýip hasap edip bolar?*
*3. Ýöriteleşmegiň esasy görnüşlerini we olaryň aýratynlyklaryny aýdyp beriň.*
*4. Ýöriteleşmegiň derejesine baha bermegiň haýsy görkezijilerini bilýärsiňiz?*
*5. «Kärhananyň önümçilik ugry» näme?*

## 8.2. Önümçilik kooperasiýasy

Senagatda kooperasiýa ýöriteleşdirilen, biri-biri babatynda özbaşdak bolan kärhanalaryň, pudaklaryň arasynda bilelikde önüm taýýarlamak boýunça uzak wagtlyk göni önümçilik aragatnaşyklaryny ýola goýmakdan ybaradyr.

Şulara esaslanýan aragatnaşyklar tapawutlandyrylmalydyr:

– önümçiligiň kooperirlenmegine;

– kärhanalaryň maddy-tehniki üpjünçiligine (lomaý önüm ibermeler).

Kooperirlenme obýektleri, mysal üçin, maşyn gurluşykda (taslanan önümler, bölekler, agregatlar) pudagara häsiýetde bolup we standartlaşdyrmagyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýan hem bolsalar, bellibir anyk sarp ediji ýa-da olaryň köp bolmadyk möçberi üçin taýýarlanýar. Olar adatça maksatlaýyn ugry bolan maşynlaryň, apparatlaryň dar to-

paryny ýa-da bir görnüşli enjamy, ýa-da bir görnüşli ölçegi bolan enjamy öndürmek üçin peýdalanylýar.

Maddy-tehniki üpjünçilik (guýlan çoýun, guýma polat, list görnüşli ýa-da sortly sozulan metal (prokat), agaç materiallary, ýangyç, çalgy materiallary we ş.m.) inçe ugurly bolmaýarlar. Olar sarp edijileriň giň topary üçin niýetlenýär. Şol bir materiallar dürli önümleri taýýarlamak üçin peýdalanylyp bilner.

Senagatda ýöriteleşmegiň görnüşlerine laýyklykda senagat kooperasiýasynyň üç görnüşi görkezilýär:

1. Predmetleýin ýa-da agregatlaýyn kooperasiýa – birnäçe kärhanalar tarapyndan baş kärhana dürli toplaýyş önümleriniň iberilmeginden ybaratdyr.

2. Bölekler boýunça kooperasiýa – ýöriteleşdirilen kärhanalaryň birnäçesi tarapyndan ahyrky önümi öndürmek üçin baş kärhana bölekleriň we şaýlaryň iberilmegi.

3. Tehnologik ýa-da tapgyrlaýyn kooperasiýa – ýöriteleşdirilen kärhanalar tarapyndan baş kärhana ýarym taýýar önümleri ibermek ýa-da aýry-aýry tehnologik amallary ýerine ýetirmek.

Kooperirlenme derejesiniň esasy görkezijisi kooperasiýa tertibinde beýleki kärhanalardan alynýan ýarym taýýar önümleriň, taslanan önümleriň, şaýlaryň, bölekleriň gymmatynyň kärhananyň önümleriniň umumy gymmatynda tutýan orny bolup durýar. Şeýle hem ýöriteleşdirilen kärhanalar tarapyndan edilýän hyzmatlaryň gymmatynyň kärhananyň önümleriniň umumy özüne düşýän gymmatyndaky tutýan orny hasaplanýar. Kooperirlenme derejesiniň gytaklaýyn görkezijisi baş kärhananyň kooperirlenýän kärhanalarynyň sany bolup durýar.

Kooperirlenme prosesine gatnaşýan kärhanalaryň pudaklaýyn degişliligi we çäkler boýunça ýerleşişi nukdaýnazaryndan kärhanalaryň arasyndaky aragatnaşyklaryň şu görnüşleri tapawutlandyrylýar:

– sebit içi aragatnaşyklar – bir etrapda ýerleşýän kärhanalaryň kooperasiýasy;

– sebitara aragatnaşyklar – ýurduň dürli sebitlerinde, ýurtda we onuň daşynda ýerleşýän kärhanalaryň kooperasiýasy;

– pudagiçi aragatnaşyklar – bir pudaga degişli kärhanalaryň kooperasiýasy;

– pudagara aragatnaşyklar – dürli pudaklaryň kärhanalarynyň kooperasiýasy.

Pudagiçi we pudagara aragatnaşyklar sebit içi hem-de sebitara aragatnaşyklar bolup bilerler.

Öz gezeginde ösen bazar infrastrukturalarynyň bolmazlygy ýarym taýýar önümleri we toplaýş önümlerini öndürijiler üçin öz önümlerini ýerleşdirmäge päsgelçilik bolup durdy. Senagat kärhanalary bozulan aragatnaşygy dikeltmek we täze önümçilik aragatnaşyklaryny döretmek zerurlygyna gabat geldiler. Önümçilik ulgamynyň çökgünlikden çykmagy önümçiligiň durnuklaşmagy we soňundan ösüp başlamagy hil taýdan täze derejede kooperirlenmegiň ýokary depginler bilen ösmegine getirdi, bu aýratyn hem aýry-aýry şaýlary we bölekleri öndürmekde ýöriteleşýän, şeýle hem iri kärhanalaryň aýratyn sargytlaryny ýerine ýetirýän kiçi we orta kärhanalaryň çalt ösmeginiň hasabyna bolup geçýär. Şunuň ýaly kärhanalar kooperasiýa ýörelgelerine esaslanýan iri senagat kärhanalary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmaga has ýokary derejede gyzyklanýarlar.

**Soraglar we ýumuş**

*1. Kärhanalaryň kooperasiýasy nämäni aňladýar, ol maddy-tehniki üpjünçilikden nähili tapawutlanýar?*
*2. Kooperasiýanyň haýsy görnüşlerini aýdyp bilersiňiz?*
*3. Kärhanalaryň kooperirlenme derejesine nähili baha berip bolar?*
*4. Kooperirlenen aragatnaşyklaryň görnüşlerini aýdyp beriň.*

# IX BAP. KÄRHANADA ÖNÜMIŇ HILINI WE BÄSDEŞLIGE UKYPLYLYGYNY ÜPJÜN ETMEK

## 9.1. Önümiň hili we bäsdeşlige ukyplylygy: düşünje, görkezijiler, baha beriş usullary

Önümiň hili diýip şu önümi sarp etmegiň kesgitli bellenen şertlerinde onuň niýetlenen maksadyna laýyklykda bellibir islegleri kanagatlandyrmaga ýaramlylyk derejesini şertlendirýän sarp ediş häsiýetleriniň bitewi jemine düşünilýär.

Önüm öndürilende, synag edilende, sertifikatlaşdyrylanda, satyn alnanda we sarp edilende (ulanylanda) önümiň hiline baha bermek hil görkezijileri ulgamynyň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar.

Önümiň hil görkezijisi – ony döretmegiň we ulanmagyň bellibir şertlerine degişlilikde önümiň bir ýa-da birnäçe häsiýetlerini mukdar taýdan aňlatmakdyr.

Hil görkezijileri aýratyn, toplumlaýyn (toparlaýyn) we integral görkezijilere bölünýär.

Aýratyn hil görkezijileri önümiň häsiýetleriniň birini häsiýetlendirýär we baha berilýän önüm bilen binýatlyk nusgalygyň parametr ululyklarynyň gatnaşygy hökmünde kesgitlenilýär.

Toplumlaýyn hil görkezijileri önümiň birnäçe häsiýetleriniň jemini häsiýetlendirýär we aýratyn görkezijileriň esasynda ortaça ölçenen jemi parametriki indeks hökmünde hasaplanylýar.

Integral hil görkezijisi önümi ulanmakdan ýa-da sarp etmekden alnan jemi peýdaly netijäni häsiýetlendirýär we peýdaly netijäniň önümi satyn almak hem-de peýdalanmak üçin jemi harajatlara bolan gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär.

*6-njy tablisada* mysal hökmünde elektrohereketlendirijiniň hiliniň aýratyn görkezijileri getirilýär.

Önümiň hiliniň ähli aýratyn görkezijilerini iki topara bölüp bolar: ulanyş görkezijileri (tehniki dereje görkezijileri), önümçilik-tehnologik görkezijileri (tehnologiýa görkezijileri)

Ulanyş görkezijilerine şular degişlidir:

– bellenilen maksatly görkezijiler – önümiň olary ýerine ýetirmek üçin niýetlenen esasy wezipelerini kesgitleýän we onuň ulanylmaly ugruny şertlendirýän häsiýetlerini häsiýetlendirýär;

– ygtybarlylyk görkezijileri – önümiň bellenilen wagt aralygynda we bellenilen çäklerde onuň esasy wezipelerini ýerine ýetirmek ukybyny üpjün edýän ähli parametrleriniň ähmiýetini saklap galmak häsiýetlerini häsiýetlendirýär. Ygtybarlylyga howpsuzlyk, berklik, abatlap bolýandygy, saklap bolujylygy görkezijileri bilen baha berilýär;

– ergonomiki görkezijiler – «adam – önüm – gurşaw» ulgamyny häsiýetlendirýär we adamyň önümçilik we durmuş şertlerinde önüm bilen özara hereketinde gigiýeniki, antropometrik, fiziologik, psihologik häsiýetleriniň toplumyny göz öňünde tutýar;

– estetiki görkezijiler – kompozisiýanyň bitewiligine, maglumat taýdan täsirliligine, görnüşiniň oýlanyşyklylygyna, reňk taýdan ýerine ýetirilişine we ş.m. baha berýär;

– daşap bolujylyk görkezijileri– önümiň ulanylmaýan we sarp edilmeýän mahalynda onuň giňişlikde ondan-oňa geçirilmäge (daşalmaga) ýaramlylygyny kesgitleýär;

*6-njy tablisa*

**Elektrohereketlendirijiniň hiliniň aýratyn görkezijileri**

| **Ulanyş görkezijileri (tehniki dereje görkezijileri)** | | **Önümçilik-tehnologik görkezijileri (tehnologiýa görkezijileri)** |
|---|---|---|
| Bellenilen maksadynyň görkezijileri | Iş sikliniň uzaklygy | Zähmet talap edijiligi |
| | Sarp ediş kuwwaty | Material talap edijiligi |
| | Peýdaly hereket täsiri | Energiýa talap edijiligi |
| | Gaýry bellenilen maksat görkezijileri | Bir ölçege getirmek we standartlaşdyrmak |
| Ygtybarlylyk görkezijileri | Bökdençsiz işlemek | Bloklaýynlyk (ýygnamak) |
| | Berkligi | Gaýry tehnologiýa görkezijileri |
| | Abatlap bolýandygy | |
| | Saklap bolujylygy | |
| | Ergonomiki görkezijiler | |
| | Estetiki görkezijiler | |
| | Daşap bolujylyk görkezijileri | |
| | Howpsuzlyk görkezijileri | |
| | Ekologiýa görkezijileri | |
| | Ygtyýarnama-hukuk görkezijileri | |

– howpsuzlyk görkezijileri – önümiň ulanylýan ýa-da sarp edilýän mahalynda onuň adamyň howpsuzlygyny üpjün edýän häsiýetlerini häsiýetlendirýär;

– ekologiýa görkezijileri – önümiň ulanylýan ýa-da sarp edilýän mahalynda ýüze çykýan, daşky gurşawa edýän ýaramaz täsirleriniň derejesini kesgitleýän aýratynlyklaryny häsiýetlendirýär (daşky gurşawa taşlanýan zyýanly garyndylaryň düzümi, zyýanly taşlandylaryň bolmak ähtimallygy we ş.m.);

– ygtyýarnama-hukuk görkezijileri – ygtyýarnama goragyny we ygtyýarnama arassalygyny häsiýetlendirýär. Olaryň birinjisi önümiň eksport edilmegi ýa-da satylmagy göz öňünde tutulýan ýurtlarda ýurtdaky oýlap tapyşlar üçin berlen ygtyýarnamalaryň awtorlyk şahadatnamalary we ygtyýarnamalary bilen goraglylyk derejesini kesgitleýär, ikinjisi bolsa öz çäklerinde hereket edýän, aýratyn hukuklary goraýan resminamalary bozmak howpy bolmazdan, önümiň şu ýurtda erkin peýdalanmak mümkinçiligini tassyklaýan häsiýetlerine baha berýär.

Önümçilik-tehnologik görkezijiler (tehnologiýa görkezijileri) şulary häsiýetlendirýär:

– zähmet talap edijiligi – bir önümi taýýarlamak (işiň, hyzmatlaryň birligini ýerine ýetirmek) üçin sarp edilen zähmetiň möçberi;

– energiýa talap edijiligi – bir önümi taýýarlamak üçin sarp edilen energiýa;

– bir ölçege getirmek we standartlaşdyrmak – önümde standartlaşdyrylan we bir ölçege getirilen şaýlaryň we bölekleriň näderejede bardygy, şeýle hem meňzeş önümler bilen deňeşdirilende bir ölçege getirme derejesi;

– bloklaýynlyk (ýygnamak) – önümiň düzüm böleginiň umumy möçberinde ýöriteleşdirilen düzüm bölekleriniň paýy. Önümiň bloklaýynlygy ony gurnamagyň ýönekeýligine şaýatlyk edýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde sarp edijini diňe bir önümiň hili däl, eýsem oňa şu önüm bilen bagly ýokary hilli goşmaça hyzmatlaryň edilişi hem gyzyklandyrýar. Şu ýagdaýda sarp ediji üçin hil şu görnüşde kesgitlenip bilner:

$$Q_{ö} = f\,(Q_{öh}\ Q_{uhh};\ Q_{s}),$$

bu ýerde $Q_{öh}$ – önümiň hili; $Q_{uhh}$ – ugurdaş harytlaryň we hyzmatlaryň hili; $Q_{s}$ – hyzmatyň hili.

Önümiň bäsdeşlige ukyplylygy diýip bazaryň bellibir şertlerinde, bellibir döwürde şu önümiň hili we ony satyn almak hem-de ulanmak (ýa-da sarp etmek) üçin harajat görkezijileri boýunça onuň anyk sarp edijiniň talaplaryny kanagatlandyrmak ukybyna düşünilýär.

Sarp edijiniň şu önümi satyn almak we ulanmak (ýa-da sarp etmek) üçin harajatlary onuň sarp ediş bahasy hökmünde kesgitlenýär.

Harydyň bäsdeşlige ukyplylygy önümiň bäsdeşlige ukyplylygyna garanyňda has giň düşünje bolup durýar, sebäbi ol harydyň bazarda ýerlenýän şertlerini (mysal üçin, şertnamalaryň täjirçilik şertleri, serwis hyzmatynyň derejesi we ş.m.) häsiýetlendirýän görkezijileri hem öz içine alýar.

Bazar ykdysadyýetinde öndüriji kärhanalar tarapyndan önümiň hilini üpjün etmek onuň bäsdeşlige ukyplylygynyň möhüm elementi bolup durýar. Ösen ýurtlaryň tejribesi 1960-njy ýyllaryň ortasyndan başlap bäsdeşikli göreşde agram merkeziniň önümiň ýokary hiline tarap üýtgändigini görkezýär, önümiň bäsdeşlige ukyplylygy 70-80% derejede hile baglydyr. Şonuň üçin hem bäsdeşikli göreşiň usullarynyň arasynda baha däl usullar ag-

dyklyk edýär, ýagny önümiň hilini, onuň ýerleniş şertlerini gowulandyrmaga hem-de satyn alyjylaryň aýratyn talaplaryny üpjün etmäge we degişlilikde, ony ulanmagyň netijeliligine esasy üns berilýär.

Önümiň bäsdeşlige ukyplylygyna baha bermek *20-nji suratda* görkezilen yzygiderlilikde geçirilýär. Önümiň bäsdeşlige ukyplylygyna baha bermekde kadalaýyn parametrlere we şertlere seljerme geçirmäge ep-esli rol berilýär, şol seljermäniň çäklerinde anyk bazarda harydy satmagyň ýörelgeleýin mümkinçilikleri kesgitlenmelidir.

Bäsdeşlige ukyplylygyň kadalaýyn parametrlerine we şertlerine önümiň hiliniň patent-hukuk görkezijilerini, şeýle hem söwdada tarif däl çäklendirmeleri (embargo, ygtyýarlandyrma, önüm üçin sertifikatyň bolmagy, belgilemäge we gaplamaga bildirilýän ýörite talaplar we beýlekiler) degişli edilmelidir.




**20-nji surat.** ***Önümiň bäsdeşlige ukyplylygyna baha bermegiň şekili***

Önümiň hiline hem-de onuň tehniki derejesine seredilýän önümiň aýratyn we toparlaýyn görkezijilerini binýatlyk nusganyň degişli görkezijileri bilen deňeşdirmek arkaly baha berlip bilner.

Önümiň bäsdeşlige ukyplylygynyň integral görkezijisini kesgitlemegiň esasynda hil görkezijileri boýunça tehniki derejäniň jemi indeks parametri hökmünde hasaplanan jemi peýdaly netijäniň we önümi satmak, peýdalanmak (sarp etmek) üçin sarp ediş bahasy boýunça jemi indeks parametri hökmünde hasaplanan doly harajatlaryň gatnaşygy ýatýar.

Önümiň bäsdeşlige ukyplylygynyň integral görkezijisini hasaplamagyň we ykdysady görkezijileri seljermegiň esasynda önümiň bäsdeşlige ukyplylygy barada netije çykarylýar. Oňyn baha bolan ýagdaýynda (baha berilýän önümiň görkezijileri binýatlyk nusgalygyň görkezijisinden ýokary bolanda) kärhana  taslamak, işläp taýýarlamak, öndürmek, bazara çykmak we ş.m. barada çözgüt kabul edýär. Ýaramaz baha bolanda önümiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak boýunça goşmaça tehniki-ykdysady çäreler işlenip taýýarlanylýar.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *«Önümiň bäsdeşlige ukyplylygy» düşünjesine kesgitleme beriň.*
2. *Önümiň hiline kesgitleme beriň, önümiň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmekde ol nähili rol oýnaýar?*
3. *Hil görkezijileriniň esasy toparlaryny aýdyp beriň.*
4. *Aýratyn hil görkezijilerini aýdyp beriň we olaryň mazmunyna kesgitleme beriň.*
5. *Önümiň bäsdeşlige ukyplylygyna nähili baha bermeli?*

## 9.2. Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygy

Önümiň we harydyň bäsdeşlige ukyplylygy düşünjesi bilen kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygy kategoriýasy ýakyn baglanyşyklydyr. Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygy daşky gurşawyň üýtgeýän şertlerinde onuň kärhananyň işine gözegçilik edýän toparyň (adamlaryň, guramalaryň) bähbidine laýyk gelýän orny üpjün etmek we goýlan maksatlara ýetmäge ýardam bermek ukybyny aňladýar.

Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyny emele getirmegiň esasy şular bolup durýar:

– harytlar bazarynda bäsdeşlige ukyplylyk, ýagny sarp edijiler (müşderiler) üçin kabul ederlikli hili bolan we kabul ederlikli bahalardan harytlary öndürmek ýa-da hyzmat etmek ukyby;

– zähmet bazarynda bäsdeşlige ukyplylyk – zerur hünär derejesi bolan işgärleri çekmek we saklamak ukyby;

– maýa bazarynda bäsdeşlige ukyplylyk – maýa bazarlarynda zerur bolan maliýe serişdelerini çekmek ukyby;

Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygy onuň hereket edýän daşky we içki gurşawynyň faktorlarynyň toplumynyň hereketi bilen kesgitlenilýär.

Daşky gurşawyň faktorlaryna birikdirilen görnüşe şular degişli edilip bilner:

– pudagyň bäsdeşlige ukyplylygy, sebitiň bäsdeşlige ukyplylygy, kärhananyň ýerleşýän ýurdunyň bäsdeşlige ukyplylygy (milli bäsdeşlige ukyplylyk);

– materiallaryň, maliýe we maglumat serişdeleriniň gelýän akymlaryny guramak;

– bäsdeşikli bazaryň şertleri: ýagdaýy, gurluşy we sygymy, haryt teklibiniň şertleri, sarp edijiniň önüme bildirýän talaplary we ş.m.

Pudagyň bäsdeşlige ukyplylygy diýip kärhanalaryň ýurduň içki we daşky bazarlarynda bäsdeşlige jemi taýýarlyk derejesine düşünilýär; ol ýurduň ykdysady ösüşini we dünýä ykdysadyýetiniň ösüşini çaklamagyň dürli görnüşlerinde pudagyň bazardaky potensial paýynyň ululygy bilen kesgitlenýär.

Sebitiň bäsdeşlige ukyplylygyna sebitleriň dolandyryş edaralarynyň sebitiň ilatynyň, öz çäginde ýerleşen kärhanalaryň we guramalaryň barha artýan isleglerini has doly kanagatlandyrmak maksady bilen, çägiň (sebitiň) ykdysady mümkinçiligini oýlanyşykly peýdalanmak üçin şertleri döretmek ukyby bilen baha berilýär.

Ýurduň bäsdeşlige ukyplylygyna (milli bäsdeşlige ukyplylyga) hem şunuň ýaly görnüşde baha berip bolar.

Içki gurşaw faktorlaryna kärhananyň ykdysady mümkinçiliginiň elementleri degişlidir, olar binýatlyk serişdeleriň möçberine we hiline hem-de olary netijeli peýdalanmak mümkinçiligine baglydyr.

Haryt bazarynda kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygy onuň abraýynyň, ýagny satyn alyjylaryň (sarp edijileriň) kärhana baradaky pikirleriniň netijesinde ýüze çykýar. Ol kärhananyň öndüriji we ahyrky önüm hem-de islendik tapgyrdaky aralyk önüm bilen üpjün ediji hökmündäki işewürlik abraýyna esaslanýar. Degişlilikde, kärhananyň at-abraýy harytlary ýerlemegiň barşynda olaryň bäsdeşlige ukyplylygyna täsir edýär.

Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyna baha bermek onuň bäsdeşlik mümkinçiligini seljermegiň, bençmarkingiň (daýanç nokadynyň) usullaryny peýdalanmagyň we kärhananyň hil boýunça baýraklar modelleriniň ölçeglerine laýyk gelşine baha bermegiň esasynda geçirilip bilner.

1. Kärhananyň bäsdeşlik mümkinçiligine baha bermegiň görkezijileri şu toparlara jemlenip biler:

– emläk ýagdaýy;

– tölege ukyplylyk we maliýe taýdan durnuklylyk;

– işewürlik işjeňligi;

– önümçilik işiniň netijeliligi;

– harydy ýerlemegi we öňe sürmegi guramagyň netijeliligi;

– önümiň bäsdeşlige ukyplylygy.

Jemläp alanyňda, bu görkezijiler kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyna baha bermek üçin seljeriş binýadynyň ulgamyny emele getirýär. Soňra hasaplanan görkezijiler bäsdeş kärhanalaryň görkezijileri, pudak boýunça ortaça görkezijiler, baha berilýän kärhananyň geçen ýyllardaky görkezijileri ýa-da kärhananyň bäsdeşlige ukyplylyk modeliniň etalon (ideal) modelini häsiýetlendirýän kadalaýyn görkezijiler bilen deňeşdirilmelidir.

Bäsdeşlige ukyplylyga kärhananyň bäsdeşlige ukyplylyk mümkinçiligini seljermegiň esasynda berilýän bahanyň üsti kärhananyň daşky gurşaw faktorlaryna geçirilen marketing barlaglar bilen ýetirilmelidir.

2. Bençmarking (benchmarking – daýanç nokady) – baha berilýän kärhananyň işini üstünlikli işleýän kärhananyň işi bilen deňeşdirmek prosesidir. Şunuň esasynda ony ösdürmegiň we kämilleşdirmegiň ugurlary kesgitlenilýär. Bençmarking barlaglarynyň obýekti diňe bir tutuş kärhana bolman, eýsem aýry-aýry kiçi ulgamlar, bu kiçi ulgamlary kesgitleýän prosesler hem seljerilip bilner.

Iş ýüzünde içki, daşky we funksional bençmarking has giň ýaýrandyr.

Içki bençmarking iri kompaniýalar tarapyndan golçur firmalaryň ýa-da bölümleriň işini deňeşdirmek ýoly bilen bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmagyň mümkinçiliklerini ýüze çykarmak üçin peýdalanylýar.

Daşky bençmarkingde kärhana, düzgün bolşy ýaly, bir pudagyň çäklerinde öňdebaryjy firmalar bilen deňeşdirilýär.

Funksional bençmarkingiň barşynda kompaniýanyň bir ýa-da birnäçe wezipeleri (marketing, önümçilik, ýerlemek we ş.m.) şu ulgamda öňde barýan kompaniýanyň şunuň ýaly wezipeleri bilen deňeşdirilýär.

3. Kärhananyň hil boýunça baýraklar modelleriniň ölçeglerine laýyk gelşine baha bermegi onuň bäsdeşlige ukyplylygyna baha bermäge çemeleşmelere degişli edip bolar, sebäbi şu hili baha bermegiň ölçegleriniň köpüsi hili dolandyryş ulgamlarynyň çäginden çykýar we tutuş kärhananyň işine degişli bolýar. Hil boýunça baýraklar modeli dürli derejelerde, ýagny halkara, sebitleýin, milli, pudaklaýyn, korporatiw derejelerde işlenip taýýarlanylýar we hereket edýär.

Hil babatynda baýraklar modelleriniň esasynda bäsdeşiň hasabatynyň çäklerinde kärhananyň bellenilen ölçegler boýunça öz-özüne berýän bahasy ýatýar. Gatnaşýan kärhanalara bilermenleriň hasabatlary berilýär, olarda kärhananyň işiniň artyk taraplary we ýetmezçilikleri bellenilýär. Käbir ýurtlarda hil babatynda baýraklar modelinde bäsdeşlige gatnaşýan kärhanalara baha bermek 1000 bally ulgam boýunça alnyp barylýar, ol işiň esasy dokuz ölçegini öz içine alýar, olar iki topara – «Mümkinçilikler» we «Netijeler» toparlaryna bölünýär (*21-nji surat*).

Öz-özüňe baha bermegiň barşynda şu çäreler ýerine ýetirilýär:

– kärhananyň işini we onuň netijelerini ýeke-täk ölçegleriň esasynda pudagyň iň gowy kärhanalary bilen deňeşdirmek;

– bilermenleriň faktlara esaslanýan obýektiw bahalaryny almak;

– işgärlere hili ähli umumy dolandyrmak ýörelgelerini öwretmek;

– kämilleşdirip boljak prosesleri ýüze çykarmak we seljermek;

– ozalky öz-özüňe berlen baha bilen deňeşdirilende üýtgemeleri ýüze çykarmak we seljermek;

– birlikleriň we işgärleriň üstünliklerini ýüze çykarmak hem-de baýrak bermek. Şeýlelikde, hil babatynda baýraklar modelleri kärhanalaryň öz işlerine özleriniň baha bermegine

we soňra bençmarkingiň kömegi bilen ony ykrar edilen iň gowy tejribe bilen deňeşdirmäge mümkinçilik berýär.




**21-nji surat.** ***Hil babatynda baýraklar modeli***

Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyna berilýän baha kärhananyň hereket etmeginiň we ony ösdürmegiň hakyky anyk strategiýasyny saýlap almaga we esaslandyrmaga mümkinçilik berýär.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *«Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygy» düşünjesine kesgitleme beriň.*
2. *Pudagyň bäsdeşlige ukyplylygy we sebitiň bäsdeşlige ukyplylygy diýip nämä düşünilýär, kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmekde olar nähili rol oýnaýarlar?*
3. *Kärhananyň daşky we içki gurşawynyň haýsy görkezijileri onuň bäsdeşlige ukyplylygyna täsir edýär?*
4. *Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyna reýting baha bermegiň esasy tapgyrlaryny görkeziň we olaryň mazmunyny teswirläň.*
5. *«Bençmarking» diýip nämä düşünilýär we kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyna baha bermek üçin ol nähili görnüşlerde geçirilip bilner?*
6. *Hil babatynda baýraklar modelini onuň kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmäge edýän täsiri nukdaýnazaryndan teswirläň.*

## 9.3. Kärhanada hil menejmenti

Önümiň hili we bäsdeşlige ukyplylygy meselesi toplumlaýyn mesele bolup durýar we ony çözmäge ulgamlaýyn çemeleşmäni talap edýär.

Hil menejmentiniň mehanizmini emele getirmegiň häzirkizaman guramaçylyk esaslary kärhanalarda hil menejmentiniň ulgamlaryna bildirilýän talaplary kesgitleýän 9000 tapgyrynyň halkara standartlarynda (HS) ISO (– International Standart Organization – Halkara Standarty) goýlandyr. ISO adalgasyna laýyklykda «hil menejmenti ulgamy – bu gurama hil babatynda ýolbaşçylyk etmek we ony dolandyrmak üçin menejment ulgamydyr».

Häzirki wagtda 176 ýurt ISO 9000-i milli standartlar hökmünde ykrar etdi ýa-da şu ugurdaky milli standartlaryny olara laýyk getirdi. Dünýäde özleriniň hil menejmenti ulgamlaryny ISO 9000 laýyklykda sertifikatlaşdyran (bellige aldyran) 600 müňden gowrak kompaniýa bardyr we olaryň sany ýyl saýyn artýandyr. Meselem, 1996–2001-nji ýyllarda ISO 9000 standartyna laýyklyk sertifikatlarynyň umumy sany 4 esse köpelipdir.

Ýurduň kärhanalary tarapyndan ISO 9000 tapgyrynyň ulanylmagy, bir tarapdan, kärhanalarda hili dolandyrmagyň häzirkizaman ulgamlaryny emele getirmegiň esaslaryny üpjün edýär, beýleki tarapdan, kärhananyň ýokary hilli önüm çykarmak boýunça bar bolan mümkinçiligini tassyklaýan möhüm faktor hökmünde çykyş edýär. Ýokary hilli önüm çykarmagy hil we önümçilikler menejmenti ulgamlarynyň sertifikatlaşdyrylmagyny geçirmek üpjün edip biler.

ISO 9001 hil menejmenti ulgamyna bildirilýän talaplary belleýär, bu talaplar guramalar tarapyndan onuň içinde ulanmak üçin, şeýle hem sertifikatlaşdyrmak ýa-da şertnama baglaşmak maksady bilen ulanylýar we buýrujylaryň talaplary ýerine ýetirilende hil menejmenti ulgamynyň netijeliligini üpjün etmäge gönükdirilendir.

ISO 9004 hil menejmenti ulgamynyň maksatlarynyň ISO 9001-e garanyňda has giň topary boýunça maslahatlary öz içine alýar. Bu köp babatda kärhananyň işiniň yzygiderli kämilleşdirilmegine, şeýle hem ulgamyň diňe bir netijeliligini däl, eýsem peýdalylygyny üpjün etmäge degişlidir. Bu standart ýolbaşçylary hili üznüksiz gowulandyrmagy maksat edinýän we ISO 9001 çäklerinden çykmak isleýän kärhanalar üçin maslahat berilýär. Emma ISO 9004 sertifikasiýa maksatlary üçin niýetlenen däldir.

Kärhananyň hil menejmenti ulgamynyň ISO 9000 tarapyndan teklip edilýän modeli prosesleýin çemeleşmä esaslanýar (*22-nji surat*). Onuň funksional çemeleşmeden ýörelgeleýin tapawudy şu ýagdaýda esasy ünsüň guramaçylyk gurluşyndaky dikligine (iýerarhiýa) aragatnaşyklaryna (kärhanada olar däp bolşuna görä, ýeterlik derejede gowy ýola goýlandyr) däl-de, eýsem keseligine aragatnaşyklara, ýagny funksional birlikleriň arasyndaky gatnaşyklara berilýändiginden ybaratdyr.

Hil menejmenti ulgamy babatynda prosesleýin çemeleşme kärhanada hereket edýän prosesleri bölüp aýyrmagy we dolandyrmagy, şeýle hem olaryň özara hereket etmegini göz öňünde tutýar.




**22-nji surat.** ***Hil menejmenti ulgamynyň prosesleýin çemeleşmä esaslanýan nusgasy***

ISO 9000:2000 standartyna laýyklykda, proses – işiň giriş-çykyşyny özgerdýän, özara baglanyşykly we özara hereket edýän görnüşleriniň jemidir. Degişlilikde, prosesiň çäklerini kesgitleýän girişler we çykyşlar bellenen talaplara laýyk gelmelidir.

Prosesiň netijeliligini we dolandyrylyşyny üpjün etmek üçin prosesiň eýesini we ýolbaşçysyny kesgitlemek zerurdyr. Prosesiň eýesi – kärhananyň wezipeli işgäri bolup, ol prosesiň netijeli we peýdaly bolmagy üçin, şeýle hem prosesi meýilnamalaşdyrmak we alyp barmak üçin jogapkärçilik çekýär. Prosesiň ýolbaşçysy – meýilnamalaşdyrylan netijeleri gazanmak maksady bilen, prosesiň gündelik dolandyrylyşy üçin jogapkärçilik çekýän wezipeli işgärdir.

Hil menejmenti ulgamynda prosesler şulara bölünýär:

– binýatlyk (esasy) prosesler, olaryň gönüden-göni netijesi önüm çykarmak ýa-da hyzmat etmek bolup durýar;

– üpjün edýän (kömekçi) prosesler, olaryň netijesi bolup, esasy prosesleri amala aşyrmak üçin zerur şertleri emele getirmek çykyş edýär;

– menejment prosesleri, olaryň netijeleri binýatlyk we üpjün edýän prosesleriň netijeliligini hem-de peýdalylygyny ýokarlandyrmak bolup durýar.

Kärhananyň hil menejmenti ulgamynyň emele getirilmegi prosesleriň identifikasiýasyny (olaryň bölünmegini), ýaýradylmagyny (olaryň häsiýetnamalaryny kesgitlemegi), prosesleri resminamalaşdyrmagy (kärhananyň proseduralarynda ýa-da standartlarynda olaryň beýan edilmegini), prosesleriň yzygiderliligini we özara hereketini kesgitlemegi (prosesler boýunça jogapkärçilik matrisasyny we prosesleriň özara baglanyşyk halkalaryny düzmegi) göz öňünde tutýar.

Ösen bazar ykdysadyýetli ýurtlarda hili dolandyrmak babatynda häzirkizaman meýilleriniň arasynda hili ählumumy (umumyfirma) dolandyrmak (Total Quality Management – TQM) konsepsiýasynyň kärhanalary dolandyryş tejribesine integrirlenmegi belläp geçmek gerek.

TQM düşünjesiniň özi kärhananyň işi babatynda T – işiň ähli görnüşlerini gurşap alýan çemeleşme, Q – işiň ähli görnüşlerini dolandyrmagyň hilini üpjün etmek, M – kärhananyň ähli işgärlerini, öňi bilen hem onuň ýolbaşçylaryny gurşap alýan täze ýörelgeleriň esasynda dolandyrmak ýaly düşündirilýär. TQM-iň çäklerinde hil menejmenti kärhananyň işiniň beýleki jähtlerini – maliýäni, serişdeleri, daşky gurşawy goramagy dolandyrmak bilen ýakyndan baglydyr. TQM binýatlyk ýörelgeleri ISO 9000 tapgyrynyň esasynda ýatýar.

Halkara standartlaşdyrmagyň tejribesinde ISO (HS) 9000 tapgyrynyň kärhanalarda hil menejmentiniň ulgamlaryna bildirilýän talaplary belleýän ilkinji standartlar bolupdy. Soňra ISO tarapyndan HS kärhananyň daşky gurşawynyň howpsuzlygynyň we hiliniň kadalaryny kesgitleýän 14000 tapgyry kabul edildi.

ISO 14000 tapgyrynyň binýatlyk standartlary şular bolup durýar:

– ISO 14001:1996 «Ekologiýa menejmenti ulgamy. Umumy talaplar we olary peýdalanmak boýunça maslahatlar»;

– ISO 14004:1996 «Ekologiýa menejmenti ulgamy. Döretmek boýunça gollanma we hereket etmegini üpjün etmegiň usullary».

ISO 14000 tapgyrynyň esasynda kärhanada ekologiýa menejmentiniň ulgamy emele getirilýär, ol kärhananyň önümçilik işiniň barşynda tebigy serişdeleriň oýlanyşykly peýdalanylmagyny üpjün edýär we onuň daşky gurşawa zyýan ýetirmezlik ukybyna baha berýär.

Häzirki wagtda dünýäde ol boýunça ekologiýa sertifikatlary berilýän ISO 14000 tapgyrynyň laýyklyk ulgamlaryny sertifikatlaşdyrmak boýunça işler işjeňleşdi. Meselem, 2000-nji ýyldan 2002-nji ýyllar aralygynda berlen sertifikatlaryň sany Ýaponiýada 5 esse, Germaniýada 4 esse, Şwesiýada 9 esse ýokarlandy. Genaral Motors we Ford kompaniýalary özleriniň üpjün edijilerinden olaryň önümleriniň ISO 14000 standartynyň talaplaryna laýyk gelmegini talap etjekdiklerini yglan etdiler.

Häzirki wagtda ISO 14000 standartyna laýyklykly ulgamy sertifikatlaşdyrylan 112 ýurduň arasynda berlen sertifikatlaryň sany boýunça birinji ýerde Ýaponiýa (10 952), ikinji ýerde Germaniýa (3700), üçünji ýerde Ispaniýa (3228) durýar.

Hil menejmenti babatynda halkara standartlaşdyrmagyň ösüş meýli bilen bir hatarda, umumy häsiýetli standartlary döretmek maksady bilen, ykdysadyýetiň pudaklarynyň aýratynlyklary babatynda işlenip taýýarlanan standartlaryň ösüş meýli hem bellenýär. Şular ýaly standartlar bilen öndürijileriň pudaklaýyn assosiasiýalary, şeýle hem kärhanalaryň milli derejede hereket edýän birleşikleri meşgullanýarlar. Soňy bilen bu standartlar sebitleýin we halkara derejelerde goldaw alýarlar. Hil menejmenti babatynda pudaklaýyn standartlaryň arasynda şulary görkezip bolar: TL 9000 (telekommunikasiýalar ulgamynda), AS 9100 (aerokosmiki ugurda), QS 9000 (awtomobil gurluşy ulgamynda), HACCP (azyk senagatynda), GMP (derman önümçiliginde) we beýlekiler.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Hil menejmenti ulgamy nämeden ybarat?*

2. *ISO 9000 we 14000 tapgyrynyň düýp manysy nämeden ybarat we olaryň düzümine haýsy standartlar girýär?*
3. *TQM esasy ýörelgelerini aýdyp beriň.*
4. *Hil menejmentinde prosesleýin çemeleşmäniň düýp manysy nämeden ybarat?*
5. *Hil menejmenti ulgamyny taslamagyň esasy tapgyrlaryny açyp görkeziň.*

## 9.4. Hili üpjün etmek ulgamynda tehniki taýdan düzgünleşdirmek

Tehniki taýdan düzgünleşdirmek – bu önümlere, önümçilik proseslerine, ulanmaga, saklamaga, daşamaga, ýerlemäge we ikinji gezek ulanmaga bildirilýän hökmany talaplary bellemek, işleri ýerine ýetirmäge ýa-da hyzmatlary etmäge bildirilýän talaplary meýletin esasda bellemek babatynda hukuk taýdan düzgünleşdirmekdir we laýyklyga baha bermek babatynda gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmekdir.

Kanunyň esasy maksady telekeçiler bileleşigine administratiw zor salmagy, şeýle hem söwdada tehniki päsgelçilikleri azaltmak bolup durýar. Şeýle hem tehniki taýdan düzgünleşdirmegi özgertmek BSG (Bütindünýä söwda guramasy) girilende düýpli we zerur şertleriň biri bolup durýar.

Tehniki taýdan düzgünleşdirmek şu ýörelgelere esaslanýar:

– önümlere, ony öndürmek proseslerine bildirilýän talaplary bellemegiň ýeke-täk kadalaryny ulanmak;

– tehniki taýdan düzgünleşdirmegiň milli ykdysadyýetiň ösüş derejesine, onuň maddy-tehniki binýadyna we ylmy-tehniki mümkinçiligine laýyk gelmegi;

– akkreditasiýa etmegiň ýeke-täk ulgamy we kadalary (akkreditasiýa etmek – guramanyň anyk synaglary ýa-da synaglar görnüşini amala aşyrmaga ygtyýarlygyny resmi taýdan ykrar etmek);

– akkreditasiýa etmek boýunça edaralaryň garaşsyzlygy (akkreditasiýa etmek boýunça edara – akkreditasiýa etmek ulgamyny dolandyrýan we akkreditasiýa etmegi geçirýän edara);

– laýyklyga hökmany baha bermek işleri geçirilende barlaglaryň (synaglaryň) we ölçegleriň kadalarynyň we usullarynyň bitewüligi;

– geleşikleriň görnüşlerine ýa-da aýratynlyklaryna garamazdan, tehniki tertipleriň talaplaryny ulanmagyň bitewüligi;

– akkreditasiýa we sertifikasiýa amala aşyrylanda bäsdeşligiň çäklendirilmegine ýol bermezlik;

– döwlet gözegçiligi edaralarynyň ygtyýarlyklarynyň sertifikatlaşdyrmak boýunça edaranyň ygtyýarlyklary bilen utgaşdyrylmagyna ýol bermezlik;

– akkreditasiýa etmek we sertifikatlaşdyrmak ygtyýarlyklarynyň bir edara tarapyndan utgaşdyrylmagyna ýol bermezlik;

– tehniki tertipleriň talaplarynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiliginiň býujetden daşary maliýeleşdirilmegine ýol bermezlik.

Tehniki taýdan düzgünleşdirilýän obýektler (jaýlar, ymaratlar we desgalar, önüm öndürmek prosesleri) babatynda ulanmak we ýerine ýetirmek üçin hökmany bolan talaplar tehniki tertiplerde bellenýär, olar şu resminamalar arkaly kabul edilip bilner:

– ýurduň bellenen kanunçylyk tertibinde tassyklanan halkara şertnamalary;
– ýurduň kanuny;
– ýurduň Prezidentiniň Permany;
– Hökümetiň karary.

Ýurtda umumy we ýörite tehniki tertipler hereket edýär, olaryň esasy häsiýetnamalary *7-nji tablisada* getirilýär.

*7-nji tablisa*

**Tehniki tertipleriň görnüşleriniň häsiýetnamasy**

| Deňeşdirilýän häsiýetnamalar | Umumy tehniki tertipler | Ýörite tehniki tertipler |
|---|---|---|
| Tehniki tertipleriň talaplarynyň bellenýän ugurlary. | Maşynlary we enjamlary howpsuz ulanmak we gaýtadan peýdalanmak;<br>jaýlary, ymaratlary, desgalary howpsuz ulanmak we olara ýanaşyk ýerleri howpsuz peýdalanmak; ýangyn howpsuzlygy;<br>biologik howpsuzlyk;<br>elektromagnit laýyk gelijiligi;<br>ekologiýa howpsuzlygy;<br>ýadro we radiasiýa howpsuzlygy. | Olaryň howpsuzlygy umumy tehniki tertipleriň talaplary bilen üpjün edilmeýän we olaryň zyýan ýetirmek döwekgelçilikleri zyýan ýetirmek töwekgelçiliginiň umumy tehniki tertipde göz öňünde tutulan derejesinden ýokary bolan önümleriň görnüşleri, önümçilik prosesleri, ulanmak, saklamak, daşamak, ýerlemek we gaýtadan peýdalanmak. |
| Ulanmagyň we berjaý etmegiň hökmanylygy. | Önümleriň islendik görnüşleri, önüm öndürmek prosesleri, olary ulanmak, saklamak, daşamak, ýerlemek we gaýtadan peýdalanmak. | Önümleriň aýry-aýry görnüşleri, önümçilik prosesleri, ulanmak, saklamak, daşamak, ýerlemek we gaýtadan peýdalanmak. |
| Tehniki tertipleriň talaplarynda ulanylýan obýektleriň aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulmagy. | Önümleriň aýry-aýry görnüşleriniň, önüm öndürmek prosesleriniň, olary ulanmagyň, saklamagyň, daşamagyň, ýerlemegiň we gaýtadan peýdalanmagyň tehnologik we beýleki aýratynlyklary. | Talaplar umumy häsiýetde bolýar. |

Tehniki tertipleriň berjaý edilişine döwlet gözegçiligi diňe önümleriň dolanyşyk döwründe amala aşyrylýar. Döwlet gözegçiligi edaralarynyň gözegçiligi geçirmegiň barşynda şu hukuklary bardyr:

– taýýarlaýjydan (satyjydan) önümiň tehniki tertipleriň talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklaýan resminamalaryň berilmegini talap etmäge;

– tehniki tertipleriň talaplarynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligi boýunça çäreleri kanunçylykda bellenen tertipde amala aşyrmaga;

– tehniki tertipleriň talaplarynyň bozulmalaryny düzgün bozulmalaryň häsiýetini hasaba almak bilen, bellenen möhletde düzetmek barada görkezme bermäge;

– eger tehniki tertipleriň talaplarynyň bozulmalaryny başga çäreler bilen düzetmek mümkin bolmasa, önümiň berilmegini gadagan etmek barada, şeýle hem önümçilik proseslerini ulanmagy, saklamagy, daşamagy, ýerlemegi we ikinji gezek ulanmagy doly ýa-da bölekleýin togtatmak barada esaslandyrylan çözgütleri kabul etmäge;

– laýyklyk barada beýannamanyň ýa-da laýyklyk sertifikatynyň hereketini togtatmaga ýa-da bes etmäge;

– zyýan ýetirilmegine ýol bermezlik maksady bilen, taýýarlaýjyny (ýerine ýetirijini, satyjyny) jogapkärçilige çekmäge we kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki çäreleri görmäge.

Eger önümleriň tehniki tertipleriň talaplaryna laýyk gelmezliginiň, bu talaplaryň bozulmagynyň netijesinde önümçilik prosesleri, ulanmak, saklamak, daşamak, ýerlemek we gaýtadan peýdalanmak amala aşyrylanda raýatlaryň ömrüne ýa-da saglygyna, fiziki ýa-da ýuridik şahslaryň emlägine, döwlet ýa-da munisipal emläge, daşky gurşawa, haýwanlaryň we ösümlikleriň ömrüne ýa-da saglygyna zyýan ýetirilen bolsa ýa-da şunuň ýaly zyýan ýetirmek howpy ýüze çykan bolsa, onda taýýarlaýjy (ýerine ýetiriji, satyjy) kanuna laýyklykda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga we beýleki adamlara, olaryň emlägine, daşky gurşawa zyýan ýetmegine ýol bermezlik maksady bilen, degişli çäreleri görmäge borçludyr.

«Tehniki taýdan düzgünleşdirmek hakynda» kanun standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak (laýyklygy tassyklamak) işleriniň hem kanunçylyk taýdan düzgünleşdirilmegini amala aşyrýar.

### Soraglar we ýumuş

*1. Tehniki taýdan düzgünleşdirmek näme we ol haýsy ýörelgelere esaslanýar?*
*2. Tehniki tertip diýip nämä düşünilýär?*
*3. Tehniki tertipleriň görnüşlerini we olaryň esasy häsiýetnamalaryny aýdyp beriň.*
*4. Tehniki tertipleriň talaplarynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligi edaralarynyň nähili hukuklary bar?*

## 9.5. Hili üpjün etmek ulgamynda standartlaşdyrmak

Standartlaşdyrmak – bu olary meýletin köp gezek peýdalanmak maksady bilen, kadalary we häsiýetnamalary bellemek boýunça önümçilik ulgamynda we önümleriň (işleriň ýa-da hyzmatlaryň) dolanyşygynda tertipliligi gazanmaga we bäsdeşligi ukyplylygy ýokarlandyrmaga gönükdirilen işdir.

Standartlaşdyrmak şu maksatlarda amala aşyrylýar:

– raýatlaryň ömrüniň ýa-da saglygynyň, fiziki ýa-da ýuridik şahslaryň emläginiň, döwlet ýa-da munisipal emlägiň howpsuzlygynyň, ekologiýa howpsuzlygynyň, haýwanlaryň we ösümlikleriň ömrüniň ýa-da saglygynyň howpsuzlygynyň derejesini ýokarlandyrmak we tehniki tertipleriň talaplarynyň berjaý edilişine ýardam etmek;

– tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň ýüze çykmak töwekgelçiligini hasaba almak bilen, obýektleriň howpsuzlyk derejesini ýokarlandyrmak;

– ylmy-tehniki progresi üpjün etmek;

– önümleriň, işleriň, hyzmatlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak;

– serişdeleri oýlanyşykly peýdalanmak;

– tehniki we maglumat taýdan laýyk getirmek;

– barlaglaryň (synaglaryň) we ölçegleriň netijeleriniň, tehniki we ykdysady-statistik maglumatlaryň laýyk gelmegi;

– önümleriň bir-birini çalşyp bilmegi.

Standartlaşdyrmak – önümiň hilini üpjün etmegiň kadalaýyn esasy bolup durýar, şunda ol esasy üç wezipäni, ýagny ykdysady, durmuş we kommunikatiw wezipeleri ýerine ýetirýär.

Ykdysady wezipesi şu ugurlarda durmuşa geçirilýär:

– ylalaşyklarda (şertnamalarda) önüm barada amatly we düşnükli görnüşde dogry maglumatlary bermek;

– önümiň hilini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, sebäbi önümiň esasy parametrleriniň standartlaşdyrylmagy netijesinde onuň hiliniň we bäsdeşlige ukyplylygynyň derejesine dogry baha bermek, olary ýokarlandyrmagyň ugurlaryny kesgitlemek mümkin bolýar;

– täze tehnikany ornaşdyrmak we şoňa meňzeş tehnikany işläp taýýarlamagy gaýtalamak mümkinçiligini azaltmak;

– önümçiligiň tapgyrlaýynlygyny we gerimini giňeltmek, bu zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna we önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegine ýardam edýär;

– bir-birini çalşyp bilmegi we laýyk gelmegi – standartlaşdyrmak aýry-aýry bölekleriň ölçegleriniň laýyk gelmegini, önümleriň dürli görnüşlerini laýyk getirip peýdalanmak mümkinçiligini üpjün edýär;

– önümçiligi netijeli dolandyrmak, çünki önümçilik proseslerini we olaryň barşyna gözegçilik etmegiň standartlaşdyrmagy amatly harajatlar bilen hiliň bellenen derejesini gazanmak üçin zerur şertleri döredýär.

Durmuş wezipesi kadalary döretmekde we iş ýüzünde önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) parametrleriniň jemgyýetiň daşky gurşawy goramak, saglygy goraýyş, önüm öndürilende, onuň bilen iş salşylanda, peýdalanylanda we gaýtadan ulanylanda adamlaryň howpsuzlygy ýaly durmuş maksatlaryna laýyk gelýän derejesini gazanmakda ýüze çykýar.

Kommunikatiw wezipesi jemgyýet tarapyndan maglumatlaryň dürli görnüşleriniň obýektiw kabul edilmegi üçin binýat döretmek mümkinçiligini üpjün edýär, şeýlelikde, jemgyýet üçin zerur bolan özara düşünişmegi gazanmaga ýardam edýär we maglumatlary özara alyşmak mümkinçiligini giňeldýär.

Standartlaşdyrmak şu ýörelgelere esaslanýar:

– standartlary meýletin ulanmak;

– standartlar işlenip taýýarlananda gyzyklanýan taraplaryň kanuny bähbitlerini mümkin bolan derejede hasaba almak;

– halkara standartyny milli standarty işläp taýýarlamagyň esasy hökmünde ulanmak;

– tehniki tertiplere gapma-garşy gelýän standartlaryň bellenmegine ýol bermezlik;

– standartlaryň birmeňzeş ulanylmagy üçin şertleri üpjün etmek.

«Tehniki taýdan düzgünleşdirmek hakynda» kanuna laýyklykda standartlaşdyrmagyň milli ulgamy emele getirilýär, onuň esasyny şular düzýär:

– milli standartlar;

– standartlaşdyrmak kadalary, standartlaşdyrmak babatynda kadalar we maslahatlar;

– bellenilen tertipde ulanylýan topara bölünmeler, tehniki-ykdysady we durmuş maglumatlaryň umumy klassifikatorlary;

– guramalaryň standartlary.

Milli standart – standartlaşdyrmak boýunça milli edara tarapyndan tassyklanan standartdyr. Milli standartlar, guramalaryň standartlary ýaly, diňe meýletin esasda ulanylýar. «Tehniki taýdan düzgünleşdirmek hakynda» kanun kabul edilmezinden öň döwlet standartlarynyň talaplary hökmany häsiýetde hem, meýletin häsiýetde-de bolup bilýärdi.

Milli standartyň ulanylmagy milli standarta laýyklyk nyşany bilen tassyklanýar.

Häzirki wagtda Döwlet standartlaşdyryş ulgamy (DSU) hereket edýär. Standartlaşdyrmak boýunça işleri guramak we alyp barmak ýurduň tehniki taýdan düzgünleşdirmek boýunça ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň üstüne ýüklenýär, ol işleri pudagara utgaşdyrmagy, şeýle hem tehniki taýdan düzgünleşdirmek, metrologiýa babatynda funksional düzgünleşdirmegi amala aşyrýar.

Standartlaşdyrylýan obýekte we onuň aýratynlygyna baglylykda standartlar şu görnüşlere bölünýär:

– esasy standartlar;

– adalgalar standarty;

– önümleri we hyzmatlar üçin standartlar;

– prosesler üçin standartlar;

– gözegçilik, synag, ölçegler we seljeriş usullary üçin standartlar;

– laýyk gelijilik standarty.

Ýurduň önüm öndürijileriniň hilini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň möhüm ugry halkara (sebitleýin halkara) standartlaryny ulanmak, milli standartlary we synag usullaryny halkara dereje bilen sazlamak (laýyk getirmek) bolup durýar.

Häzirki zaman şertlerinde bu ýurduň standartlaşdyrmak we metrologiýa boýunça halkara guramalarynyň işine gatnaşmagy bilen üpjün edilýär, bu döwletara standartlaryny işläp taýýarlamaga, döwletara standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikasiýa ugurlarynda anyk işleri geçirmäge, şonuň esasynda halkara söwdanyň we halkara hyzmatdaşlygyň ösmegine ýardam edýär.

### Sorag we ýumuşlar

1. *Standartlaşdyrmagyň nämedigini we onuň maksatlarynyň hem-de wezipeleriniň nämeden ybaratdygyny düşündiriň.*
2. *Standartlaşdyrmagyň esasy ýörelgelerini we wezipelerini açyp görkeziň.*

*3. Standartlaşdyrmak boýunça iş haýsy resminamalar bilen tertipleşdirilýär?*
*4. Standartlaşdyrylýan obýekte we onuň aýratynlygyna baglylykda standartlaryň görnüşlerini aýdyp beriň.*

## 9.6. Sertifikatlaşdyrmak önümiň hilini üpjün etmegiň guraly hökmünde

Haryt bazarlarynda baha däl bäsdeşligiň rolunyň barha ýokarlanýan, mümkin bolan sarp edijileriň önümiň we hyzmatlaryň hili babatynda barha talabediji bolýan şertlerinde olar baradaky maglumatlar obýektiw hem-de dogry bolmalydyr. Önümi sertifikatlaşdyrmak onuň hili babatynda sarp edijä bellibir kepillendirmeleri berýär.

Çilide kiçi we orta telekeçilik kärhanalaryny ISO 9000 standartynyň talaplaryna laýyklykda sertifikatlaşdyrmaga ýardam etmek boýunça döwlet maksatnamasy hereket edýär. Şu maksatnama laýyklykda Çiliniň 100 müň töweregi orta kärhanalarynyň 25 müňe golaýy halkara sertifikatyny aldy. Hökümet sertifikat almak üçin çykdajylaryň 50%-ini maliýeleşdirdi, galan 50%-ini kompaniýanyň özi töledi. Şunda býujet serişdeleri ýüz tutan kompaniýanyň özüne däl-de, sertifikasiýa geçirýän halkara agentliginiň gönüden-göni özüne tölendi.

Sertifikatlaşdyrmak sertifikasiýa geçirýän edara tarapyndan obýektiň tehniki tertipleriň talaplaryna, standartlaryň düzgünlerine ýa-da şertnamalaryň şertlerine laýyklygyny tassyklamak görnüşi hökmünde amala aşyrylýar.

Laýyklygy tassyklamak şu maksatlarda geçirilýär:

– önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň we beýleki obýektleriň), önümçilik prosesleriniň, ulanmagyň, saklamagyň, daşamagyň, ýerlemegiň we gaýtadan peýdalanmagyň tehniki tertiplere, standartlara, şertnamalaryň şertlerine laýyklygyny tassyklamak;

– sarp edijileriň önümleri (işleri, hyzmatlary) saýlap almagyna ýardam etmek;

– bazarlarda önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak;

– harytlaryň ýurduň çägi boýunça erkin ondan-oňa geçirilmegini üpjün etmek üçin, şeýle hem halkara ykdysady, ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy we halkara söwdasyny amala aşyrmak üçin şertleri döretmek.

Halkara tejribesinde laýyklygy tassyklamak hökmünde sertifikatlaşdyrmak meýletin ýa-da hökmany häsiýetde bolýar we şu görnüşlerde amala aşyrylýar:

Öz-özüňi sertifikasiýa etmek (birinji tarapyň sertifikasiýasy). Taýýarlaýjy (satyjy) önümiň hili üçin jogapkärçiligi doly öz üstüne alýar. Şunda beýannama doldurylýar we onda önümiň we hil menejmenti ulgamynyň ölçegleriň (standartlaryň, tehniki şertleriň, kadalaryň, spesifikasiýalaryň we ş.m.) talaplaryny kanagatlandyrýandygy beýan edilýär. Sarp edijiler ýa-da üçünji tarap tarapyndan mümkin bolan seljermeler üçin degişli resminamalar goşulýar.

Ikinji tarapyň sertifikasiýasy. Satyn alyjy, buýrujy tarapyndan, şeýle hem ahyrky önümi öndürýän kärhana tarapyndan özüniň üpjün edijilerinde geçirilýär. Köplenç, uly göwrümli, daşamasy kyn bolan önümler üçin we üpjün ediji kärhanalaryň hil menejmenti ulgamy sertifikatlaşdyrylanda ulanylýar.

Üçünji tarapyň sertifikasiýasy. Şunuň ýaly baha bermek hukugy bolan garaşsyz edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

Sertifikasiýanyň görnüşini saýlap almak onuň hökmanylygyna baglydyr. Halkara tejribesinde hökmany sertifikasiýa, düzgün bolşy ýaly, üçünji tarap tarapyndan geçirilýär, meýletin sertifikasiýada onuň dürli görnüşleri ulanylyp bilner.

Laýyklygy meýletin tassyklamak degişlilikde, meýletin sertifikasiýany talap edýär.

Olar babatynda standartlarda, meýletin sertifikasiýa ulgamlarynda we şertnamalarynda bellibir talaplar bellenilýän önümler (işler, hyzmatlar), olary öndürmek, ulanmak, saklamak, daşamak, ýerlemek we gaýtadan peýdalanmak prosesleri laýyklygy meýletin tassyklanýan obýektler bolup durýarlar.

Laýyklygy hökmany tassyklamak laýyklyk hakynda beýannamany kabul etmek (mundan beýläk, laýyklyk hakynda beýannama) we hökmany sertifikatlaşdyrmak görnüşlerinde amala aşyrylýar.

Laýyklygy hökmany tassyklamak diňe degişli tehniki tertiplerde bellenilen halatlarynda we diňe tehniki tertibiň talaplaryna laýyklyk babatynda geçirilýär. Diňe ýurduň çäklerinde dolanyşyga çykarylýan önümler laýyklygy hökmany tassyklanýan obýekt bolup biler.

Laýyklygy hökmany tassyklamagyň görnüşi we nusgalary, eger tehniki tertibiň maksatlaryna ýetip bolmaýan bolsa, töwekgelçilik derejesini hasaba almak bilen, diňe tehniki tertip bilen bellenilip bilner.

Laýyklyk hakynda beýannamanyň we laýyklyk sertifikatynyň laýyklygy hökmany tassyklamak nusgalaryna garamazdan, deň hukuk güýji bolýar we ýurduň ähli ýerlerinde hereket edýär.

Hökmany sertifikasiýa hökümet tarapyndan bellenen tertipde akkreditasiýa edilen sertifikatlaşdyrmak boýunça edaranyň ýüz tutýan tarap bilen baglaşan şertnamasynyň esasynda amala aşyrylýar.

Önümleriň bellibir görnüşlerini sertifikatlaşdyrmak üçin ulanylýan sertifikatlaşdyrma nusgalary degişli tehniki tertipde bellenilýär.

Tehniki taýdan düzgünleşdirmek edarasy tehniki tertipleriň talaplaryna laýyk gelýändigi kanunda bellenen tertipde tassyklanan, bazarda dolanyşyk nyşany bilen belgilenýän önümlere berlen sertifikatlaryň sanawyny alyp barýar.

Milli standartyň esasyny birmeňzeş önümiň bellibir görnüşi üçin döredilýän sertifikatlaşdyryş ulgamy emele getirýär. Bu görnüşler bir funksional bellenilen maksady, iş (ulanyş) ýörelgeleri, gözegçilik we synag usullary we ş.m. bolan harytlaryň (hyzmatlaryň) uly toparyny öz içine alýar.

Ýurtda önümleri we hil menejmenti ulgamlaryny sertifikatlaşdyrmak umumy kadalaryň we ony geçirmegiň tassyklanan tertibiniň esasynda geçirilýär.

Käbir ýurtlarda hil menejmenti ulgamlaryny sertifikatlaşdyrmak meýletin häsiýetde bolýar. Onuň kadalaýyn esasyny ISO 9000, ISO 14000 halkara standartlary we hil menejmenti ulgamlaryny sertifikatlaşdyrmak boýunça resminamalar toplumy düzýär.

Hil menejmenti ulgamlaryny sertifikatlaşdyrmagyň esasy ýörelgelerine şular degişlidir:

– meýletinlik;

– baha bermegiň obýektiwligi, bu sertifikatlaşdyrmak boýunça edaranyň garaşsyzlygy we bilermenleriň – auditorlaryň düşünjelilik derejesi bilen gazanylýar;

– berilýän bahalaryň netijeleriniň beýan edijiligi, ol baha bermeleri geçirmäge bildirilýän ýeke-täk talaplara esaslanýan usullary ulanmak bilen üpjün edilýär;

– gizlinlik, ol hil menejmenti ulgamlaryny sertifikatlaşdyrmagyň we önümçiligiň barşynda kepillendirilýär;

– maglumatlylyk, ol sertifikatlaşdyrylýan edaralar we sertifikatlaşdyrylýan hil ulgamlary barada maglumat bilen üpjün edilýär.

Hil menejmenti ulgamlary sertifikatlaşdyrylanda şular barlag we baha beriş obýektleri bolup durýar: hili dolandyrmak we üpjün etmek boýunça iş, önümçilik ulgamy we önümiň hili.

**Soraglar**

1. *«Sertifikatlaşdyrmak» düşünjesine kesgitleme beriň. Onuň maksatlary we wezipeleri nämeden ybarat?*
2. *Sertifikatlaşdyrmagyň nähili görnüşleri bar?*
3. *Hil menejmenti ulgamlarynyň sertifikatlaşdyrylyşyna kesgitleme beriň. Olar näme üçin peýdalanylýar?*
4. *Hil menejmenti ulgamlaryny sertifikatlaşdyrmak haýsy ýörelgelere esaslanýar?*

# X BAP. KÄRHANANYŇ IŞINDE MARKETING

## 10.1. Marketing dolandyryşyň bazar konsepsiýasy hökmünde

Marketing (market – bazar) – kärhananyň ylmy-tehniki, tejribe-konstruktorçylyk we önümçilik-ýerleme işini ulgamlaýyn dolandyrmagyň bar bolan we bolup biläýjek sarp edijileriň taraplaryny aňrybaş derejede kanagatlandyrmaga gönükdirilen bazar konsepsiýasydyr.

Marketing dolandyryş ulgamy hökmünde:

– önümçilik-ýerleme işiniň ahyrky netijesini gazanmaga – bazarda harydy netijeli ýerlemäge gönükdirilendir;

– kärhananyň ähli işini sarp edijileriň talaplaryna tabyn etmegi göz öňünde tutýar;

– bazary öwrenmek we şol bir wagtyň özünde bazara maksada gönükdirilen täsir etmek bilen, oňa işjeň uýgunlaşmak syýasatyna esaslanýar;

– marketing işinde adam faktoryny işjeňleşdirmäge ýardam edýär, munuň üçin işgärleri terbiýelemek, olaryň işewürlik işjeňligini we başarnyklaryny, şeýle hem olaryň hüjüm ediş taktikasyna eýermeklerini üpjün etmek zerurdyr.

Marketingiň umumy ýörelgeleri marketing işiniň anyk ugurlarynda öz beýanyny tapýar. Marketingiň esasy ugurlaryna şular degişlidir:

– bazary toplumlaýyn öwrenmek we çaklamak;

– haryt we baha syýasatyny emele getirmek hem-de amala aşyrmak;

– kommunikasiýa syýasatyny alyp barmak;

– satuwlar syýasatyny işläp taýýarlamak we alyp barmak;

– marketing işini dolandyrmak we onuň amala aşyrylyşyna gözegçilik etmek.

Bazary toplumlaýyn öwrenmek we çaklamak, marketing işiniň bölegi hökmünde dünýä ykdysadyýetiniň ösüşine, aýratyn alnan ýurduň ykdysady ýagdaýyna, önümçiligiň haýsydyr bir ulgamynyň ösüşine täsir edýän faktorlaryň we şertleriň jeminden ybarat bolan konýunkturany öwrenmäge esaslanýar. Umumy hojalyk konýunkturasy, ykdysadyýetiň pudaklarynyň ýa-da haryt bazarlarynyň konýunkturasy tapawutlandyrylýar.

Umumy hojalyk konýunkturasy dünýä hojalygynyň ýa-da aýratyn alnan ykdysadyýetiň bellibir döwürdäki ýagdaýyny häsiýetlendirýär. Ykdysadyýetiň pudaklarynyň konýunkturasy ykdysadyýetiň anyk pudaklarynyň ýagdaýyny we ösüş depginini görkezýär. Haryt bazarlarynyň konýunkturasy anyk harytlary öndürmek we ýerlemek ulgamyndaky gündelik üýtgemeleri öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Kärhananyň marketing işi şu tapgyrlary öz içine alýar:

1) bazar potensialyny (bazaryň sygymyny) öwrenmek – anyk harydyň bellibir döwrüň dowamynda bazarda ýerlenip biljek aňryçäk mümkin bolan mukdaryny kesgitlemek;

2) bazar segmentasiýasyny seljermek – bazary onuň saýlanyp alnan ölçeglerine (geografik, demografik, özüňi alyp baryş we ş.m.) laýyklykda bölmek. Segmentleşdirmegi seljermek, soňundan sarp edijileriň isleglerine we kärhananyň mümkinçiliklerine has laýyk gelýän maksatlaýyn bazarlary kesgitlemek üçin geçirilýär;

3) bazaryň firma gurluşyny we bäsdeşleriň orunlaryny anyklamak – şu bazarda işleýän firmalaryň esasy toparlaryny kesgitlemäge esaslanýar: bäsdeşler, bitaraplar, hyzmatdaşlar (satyn alyjylar). Firmanyň ol ýa-da beýleki topara degişliligine baglylykda her bir firma babatynda ygtybarlylyk, tölege ukyplylyk, bäsdeşlik babatda gowşak we artyk ýerleri we ş.m. öwrenilýär. Munuň üçin maglumatlary almagyň dürli ýollary peýdalanylýar: araçy we ýerleýiş gulluklaryndan alynýan maglumatlar, mahabat ýollaryny, kataloglary we beýleki edebiýatlary seljermek, sergilere baryp görmek. Bu maglumatlar bäsdeş firma tarapyndan çykarylan meňzeş önümler baradaky tehniki-ykdysady maglumatlary, şeýle hem bäsdeş firmalaryň strategiýasy baradaky maglumatlary öz içine alýar. Diňe bir bäsdeşiň bazara çykarylýan önümi däl-de, eýsem bäsdeş firmalaryň täze işläp taýýarlamalary hem öwrenilýär, bazaryň bäsdeşleriň arasynda bölünişine baha berilýär;

4) satyn alyjylar baradaky maglumatlary öwrenmek – satyn alyjylar tarapyndan ol ýa-da beýleki harydyň saýlanyp alnyşy bagly bolan esasy kriterileri ýüze çykarmak maksady bilen, satyn alyjylaryň isleglerine täsir edýän faktorlar öwrenilýär. Şonuň esasynda satyjy firma öz önüminiň potensial satyn alyjylaryny kesgitleýär.

Anyk bazarlaryň satyn alyjylarynyň we sarp edijileriniň durmuş-psihologik aýratynlyklaryna seljerme geçirilýär, satyn almak hakynda çözgütler kabul edilende olaryň nämä esaslanýandyklary, olaryň satyn almalara gatnaşygyna baglylykda satyn alyjylaryň görnüşleri öwrenilýär.

Bazary öwrenmek boýunça marketing maksatnamalaryny ýerine ýetirmegiň netijeleri firmanyň satuwlaryny çaklamak üçin peýdalanylýar. Firmanyň bazardaky paýyny çaklamagyň dürli usullary peýdalanylýar, hususan-da:

– bilermenleriň bahalary (bazaryň geljekki ösüşi barada hünärmenleriň berýän bahalaryny we pikirlerini öwrenmek);

– degişli haryda bolan isleg barada söwda agentlerinden we sarp edijilerden soraşmalary geçirmek;

– bazaryň ozalky ösüş meýillerini peýdalanmak hem-de bölekleýin we bölekleýin däl faktorlary hasaba almak bilen, çaklamalary seljermek we işläp taýýarlamak.

Bazary toplumlaýyn öwrenmek kärhananyň öndürýän önüminiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, täze harytlary döretmek, nomenklaturany we görnüşleri amatly etmek boýunça çäreleri öwrenmäge we geljekde olary kesgitlemäge esaslanýan haryt syýasatyny amala aşyrmagyň esasy bolup durýar.

Harydy öwrenmek şu ugurlar boýunça alnyp barylýar: hil görkezijisi, söwda nyşany, gaplama we belgileme, kepillendirmeler, satylandan soňky serwis.

Haryt orun eýelemek prosesiniň kömegi bilen öwrenilýär, bu proses diýip maksatlaýyn bazarda ýa-da şu önümiň klasynda bäsdeş babatynda önüm tarapyndan eýelenýän ýa-da önüm bilen üpjün etmek göz öňünde tutulýan ornuň kesgitlenmegine düşünilýär.

Orun eýelemegiň, bazar isleglerini öwrenmegiň we çaklamagyň esasynda marketing gullugy önümiň bir görnüşini önümçilikden aýyrmak, beýlekilerini döwrebaplaşdyrmak, täze görnüşlerini döretmek we özleşdirmek boýunça maslahatlary işläp taýýarlaýar. Kärhana tarapyndan innowasion syýasatyň durmuşa geçirilişine, sarp edijileriň talaplaryny hasaba almak bilen, täze harytlary döretmek, täze harytlary we tehnologiýalary bazara çykarmak hem-de olaryň özüni alyp barşyna syn etmek işlerine uly ähmiýet berilýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde nyrh emele getirmek usulyýeti hem marketing barlaglaryna esaslanýar. Öndüriji firmalar bazarda harydyň tutuş nomenklaturasy we her bir görnüşi boýunça kärhananyň baha babatda özüni alyp barşynyň strategiýasynyň saýlanyp alynmagyny göz öňünde tutýan baha syýasatyny amala aşyrýarlar, işläp taýýarlaýarlar we durmuşa geçirýärler. Saýlanyp alnan strategiýanyň çäklerinde harydyň başlangyç bahalary we geljekde daşky hem-de içki faktorlary hasaba almak bilen, olara düzediş girizmek kesgitlenilýär.

Marketing diňe bir bazary öwrenmegi däl, eýsem şol bir wagtyň özünde bazara maksada gönükdirilen täsir etmek bilen, oňa işjeň uýgunlaşmagy göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglylykda, öz içine islegi emele getirmek we ýerlemegi höweslendirmek boýunça çäreleri alýan kommunikasiýa syýasatyny emele getirmegiň hem-de durmuşa geçirmegiň uly ähmiýeti bardyr. Mahabat, şahsy satuwlar, sergilere we ýarmarkalara gatnaşmak, firma stilini işläp taýýarlamak we önümiň ýerlenişini höweslendirmegiň beýleki çäreleri şular ýaly çärelere degişlidir.

Marketing işinde ýerleme syýasatyna uly orun berilýär, onuň esasy maksady öndürilýän önümi netijeli satmak üçin ýerleme ulgamyny gurmak bolup durýar. Ýerleme syýasatynyň çäklerinde lomaý we bölek söwda dükanlary, harytlaryň aralyk saklanýan ammarlary, serwis hyzmatyny edýän nokatlar döredilýär, harydyň hereket edýän ugurlary saýlanylyp alynýar, önümleri daşamak guralýar, harytlary satmagyň şertleri emele getirilýär we ş.m.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *«Marketing» düşünjesine kesgitleme beriň.*
2. *Kärhananyň bazary öwrenmek boýunça işiniň esasy tapgyrlaryny aýdyp beriň we olaryň düýp manysyny açyp görkeziň.*
3. *Harydy öwrenmek haýsy ugurlarda alnyp barylýar?*
4. *Kommunikasiýa syýasatyny düşündiriň?*
5. *Kärhananyň ýerleme syýasaty nämeden durýar?*

## 10.2. Kärhananyň marketing işiniň strategiýasy we taktikasy

Marketing strategiýasy kärhananyň iň ähmiýetli funksional strategiýalarynyň biridir, çünki marketing kärhananyň ähli ýerleme we önümçilik wezipelerini (çig maly satyn almakdan başlap, satyn alyja hyzmat etmäge çenli) netijeli guramaga mümkinçilik berýär.

Marketingiň strategiýasyny işläp taýýarlamagyň barşynda üç wezipe çözülýär:

– bazarda kärhananyň hereket etjek segmentini saýlap almak;

– şu segmentiň çäklerinde peýdalanylmagy zerur bolan bäsdeşlige ukyplylygyň esasy faktorlaryny kesgitlemek;

– şu bazardaky işiň başlanmaly we tamamlanmaly amatly möhletlerini kesgitlemek (önümiň ýaşaýyş döwrüne, ýagny islegiň artyşyna we peselişine baha bermegiň esasynda).

Aşakda islegiň anyk şertlerinde firmanyň strategik özüni alyp barşynyň bazar görnüşleriniň topara bölünmesi getirilýär:

– bazardaky orunlary marketing arkaly goramak;

– ýerlemegi çak edilýän bazar ýagdaýyna uýgunlaşdyrmaga gönükdirilen marketing;

– seljeriş marketingi (ýerleme syýasatynyň dürli görnüşlerini synap görmek);

– konýunkturanyň üýtgemelerine marketing arkaly seslenmek.

Adatça önümçilik kärhanasynda marketingiň funksional strategiýasyny emele getirmek şu ugurlar boýunça strategiýalaryň we maksatnamalaryň işlenip taýýarlanmagyny göz öňünde tutýar: önüm, nyrh emele getirmek, paýlama kanallary we harytlary öňe sürmek strategiýalary hem-de maksatnamalary (*8-nji tablisa*).

*8-nji tablisa*

**Marketing strategiýasynyň elementleri**

| Strategiýanyň elementleri | Mysaly çözgütler |
|---|---|
| Önümiň strategiýasy | Harydyň modifikasiýasy<br>Täze harydy döretmek<br>Bar bolan haryda marketing taýdan goldaw bermek we ş.m. |
| Nyrh emele getirmek strategiýasy | Abraýly bahalar<br>Saýlanyp alnan alamatlaryň biri boýunça bahalary bellemek |
| Harytlaryň paýlanýan kanallarynyň strategiýasy | Göni ýerleme kanaly (öndüriji – sarp ediji)<br>Gytaklaýyn kanal (öndüriji – araçy – sarp ediji)<br>Garyşyk kanal (göni we gytaklaýyn ýerleme kanallaryny peýdalanmak) |
| Harydy öňe sürmek strategiýasy | Mahabat<br>Ýerlemegi höweslendirmegiň usullary we dürli serişdeleri |

Marketing strategiýasynyň her bir düzüm bölegini aýratynlykda ýa-da özara baglylykda meýilnamalaşdyrmak bazary we kompaniýanyň potensial mümkinçiliklerini öwrenmegiň hem-de çaklamagyň netijelerine esaslanýar. Şunda bazary öwrenmek harydy üstünlikli ýerlemek üçin ähmiýeti bar bolan ähli şertleriň seljermesini gurşap alýar.

Önümiň strategiýasy emele getirilende şu barlaglary geçirmek göz öňünde tutulýar: täze önüme potensial islegiň ýa-da ony emele getirmek mümkinçiliginiň bardygy; sarp ediş islegleriniň esaslary; harydy öndürmek usuly (gerimiň täsirini peýdalanmak mümkinçiligi); önümiň bäsdeşlige ukyplylygy; önümleriň gulluk etmeli möhleti; önümleri ulanmagyň möhletiniň olardan peýdalanmagyň kadalaryna bagly bolmagy; önümiň dizaýny; dolanyşyk möçberi; satuwlardan alynýan peýda; ýerleme tizligi we ş.m.

Harytlaryň nyşanlaryna ýa-da haryt maşgalalaryna aýratyn ähmiýet berilýär, olar önüm maşgalalarynyň sarp edijiler üçin anyk haryt – haryt nyşany bilen deňeşdirilende aýratyn mana eýe bolýan, anyk durmuş-demografik toparlaryň bellibir gymmatlyklary bilen baglanyşdyrylýan özboluşly nyşanlary ýa-da sözde aňladylýan atlary bolup durýarlar. Bu gymmatlyklar gerekli şekili we islegi döredýän esaslandyrylan ýa-da esaslandyrylmadyk zerurlygy emele getirýärler. Tejribäniň görkezişi ýaly, haryt nyşanynyň şowly saýlanyp alynmagy sarp edijileriň ileri tutmalaryna, olaryň diňe anyk bir harydy däl-de, eýsem şu nyşan (belgi) bilen ýerlenýän islendik harydy satyn almaga taýýardygyna düýpli täsir edýär. Köp babatda haryt nyşanlarynyň täsiri bilen sarp edijileriň durnukly toparlary emele getirilýär, olar özboluşly «kepillendirilen satyn alyjylar» bolup, marketing ulgamy meýilnamalaşdyrylanda olara arkaýyn bil baglap bolar.

Şu görkezijiler seljerilýär:

– ýaş toparlaryna we sebitlere bölmek bilen, ilat sanynyň depgini, bu giňden sarp edilýän harytlar bazarda öňe sürlende zerur maglumatlary üpjün edýär;

– ilatyň jan başyna hasaplanyňda harytlaryň sarp edilişi, bu bolsa sarp edijileriň özüni alyp barşyndaky üýtgemeleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär;

– ilatyň (müşderileriň) çykdajylarynyň gurluşynyň depgini, ol bu çykdajylaryň bir harytdan beýlekisine geçişini görkezýär;

– ilatyň toparlarynyň satyn alyjylyk ukybynyň depgini;

– bazarda bellenen maksady boýunça deňeşdirip bolýan ähli harytlara bolan umumy islegiň depgini;

– bäsdeşleriň önümçilik kuwwatlyklarynyň üýtgeýiş depgini.

Bu maglumatlar önümçiligiň görnüşini (köpçülikleýin, aýratyn ýa-da tapgyrlaýyn) saýlap almagyň maksada laýyklygy barada çözgüt kabul etmäge mümkinçilik berýär, olara bolan islegiň ösýän, bitarap we islegiň pese gaçýan harytlaryny bölüp görkezmäge ýardam edýär.

Haryda bolan islege barlag geçirmegiň we ony çaklamagyň, orun eýelemegiň hem-de ony üstünlikli ýerlemek üçin ähmiýeti bar bolan şertlere seljerme geçirmegiň netijeleriniň esasynda marketing gullugy tarapyndan ykdysady strategiýanyň çäklerinde şu harydyň öndürilýän möçberini artdyrmak, ony modifisirlemek ýa-da harydy önümçilikden aýyrmak barada ýa-da düýbünden täze harydyň önümçiligini döretmek we giňeltmek zerurlygy barada çözgüt kabul edilýär.

Häzirki wagtda birnäçe usullar bolup, firmalar şol usullaryň esasynda mümkin bolan sarp edijileriň toparyny ýokary derejede ygtybarlylyk bilen kesgitläp we olaryň sanyny giňeltmek boýunça çäreleri meýilnamalaşdyryp bilerler.

*Önümiň strategiýasyny emele getirmek üçin onuň ýaşaýyş döwrüniň (ÖÝD) modelini peýdalanyp bolar. Düzgün bolşy ýaly, ÖÝD-niň däp bolan modeli grafika görnüşde satuwlaryň egri çyzygy görnüşinde görkezilip bilner,* oňa döwürleri öz içine alýan wagt böleginde seredilýär:

1. Ornaşdyrmak we ösüş.
2. Kämillik.
3. Önümiň we önümçilik prosesiniň bar bolan strategiýalaryny üýtgetmek (modifikasiýa meýilnamasy).
4. Bar bolan önümden marketing goldawyny aýyrmak.
5. Harydy ýerlemek kanallary boýunça ýaýratmagy bes etmek.
6. Täze önümi çykarmaga geçmek üçin önümçilik proseslerini peýdalanmak we döwrebaplaşdyrmak.

Ýönekeýleşdirilen görnüşde ÖÝD-niň döwürleriniň topara bölünmesi şunuň ýaly bolar: ornaşdyrmak, ösüş, kämillik, satuwlaryň möçberleriniň pese gaçmagy.

ÖÝD-niň modeli önümiň görnüşi (telewizorlar), önümiň daşky görnüşi (ekranynyň bellibir ölçegi bolan telewizorlar) we söwda nyşany (Sony firmasynyň telewizorlary) babatynda peýdalanylyp bilner. ÖÝD-niň däp bolan modeli önümiň daşky görnüşine ýa-da söwda nyşanyna garanyňda önümiň görnüşine has laýyk gelýär.

Soňky on ýyllykda önümiň (harydyň ýa-da hyzmatyň) ÖÝD-niň ähli döwürlerini geçýän wagtyň azalma meýli bellenýär.

Nyrh emele getirmegiň marketing strategiýasyny kabul etmek bahalary bellemäge çemeleşme bolup, ol yzygiderli tapgyrlardan durýar, şol tapgyrlaryň her biri özünden soňky tapgyra çäklendirme belleýär:

– maksatlaýyn bazary kesgitlemek;
– söwda nyşanynyň şekilini kesgitlemek;
– marketing strategiýasynyň beýleki elementlerini seljermek;
– nyrh emele getirmek babatynda maksat goýmak;
– umumy nyrh syýasatyny kesgitlemek;
– nyrh strategiýasyny işläp taýýarlamak;
– anyk bahalary bellemek.

Kompaniýanyň nyrh emele getiriş strategiýasyny emele getirmäge köp sanly faktorlar täsir edýär, olaryň esasylary şulardan ybaratdyr:

– kompaniýanyň marketing maksatlary;
– hakyky çykdajylar we peýda;
– bäsdeşleriň teklibine garanyňda harydyň sarp ediji üçin gymmaty;
– bazaryň segmentleriniň arasyndaky tapawut;
– bäsdeşleriň mümkin bolan jogaplary.

Marketing maksatnamalarynyň ählisine täsir edýän möhüm çözgütleriň biri hem harydyň paýlanylýan kanallaryny kesgitlemekdir. Harytlaryň hereket edýän bar bolan kanallary ýerlemegiň esasy üç usulynyň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar:

– göni usul – önüm öndüriji garaşsyz araçylaryň hyzmatyndan peýdalanman, özüniň ýerleme ulgamynyň kömegi bilen önümi sarp edijiler bilen gönüden-göni gatnaşykda bolýar;

– gytaklaýyn usul – öndüriji öz harytlaryny ýerlemegi guramak üçin dürli görnüşdäki garaşsyz araçylaryň hyzmatyndan peýdalanýar;

– garyşyk usul – araçyl halka hökmünde öndüriji firmanyň serişdelerini hem-de haýsydyr bir garaşsyz kompaniýanyň serişdelerini öz içine alýan garyşyk maýasy bolan guramalar hyzmat edýär.

Firmanyň ýerleme işini guramagyň ol ýa-da beýleki usulyny saýlap almak bazaryň, satuwlaryň anyk şertlerine we kärhananyň özüniň strategiýasyna baglydyr. Köplenç halatda kärhana bazaryň häsiýetine we ýerlenýän harydyň aýratynlygyna baglylykda ýerleme ulgamyny guramagyň bar bolan ähli görnüşlerini utgaşdyryp işlemegi ileri tutýar.

Bazarda harydy öňe sürmegiň marketing strategiýasy işlenip taýýarlanylanda harytlaryň ýerlenişini höweslendirmek üçin dürli usullar we serişdeler göz öňünde tutulýar, olaryň arasynda, öňi bilen, mahabaty, şahsy satuwlary, sergileri, ýarmarkalary we ş.m. agzap bolar.

Kärhana tarapyndan bu çäreleri meýilnamalaşdyrmak we durmuşa geçirmek onuň marketing işiniň strategiýasyny hem-de taktikasyny işläp taýýarlamagyň möhüm ugry bolup durýar.

### Soraglar we ýumuş

1. *Kärhananyň marketing strategiýasyny işläp taýýarlamagyň barşynda nähili wezipeler çözülýär?*
2. *Marketing strategiýasynyň esasy elementlerini aýdyp beriň we olaryň düýp mazmunyny düşündiriň.*
3. *Önümiň ýaşaýyş döwri (ÖÝD) näme we onuň esasy tapgyrlary haýsylar?*
4. *Marketing strategiýasy emele getirilende haýsy modeller peýdalanylyp bilner?*
5. *Önümi ýerlemegiň esasy usullaryny aýdyp beriň.*

## 10.3. Kärhananyň marketing işini guramak

Kärhanada marketing işini guramak üçin onuň umumy maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelýän dolandyryş görnüşi saýlanylyp alynmalydyr. Marketing ugurlaryny durmuşa geçirmegiň ileri tutulýan ugurlaryna we dolulygyna baglylykda, marketing işini guramagyň birnäçe esasy görnüşleri görkezilip bilner.

Uly bolmadyk kärhanalar üçin marketing, düzgün bolşy ýaly, kärhananyň beýleki birliginiň düzümine girýän marketing topary tarapyndan geçirilýär. Mysal üçin, şunuň ýaly topar ýerleme bölüminde ýa-da konýunkturany we islegi öwreniş bölüminde döredilip bilner. Marketing boýunça hünärmenleriň baş maksady haryt ýerlenýän bazar barada mag-

lumatlary yzygiderli seljermek we kärhananyň ýolbaşçylary üçin marketing işiniň esasy ugurlary boýunça gündelik hem-de geljege niýetlenen häsiýeti bolan maslahatlary taýýarlamak bolup durýar.

Kärhanada marketing bölümini guramak ähli marketing wezipeleriniň bir bölümde jemlenmegini göz öňünde tutýar. Şunuň ýaly bölümiň esasy wezipesi önümçiligi, nyrh emele getirilişini, önümi ýerlemegi meýilnamalaşdyrmak maksady bilen, kärhananyň beýleki birliklerini utgaşdyrmak bolup durýar.

Diňe bir içerki bazarda däl, eýsem daşarky bazarda hem işlemäge gönükdirilen iri senagat kärhanalarynda ýöriteleşdirilen marketing gullugyny – kärhananyň uzak möhletli geljege niýetlenen marketing syýasatyny işläp düzýän giň gerimli birligi döretmek bolup durýar, şunuň ýaly marketing gullugynyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

– bazarlara toplumlaýyn barlaglary we çaklamalary geçirmek;

– haryt, baha, ýerleme, mahabat, serwis marketing syýasatyny özbaşdak emele getirmek ýoly bilen, firmanyň bazarda özüni alyp barşynyň strategiýasyny we taktikasyny işläp taýýarlamaga yzygiderli gatnaşmak;

– harytlary ýerleýiş ulgamyny guramak we netijeli peýdalanmak;

– mahabat işini guramak;

– sarp edijileriň talaplaryny ähli taraplaýyn hasaba almagyň esasynda kärhananyň önümleriniň netijeli serwisini üpjün etmek;

– kärhananyň ähli birliklerine degişli geňeş kömegini bermek;

– kärhanada marketinge seljerme geçirmek, onuň netijeliligine baha bermek.

Şunuň ýaly marketing gullugy kärhananyň eksport işiniň toplumlaýyn, uzak möhletli maksatlaýyn maksatnamalary işlenip taýýarlananda esasy gulluk bolup durmalydyr. Marketing birliginiň direktoryň marketing boýunça orunbasaryna tabyn edilmegi maksada laýyk bolar.

Marketing birlikleriniň has giň ýaýran gurluşlary şulardan ybaratdyr: funksional, haryt, bazar, sebit, garyşyk gurluş.

Marketing birliginiň funksional guramaçylyk gurluşy (*23-nji surat*) işgärleri olaryň funksional ýöriteleşen ugurlaryna baglylykda toparlara jemlemegi göz öňünde tutýar. Şunuň ýaly gurluşyň artykmaçlygy onuň ýönekeýligi we işgärleriň borçlarynyň takyk bölünmegi bolup durýar.




**23-nji surat.** ***Marketing bölüminiň funksional guramaçylyk gurluşy***

Şunuň ýaly gurluşyň çäklerinde dürli funksional toparlaryň hünärmenleriniň bähbitlerini utgaşdyrmagy üpjün etmekde bellibir kynçylyklar döräp biler. Şunuň ýaly gurluş uly bolmadyk, lokal, bir önüm öndürýän ýa-da az sanly önüm öndürýän kärhanalar üçin häsiýetlidir. Iri firmalar hem, eger olar bir görnüşdäki özboluşly harytlary ýa-da şular ýaly harytlaryň maşgalasyny çykarýan bolsalar, funksional gurluşy peýdalanyp bilerler.

Marketing bölüminiň haryt gurluşy (*24-nji surat*) marketing işiniň aýry-aýry harytlar boýunça bölünmegini göz öňünde tutýar. Her bir haryt boýunça utgaşdyryjy wezipeleri bellibir haryt boýunça marketingi dolandyryjy ýerine ýetirýär, ol degişli marketing maksatnamasynyň ýolbaşçysy bolýar.




**24-nji surat.** ***Marketingiň haryt guramaçylyk gurluşy***

Marketingiň haryt babatda guralýan şertlerinde bölümiň işgärleri harydyň aýratynlyklaryny öwrenmäge we sarp edijileriň şu aýratynlyklar bilen şertlendirilen talaplaryny kanagatlandyrmaga mümkinçilik alýarlar. Ýöne bu gurluşyň düýpli ýetmezçilikleri hem bardyr. Olara şulary degişli edip bolar: funksional ýöriteleşmäniň ýeterlik derejede çuň bolmazlygy, dürli haryt toparlarynyň köp möçberde bolan şertlerinde ony saklamak üçin harajatlaryň ýokary bolmagy.

Dürli görnüşdäki bazarlarda işleýän, köp pudakly firmalar üçin marketingiň bazarlaýyn guralyşy häsiýetlidir (*25-nji surat*). Şu ýagdaýda bazar boýunça dolandyryjy bu firmanyň şu bazarda ýerlenýän islendik harytlarynyň marketingine ýolbaşçylyk edýär, onuň işgärleri bolsa harytlaryň her biri üçin zerur bolan marketing  wezipelerini üpjün edýärler.

Aýratyn uly kärhanalar üçin bazar gurluşynyň mundan beýläkki ösüşi marketingi guramagyň sebitleýin gurluşy bolup durýar, şunuň ýaly gurluşda tutuş sebit üçin marketingiň ýeke-täk toplumy firmanyň sebitdäki ştab-kwartirasynyň düzümindäki marketing birligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Firmanyň gündelik işinde haryt, bazar we sebit gurluşlarynyň arassa görnüşde örän seýrek ulanylýandygyny belläp geçmek gerek. Garyşyk guramaçylyk gurluşlary has giň ýaýran gurluşlar bolup durýar, olarda arassa gurluşlaryň gowy taraplaryny birleşdirip, ýaramaz taraplaryny aýyrmaga synanyşyk edilýär. Garyşyk guramaçylyk gurluşlarynyň arasynda şulary görkezip bolar: haryt-funksional, funksional-sebitleýin, funksional-bazar. Şunuň ýaly garyşyk gurluşlar matrisa ýörelgesiniň esasynda gurlup bilner.




**25-nji surat.** ***Marketingiň bazar guramaçylyk gurluşy***

Kärhanada marketing işini geçirmek tutuş kärhananyň işiniň bellibir derejede gaýtadan gözükdirilmegini talap edýär. Şunda bu işi diňe bir haryt ýerlemek boýunça bölümiň adyny marketing bölümi diýip üýtgetmek bilen gazanyp bolmaz. Kärhananyň özüniň guramaçylyk taýdan gurluşyny üýtgedip guramagy amala aşyrmak gerekdir.

Şunda birinji tapgyrda aýry-aýry marketing barlaglary we mahabat bilen meşgullanmaly hünärmenler toparyny goşmagyň hasabyna haryt ýerleýiş bölümini güýçlendirip bolar. Kärhananyň işiniň bazara gözükdirilişiniň çuňlaşyşyna görä, marketing wezipeleriniň ähmiýetiniň ýokarlanmagy bolup geçýär, bu bolsa, degişlilikde, marketing toparynyň ýerleýiş bölüminden çykarylmagynyň we bu topary özbaşdak birlige öwürmegiň zerurlygyna alyp barýar.

### Soraglar

*1. Kärhanada marketing işini guramagyň haýsy görnüşleri bolup biler?*
*2. Kärhananyň marketing birlikleriniň wezipelerine näme girýär?*
*3. Marketingi guramagyň haryt gurluşy diýmek näme?*

# XI BAP. KÄRHANANYŇ MAÝA GOÝUM IŞI

## 11.1. Maýa goýum işi we maýa goýumlaryň topara bölünmesi

Ykdysadyýeti ösdürmek maýa goýum işini giňeltmezden mümkin däldir. Maýa goýmagyň barşynda geljekde degişli netijäni (girdejini) almak üçin bellibir serişdeler harçlanýar. Eger olar şunuň ýaly netije getirmeýän bolsa, maýa goýumlar biderekdir.

«Maýa goýum işi hakynda» kanuna laýyklykda, peýda almak we (ýa-da) başga bir peýdaly netijäni gazanmak maksady bilen, telekeçilik we beýleki işiň obýektlerine goýulýan pul serişdeleri, gymmatly kagyzlar, beýleki emläk, şol sanda pulda baha berilýän emläk hukuklary maýa goýumlar bolup durýar.

Maýa goýumlar şu kesgitlenen kadalar boýunça toparlara bölünýär. «Maýa goýum obýekti» kesgitlenen kadalary boýunça maýa goýumlaryň şu görnüşleri tapawutlandyrylýar:

**maliýe däl aktiwlere maýa goýumlar (önümçilik maýa goýumlary):**

– esasy maýa goýulýan goýumlar;

– esasy gaznany düýpli abatlamak üçin goýulýan goýumlar;

– maddy däl aktiwlere goýulýan goýumlar;

– dolanyşyk gaznalarynyň ätiýaçlyklaryny artdyrmak üçin goýulýan goýumlar;

– beýleki maliýe däl aktiwlere goýulýan goýumlar (ýer böleklerini we tebigatdan peýdalanyş obýektlerini satyn almagy we ş.m.goşmak bilen);

**maliýe maýa goýumlary:**

– beýleki kärhanalaryň gymmatly kagyzlaryna goýulýan goýumlar;

– döwlet we ýerli zaýomlaryň obligasiýalaryna goýulýan goýumlar;

– beýleki kärhanalaryň esaslyk maýalaryna goýulýan goýumlar;

– beýleki kärhanalara berlen karzlar;

**adam maýasyna maýa goýumlar:**

– kärhanada işläp ýören ýa-da işlemegi mümkin bolan işgärleriň bilimine goýulýan goýumlar;

– kärhananyň işgärleriniň hünärini ýokarlandyrmaga goýulýan goýumlar;

– saglygy goraýyş desgalaryna maýa goýumlary goşmak bilen, kärhananyň durmuş ulgamyna goýulýan goýumlar;

– tehniki howpsuzlygy üpjün etmäge we zähmet şertlerini gowulandyrmaga goýulýan goýumlar.

Soňky ýyllarda maliýe däl aktiwlere goýulýan maýa goýumlaryň arasynda esasy maýa goýulýan goýumlar öňde barýar. Olaryň hem-de düzüminde gurluşyk-gurnama işleri, enjamlar, gurallar, esbaplar we gaýry düýpli işler hem-de harajatlar tapawutlanýar. Jemläp alanyňda olar düýpli goýumlaryň tehnologik gurluşyny emele getirýärler. Ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak nukdaýnazaryndan esasy agram maşynlara, enjamlara, ulag serişdelerine goýulýan goýumlara düşýär.

Soňky ýyllarda maşynlara we enjamlara goýulýan esasy maýa goýumlaryň düzüminde bellibir üýtgeşmeler bolup geçýär. Iň täze maglumat-aragatnaşyk enjamlaryna we olara ugurdaş maksatnama üpjünçiligine goýulýan goýumlar artýar. Tehniki taýdan ösüşiň häzirki tapgyrynda bu enjam ähli önümçilik işini birleşdirýär, şol bir wagtyň özünde ony özgerdýär.

Bazar ykdysadyýetinde maliýe maýa goýumlary degerli rol oýnaýar, sebäbi önümçilik maýasyndan tapawutlylykda, maliýe maýasy has ykjamdyr. Şonuň üçin hem paýnamalara, obligasiýalara we beýleki gymmatly kagyzlara goýulýan maliýe maýa goýumlary maýany ykdysadyýetiň ulgamlarynyň arasynda ondan-oňa geçirmegiň ykdysadyýetdäki gurluş özgertmelerine ýardam edýän iň gowy serişdesidir.

Häzirki zaman ylmy-tehniki üstünlikleriň ykdysadyýetiň ösüşine edýän täsiriniň artmagy adam maýasynyň hilini ýokarlandyrmagyň zerurlygyny şertlendirýär. Adam maýasyna köp möçberde maýa goýumlary goýmak, ýagny işgärleriň bilimini we olaryň hünär derejesiniň laýyklygyny hem-de bu derejäniň yzygiderli ýokarlanmagyny üpjün etmek üçin harajatlara zerurlyk ýüze çykýar. Şu ugurdaky harajatlaryň uzak möhletleýin häsiýeti bolup,

olar köp ýyllaryň dowamynda girdeji getirýärler. Saglygy goraýyş ulgamyna goýulýan maýa goýumlar barada hem şolary aýdyp bolar, olar hem geljekde özüni ödeýär.

«Maýa goýum tapgyrynyň» kesgitlenen kadasyna laýyklykda başlangyç, gündelik we goşmaça maýa goýumlar tapawutlandyrylýar.

Başlangyç goýumlar – kärhanany ýa-da onuň bilen utgaşykly önümçiligi döretmek üçin maýa goýumlar;

Gündelik goýumlar – döwrebaplaşdyrmak ýa-da düýpli abatlamak arkaly esasy serişdeleri iş ýagdaýynda saklamak ýoly bilen kärhananyň işini üpjün edýär.

Goşmaça goýumlar – hereket edýän önümçilige goýulýan, kärhananyň kuwwatlyklaryny giňeltmäge gönükdirilen maýa goýumlar: çykdajylary azaltmak maksady bilen, önümçilik işlerini kämilleşdirmek; çykarylýan önümleriň nomenklaturasyny artdyrmak we olaryň täze bazarlara aralaşmagy üçin kärhananyň önümçilik ugruny üýtgetmek hem-de onuň önümçiligini diwersifisirlemek.

Goýulýan ugurlary boýunça maýa goýumlar kärhananyň (guramanyň) önümçilik-ýerleme işiniň goýumlaryň gönükdirilýän tapgyrlaryna baglylykda, toparlanma bölünýär. Önümçilik kärhanasy üçin şu tapgyrlar görkezilýär:

– maddy-tehniki üpjünçilik, ýagny materiallar, ýarym taýýar önümler, tehnika, ulaglar bilen üpjün etmek;

– önümçilik;

– ýerlemek.

«Maýa goýumlaryň eýeçilik görnüşiniň» kesgitlenen kadasy boýunça şu görnüşler tapawutlandyrylýar:

– döwlet goýumlary – dürli derejedäki döwlet häkimiýeti edaralary tarapyndan degişli býujetleriň, býujetden daşary gaznalaryň we karz serişdeleriň hasabyna, şeýle hem döwlet kärhanalary we döwletiň gatnaşmagyndaky kärhanalar tarapyndan amala aşyrylýar;

– daşary ýurt goýumlary – daşary ýurtlaryň ýuridik we fiziki şahslary tarapyndan, şeýle hem gönüden göni daşary döwletler we halkara guramalary tarapyndan amala aşyrylýar;

– hususy goýumlar – fiziki we döwlete dahylsyz ýuridik şahslar tarapyndan amala aşyrylýar;

– garyşyk goýumlar – döwlet gurluşlary tarapyndan eýeçiligiň döwlete degişli däl görnüşlerindäki kärhanalar we şahsy adamlar tarapyndan bilelikde amala aşyrylýar;

– bilelikdäki goýumlar – ýurduň we daşary ýurtlaryň maýa goýumçylary tarapyndan bilelikde amala aşyrylýar.

«Maýa goýumlaryň çäkleýin ýerleşmeginiň» kesgitlenen kadasyna laýyklykda üç ugur görkezilýär:

– sebitleýin goýumlar – serişdeleri ýurduň anyk sebitiniň çäklerinde goýmak;

– içki goýumlar – tutuş ýurduň çäklerinde ýerleşdirilen obýektlere serişde goýmak;

– daşary ýurtlarda goýumlar – ýurduň çäklerinden daşarda ýerleşýän obýektlere serişdeleri goýmak.

«Maýa goýumlary maliýeleşdiriş çeşmeleriniň» kesgitlenen kadasyna laýyklykda kärhanalar şunuň ýaly toparlanma bölünýär:

– öz serişdeleri, şol sanda: guramanyň ygtyýarynda galýan peýda; ulanyş tutumlary; beýlekiler;

– çekilen serişdeler, şol sanda býujet serişdeleri.

Maýa goýumlary toparlara bölmek üçin goşmaça alamatlar hem peýdalanylyp bilner:

– ilkibaşky maýa goýumlaryň talap edilýän möçberi – kiçi, orta we iri taslamalar üçin;

– beýleki maýa goýumlaryň täsirine düşme derejesi – garaşsyz maýa goýumlar; ugurdaş maýa goýumlaryny talap edýän goýumlar; bäsleşýän maýa goýum çözgütlerine duýgur maýa goýumlar;

– netije almak görnüşi, ol maýa goýumyň maksatlaryna laýyklykda kesgitlenýär;

– maýa goýumlaryň olar bilen has ýakyn baglanyşykly funksional düzüm bölekleri;

– maýa goýum obýektiniň pudaklaýyn degişliligi;

– maýa goýumlary amala aşyrmagyň hökmanylyk derejesi boýunça – absolýut hökmany, hökmany, hökmany däl.

«Maýa goýum» düşünjesi maýa goýmak prosesiniň esasy üç elementi bilen ýakyndan baglydyr:

– maýa goýulýan obýekt;

– maýa goýum işiniň subýekti;

– maýa goýum hereketleri.

Maýa goýum obýekti diýip ol babatynda maýa goýumlar amala aşyrylýan telekeçilik işiniň obýektine düşünilýär. Maýa goýum obýekti diňe maýa goýum çärelerini geçirmek prosesinde bolýar. Maýa goýumçy üçin ol maýa goýumçynyň maksatlaryny kanagatlandyryp bilýän derejede gyzyklanma döredýär. Şonuň üçin hem obýektiň maýa goýumçy üçin aralyk ähmiýeti bardyr – ol şu maksatlary kanagatlandyrmagy bes eden pursatynda satylýar ýa-da ýatyrylýar.

Maýa goýum işi köp sanly gatnaşyjylaryň bolmagyny göz öňünde tutýar. Onuň subýektleri hökmünde bir tarapdan, erkin maýa goýum serişdeleri bolan ýuridik we fiziki şahslar (banklar, maliýe kompaniýalary we beýleki maýa goýum institutlary, kärhanalar we guramalar, şeýle hem hususy maýa goýumçylar) beýleki tarapdan maýa goýum serişdelerine zerurlyk çekýän kärhanalar we guramalar.

Maýa goýum işi bellibir şertlerde araçylaryň bolmagyny talap edýär, olaryň wezipesi maýa goýum institutlarynyň maýa goýum serişdelerini sarp edijiler bilen özara gatnaşygyny üpjün etmek bolup durýar.

Maýa goýum hereketleri (işi) diýip maýa goýumçynyň maýa goýum obýektini saýlap almak we döretmek, ony ulanmak, kähalatda bolsa ýatyrmak, şeýle hem zerur bolan goşmaça goýumlary amala aşyrmak boýunça yzygiderli çärelerine düşünilýär.

Maýa goýum işini seljermek we baha bermek prosesinde «maýa goýmak» we «maliýeleşdirmek» düşünjeleri ýüze çykýar we biri-biri bilen ýakyndan gatyşyp gidýär. Resmi taýdan maýa goýum işi hemişe pul serişdelerini sarp etmekden başlanýar, maliýeleşdirmek bolsa degişli maýa goýum taslamasyny amala aşyrmagyň ilkinji tapgyrynda pul serişdeleriniň bolmagyny ýa-da gelip gowuşmagyny göz öňünde tutýar.

Şonuň üçin hem maýa goýum işi ilkibaşdan öz serişdeleriňi ýa-da karz alnan serişdeleri sarp etmek bilen bilelikde bolup geçýär we goýlan maýa goýumlaryň netijesinde geljekdäki girdejileriň çykdajylardan ýokary boljakdygyndan ugur alýar.

Maliýeleşdirmek bolsa öz serişdeleriň bolmagyny ýa-da daşky çeşmeleriň serişdeleriniň bolmagyny göz öňünde tutýar, daşky serişdeler, eger olary maýa goýumçy karzyna alan bolsa, geljekde göterimler bilen yzyna gaýtarylmalydyr.

Karz alyjynyň nukdaýnazaryndan karz geleşigi onuň işiniň maliýeleşdirilmegi, ýagny hökmany suratda gaýtarmak we göterimleri tölemek (karz serişdeleriniň peýdalanylandygy üçin töleg) şertlerinde onuň pul serişdeleriniň bellibir möçberini almagy we ony öz garaýşyna görä peýdalanmagy bolup durýar. Karzdar üçin karz alyja serişdeleriň peýdalanylandygy üçin göterim görnüşinde töleg almak bilen, olary gaýtarmak şertlerinde bellibir möhlete berilýän pul serişdeler onuň maýasynyň kepillendirilen girdejini almak üçin goýulmagy bolup durýar.

Maýa goýum bazarynda hereket edýän maýa goýumçylaryň şu toparlaryny görkezip bolar:

1. Strategik goýumçylar – bazarda uzak möhletleýin bolmak maksady bolan, hereketleriň strategiýasyny, maýa goýum ýagdaýynyň üýtgemelere durnuklylygyny saýlap alan maýa goýumçylar. Kärhananyň önümçilik, maliýe we gündelik işine doly gözegçilik edýän strategik maýa goýumçynyň bolmagy kärhananyň işinde düýpli özgerişlikleriň boljakdygyny aňladýar.

2. Wençur goýumçylar – bazara golaýda gelen we bazary eýelemek babatynda uzak möhletli maksatlary öňünde goýmaýan maýa goýumçylar. Bu kompaniýalaryň köp bölegi uzak bolmadyk wagtyň dowamynda araçylyk, söwda we maliýe amallarynda ýokary töwekgelçilik bilen bagly örän ýokary girdeji almakdan ugur alýar.

*9-njy tablisa*

**Maýa goýumlaryň toparlanmasy**

| **Toparlanmanyň alamatlary** | **Maýa goýumlaryň görnüşleri** | **Toparlamanyň maksatlary** |
|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** |
| Maýa goýum obýekti | 1. Önümçilik:<br>– esasy gaznalara goýumlar;<br>– haryt-maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklaryna maýa goýumlar.<br>2. Maliýe goýumlary:<br>– amanat banklaryna goýumlar;<br>– obligasiýalar, paýnamalar we beýleki gymmatly kagyzlar.<br>3. Adam maýasyna goýumlar:<br>– bilim;<br>– hünäri ýokarlandyrmak;<br>– durmuş ulgam;<br>– tehniki howpsuzlygy üpjün etmek we zähmet serişdelerini gowulandyrmak;<br>– saglygy goraýyş. | Maýa goýumçynyň ileri tutmalaryny kesgitlemek we teklipleriň degişli bazaryny emele getirmek mümkinçiligi |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Maýa goýum döwrüniň tapgyry | Başlangç<br>Gündelik<br>Goşmaça | Kärhananyň ýaşaýyş döwrüniň maýa goýum goýulýan tapgyrlaryny kesgitlemek: döretmek, gündelik iş, ösüş, |
| Maýa goýum ugry | Üpjünçilik<br>Önümçilik<br>Ýerleme<br>Dolandyryş | Önümçilik-ýerleme döwrü-niň dürli tapgyrlarynda maýa goýumlary guramak |
| Eýeçilik görnüşi | Döwlet<br>Hususy<br>Daşary ýurt<br>Bilelikdäki | Bazar gatnaşyklarynyň ösüş derejesini (döwlet ýa-da sebit derejesinde) ýa-da obýektiň maýa goýum özüne çekijiligini (kärhana dereje-sinde) kesgitlemek |
| Maýa goýumlaryň sebit-leýin jähti | Içki<br>Sebit<br>Daşary ýurt | |
| Beýleki maýa goýumlaryň täsirine düşme derejesi | Garaşsyz<br>Ugurdaş maýa goýumlary talap edýänler<br>Bäsdeş maýa goýum çöz-gütleriniň kabul edilmegine duýgur | Kärhananyň maýa goýum strategiýasyna baha bermek mümkinçiligi |
| Netije (täsir) görnüşi | Ykdysady<br>Durmuş<br>Tehniki | Alnan netijäniň (täsiriň) görnüşleriniň maýa goýum maksatlaryna laýyklygy |
| Maliýeleşdiriş çeşmeleri | Öz serişdeleri<br>Çekilen serişdeler | Kärhananyň öz serişdeleri-niň hasabyna maýa goý-mak mümikinçiligine baha bermek |

3. Bukja goýumçylar – bir ýa-da birnäçe kärhanalaryň gymmatly kagyzlaryna maýa goýmagy amala aşyrýan we şeýlelikde, dürli gymmatly kagyzlaryň «bukjasyny» ýygnaýan (toplaýan), şunda kärhananyň işini dolulygyna dolandyrmagy talap etmeýän maýa goýumçylar. Bukja maýa goýumçysynyň maksady köplenç halatda maýa goýum goýulýan kärhanalaryň gymmatly kagyzlaryny soňundan satmak (mysal üçin, strategik maýa goýumçy) bolup durýar.

Bukja maýa goýumçylarynyň strategiýalaryna baglylykda olaryň şu görnüşlerini görkezip bolar:

– işjeň (agressiw) goýumçy, öz işinde ýokary töwekgelçiligiň boljakdygyna ýol berýär, ýöne geljekde ýokary girdeji almaga garaşýar. Uzak möhletli, şeýle hem gysga möhletli maýa goýumlara meýilli we gündelik ýokary girdejileri talap etmeýär;

– konserwatiw (passiw) goýumçy, töwekgelçiligiň ýokary bolmadyk ýagdaýynda durnukly gündelik girdejä garaşýar. Adatça bu girdejiler işjeň maýa goýumçynyňkydan pes bolýar, ýöne ol öňünden bilinýär we ol yzygiderli häsiýetde bolýar;

– aralyk konserwatiw goýumçy, maýanyň artmagyna we gözegçilik edilýän töwekgelçilikde gündelik girdejileri almaga garaşýar.

**Soraglar we ýumuşlar**

*1. «Maýa goýum» düşünjesine kesgitleme beriň.*
*2. Maýa goýum işiniň nähili maksatlary bolup biler?*
*3. Maýa goýum işiniň esasy ýörelgelerini aýdyp beriň.*
*4. Maýa goýumlaryň esasy görnüşlerini aýdyp beriň we mazmunyny açyp görkeziň.*
*5. Maýa goýumçy kim we maýa goýumçylaryň haýsy esasy toparlaryny atlandyryp bilersiňiz?*
*6. Maýa goýum ulgamynyň subýektlerini aýdyp beriň.*

## 11.2. Kärhananyň maýa goýum işi

Maýa goýum işiniň düýp manysy kärhananyň ykdysady ösüşini üpjün etmek üçin, bir tarapdan, maýa goýum serişdelerini çekmek we jemlemek boýunça çäreleriň dürli döwür üçin toplumyny emele getirmekden, beýleki tarapdan, maýa goýum maksatnamalaryny we maýa goýum işini amatly etmekden ybaratdyr.

Maýa goýum maksatnamasy – bu kärhanada ähli maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmegiň meýilnamasydyr. Maýa goýum taslamasy diýip maýa goýumlaryny amala aşyrmagyň ykdysady taýdan maksada laýyklygynyň, möçberiniň we möhletleriniň esaslandyrmalaryna, şeýle hem şu mesele boýunça iş ýüzündäki hereketleriň (telekeçilik meýilnamasynyň) we olary durmuşa geçirmegiň beýanyna düşünilýär. Maýa goýum maksatnamasynyň mazmuny kärhananyň maýa goýum syýasaty bilen kesgitlenýär, ol bolsa kärhananyň seredilýän döwürdäki strategiýasyna baglydyr.

Kärhananyň maýa goýum syýasaty şu maksatnamany emele getirýän maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin zerur bolan maýanyň ululygyny we gurluşynyň esaslandyrmasyny öz içine alýar.

Zerur bolan maýa goýum serişdelerini kärhana içki we çekilen daşky çeşmeleri peýdalanmagyň hasabyna alyp biler. Içki maýa goýum çeşmelerine şular degişlidir:

– kärhananyň ätiýaçlyk gaznasy;
– ulanyş tutumly gaznasy;
– kärhananyň ygtyýarynda galýan peýda;
– paýdarlaryň umumy ýygnagynyň karary boýunça kärhanany ösdürmäge gönükdirilýän diwidendler we ş.m.

Kärhananyň içki ätiýaçlyklarynyň maýa goýuma bolan islegi doly üpjün edip bilmeýän halatlarynda serişdeleri daşky maliýeleşdirmegiň hasabyna başga ýerlerden çekmek zerurlygy ýüze çykýar.

Kärhananyň pul serişdelerini çekmek maksady bilen, paýnamalar bukjasynyň bir bölegini satýan ýa-da paýnamalaryň täze emissiýasyny amala aşyrýan mahalynda, kärhananyň paýnamalaryny satyn alýan we şeýlelikde onuň işini maliýeleşdirýän maýa goýumçyda firmanyň esaslyk maýasynyň bir bölegine bolan eýeçilik hukugy ýüze çykýar. Şu görnüşde çekilen serişdeler diňe bellibir derejä çenli öz serişdeleri bolup durýar.

Degişlilikde, kärhanada maliýe bergi borçnamalary ýüze çykýar. Şu ýagdaýda maliýeleşdirmegiň kärhananyň eýeleri bolup durmaýan karzdarlar tarapyndan amala aşyrylýandygy sebäpli, şunuň ýaly maýa karz alnan maýa diýlip atlandyrylýar.

Karzyň berilýän möhletine baglylykda, karz serişdeler uzak möhletli we gysga möhletli serişdelere bölünýär.

Möhleti bir ýyla çenli bolan karzlar gysga möhletli karzlar hasap edilýär, ýöne hümmetsizlenmäniň derejesi ýokary bolan şertlerde bu çäk 6-9 aýa çenli peselýär. Tejribäniň görkezişi ýaly, kärhanalaryň köpüsi şu shemany ileri tutýarlar: esasy maýa we dolanyşyk maýasynyň has durnukly bölegi (ätiýaçlyk gory we ş.m.) uzak möhletli karzlaryň hasabyna, galan bölegi gysga möhletli karzlaryň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Karzlaşdyrmagyň däp bolan görnüşi bilen bir hatarda soňky ýyllarda karzlaşdyrmagyň karz alyjy kärhana tarapyndan gönüden göni pul serişdelerini almak bilen bagly bolmadyk görnüşleri, ýagny lizing, faktoring, täjirçilik we ipoteka karzy ýaly görnüşler hem ösüşe eýe boldy. Günbataryň maliýe bazarlarynda karzlaşdyrmagyň bu görnüşleriniň köp ýyllyk taryhy bardyr, ýöne biziň şertlerimiz üçin bu täze ýagdaýdyr.

Faktoringde ýörite firma (faktor) müşderiden bergileri almaga bolan hukugy satyn alýar we öz müşderilerine olaryň bergidarlaryna bildirýän talaplaryny bölekleýin töleýär, ýagny bergidaryň töleg möhleti dolmazdan öň berginiň 70%-den 90%-ne çenlisini gaýtarýar. Berginiň galan bölegi, müşderilere, göterimleri aýyrmak bilen, bergidar bergini doly üzenden soň gaýtarylýar. Netijede, faktor-firmanyň müşderisi algysyny tiz gaýtarmak mümkinçiligini alýar, onuň üçin bellibir göterim töleýär.

Kärhana faktoring hyzmatyna ýüzlenmek bilen, debitor berginiň möçberini azaldýar, şeýlelikde hem öz maliýe durnuklylygyny we geçginliligini ýokarlandyrýar. *10-njy tablisada* karzlaşdyrmagyň däp bolan görnüşleriniň we faktoringiň deňeşdirilýän artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri görkezilýär.

Täjirçilik karzy adatça bir kärhana tarapyndan beýleki kärhanadan harytlar satyn alnanda ýa-da önümçilik ätiýaçlyklary emele getirilende ulanylýar. Kärhananyň täjirçilik karzy satyn alynýan haryt üçin tölegiň möhletini soňa süýşürmek bolup durýar, onuň üçin satyja öwezini doluş tölegleri tölenýär (karz möhleti näçe ýokary bolsa, maliýeleşdirmegiň şu görnüşiniň çeýeligi ýokary bolýar. Mysal üçin, lomaý söwda firmalary harytlaryň tölegi 2 hepdeden geçirilende 10% ýeňillikli, 1 aýdan soň tölenende 5% ýeňillik, 2 aýdan soň tölenende doly bahasy bilen, 3 aýdan tölenende bolsa 5% nyrh goşundysy bilen teklip edip bilerler).

Ösen bazar ykdysadýetli ýurtlaryň köpüsinde täjirçilik karzy kiçi kärhanalary maliýeleşdirmegiň esasy görnüşi bolup durýar.

Ipoteka karzy bazar ykdysadyýetinde maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň ösen görnüşleriniň biri bolup durýar. Onuň düýp manysy gozgalmaýan emlägi girew goýmagyň hasabyna uzak möhletli karzlary bermekden ybaratdyr. Ipoteka karz institutlary (ipoteka gaznalary, karz jemgyýetleri we ş.m.), düzgün bolşy ýaly, karz alyjy tarapyndan girew görnüşinde resmileşdirilen gozgalmaýan emlägiň hasabyna gymmatly kagyzlary çykarmak bilen, karzdarlar bilen karz alyjylaryň arasynda araçy wezipesini ýerine ýetirýärler. Ipoteka karzlary boýunça tölegleri hasaplamagyň usulynyň şunuň ýaly karzlaşdyrmagyň uzak möhletli häsiýeti bilen bagly öz aýratynlyklary bardyr. Ipoteka karzlary boýunça tölegler annuitet görnüşde bolup bilerler, şunda ipoteka töleginiň pul möçberi şertnamanyň hereket edýän möhletiniň bitin dowamynda hemişelik (üýtgewsiz) bolup durýar we karzy üzmek üçin deň ölçegli gatançlardan hem-de karz boýunça göterimden emele gelýär ýa-da onuň «şar» töleg görnüşi bolýar. Şu ýagdaýda karz ipoteka şertnamasynyň möhleti tamamlanandan soň bir wagtda üzülýär, aralyk möhletlerde bolsa diňe göterimler tölenýär.

Maliýeleşdirmegiň görnüşini saýlap almagyň we maýa goýum maksatnamasyna goşmak üçin maýa goýum taslamalaryny seçip almagyň soňundan maýa goýum maksatnamasyny amatly etmek üçin ýörelgeleýin ähmiýeti bardyr. Wagt we serişdeler boýunça çäklendirmeler berjaý edilen halatynda kärhananyň strategik maksatlaryna ýetilmegini iň gowy ýagdaýda üpjün edýän maýa goýum maksatnamasyny amatly maksatnama hasap edilýär.

*10-njy tablisa.*

**Däp bolan karz bilen pul talabyny bermegiň hasabyna maliýeleşdirmek şertnamasynyň (faktoring) arasyndaky tapawut**

| Karz | Faktoring |
|---|---|
| **1** | **2** |
| Karz banka karz alyjy tarapyndan gaýtarylýar. | Faktoring maliýeleşdirmesi müşderiniň debitory tarapyndan tölenýän pullardan üzülýär. |
| Karz kesgitli möhlete berilýär. | Faktoring maliýeleşdirmesi tölegiň hakykatdan soňa süýşürilen möhleti üçin tölenýär. |
| Karz şertnamada görkezilen günde tölenýär. | Faktoring maliýeleşdirmesi harydyň töleginiň geçirilmeli güni tölenýär. |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Karz, düzgün bolşy ýaly, girewiň ýerine berilýär. | Faktoring maliýeleşdirmesi üçin üpjün etmek talap edilmeýär. |
| Karz öňünden şertleşilen möçberde berilýär. | Hakyky maliýeleşdirmegiň möçberi çäklendirilmeýär we müşderiniň satuwlarynyň möçberiniň artyşyna görä köpelip biler. |
| Karz şertnamada öňünden şertleşilen günde üzülýär. | Faktoring maliýeleşdirmesi debitor tarapyndan iberilen harydyň töleginiň hakyky geçirilen güni üzülýär. |
| Bir gezeklik karzyň alynmagy täze karzyň alynmagyny kepillendirmeýär. | Faktoring maliýeleşdirmesi möhletsiz dowam edip biler. |
| Bank karzy boýunça harajatlar MB-nyň hasaba alyş möçberi + 3% çäklerinde özüne düşýän gymmata degişli edilýär. | Faktoring komissiýa tölegini tölemek üçin harajatlar dolulygyna özüne düşýän gymmata degişli edilýär. |
| Karzlaşdyrylan mahalynda bank puly geçirmekden başga karz alyja hiç hili hyzmat etmeýär. | Faktoring maliýeleşdirmesi debitor bergini dolandyrmak bilen bilelikde geçirilýär. |

Amatly maýa goýum maksatnamasyny emele getirmek maýa goýum taslamalaryna seljerme geçirmäge we peýdalylyk ölçegi boýunça iň gowy utgaşygyň ýüze çykarylmagyna esaslanýar.

Kärhanany uzak möhletleýin ösdürmegiň maksatlaryny kesgitlemek

↓

Uzak möhletli maýa goýumyň strategik ugurlaryny işläp düzmek

↓

Kärhananyň maýa goýum serişdelerine zerurlygyny seljermek

↓

Kärhananyň maýasynyň amatly gurluşyny kesgitlemek, uzak möhletli maliýeleşdirmek üçin peýdalanylýan maýanyň bahasyny amatly etmek

Maýa goýumlary saýlap almaklygy işläp düzmek

Uzak möhletli maýa goýumlaryň netijeliligini seljermek we baha bermek

Maýa goýumlary saýlap almaklygy durmuşa geçirilmeginiň kärhananyň ýagdaýyna edip biljek täsirine seljerme geçirmek

Amatly maýa goýum maksatnamasyny emele getirmek, düýpli goýumlar býujetini işläp taýýarlamak

Maýa goýum maksatnamasynyň ýerine ýetirilişine monitoring geçirmek

**26-njy surat.** ***Kärhananyň maýa goýum maksatnamasyny emele getirmegiň algoritmi***

**Soraglar we ýumuşlar**

*1. Kärhananyň maýa goýum syýasaty näme?*
*2. Maýa goýumlaryň esasy çeşmelerini görkeziň.*
*3. Kärhananyň maýa goýum maksatnamasyny emele getirmegiň tertibi barada gürrüň beriň.*
*4.Karz alnan maýa we öz maýasy näme?*
*5. Karzlaşdyrmagyň däp bolmadyk görnüşleriniň haýsylaryny bilýärsiňiz, olar nähili görnüşler bolup durýarlar?*

## 11.3. Lizingiň ykdysady esaslary

Lizing maýa goýumlaryň maýany tygşytlaýan görnüşi bolup durýar. Ilkibaşda lizing diýip enjamlary, ulag serişdelerini ýa-da jaýlary kärendä bermek-almak amallaryna düşünilýärdi, ýöne maliýe institutlarynyň ösüşine görä, maliýeleşdirmegiň esasy gaznalaryň elementlerini kärendesini bir wagtda bank maýasyny çekmek arkaly ýöriteleşdirilen lizing firmasynyň üstünden karzlaşdyrmak bilen utgaşýan görnüşini lizing diýip atlandyryp başladylar.

Dünýä tejribesinde «lizing» adalgasy uzak wagtlap peýdalanylýan harytlaryň kärendesine esaslanýan dürli geleşikleri aňlatmak üçin peýdalanylýar.

Şertnamanyň baglaşylýan möhletine baglylykda kärende amallarynyň üç görnüşi tapawutlandyrylýar: gysga möhletli (1 günden 1 ýyla çenli) – renting; orta möhletli (1 ýyldan

3 ýyla çenli) – haýring; uzak möhletli (3 ýyldan 20 ýyla çenli we ondan hem köp möhlete) lizingiň özi.

Nusgawy lizing geleşigine özara gatnaşyklaryň üç taraply häsiýeti mahsusdyr. Birinjiden, oňa emlägi lizing şertnamasy esasynda peýdalanmaga berýän emläk eýesi – lizinge beriji gatnaşýar. Lizinge beriji bolup şular çykyş edip bilerler:

– lizing amallaryny amala aşyrmak üçin ýörite döredilýän maliýe lizingi kompaniýasy. Kompaniýanyň esasy wezipesi emlägiň tölegini geçirmek, ýagny geleşigi maliýeleşdirmek bolup durýar;

– ýöriteleşdirilen lizing kompaniýasy, ol geleşigi maliýe taýdan üpjün etmäge goşmaça hökmünde maliýe däl hyzmatlaryň tutuş toplumyny öz üstüne alýar: emlägi saklamak, abatlamak, könelen böleklerini çalyşmak, peýdalanmak boýunça geňeş bermek we ş.m.;

– olar üçin lizing esasy iş bolup durmaýan, ýöne telekeçiligiň tertipnamada gadagan edilmedik ugry bolan, lizing amallaryny geçirmek üçin maliýe çeşmeleri bar bolan islendik firma ýa-da kärhana.

Ikinjiden, lizing geleşiklerine gatnaşyjy emläkden peýdalanyjy – lizinge alyjy degişlidir, islendik guramaçylyk-hukuk görnüşindäki ýuridik şahs lizinge alyjy bolup biler. Üçünji gatnaşyjy – üpjün ediji – lizinge alyja emlägi satýan şahs bolup durýar.

Nusgawy lizing geleşiginde subýektleriň arasyndaky özara geleşikler 27-nji suratda getirilen çyzgy boýunça gurulýar.

Kärendä alynýan obýektiň tebigaty boýunça gozgalýan we gozgalmaýan emläk tapawutlandyrylýar. Lizing şertnamasynyň hereket edýän möhleti şu faktorlary göz öňünde tutýar:

1. Enjamyň peýdalanylmaly möhleti, bu onuň tehniki-ykdysady maglumatlary bilen kesgitlenýär. Lizing geleşiginiň möhleti enjamyň kärendeçi tarapyndan ulanylmagynyň mümkin bolan möhletinden ýokary bolup bilmez. Şertnama möhletiniň kanunçylyk arkaly çäklendirilýän wagty hem bolýar. Meselem, Awstriýada aşaky çägi ulanyş tutumyny hasaplap ýazmak üçin kabul edilen möhletiň 40%-i, ýokary çägi şol möhletiň 90%-i derejesinde bellenendir.




***27-nji surat. Üçtaraplaýyn lizing geleşiginde lizing prosesini guramagyň çyzgysy:***

*1 – lizingi alyjydan ýüztutma almak; 2 – lizinge alyjynyň tölege ukyplylygy we lizing taslamasynyň netijeliligi barada netijenama taýýarlamak; 3 – üpjün edijä tabşyryk hatyny ibermek; 4 – lizing geleşigini geçirmek üçin karz serişdeleri almak; 5 – lizing obýektini satyn almak-satmak şertnamasyny baglaşmak; 6 – enjamlaryň ulanmaga kabul edilendigi barada ykrar hatyna gol çekmek; 7 – lizing ylalaşygyny baglaşmak; 8 – ylalaşyga laýyklykda berilýän enjamlara tehniki taýdan hyzmat etmek barada şertnama baglaşmak; 9 – lizing obýektini ätiýaçlandyrmak barada şertnama baglaşmak; 10 – lizing tölegleri tölemek; 11 – lizing obýektini gaýtarmak; 12 – karzy gaýtarmak we göterimleri tölemek.*

2. Enjamyň ulanyş tutumy alynýan döwri, ol kadalaşdyryjy resminamalarda bellenilýär.

3. Hümmetsizlenme prosesleriniň depgini. Lizinge beriji üçin hümmetsizlenmegiň çalt ýokarlanýan halatynda kesgitli kärende tölegleri bilen uzak möhletli şertnama baglaşmak bähbitli däldir, tersine, hümmetsizlenme derejesi pese düşen ýagdaýynda lizinge beriji has uzak möhletli şertnamalary baglaşmak isleýär.

Lizing tölegleriniň düzümine şular girýär: ulanyş tutumy; geleşik amala aşyrylanda lizinge beriji tarapyndan çekilýän serişdeler üçin töleg; lizing maržasy, ol öz içine lizinge berijiniň hyzmatlar üçin girdejisini öz içine alýar (1-3%); töwekgelçilik baýragy, bu lizinge berijiniň çekýän töwekgelçilik derejesine baglydyr.

Soňky ýyllarda lizing amallary senagat taýdan ösen ýurtlaryň köpüsiniň maýa goýum işiniň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

Käbir ýurtlarda maliýe lizinginiň ýaýramagy lizing işi ulgamynda kadalaşdyryjy-hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň kämil däldigi, täjirçilik karzy üçin göterimiň ýokarydygy we salgyt salmagyň bar bolan derejesi sebäpli bökdelýär.

Lizingiň güýçli depgin bilen ösmegi lizinge berijiniň hem-de lizinge alyjynyň alýan artykmaçlyklary bilen baglydyr. Lizinge beriji üçin artykmaçlyklara şular degişlidir:

– bank maýasynyň ulanylýan ulgamynyň giňelmegi;

– bank karzlary berlendäkä garanyňda töwekgelçiligiň pesligi;

– salgyt ýeňillikleri.

Lizinge alyjylar şu artykmaçlyklardan peýdalanýarlar:

– hak ujy tölegler geçirmezden, kesgitli möçberler boýunça geleşigi 100% maliýeleşdirmek, bu aýratyn hem täze we ösüp barýan kärhanalar üçin möhümdir;

– köp möçberde harajat çykarmazdan we karz serişdeleri çekmezden önümçiligi giňeltmek, täze enjamy gurnamak we sazlamak mümkinçiligi;

– enjamy satyn almak üçin harajatlary şertnamanyň hereket edýän möhletiniň bitin dowamyna deňeçer bölmek, bu bolsa birinji tapgyrda serişdeleri başga maksatlar üçin boşatmaga mümkinçilik berýär;

– moral taýdan könelmeden goramak – lizing ulanylýan enjamy has häzirkizaman enjama çalt çalyşmaga mümkinçilik berýär;

– öz maýasy bilen çekilen maýanyň gatnaşygyny amatly etmek;

– lizinge berijiniň güýçleri bilen tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak;

– salgyt ýeňillikleri we maýa goýumlary höweslendirmek – enjamyň lizinge alyjynyň balansynda durmaýandygy sebäpli, ýuridiki şahslaryň emläk  üçin salgydy peselýär we ş.m.

Lizing amallary şular ýaly toparlanma bölünýär:

– gatnaşyjylaryň düzümi boýunça:

– göni lizing – emlägi bermek araçynyň üstünden bolup geçýär;

– gaýtarylýan lizing – göni lizingiň aýratyn ýagdaýy, şunda lizing firmasy enjamy onuň eýesinden satyn alýar we onuň özüne lizinge tabşyrýar;

– emlägiň görnüşi boýunça:

– gozgalýan emlägiň lizingi;

– gozgalmaýan emlägiň lizingi;

– ozal ulanylan emlägiň lizingi.

Şahsy girdejilere salgyt salmagyň derejesi näderejede ýokary bolsa (ösen ýurtlarda ol ýeterlik ýokarydyr), şahsy sarp ediş ulgamynda lizingiň ýaýraýyş derejesi şonça giň bolýar. Hakyky lizingiň hereket edýän çygry kiçi, orta we iri telekeçiligi öz içine alýar, şunda kiçi telekeçilik üçin esasy zat häzirkizaman enjamy üçin tölegi möhletlere bölüp geçirmek mümkinçiligi bolup durýan bolsa, onda beýleki kärhanalar üçin iri maýa goýum taslamalary durmuşa geçirilende salgytlarda serişdeleriň tygşytlanmagy kärhanalaryň girdejilerini artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Özüni ödeýän möhleti boýunça şular tapawutlandyrylýar:

– doly özüni ödeýän lizing – şertnamanyň hereket edýän möhletiniň dowamynda emlägiň gymmatynyň doly tölenmegi bolup geçýär;

– doly özüni ödemeýän lizing – şertnamanyň hereket edýän möhletiniň dowamynda kärendä alnan emlägiň gymmatynyň bir bölegi ödelýär.

Ulanyş tutumyny almagyň şertleri boýunça şular tapawutlandyrylýar: doly ulanyş tutumy alynýan lizing we degişlilikde, obýektiň gymmaty doly tölenýän lizing; doly ulanyş tutumy alynmaýan lizing we degişlilikde, obýektiň gymmaty bölekleýin tölenýän lizing.

Maliýe lizingi doly özüni ödeýän ýa-da onuň gymmaty doly tölenýän emlägiň lizingi bolup durýar. Lizingiň bu görnüşi üçin enjamyň wagtlaýyn peýdalanmaga berilýän möhletiniň dowamlylygy boýunça enjamdan ulanyş tutumynyň doly alynýan möhlet bilen gabat gelmegi häsiýetlidir.

Çaltlandyrylan lizing bolanda şertnamanyň möhleti emlägiň ulanylýan möhletinden gysga bolýar. Düzgün bolşy ýaly, moral taýdan könelişi ýokary depginlerde bolup geçýän enjamlar çaltlandyrylan lizingiň obýekti bolup durýarlar. Şu şertnamanyň dowam edýän wagtynda lizinge beriji enjamyň gymmatynyň diňe bir böleginiň öwezini dolýar we şonuň üçin hem ony, düzgün bolşy ýaly, dürli peýdalanyjylara wagtlaýyn peýdalanmaga birnäçe gezek bermäge mejbur bolýar.

Hyzmat etmegiň möçberi boýunça:

– arassa lizing, şunda lizingiň berilýän predmetine hyzmat etmek boýunça ähli işleri lizinge alyjy öz üstüne alýar;

– hyzmatlaryň doly toplumy bolan lizing – geleşik obýektine doly hyzmat etmek lizinge berijiniň üstüne ýüklenýär;

– hyzmatlaryň bölekleýin toplumy bolan lizing, şunda lizinge beriji lizing predmetine hyzmat etmek boýunça aýry-aýry wezipeleri özünde alyp galýar.

Lizing tölegleriniň häsiýeti boýunça pul tölegi bolan lizing, tölegler şu enjamda öndürilen harytlary ibermek bilen ýa-da garşylyklaýyn hyzmaty etmek görnüşinde amala aşyrylýan öwezini doluş tölegi bolan lizing tapawutlandyrylýar.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Lizing düşünjesini we onuň kärendeden tapawudyny açyp görkeziň.*
*2. Kim lizinge beriji bolup biler?*
*3. Lizing tölegleriniň düzümine haýsy çykdajy maddalary girýär?*
*4. Maýa goýumyň beýleki görnüşlerine garanyňda lizingiň lizing alyjy üçin artykmaçlyklary barada gürrüň beriň.*
*5. Lizingiň haýsy görnüşlerini we olaryň aýratynlyklaryny bilýärsiňiz?*

## 11.4. Maýa goýum taslamasyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek

Maýa goýum taslamasy diýip olary amala aşyrmak üçin fiziki obýektleriň (jaýlar, desgalar, önümçilik toplumlary), tehniki prosesleriň, tehniki we guramaçylyk resminamalarynyň, maddy, maliýe, zähmet we beýleki serişdeleriň, şeýle hem dolandyryş çözgütleriniň we olary durmuşa geçirmek üçin çäreleriň döredilýän maksatlar ulgamyna düşünilýär.

Olaryň aýratynlygy ýokary derejede çylşyrymly bolan obýektleri döretmegi talap edýän pudaklaryň birnäçesinde öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin toplumlaýyn maýa goýumlar hökmünde bilelikdäki özbaşdak taslamalar durmuşa geçirilýär.

«Maýa goýum taslamasy» düşünjesine, bir tarapdan, taslamada goýlan maksatlara ýetmäge gönükdirilen çäreler toplumynyň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýan iş hökmünde, beýleki tarapdan, taslamany durmuşa geçirmek mümkinçiliginiň we onuň netijeliliginiň esaslandyrmasyny we taslamada goýlan maksatlara ýetmäge gönükdirilen çäreler toplumyny amala aşyrmak üçin zerur bolan guramaçylyk-hukuk we hasaplama-maliýe resminamalarynyň ulgamy hökmünde seredilýär.

Birnäçe toparlara bölme alamatlary bolup, olaryň esasynda ähli taslamalary ulgamlaşdyrmak amala aşyrylýar.

1. Gerimi boýunça taslamalar kiçi, orta we mega taslamalara bölünýär. Olary toparlaryň birine degişli etmek üçin şu häsiýetnamalar peýdalanylýar:

– düýpli goýumlaryň möçberi;

– zähmet harajatlary;

– durmuşa geçirmegiň uzaklygy;

– dolandyryş ulgamynyň çylşyrymlylygy;

– daşary ýurtly gatnaşyjylary çekmek;

– ýurduň, sebitiň we ş.m. durmuş-ykdysady gurşawyna edýän täsiri.

2. Durmuşa geçirmegiň möhletleri boýunça taslamalary gysga möhletli (1 ýyla çenli), orta möhletli (1 ýyldan 5 ýyla çenli) we uzak möhletli (5 ýyldan ýokary) taslamalara bölmek kabul edilendir. Gysga möhletli taslamalar, düzgün bolşy ýaly, önümleriniň görnüşi tiz täzelenýän kärhanalar üçin, aýry-aýry enjamlary ýa-da işleri döwrebaplaşdyrmak, tejribe enjamlaryny döretmek we ş.m. üçin häsiýetlidir. Şunuň ýaly taslamalary durmuşa geçirmegiň barşynda wagt faktory esasy bolup durýar ýa-da maýa goýum goýulýan obýektiň häsiýeti bilen kesgitlenýär.

3. Hili boýunça taslamalary adaty we kemçiliksiz taslamalara bölmek kabul edilendir. Kemçiliksiz taslamalar üçin olary durmuşa geçirmekde agdyklyk edýän şert maýa goýumlar bolup durýar, şolaryň netijesinde ýetip bolýan sepgitleriň iň ýokary derejesi we bellenen standarta doly laýyklyk üpjün edilýär. Şular ýaly taslamalar, düzgün bolşy ýaly, gymmata düşýär we standartdan sähelçe gyşarylmagy ýaramaz netijelere getirmek howpy bolan pudaklara (mysal üçin atom energetikasy) degişlidir.

Maýa taslamasynyň başlanmagy diýip, düzgün bolşy ýaly, taslamany amala aşyrmak üçin serişdeleriň sarp edilip başlanan pursatyny hasap etmek kabul edilendir. Maýa goýum taslamasynyň tamamlanmagy obýektiň ulanmaga berlen wagty ýa-da obýektiň işiň bellenilen ölçeglerine ýetmegi ýa-da taslamany maliýeleşdirmegiň bes edilmegi bilen kesgitlenýär.

Ýaşaýyş döwri (biri-birini yzygiderli çalyşýan, islendik taslamanyň olaryň üstünden geçýän tapgyrlary) üç düzüm bölegini öz içine alýar: maýa goýumynyň öň ýanyndaky, maýa goýum we ulanyş tapgyrlary (*28-nji surat*).






**28-nji surat.** ***Maýa goýum sikliniň tapgyrlarynyň mazmuny***

Maýa goýuma zerurlyk kärhananyň işine geçirilen dessine seljermäniň netijesinde bellenilýär we soňra onuň geljekki ösüşi emele getirilende takyklanylýar. Şonuň esasynda taslamanyň maksatlary kesgitlenilýär we nazaryýet taýdan goýlan maksatlara laýyk gelip biljek meýilnamasy işlenip taýýarlanylýar.

Taslama esaslandyrylanda ony durmuşa geçirmegiň netijesinde öndüriljek önüm islegden peýdalanar we taslamanyň kanagatlanarly özüni ödeýşini üpjün etmäge ukyply bahalar boýunça ýerlener diýen çaklamadan ugur alynýar. Şu maksatlar bilen maýa goýumçylar, düzgün bolşy ýaly, önümçiligiň çak edilýän möçberiniň 50%-den az bolmadyk mukdaryny maliýe taýdan ygtybarly buýrujylar bilen baglaşylýan uzak möhletli şertnamalar bilen berkitmäge çalyşýarlar. Şunuň ýaly şertnamalar, eger bu mümkin bolsa, ulanyş we beýleki harajatlaryň ýokarlanan halatynda bahalary ýokarlandyrmak hukygyny öz içine almalydyr (üýtgeýän bahalar). Mundan başga-da, şunuň ýaly şertnamalarda bahanyň ondan pes bolan ýagdaýynda kärhananyň diňe bir peýdany däl, eýsem dolanyşyk maýasyny ýitirip başlaýan derejesi ýazylyp bellenilýär.

Taslamanyň ugruny işläp taýýarlamagyň mundan beýläkki prosesi mümkin bolan her bir görnüşi olaryň amala aşyrarlygy nukdaýnazaryndan seljerilmegini, şeýle hem olaryň

esasynda amatly çözgütleri seçip almagyň bolup geçýän kesgitlenen kadalaryň kesgitlenmegini göz öňünde tutýar.

Ol ýa-da beýleki görnüşiň kabul edilmegini kesgitleýän esasy kesgitlenen kadalar şular bolup durýar:

– taslamanyň gymmaty;

– onuň durmuşa geçirilmeli möhleti;

– taslamany ýerine ýetirmegiň netijesinde maýa goýumçynyň maýasynyň artyşy.

Taslamanyň üstünde işlemegiň şu tapgyrynda birnäçe goşmaça bölümler göz öňünde tutulýar, olara soňundan has jikme-jik seredilýär. Olaryň arasynda şu bölümleri görkezip bolar: enjamlaryň alynýan çeşmeleri; çig mal, materiallar, ýangyç we toplaýyş önümleri bilen üpjünçilik çeşmeleri; taslamanyň durmuşa geçirilýän etrabynda zerur bolan infrastrukturanyň ýagdaýy; taslamanyň bar bolan kanunçylyga laýyklyklygy (döwlet we sebit derejesinde). Olaryň gymmaty, durmuşa geçirilmeli möhletleri we maýanyň artyşy ölçegleri boýunça taslamanyň saýlap alma görnüşlerine toplumlaýyn baha bermek işinde taslamanyň ýaşaýşa ukyplylygy görkezijisini peýdalanmak kabul edilendir:

– maýa goýumlaryň talap edilýän ösüş depginlerini üpjün etmek mümkinçiligi;

– taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda maýa goýumçylara goýlan serişdeleriň we öz üstüne alan töwekgelçiliginiň öwezini dolmak üçin ýeterlik bolan girdejileriň akymyny emele getirmek ukyby.

Taslamanyň ýaşaýşa ukyplylygyny seljermek iki tapgyrdan durýar:

1. Taslamanyň saýlap alma görnüşlerinden ýaşaýşa has ukyplysy saýlanyp alynýar.

2. Saýlanyp alnan görnüş üçin taslamanyň aňryçäk ýaşaýşa ukyplylygyny üpjün edýän maliýeleşdirme usullary we maýa goýumlaryň gurluşy seçilip alynýar.

Taslamanyň ýaşaýşa ukyplylygyny esaslandyrmak üçin aşakdaky görkezijiler boýunça onuň ykdysady häsiýetnamalaryna seljerme geçirilýär:

– arassa diskontirlenen gymmat;

– maýa goýumlaryň özüni ödeýjilik koeffisiýenti;

– taslamanyň özüni ödeýän döwri;

– maýa goýmagyň netijeliligi.

Bu görkezijiler maýa goýmagyň deňeşdirilýän mümkinçiliklerini hasaba alýar we diskontirlemegi, ýagny geljekki döwürleriň girdejilerini häzirki wagtda berilýän baha getirilmegini göz öňünde tutýar.

Şunda esasy zat arassa diskontirlenen gymmat görkezijisi NPV (Net Present Value) bolup durýar, sebäbi beýlekileri şu görkezijiniň bellibir modifikasiýasyndan durýar ýa-da şu görkeziji onuň esasynda ýatýar.

Arassa diskontirlenen gymmaty hasaplamak zerur bolan hasaplamalary ýönekeýleşdirýän bellibir ýol bermelere esaslanýar:

– maýany çekmek we ýerleşdirmek birmeňzeş göterimleriň hasabyna geçirilýär;

– pul serişdeleriniň gelmegi we gitmegi diňe her bir döwrüň başynda hem-de ahyrynda amala aşyrylýar;

– pul akymlary takyk kesgitlenýär we töwekgelçilik babatynda düzediş girizmek zerurlygy bolmaýar;

– strategik maksat hökmünde firmanyň ýagdaýyny aňryçäk derejede gowulandyrmak kabul edilýär.

Diskontirlemegiň maksady puluň gymmatynyň wagt boýunça üýtgeýşini hasaba almak bolup durýar. «Puluň gymmaty» – bu hasaplamalarda kabul edilen diskontirleme möçberidir. NPV taslamanyň hereket edýän döwründe toplanan, serişdeleriň gelşi bilen gidişiniň arasyndaky diskontirlenen tapawutdyr. NPV hasaplamak düzgüni şu ädimlerden durýar:

– diskontirlemegiň laýyk gelýän möçberini saýlap almak;

– maýa goýum taslamasyndan garaşylýan ähli pul girdejileriniň gündelik gymmatyny hasaplamak;

– şu maýa goýum taslamasy üçin talap edilýän gündelik gymmatdan ähli düýpli goýumlary aýyrmak.

NPV kriterisi boýunça taslamalary seçip almagyň kadasy: eger taslamanyň arassa diskontirlenen gymmaty nola deň ýa-da ondan ýokary bolsa, onda taslama kabul ederlik bolup durýar. Şeýlelikde, maýa goýum taslamasynyň NPV firmanyň öz maliýe ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmazdan, maýany goýuma gönükdirmek mümkinçiligi üçin töläp biljek aňryçäk möçberi hökmünde kesgitläp bolar. Garaşylýan NPV maýa goýum üçin hasaplama harajatlardan ýokary gelýän bölegi babatynda maýanyň peýdalanylmadyk artyşy bolup durýar. Garaşylýan pul girdejileri hakyky girdejilere öwrülen halatynda maýanyň şunuň ýaly artmagynyň durmuşa geçirilendigi, ýagny peýdalanylandygy bolar.

NPV oňyn ululygy diňe bir maýanyň girdejililiginiň çaklanylýan derejesinde maýa goýum taslamasy üçin harajatlaryň doly öweziniň dolunýandygyna şaýatlyk etmän, eýsem goşmaça girdejiniň alnandygyna hem şaýatlyk edýär.

NPV hasaplamak üçin formulanyň şunuň ýaly görnüşi bardyr:

$$NPV = \sum_{1}^{n} C_t(1+r)^{-t};$$

bu ýerde $C_t$ – döwrüň ahyrynda arassa pul akymy t; r – şu firma üçin puluň wagt boýunça gymmaty (diskont möçberi); n – maýa goýum taslamasynyň ýaşaýyş döwri, ýyl. A we B maýa goýum saýlap almalary deňeşdirilende NPV görkezijisiniň esasynda çözgütleri kabul etmek şu şertlerde amala aşyrylyp bilner:

1. NPVA > 0; NPVB < 0.
2. NPVA > 0; NPVB > 0; NPVA > NPVB.
3. NPVA > 0; NPVB > 0; NPVA = NPVB

Üçünji şert saýlawlaryň birini saýlap almak üçin kabul ederlikdir. Bu ýerde NPV esasynda hasaplamagyň goşmaça usullary peýdalanylmalydyr. Olara gymmaty diskontirlemegiň uzaklygy we diskontirlenen gymmatyň paýy degişlidir.

Diskontirlenen gymmatyň paýy ilkibaşda goýum hökmünde goýlan maýanyň ululygy babatynda NPV hökmünde hasaplanýar:

$$D_{NPV} = NPV / I.$$

Maýa goýumlaryň özüni ödeýşine baha berlende düýp mazmuny boýunça birmeňzeş birnäçe düşünjeler peýdalanylýar: girdejililik, göterim möçberi, maýa goýumlaryň girdejililigi, maýa goýum girdejisiniň gündelik gymmaty, wagt boýunça düzediş girizilen girdeji möçberi we ş.m. Iň dogry düşünje «özüni ödemegiň içki ölçegi (girdeji)» (IRR – Internal Rate Return) bolup durýar. Ol hasaplananda NPV konsepsiýasy peýdalanylýar. IRR düýp manysy maýa goýum taslamasyndan garaşylan girdejileriň gündelik gymmatynyň zerur bolan pul goýumlarynyň gündelik gymmatyna deň bolan diskontirleme möçberini tapmakdan ybaratdyr. Şunuň ýaly möçberi tapmak iteratiw (gaýtalanýan hereketi görkezýän) usul bilen amala aşyrylýar. Eger maýa goýumçynyň geljek döwürleriň her birindäki geljekki girdejileri we çykdajylary belli bolsa, onda gözlenýän möçberi tapmagy diskontyň islendik möçberinden başlap bolar. Eger alnan arassa gündelik gymmat noldan ýokary bolsa, onda diskontyň has ýokary möçberi alynmalydyr we NPV gaýtadan hasaplanmalydyr. Şeýlelikde, diskontyň gözlenýäne golaý möçberini alyp bolar. Bu möçber hem IRR diýlip atlandyrylar.

IRR goýuma gönükdirilen maýanyň ösüş depgini hökmünde ýa-da eger maýa goýum taslamasyny durmuşa geçirmek üçin serişdeleriň ählisi karz serişdeler bolup durýan bolsa, maliýe ýagdaýyna zyýan ýetirmezden karz alyjynyň töläp biljek has ýokary göterim möçberi hökmünde seredip bolar.

Hasaplama üçin deňleme şunuň ýaly bolar:

$$\sum C_t (1 + IRR)^{-t} = 0.$$

Maýa goýum taslamasynyň NPV hasaplamasy diskontyň käbir bellenen ölçeginde onuň netijeli boljakdygy baradaky soraga jogap berýän bolsa, onda taslamanyň IRR hasaplamanyň barşynda kesgitlenýär we soňra goýulýan maýa üçin maýa goýumçy tarapyndan talap edilýän girdejiniň ölçegi bilen deňeşdirilýär. IRR maýa üçin maýa goýumçy tarapyndan talap edilýän girdejiniň ölçegine deň ýa-da ondan ýokary bolan halatynda maýa goýum esaslydyr we taslamany kabul etmek baradaky meselä seredilip bilner. Tersine bolanda maýa goýumlar maksada laýyk däldir.

Eger taslamanyň saýlaw (biri-birini inkär edýän) görnüşleriniň NPV we IRR deňeşdirilmegi gapma-garşy netijelere getirýän bolsa, NPV görkezijisine berilýän baha ileri tutulmalydyr.

Özüni ödeme möhleti – iň az wagt aralygy (taslamanyň amala aşyrylyp başlanan wagtyndan bäri) bolup, onuň daşynda integral netije ýaramaz däl bolar we soňy bilen şeýle bolup hem galýar. Başga sözler bilen aýdylanda, bu döwür ondan başlap ilkibaşky goýumlaryň we maýa goýum taslamasy bilen baglanyşykly beýleki harajatlaryň ony amala aşyrmagyň jemi netijeleri bilen ýapylyp başlanýan döwrüdir (aýlarda, çärýeklerde ýa-da ýyllarda ölçenilýän döwür). Özüni ödemek möhletini diskontirleme prosesini peýdalanmak bilen kesgitlemek maslahat berilýär.

Özüni ödemegiň diskontirlenmedik döwrüni hasaplamak üçin formula şu görnüşde bolýar:

$$T = t + [I - \sum_{k=1}^{t} NCF_k] : NCF_{t+1},$$

bu ýerde t – ilkibaşda goýuma gönükdirilen maýanyň jemlenen arassa pul akymy bilen ýapylan pursatynyň öň ýanyndaky ýyl; I – ilkibaşda goýuma gönükdirilen maýa; $NCF_{t+1}$. – özüni ödemeli pursatynyň düşýän ýylynda arassa pul akymy $NCF_{t+1}$(t+1).

Diskontirlemegi hasaba almak özüni ödemeli möhleti şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$T = t + [I - \sum_{k=1}^{t} NCF_k (1+r)^{-k}] : NCF_{t+1}(1+r)^{-(t+1)}.$$

Sanalyp geçilen kriterileriň hiç biri hem öz-özünden taslamany kabul etmek üçin ýeterlik bolup durmaýar. Taslama maýa goýmak baradaky çözgüt sanalyp geçilen kriterileriň ählisiniň ululygyny, şeýle hem ähli gatnaşyjylaryň bähbitlerini hasaba almak bilen kabul edilmelidir. Çözgüt kabul edilende taslamany amala aşyrmak üçin çekilýän maýanyň gurluşy we onuň wagt boýunça paýlanyşy, şeýle hem diňe bir bölegini netijeli (resmi däl) hasaba alyp bolýan beýleki faktorlar möhüm rol oýnamalydyr.

Maýa goýumyň netijeliligi girdejileriň arassa diskontirlenen akymynyň girdejileriň şu akymyny üpjün edýän taslamanyň arassa diskontirlenen gymmatyna bolan gatnaşygy hökmünde hasaplanýar.

Taslamanyň ýaşaýşa ukyplylygyna baha bermegiň birinji tapgyrynda sanalyp geçilen ähli görkezijileri peýdalanmak bilen, saýlaw görnüşleriniň arasyndan oňa gatnaşyjylara goýlan serişdeler üçin maýanyň gymmatynyň has ýokary derejede artmagyny, şeýle hem iň pes maliýe töwekgelçiligini üpjün edýän görnüşi saýlanyp alynmalydyr.

Soňky tapgyrda taslamany paýdarlar tarapyndan maliýeleşdirilişine goşmaça ony karz serişdeler arkaly maliýeleşdirmek mümkinçiligine baha bermek we girdejileri ýokarlandyrmak hem-de töwekgelçiligi peseltmek maksady bilen maýa goýumlaryň akymlaryny amatly etmek zerurdyr. Ýagny şu tapgyrda ýüze çykýan bergini üzmek nukdaýnazaryndan taslamanyň mümkinçiliklerine seredilýär.

Taslamanyň bergini üzmek boýunça mümkinçiliklerine baha bermek bergini ýapmak koeffisiýentiniň we göterim möçberini ýapmak koeffisiýentiniň esasynda geçirilýär.

Bergini ýapmak koeffisiýenti taslamanyň häzirki döwürde pul serişdeleriniň borçnamany ýerine ýetirmek üçin ýeterlik möçberini getirmek ukybyny häsiýetlendirýär. Bu koeffisiýent bergini üzmek üçin peýdalanylyp bilinjek erkin pul serişdeleriniň ululygynyň üzmek üçin talap edilýän pul serişdeleriniň möçberine bolan gatnaşygy hökmünde hasaplanýar. Bergini ýapmagyň < 1 koeffisiýenti bolanda girdejileriň akymy bergini üzmäge laýyk däldir.

Göterim möçberini ýapmak koeffisiýenti taslamanyň karzlar boýunça göterimleri tölemek üçin ýeterlik bolan gündelik girdejini getirmek ukybyny görkezýär.

Pul serişdeleriniň akymyny seljermegiň esasynda bergini üzmegiň gün tertibini düzüp bolar.

Taslamanyň bergini üzmek babatynda umumy ukyby kesgitlenenden soň ony durmuşa geçirmek üçin goýlan serişdeleriň we alnan töwekgelçiligiň öwezini dolmak üçin ýeterlik bolan amatly maýa goýum akymlary hem-de taslama gatnaşyjylaryň ählisi üçin girdejileriň akymlary hasaplanýar. Akymlaryň ähli görnüşleriniň amatly gatnaşygy olar üçin hasaplanyp çykarylan NPV arkaly kesgitlenýär.

Taslamanyň ugurlarynyň işlenip taýýarlanýan tapgyrynda binýatlyk (deslapky) taslamak işleri başlanýar, ol taslamanyň esasy häsiýetnamalarynyň kesgitlemesini öz içine alýar. Bu iş şu esasy ugurlar boýunça geçirilýär:

– taslamanyň esasy ýörelgelerini işläp taýýarlamak;
– taslamany tehniki taýdan esaslandyrmak;
– harajatlary ilkibaşda meýilnamalaşdyrmak we esaslandyrmak;
– guramaçylyk we tehnologik işi kesgitlemek.

Tehniki taýdan esaslandyrma – maýa goýumy taslamak işleriniň esasy pursatlarynyň biridir. Şu tapgyrda önümçilik maksatnamasy işlenip taýýarlanmalydyr, önümleriň aýratynlygy we önümiň ýerlenmeli möçberleriniň meýilnamalaýyn tabşyryklary kesgitlenmelidir. Şeýle hem soňundan saýlaw usulynyň saýlanyp alnyşyna haýsydyr bir derejede täsir edýän ähli tehniki talaplar göz öňünde tutulmalydyr.

Başlangyç meýilnamalaşdyrmak we önümçilik çykdajylaryna baha bermek irki tapgyrlarda taslamanyň işlenip taýýarlanyşyna gözegçiligi üpjün etmelidir. Taslamak işleri geçirilende esaslandyrylan ähli saýlawlaryň işlenip taýýarlanmagyny we baha berilmegini kepillendirmek talap edilýär.

Guramaçylyk we önümçilik işlerini kesgitlemek taslama-konstruktorçylyk işläp taýýarlamalary bilen ugurdaş alnyp barylmalydyr. Bu işler taslamanyň ähli jähtlerini öz içine almalydyr. Taslamanyň ähli jähtlerini (maddy-tehniki üpjünçilik, hili kepillendirmek, nou-hau goramak, ätiýaçlandyrmak, işgärleri hakyna tutmagyň zähmet hakyny tölemegiň şertleri we ş.m.) işläp geçmek taslamak işleriniň irki tapgyrlary tamamlanandan soň hem dowam etdirilmelidir.

**Soraglar we ýumuş**

*1. Maýa goýum taslamasy nämeden ybarat?*
*2. Maýa goýum taslamasynyň ýaşaýyş sikliniň emele getirilişini teswirläň.*
*3. Maýa goýum taslamasynyň ýaşaýşa ukyplylygy nämeden ybarat?*
*4. Gymmaty we girdejileri diskontirlemek näme?*
*5. Arassa gündelik gymmat görkezijisi nähili hasaplanýar?*
*6. Özüni ödemegiň içerki ölçegi nähili hasaplanyp çykarylýar?*
*7. Maýa goýumlaryň özüni ödeýiş koeffisiýenti we taslamanyň özüni ödeýän möhleti nähili hasaplanyp çykarylýar?*
*8. Taslamanyň bergini üzmek boýunça mümkinçiliklerine nähili baha berilýär?*

## 11.5. Maýa goýum çözgütleri kabul edilende töwekgelçilik we näbellilik

Maýa goýum işi onuň ähli görnüşlerinde töwekgelçilik bilen baglanyşyklydyr. Maýa goýum töwekgelçiligi – maýa goýum şertleriniň näbellilik ýagdaýynda öňünden görülmedik maliýe ýitgileriniň ýüze çykmak ähtimallygydyr.

Bitindünýä bankynyň bilermenleriniň berýän bahalaryna görä, ähli töwekgelçilikleriň arasynda ýurtda alnyp barylýan syýasat bilen bagly töwekgelçilikler maýa goýumçylarda aýratyn wehim döredýär. Makroykdysady durnuklylyk ikinji ýerde durýar. Üçünji ýerde

salgyt syýasaty durýar. Meselem, diňe syýasaty öňünden çaklama derejesiniň ýokarlanmagy maýa goýumlaryň ähtimallygyny 30%-den gowrak artdyryp biler.

Maýa goýum töwekgelçiliklerini şu alamatlar boýunça topara bölüp bolar:

1. Ýüze çykýan ugurlary: ykdysady; syýasy; durmuş; ekologiýa we ş.m.

2. Maýa goýmagyň görnüşleri.

Hakyky maýa goýum töwekgelçilikleri şu faktorlar bilen kesgitlenip biler:

– gurulýan desgalaryň ýerleşýän ýeriniň şowsuz saýlanyp alynmagy;

– materiallar we enjamlar bilen üpjün etmekdäki bökdençlikler;

– maýa goýum harytlarynyň bahasynyň ýokarlanmagy;

– başarnyksyz we ynsapsyz potratçylaryň saýlanyp alynmagy hem-de desganyň ulanmaga berilmegini bökdeýän ýa-da ulanmagyň barşynda girdejini azaldýan beýleki ýagdaýlar.

Maliýe maýa goýum töwekgelçilikleri şu ýagdaýlar bilen baglydyr:

– maliýe gurallarynyň oýlanyşyksyz saýlanyp alynmagy;

– maýa goýum şertleriniň garaşylmadyk ýerden üýtgemegi we ş.m.

3. Ýüze çykýan çeşmeleri.

Ulgamlaýyn töwekgelçilik (bazar, diwersifikasiýa edilmeýän). Maýa goýum işine ähli gatnaşyjylar we maýa goýmagyň ähli görnüşleri üçin ýüze çykýar. Ykdysady sikliň tapgyrlarynyň çalyşmagy, salgyt kanunçylygynyň üýtgemegi we maýa goýum obýekti saýlanyp alnanda maýa goýumçynyň täsir edip bilmeýän beýleki faktorlary bilen kesgitlenýär.

Ulgamlaýyn däl töwekgelçilik (mahsus, diwersifisirlenýän). Maýa goýulýan anyk desga ýa-da anyk maýa goýumçynyň işine mahsusdyr. Ol kärhana başarnyksyz ýolbaşçylyk, bazaryň şu tekçesinde bäsdeşligiň güýçlenmegi, maýanyň oýlanyşyksyz gurluşy bilen bagly bolup biler. Taslamany netijeli dolandyrmagyň hasabyna ulgamlaýyn däl töwekgelçiligiň öňüni alnyp biler.

Maýa goýum töwekgelçiliginiň öňünden görülmedik maliýe ýitgileriniň ýüze çykmak ähtimallygyny häsiýetlendirýändigi sebäpli, baha berlen mahalynda onuň derejesi taslama boýunça garaşylýan girdejileriň ortaça ýa-da bellenilen ululykdan gyşarmasy hökmünde kesgitlenýär. Şonuň üçin hem maýa goýum töwekgelçiligine baha bermek hemişe garaşylýan girdejiler we olary ýitirmek ähtimallygy bilen baglydyr.

Maliýe ýitgilerine baha bermek üçin absolýut we otnositel görkezijiler peýdalanylýar.

Maýa goýum töwekgelçiligi bilen baglanyşykly maliýe ýitgileriniň absolýut möçberi – töwekgelçiligiň şu görnüşi üçin häsiýetli amatsyz ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen bagly maýa goýumça ýetirilen ýa-da ýetirilmegi mümkin bolan zyýanyň (zeleliň) pul möçberidir.

Maliýe ýitgileriniň otnositel möçberi – ýetirilen zyýanyň (zeleliň) saýlanyp alnan binýatlyk görkezijä (garaşylýan girdejiniň pul möçberine, goýulýan maýanyň möçberine we ş.m.) bolan gatnaşygy.

Maýa goýumçylarda habar ýa-da statistika maglumatlary ýok wagtynda we şoňa meňzeş taslamanyň bolmadyk mahalynda töwekgelçilige baha bermek bilermenler tarapyndan berilýän bahalar usulynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Ol hünärmenlerden soraşmalara we soraşmalaryň netijesini statistika taýdan işläp geçmäge esaslanýar.

Aýratyn alnan maýa goýum taslamasyna mukdar taýdan baha bermek üçin şu toparlanmadan peýdalanyp bolar:

– töwekgelçiliksiz maýa goýumlar (döwlet obligasiýalary);

– töwekgelçiligiň ýol bererlik derejesi bolan maýa goýumlar (taslama boýunça arassa hasaplama peýdanyň ählisini ýitirmek mümkinçiligi);

– töwekgelçiligiň howply derejesi bolan maýa goýumlar (diňe bir peýdany däl, eýsem taslama boýunça jemi hasaplama girdejiniň ähli möçberini ýitirmek mümkinçiligi);

– töwekgelçiligiň katastrofik (agyr) derejesi bolan maýa goýumlar (batmagyň netijesinde maýa goýumçynyň ähli aktiwleriniň ýitirilmek mümkinçiligi).

Maliýe ýitgileriniň ähtimallygynyň aňrybaş ähmiýetleri:

– ýol berilýän töwekgelçilik – 0,1;

– howply töwekgelçilik – 0.01;

– katastrofik (agyr) töwekgelçilik – 0,001. Bu degişli aktiwleriň ýitirilmek ähtimallygy aňryçäk ähmiýetlerden ýokary bolsa, taslamadan ýüz öwrülmelidigini aňladýar.

Maýa goýum taslamalarynyň töwekgelçiliklerini seljermegiň usuly hökmünde şular peýdalanylyp bilner:

1. Taslamanyň duýgurlygyny seljermek.

Islendik maýa goýum taslamasy pul akymlarynyň yzygiderliligi hökmünde görkezilip bilner. Maýa goýum taslamasyna seljerme geçirmegiň maksady onuň netijeliligini kesgitlemek bolup durýar, netijelilige arassa diskontirlenen gymmat görkezijisi (NPV) bilen baha berilýär, ol taslamanyň üstünlikli bolan ýagdaýynda bazar gymmatynyň üýtgeýşini görkezýär.

Maýa goýum çözgüdiniň näbellilik şertlerinde kabul edilýän mahalynda pul akymlary köp sanly saýlaw görnüşleriniň birine laýyklykda ýüze çykyp biler. Nazaryýet taýdan mümkin bolan ähli hereketiň meýilnamalaryna seredilmelidir. Emma iş ýüzünde şeýle etmek örän kyndyr, şol sebäbe görä, bellibir çäklendirmeleri ýa-da ýol bermeleri peýdalanmaly bolýar.

Taslamanyň töwekgelçilik derejesi barada ýörite usullara gollanmazdan hem netije çykaryp bolar, şonda şu görkezijiler peýdalanylýar:

– girdejiligiň içki ölçegi;

– özüni ödemeli döwri;

– ýitgisizlik nokady.

Taslamanyň töwekgelçiligi seljerilende üç görkezijä üns bermek zerurdyr: satuwlardan gelip gowuşmalar, satylan önüm üçin çykdajylar we maýa goýum çykdajylary. Olaryň ählisi her biri taslamanyň netijeliligine aýgytly täsir edip biljek birnäçe maddalary öz içine alýar. Şu howply elementleri kesgitlemek gerek. Şunuň ýaly seljerme geçirmek üçin has laýyk gelýän usul – duýgurlygy seljermek usulydyr, ol taslamalara baha berlende giňden ulanylýar. Onuň düýp manysy taslamanyň netijeliligine täsir edip biljek faktorlary kesgitlemekden ybaratdyr. Her faktor üçin has ähtimal bolan optimistik we pessimistik bahalar emele getirilýär. Soňra her bir parametr boýunça NPV ähmiýeti kesgitlenýär. Her gezek diňe bir parametrde gyşarma seredilmegi, beýlekileriniň bolsa üýtgewsiz diýip ykrar edilmegi duýgurlyga geçirilýän seljermede möhüm çäklendirme bolup durýar. Şundan parametrleriň, mümkin bolşuna görä, biri-birine aňrybaş derejede garaşsyz bolmalydygy gelip çykýar.

2. Hereketiň meýilnamalar (ssenariler) usuly.

Hereketiň meýilnamalar usuly göni döwlet tarapyndan ýa-da munisipal maliýeleşdirilmegi göz öňünde tutulýan taslamalaryň tehniki-ykdysady esaslandyrmalary düzülende hökmany usul hökmünde maslahat berilýär.

Hereketiň meýilnamalar usuly taslamanyň duýgurlygyny seljermegiň usulýetini ösdürmek bolup durýar: faktorlaryň ähli topary birwagtlaýyn gapma-garşy däl (hakyky) üýtgemeler babatynda barlanýar. Şeýlelikde, taslamanyň pul akymlaryny häsiýetlendirýän esasy üýtgeýän ululyklarynyň ählisiniň birwagtlaýyn üýtgeme täsiri kesgitleýär.

Hereketiň meýilnamalar bilermenlik ýoly bilen emele getirilýär, şunda ýeterlik derejede ähtimal bolan, birwagtda taslamanyň birnäçe parametrlerine düýpli täsir edýän islendik waka ýa-da ýagdaý ssenariý bolup biler.

Hereketiň meýilnamalary seljerme geçirmek maýa goýumçylara aýry-aýry parametrleriň  üýtgeme ähtimallygyna we onuň bilen baglanyşykly töwekgelçilige baha bermäge mümkinçilik berýär. Şu usulyň kömegi bilen mümkin bolan hereketiň meýilnamalarynyň her biri boýunça girdejililige we wakalaryň ösüş ähtimallygyna baha berilýär. Iň ýönekeý ýagdaýda wakalaryň ösüşiniň diňe iň gowy (optimistik) we iň ýaramaz (pessimistik) ssenarileri alynýar. Bu hereketiň meýilnamalary üçin arassa diskontirlenen gymmat hasaplanyp çykarylýar we taslamanyň binýatlyk NPV ähmiýeti bilen deňeşdirilýär.

Düzgün bolşy ýaly, hereketiň meýilnamalar usuly bilen seljerme geçirmek üçin dürli programma önümleri (ýönekeý görnüşde Exsel elektron tablisasyny) peýdalanmak maksada laýyk bolar, bu işi ep-esli ýeňilleşdirýär.

Alnan hereketiň meýilnamalarynyň esasynda taslama baha bermek boýunça bellibir maslahatlar berilýär. Maslahatlaryň esasynda bellibir «kada» ýatýar: hatda optimistik görnüşinde hem, eger şunuň ýaly taslamanyň NPV görkezijisi ýaramaz bolsa, taslamany mundan beýläk seretmek üçin goýmaga mümkinçilik bolmaýar we tersine, NPV görkezijisiniň ähmiýetiniň oňyn bolan ýagdaýynda pessimistik hereketiň meýilnamalar bilermene ýaramaz garaşmalaryň bardygyna garamazdan, şu taslamanyň kabul ederlikdigi barada pikir etmäge mümkinçilik berýär.

Hereketiň meýilnamalar usulynyň berk ulanylmagy pul akymlaryny emele getirýän aýry-aýry görkezijiler ýüze çykanda dürli netijeleriň ähtimallygy barada ýeterlik derejede köp maglumatlaryň bolmagyny talap edýär.

Hereketiň meýilnamalar usulynyň esasy artykmaçlygy onuň esasy faktorlar üçin üýtgemeler ähtimallyklaryny paýlamak kanuny bilmegi talap etmeýändigi bolup durýar, emma ssenarileriň bahalary subýektiw bahalardyr, bu bolsa seljerme işleriniň dogrulygyny peseldýär.

Hereketiň meýilnamalar usulynyň ulanylmagy arassa diskontirlenen gymmatyň mümkin bolan ähmiýetleriniň sany gutarnykly (çäkli) bolan ýagdaýynda has netijeli bolýar. Eger wakalaryň ösüşiniň mümkin bolan wariantlarynyň sany çäksiz bolsa, onda başga usulýetlerden, mysal üçin, imitasion modelleşdirmeden peýdalanylýar.

3. Monte Karlo usuly.

Monte Karlo usuly (Monte Karlo Simulation) boýunça modelleşdirmek parametrleriň näbelli ähmiýeti bolan taslama üçin matematiki nusgawy gurmaga we taslamanyň parametrleri üçin ähmiýetleri paýlamagyň wezipeleri bilinýän wagtynda, şeýle hem parametrleriň arasynda korrelýasiýa geçirmek bilen, taslamanyň girdejililiginiň paýlanyşyny almaga mümkinçilik berýär. Monte Karlo usuly boýunça töwekgelçilikleri seljermegiň birleşdirilen şekili *29-njy suratda* görkezilýär.




**29-njy surat.** ***Monte Karlo usuly boýunça taslamanyň töwekgelçiliklerine seljerme geçirmegiň şekili***

Monte Karlo usuly boýunça töwekgelçilikleri seljermek duýgurlygy seljermek we ähtimallyklar nazaryýetiniň esasynda ssenarileri seljermek usullarynyň integrasiýasy bolup durýar. Şunuň ýaly seljermäniň netijesi bolup taslamanyň netijeleriniň ähtimallyklaryny paýlamak çykyş edýär (mysal üçin, NPV<0 almak ähtimallygy).

Ilkibaşda taslamanyň pul akymlarynyň emele gelmegine täsir edýän her bir faktory (üýtgeýän ululygy) paýlamak wezipesini kesgitlemek gerek. Adatça paýlama wezipesi kadaly diýip hasap edilýär we onuň bellenmegi üçin matematiki garaşmany we ortaça kwadratiki gyşarmany kesgitlemek gerek. Seljermäniň netijesi (ol adatça amaly maksatnamalaryň ýörite bukjalaryny peýdalanmak bilen amala aşyrylýar) töwekgelçiligiň esasy ugry görnüşinde berilýär, ol grafika görnüşinde mümkin bolan her bir ýagdaýyň ähtimallygy bolup durýar.

Töwekgelçiligiň kumulýatiw (integral) ugry dürli nukdaýnazardan arassa gündelik gymmaty anyk taslama üçin kumulýatiw ähtimal paýlanyşyny görkezýär.

Monte Karlo usulynyň birnäçe artykmaçlyklarynyň bardygyna garamazdan, ol iş ýüzünde giň ýaýran däldir. Onuň esasy ýetmezçiligi imitasion modelleşdirmegiň netijeleriniň birmeňzeş teswirlenmeýändigi bolup durýar.

Kärhanada töwekgelçiligi dolandyrmak birnäçe tapgyrlary öz içine alýar. Anyk kärhanadaky ýagdaý babatynda işlenip taýýarlanan töwekgelçiligi dolandyrmagyň amaly maksatnamasynyň parametrleri ýüze çykýan töwekgelçilikleriň aýratynlygyna, kärhananyň ygtyýarynda bar bolan serişdelere we töwekgelçilikleri has netijeli usulda dolandyrmak üçin hünär derejesine baglydyr. *30-njy suratda* töwekgelçiligi dolandyryş prosesi getirilýär.




**30-njy surat.** ***Kärhanada töwekgelçiligi dolandyrmagyň algoritmi***

Şu algoritme laýyklykda töwekgelçilikleri peseltmegiň şu toparlaryny görkezip bolar:

**HUKUK USULLARY**

1. Şertnamalar. Eger taslamalary geçirmek örän töwekgelçilikli bolsa we mümkin bolan töwekgelçiligiň ululygy kärhana üçin kabul ederlikli bolmasa, ol bu töwekgelçilikleri beýleki gurama berip biler. Şertnama boýunça töwekgelçiligi bermek şu sebäplere görä iki tarap üçin hem peýdaly bolup biler:

– töwekgelçiligi berýän tarap üçin köp bolup biljek ýitgiler töwekgelçiligi kabul edýän tarap üçin ujypsyz bolup biler;

– transferler (kabul edýän tarap) ýitgileri peseltmek we transferte garanyňda hojalyk töwekgelçiligine gözegçilik etmek üçin gowy ýagdaýda bolup biler.

Şertnamalaryň görnüşleri:

1) gurluşyk şertnamalary – gurluşyk bilen baglanyşykly ähli töwekgelçilikleri gurluşyk firmasy öz üstüne alýar. Raýat kodeksine laýyklykda desgalaryň buýrujy tarapyndan kabul edilmezinden öň tötänden ýok bolmak ýa-da oňa zeper ýetmek töwekgelçiligini potratçy çekýär;

2) maşynlary we enjamlary kärendä almak (lizing) şertnamasy – töwekgelçilikleriň bir bölegi emläk eýeçiliginde galýar (emläk üçin salgydyň möçberiniň artmagy, moral we fiziki taýdan könelme);

3) ýükleri saklamak we daşamak üçin şertnamalar – berilýän töwekgelçilikleriň möçberi taraplaryň hukuk derejesine we şertnamanyň şertlerine baglydyr. Adatça borçnamaly möhletli töwekgelçilikler berilýär;

4) satmak, hyzmat etmek, üpjünçilik şertnamalary;

5) faktoring şertnamasy (pul talaplaryny bermegiň hasabyna maliýeleşdirmek) – karz töwekgelçiligini bermek.

Töwekgelçilikler şertnama laýyk berlende şular göz öňünde tutulmalydyr:

– taraplaryň arasynda töwekgelçilikleri paýlamak takyk we ikuçsyz bolmalydyr;

– transferleriň öz üstüne kabul eden ähli borçnamalaryny çalt ýerine ýetirmek mümkinçilikleri bolmalydyr;

– transferleriň töwekgelçiligi peseltmek we oňa gözegçilik etmek üçin degerli ygtyýarlyklary bolmalydyr hem-de olary örän gowy peýdalanmalydyr;

– töwekgelçilik iki tarap üçin hem özüne çekiji bahalar boýunça berilmelidir.

2. Girew. Raýat kodeksinde borçnamalaryň ýerine ýetirilişini üpjün etmegiň şu görnüşini peýdalanmak bilen geleşikleri geçirmegiň we diýmek, geleşik boýunça töwekgelçiligi peseltmegiň kadalaryny belleýän birnäçe maddalar bolýar. Raýat kodeksine laýyklykda girew borçnamany üpjün etmegiň usulydyr, şunda karzdar (girewi saklaýjy) bergidar (girew goýujy) tarapyndan borçnamanyň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda beýleki karzdarlara garanyňda artykmaçlyk bilen, girew goýlan emlägiň hasabyna kanagatlanma almak hukugyny alýar. Bergidar tarapyndan ýol berlen borçnamanyň bozulmagy ujypsyz derejede bolan ýagdaýynda we girew saklaýjynyň talaplarynyň möçberi girew goýlan emlägiň gymmatyna laýyk bolmasa, girew saklaýjynyň girew goýlan emlägi töletdirmek babatynda talaby kanagatlandyrylman bilner.

Girew şu görnüşlerde amala aşyrylyp bilner:

– girew goýujyda peýdalanmak hukugy ýa-da peýdalanmak hukugy bolmazdan galdyrylyp bilner;

– girew saklaýja peýdalanmak hukugy ýa-da peýdalanmak hukugy bolmazdan berlip bilner (ipotekadan we dolanyşykdaky girew goýlan harytlardan başga).

Girew şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylýar we şu şertleri öz içine almalydyr: girew predmetini we oňa berilýän bahany, girew bilen üpjün edilýän borçnamanyň düýp manysyny, möçberini we ýerine ýetirilmeli möhletlerini, şeýle hem olar babatynda taraplaryň biriniň talap etmegi boýunça ylalaşyk gazanylan beýleki şertleri.

Potensial girew emlägi birnäçe talaplara laýyk gelmelidir, olaryň arasynda şular görkezilýär:

– berilýän maddy-haryt gymmatlyklaryň hili, ýagny olaryň geçginliligi (tiz ýerlemek mümkinçiligi), bahalaryň bellibir derejede durnuklylygy, ätiýaçlandyrmak mümkinçiligi (şertnamada başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, goýlan emläk girew goýujynyň hasabyna ätiýaçlandyrylýar);

– karzdaryň girewiň saklanyşyna gözegçilik etmek mümkinçiligi;

– girew obýektiniň soralýan karzyň pul möçberini üpjün etmek üçin ýeterlik bolmagy. Goýlan emläk esasy berginiň möçberini, göterimleri, jerimeleri, şeýle hem borçnamalaryň ýerine ýetirilmeli möhletiniň geçirilendigi sebäpli ýetirilen zyýanyň (bu ýitirilen peýda, ýagny adaty şertlerde karzdaryň almagy göz öňünde tutup biljek alynmadyk girdejileri

diýlip atlandyrylýar) we girew goýujynyň goýlan zady saklamak, ony töletdirmek we ýerlemek boýunça çykdajylarynyň öwezini dolmagy üpjün etmelidir.

Käbir kadadan çykmalar bilen, girewiň predmeti islendik emläk, şol sanda zatlar we emläk hukuklary bolup biler. Girew emläginiň anyk görnüşlerine şular degişlidir:

– geçginli önümçilik harytlary we ätiýaçlyklary;

– enjamlar we ulag serişdeleri;

– debitor bergi (bergidaryň tölege ukyply bolan şertinde). Şu ýagdaýda faktoring şertnamasy baglaşylyp bilner – bank öz bergidaryndan debitor bergini almak hukugyny alýar we özi debitorlardan puly alýar;

– geçginli gymmatly kagyzlar – paýnamalar, obligasiýalar we ş.m.;

– karzdar bankda saklanýan manatdaky we daşary ýurt pulundaky depozit goýumlar;

– gymmat bahaly metallar we zergärçilik önümleri;

– emläk hukuklary – kärende tölegleri, şertnamalar boýunça düşewündi, paýnamalar boýunça diwidendleri, ygtyýarnama tölegleri almak hukugy;

– gozgalmaýan emläk. Ipoteka karzlaşdyrmasy häzirlikçe başlangyç ýagdaýdadyr, bu şu ugurda kanunçylygyň ösen däldigi bilen düşündirilýär.

3. Jerime – kanunda ýa-da şertnamada bellenen, borçnamanyň ýerine ýetirilmedik ýa-da bolmalysy ýaly ýerine ýetirilmedik halatynda, hususan-da, ýerine ýetirilmeli möhleti geçirilen mahalynda bergidaryň karzdara tölemeli pul möçberi.

4. Zamunlyk we bank kepillendirmesi zamun bolýanyň (kepillendirýäniň) bergidar tarapyndan berginiň gaýtarylmagy üçin karzdarlaryň öňündäki doly ýa-da bölekleýin jogapkärçiligi bolup durýar.

Zamunlyk bilen üpjün edilen borçnamanyň ýerine ýetirilmedik ýa-da bolmalysy ýaly ýerine ýetirilmedik halatynda, bergidar we zamun bolýan raýdaş jogapkärçilik çekýärler, ýagny karzdaryň olaryň islendik birinden borçnamanyň ýerine ýetirilmegini talap etmäge hukugy bardyr. Şunda kanunda ýa-da şertnamada zamun bolýanyň subsidiar (goşmaça) jogapkärçiligi göz öňünde tutulyp bilner. Şeýle ýagdaýda talap ilkibaşda bergidara bildirilýär we talaby kanagatlandyrmagyň mümkin bolmadyk ýa-da doly kanagatlandyrylmadyk halatynda bolsa zamun bolýana talap bildirilýär. Zamun bolmagyň möhüm aýratynlygy zamun bolýanyň karzdaryň talaplarynyň garşysyna bergidaryň özüniň bildirip biljek nägilelikleri ýaly nägilelikleri bildirip bilýändiginden ybaratdyr.

Bank kepillendirmesi abstrakt geleşik bolup durýar, ýagny kepillendirijiniň karzdaryň öňündäki borçnamasy ony üpjün etmek babatynda kepillendirme berlen esasy borçnama bagly bolmaýar. Kepillendiriji diňe talabyň kepillendirme şertlerine laýyk gelmeýän ýagdaýynda ýa-da onda bellenen möhlet geçenden soň berilse karzdaryň talabyny kanagatlandyrmakdan ýüz öwrüp biler.

5. Ätiýaçlandyryş töwekgelçiligi peseltmegiň usuly hökmünde peýdalanylanda şu ýagdaýlar göz öňünde tutulmalydyr:

– işiň ähli töwekgelçiliklerini bir ätiýaçlandyryş polisinde göz öňünde tutmagyň mümkin däldigini;

– ätiýaçlandyryş boýunça ýokarlandyrylan tölegleriň hemişe önümçilik ýa-da dolanyşyk çykdajylaryna degişli bolup durmaýandygyny we kärhananyň balans peýdasyna täsir etmeýändigi;

– ätiýaçlandyrylmadyk ýitgileriň telekeçiniň peýdasyna ep-esli täsir edip biljekdigi.

Düzgün bolşy ýaly, tebigy, geologik, heläkçilik, ulag töwekgelçilikleri, şeýle hem karzlary gaýtarmak töwekgelçilikleri degişli däldir.

## TEHNIKI USULLAR

Şunuň ýaly usullar ýörite kanunçylyk kadalarynyň ulanylmagyny talap etmeýär we öz içine şulary alýar:

– ýörite tehniki enjamlaryň, mysal üçin, gorag duýduryş ulgamlarynyň oturdylmagyny. Şunda diňe bir delikt töwekgelçiliklerden zyýan çekmek ähtimallygyny düýpli peseltmän, eýsem gytaklaýyn ýaramaz netijeleriň ýüze çykmak mümkinçiliginiň öňüni hem alyp bolar:

– auditiň gymmatyny;

– haryt dolanyşygynyň azalmagyny;

– emläk derňelende, jaýlar howpsuz ýagdaýa getirilende we olar netijeli peýdalanmak üçin taýýarlananda işgärleriň iş wagtyndan daşary edilen iş üçin zähmetine hak tölemek zerurlygyny;

– içki hukuk bozmalaryň köpelmegini, kärhananyň emlägi saklamagy üçin üpjün etmek boýunça degerli çäreleri geçirmeýändigi ýüze çykarylan bolsa, işgärleriň ownuk ogurlyklaryny.

## YKDYSADY USULLAR

– Öz-özüňi ätiýaçlandyrma – mümkin bolan zyýany peseltmegiň beýleki usullarynyň elýeter bolmadyk ýagdaýynda ýa-da töwekgelçiligiň ähtimallygy pes bolanda mümkin bolan zyýany ykrar etmekdir. Ýitgiler kärhananyň ätiýaçlyk (ätiýaçlandyryş) gaznasyndan ýapylýar. Bu gymmat usul bolup durýar we ony düzgün bolşy ýaly, iri we maliýe taýdan durnukly kärhanalar ulanýarlar. Dünýä tejribesi öz-özüňi ätiýaçlandyrmagyň şu ýagdaýlarda maksada laýykdygyny görkezýär:

– ähli telekeçilik işiniň emläk we maliýe parametrleri bilen deňeşdirilende ätiýaçlandyrylýan emlägiň gymmaty, şeýle hem mümkin bolan ýitgiler töwekgelçiligiň ululygy ýokary bolmadyk ýagdaýynda;

– ýitgi çekmek töwekgelçiligi örän pes bolanda we firmada köp möçberde birmeňzeş emläk bar bolsa (nebiti gaýtadan işleýän kompaniýalaryň özleri tankerleri ätiýaçlandyrýarlar);

– Töwekgelçiligi birleşdirmek – töwekgelçiligi ýitgi çekmek ähtimallygy olaryň her biri üçin köp bolmaz ýaly görnüşde birnäçe gatnaşyjylaryň arasynda paýlamak;

– Birža geleşikleri – hejirleme.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Maýa goýum töwekgelçiligi näme?*
*2. Maliýe ýitgileriniň absolýut möçberine nähili baha bermeli?*
*3. Maliýe ýitgileriniň otnositel möçberi näme?*
*4. Maýa goýum hereketleriniň barşynda töwekgelçiligi peseltmegiň usullaryny aýdyp beriň we açyp görkeziň.*
*5. Ssenariler usuly nämeden ybarat?*
*6. Töwekgelçilikleri peseltmegiň hukuk usullaryny aýdyp beriň we açyp görkeziň.*
*7. Töwekgelçiligi peseltmegiň haýsy usullaryny ykdysady usullara degişli edip bolar?*

# XII BAP. KÄRHANANYŇ DAŞARY YKDYSADY IŞI

## 12.1. Kärhananyň daşary ykdysady işi: düşünje we ykdysady mazmuny

Kärhanalaryň daşary ykdysady işini (DYI) amala aşyrmak umumymilli daşary ykdysady işiň çäklerinde amala aşyrylýar. Ýurtda daşary ykdysady iş halk hojalygynyň dürli pudaklarynda halkara hyzmatdaşlygynyň ugurlarynyň, görnüşleriniň we usullarynyň, şeýle hem daşary ýurt pulundaky amallaryň jeminden, bilelikdäki kärhanany döretmekden we ş.m. ybarat bolýar.

Ýöriteleşdirilen daşary söwda guramalary, senagat kärhanalary, guramalary, edaralary we ş.m., şeýle hem daşary ykdysady işe hyzmat edýän hem-de onuň ösüşine ýardam edýän guramalar (banklar, söwda-senagat edaralary we ş.m.) DYI-niň subýektleri bolup durýarlar.

Kärhananyň DYI harytlaryň (hyzmatlaryň) halkara alyş-çalşy, maddy, maliýe we intellektual serişdeleri ondan-oňa geçirmek ulgamyndaky telekeçilik işiniň görnüşleriniň biri bolup durýar. DYI-ň düzüminde söwda we söwda däl amallar görkezilýär. Olaryň birinjisine harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty hem-de importy bilen bagly amallar, ikinjisine maýa we karz-maliýe işi bilen bagly beýleki özboluşly tölegler bilen geçirilýän amallar degişlidir. DYI-ň möhüm düzüm bölegi bolup daşary söwda işi (DSI) – daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk babatynda telekeçilik işi çykyş edýär. DSI, birinji nobatda, harytlaryň (hyzmatlaryň) eksport we import görnüşinde alşylmagyny häýetlendirýär.

Eksport – harytlary (hyzmatlary) satmak we beýleki ýurtlaryň çäklerine çykarmak. Maýanyň eksporty – maýany ýurduň daşyna geçirmek (mysal üçin, ýerli kompaniýalaryň paýnamalaryny satyn almak görnüşinde), karz bermek we ş.m.

Import – şahsy sarp etmek, senagat, gurluşyk we beýleki kärhanalar tarapyndan peýdalanylmagy üçin, ýurduň içinde sarp etmek, soňundan içerki bazarda satmak we ýurduň daşyna çykarmak maksady bilen gaýtadan işlemek üçin daşary ýurtlardan getirilýän harytlary we hyzmatlary satyn almak hem-de öndüriji ýurduň (ýa-da araçy ýurduň) çäklerinden satyn alýan ýurduň çägine getirmek.

Reeksport – ozal daşary ýurtlardan getirilen harytlary gaýtadan işlemezden ýurduň daşyna çykarmak. Köp ýurtlaryň kanunçylygyna laýyklykda reeksport edilende harytlar gümrük paçlary we salgytlar tölenmezden ýa-da olary gaýtarmak bilen, ygtyýarlandyrmak, bellenen paýlar (kwota) ýaly çäreleri we ş.m. ulanmazdan çykarylýar. Köplenç halatda reeksportyň predmeti bolup halkara auksionlarynda we söwda biržalarynda ýerlenýän harytlar çykyş edýärler. Reeksport amallaryna harydy öz ýurduňa getirmän amala aşyrylýan amallar, şeýle hem erkin zolaklaryň we ýazylyp bellenen ammarlaryň çäklerinden çykarmak boýunça amallar degişlidir. Olar gümrük statistikasy tarapyndan eksport amallary hökmünde hasaba alynýar.

Mejbury, *spekulýatiw*, tehnologik reeksport tapawutlandyrylýar.

Mejbury reeksport – ozal import edilen harydy eksport edýän kärhananyň içki bazarynda satyp bolmaýandygy sebäpli çykarmak.

*Spekulýatiw* reeksport – olaryň bahalary ýokarlanan ýagdaýynda gaýtadan satmak maksady bilen birža harytlaryny satyn almak.

Tehnologik reeksport – düzümine ozal import edilen harytlar girýän toplanýan enjamy öndürýän kärhanalar üçin häsiýetlidir.

Reimport – ýurtda öndürilen, ozal ýurduň daşyna çykarylan, ol ýerde gaýtadan işlenmedik harytlary (satylmadyk, ýaramsyz hasap edilen we ş.m. harytlary) yzyna getirmek. Köp ýurtlaryň kanunçylygyna laýyklykda reimport edilende gaýtadan ýurda getirilen harytlardan gümrük paçlary we salgytlar alynmaýar, şeýle hem olar babatynda bellenen paýlar (kwota), ygtyýarlandyrmak ýaly çäreler ulanylmaýar.

Eksportyň takyk emele getirilen maksatlary, şeýle hem olara etmek üçin işlenip düzülen strategiýa kärhananyň eksport syýasatyny kesgitleýär, bu syýasat şulara gönükdirilip bilner:

– mümkin bolan islegi ýokarlandyrmaga, bu işiň gerimini artdyrmagyň hasabyna önümçilik möçberini giňeltmek we netijeliligini ýokarlandyrmak bilen baglydyr;

– täjirçilik töwekgelçiligini peseltmäge, bu töwekgelçiligi paýlamak, ony satyn alyjylaryň arasynda ýaýratmak, kärhana üçin amatly bolan bäsleşik şertlerini, konýunkturany gözlemek boýunça çäreler bilen kesgitlenýär;

– harydyň ýaşaýyş döwrüni uzaltmaga;

– kärhananyň bazardaky diwersifikasiýa etmek işi we işjeň marketing gözlegleri netijesinde bäsleşik artykmaçlyklaryny ýokarlandyrmaga we bäsleşikden goramaga;

– daşary ýurtlaryň bazarlarynda bäsdeş firmalaryň we olaryň harytlarynyň artykmaçlyklary baradaky maglumatlary peýdalanmagyň hasabyna önümçilik hem-de maddy-tehniki üpjünçilik üçin harajatlary azaltmak.

Mundan başga-da, eksport syýasaty eksport önümleriniň assortimentiniň, bahalarynyň emele getirilmegini, hil derejesiniň kesgitlenmegini, hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini etmek, bäsleşikli göreş görnüşlerini saýlap almak mümkinçiliklerini we ş.m. göz öňünde tutýar.

Harytlary eksport etmek işi haýsydyr bir mukdar borçnamalaryndan we tarif çäklendirmelerinden erkindir, halkara borçnamalary muňa girýär. Diňe özboluşly harytlaryň uly bolmadyk möçberini eksport etmek ygtyýarlandyrylýar. Daşary söwda amallary geçirilende «şu ýurduň çägi» diýen düşünje onuň döwlet serhetleriniň çäklerinde «gümrük çägi» düşünjesi bilen, ýagny döwletiň özüniň gümrük kanunçylygynyň hereket edýän çägi babatynda laýyk gelmän biler.

Şu döwletiň serhetlerinde gümrük çäginiň daşynda offşor zolaklary we erkin telekeçilik zolaklary, şeýle hem iki ýa-da ondan köp özygtyýarly döwletleriň çäklerini içine alýan ykdysady bileleşikler bolup biler.

Harydyň döwlet serhedinden geçen pursaty DYI bilen bagly amallary hasaba almak üçin esas bolup durýar. Şu ýurduň çäklerinde ýerleşýän kärhana harydy öndürmek we döwlet serhedine getirmek boýunça çykdajylary, düzgün bolşy ýaly, şol ýurduň pulunda çekýär, soňky çykdajylary (erkin çalşylýan pulda ýa-da satyn alyjynyň bolýan ýurdunyň

pulunda giriş paçlaryny, ulag tariflerini, ätiýaçlandyryş tölegleri tölemek), şertnamanyň şertlerine baglylykda, ýa üpjün ediji ýa-da harytlary we hyzmatlary satyn alyjy töleýär.

Strategik maksatly harytlary eksport etmek üçin kärhana daşary ykdysady işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnama almalydyr we ondan başga-da, harytlary çykarmagy bellenilen paýlardan ýokary bolmadyk möçberde amala aşyrmalydyr.

Eksport we import amallaryny hasaba almak hem-de gözegçilik etmek, import edilýän harytlaryň kanunçylygyň talaplaryna we sanitar-gigiena şertlerine laýyklylygyny barlamak, gümrük paçlaryny almak we olary öz wagtynda býujete geçirmek boýunça borçlary gümrük edaralary amala aşyrýarlar.

Döwletiň gümrük ulgamy – bu gümrük paçlarynyň möçberini we olary tölemegiň tertibini, goşulan baha üçin salgydyň möçberini, import edilýän harytlar üçin aksizleriň möçberini, şeýle hem Halkara gümrük birleşigine – Tarifler we söwda baradaky baş ylalaşyga girýän döwletleriň daşary söwda işi baradaky halkara ylalaşyklarynda kesgitlenýän gümrük ýeňillikleri bermegiň tertibini kesgitleýän kadalaşdyryjy resminamalaryň jemi bolup durýar.

Gümrük pajy harytlara ýurda getirilende ýa-da ýurtdan çykarylanda döwlet tarapyndan alynýan gytaklaýyn salgyt görnüşindäki tölegiň görnüşidir. Gümrük paçlary import edilýän harydyň bahasyny ýokarlandyrýan we ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklaryny daşary ýurtly bäsdeşlerden goraýan gymmatlyk päsgelçiligini döredýär.

Gümrük paçlaryny ulanmak gümrük tarifiniň çäklerinde amala aşyrylýar. Gümrük tarifi – gümrük pajy alynmaga degişli harytlaryň bellibir alamat (alamatlar) boýunça ulgamlaşdyrylan sanawydyr, onda bu harytlaryň her biri üçin gümrük paçlarynyň bir ýa-da birnäçe stawkalary görkezilýär.

Eksportyň we importyň JIÖ-de tutýan orny ýurduň halk hojalygynda DYI-niň ornuny we ähmiýetini kesgitlemek üçin esasy kriteriý bolup durýar.

Kärhananyň daşarky bazara çykmagynyň esasy tapgyrlary şular bolup durýar:

– daşarky bazarlara marketing barlaglar (anyk bazardaky islegi we teklibi, bäsdeşleriň tutýan ornuny, iş şertlerini öwrenmek; daşarky bazarlara aralaşmagyň usullaryny saýlap almak; täjirçilik amallaryny geçirmek bilen bagly ýurtlar boýunça mümkin bolan töwekgelçiliklere baha bermek we beýlekiler);

– hukuk meselelerini öwrenmek;

– kärhananyň mümkinçiligini seljermek (hojalyk işiniň netijeleri; eksport etmek göz öňünde tutulýan harydyň bäsdeşlige ukyplylygyna baha bermek);

– daşary ýurt bazarlarynda ýerlemek üçin harytlary (işleri, hyzmatlary) saýlap almak;

– gepleşikler, işewür gatnaşyklary ýola goýmak;

– daşary söwda şertnamasyny düzmek.

Daşarky bazarlara geçirilen marketing barlaglarynyň barşynda alnan netijeler maksatlaýyn bazarlary saýlap almaga we olarda ornaşmagyň has netijeli görnüşlerini bellemäge mümkinçilik berýär: ygtyýarlandyrma, göni eksport, ýerli sarp edijilere göni satuwlary geçirmek üçin täjirçilik işgärleri bolan haryt ammaryny döretmek, önümleri toplamak we gaplamak boýunça kärhanany ýa-da ýygnaýjy zawody guramak we ş.m.

*11-nji tablisa*

**Kärhananyň daşary ykdysady işiniň esasy görnüşleri**

| DYI-niň görnüşleri | DYI-niň predmeti |
|---|---|
| **1** | **2** |
| Daşary söwda | Harytlar<br>Hyzmatlar<br>Maglumat<br>Intellektual eýeçilik we beýlekiler |
| Halkara ylmy-önümçilik hyzmatdaşlygy | Tehnologiýalary, YBTKI-niň netijelerini, hukuklardan peýdalanmak üçin ygtyýarnamalary satmak<br>YBTKI-ni bilelikde alyp barmak<br>Toplaýyş önümlerini satmak, tehnologik enjamy bermek<br>Potratçylyk kooperasiýasy<br>Bilelikdäki kärhanalary dolandyrmak we beýlekiler |
| Halkara maýa goýum hyzmatdaşlygy | Maýa goýumlar<br>Karzlaşdyrmak<br>Paýnamalar, obligasiýalar<br>Awtorlyk hukuklary we beýlekiler |
| Zähmet serişdeleriniň halkara ondan-oňa geçmegi | Daşary ýurtly işçiler, hünärmenler |
| Halkara ýöriteleşme we kooperirlenme | Ygtyýarnamalaýyn önümçilik<br>Şertnama boýunça dolandyryş<br>Potratçylyk önümçiligi (şertnama boýunça önümçilik)<br>Bilelikdäki kärhana we beýlekiler |
| Walýuta maliýe-karz amallary | Depozit sertifikatlary<br>Ýewrokarz we Ýewroobligasiýalary nesýe almak<br>Hökümet agentlikleriniň notalary<br>Daşary ýurt bank karzlary<br>Eýeçilik hukugyny edinmek (uzak möhletli, gysga möhletli ) we beýlekiler |

## Sorag we ýumuşlar

*1. Döwletiň we kärhananyň daşary ykdysady işine kesgitleme beriň.*
*2. Kärhananyň daşary ykdysady işiniň esasy görnüşlerini häsiýetlendiriň.*
*3. Kärhananyň daşary ykdysady işi nähili görnüşlerde amala aşyrylýar?*
*4. Kärhananyň eksport syýasatyna kesgitleme beriň.*
*5. Kärhananyň daşarky bazara çykmagynyň tapgyrlaryny aýdyp beriň we oňa gysgaça häsiýetnama beriň.*

## 12.2. Satyn almak-satmak barada daşary söwda şertnamasy (ylalaşygy): düşünje, esasy bölümler

Geleşik taraplarynyň arasynda gepleşikleri geçirmegiň netijesi daşary söwda şertnamasy bolup durýar. Daşary söwda şertnamasy (ylalaşygy) satyn almak-satmak, önüm ibermek, haýsydyr bir işleri geçirmek, import edýän bilen eksport edýäniň arasynda hyzmatlary amala aşyrmak barada bellibir möhlete baglaşylýan we taraplaryň hukuklaryny, borçlaryny, şeýle hem täjirçilik, maliýe we ylalaşygyň beýleki şertlerini belleýän hukuk taýdan resmileşdirilen ylalaşyk bolup durýar.

Daşary söwda şertnamasy eksport edýäniň harydy ony kabul etmäge we şertnamada kesgitlenen bahany tölemäge borçlanýan import edýäniň eýeçiligine bermek borçnamasyny göz öňünde tutýan esasy resminama bolup durýar.

Daşary söwda şertnamasynyň diňe şertnamanyň möhüm şertlerini öz içine alýan halatynda hukuk güýji bardyr. Raýat kodeksine laýyklykda «şertnamanyň predmeti, kanunda ýa-da kanunçylyk namalarynda möhüm diýip görkezilen ýa-da şu görnüşdäki şertnamalar üçin zerur bolan şertleri, şeýle hem olar babatynda taraplaryň biriniň beýannamasy boýunça ylalaşyk gazanylmaly bolan şertleri möhüm şertler bolup durýar».

Daşary söwda şertnamasynyň gurluşy we mazmuny gepleşikleriň barşynda gepleşikleriň taraplarynyň ylalaşygy boýunça kesgitlenilýär we köp babatda harydyň özboluşlylygy hem-de kanunçylygyň aýratynlyklary bilen şertlendirilýär.

Daşary söwda şertnamasy şu bölümlerden durýar:

1-nji bölüm. «Umumy düzgünler» eksport edýän we import edýän baradaky maglumatlary, taraplaryň ýuridik atlaryny, şertnamanyň adyny we bellige alnan belgisini, oňa gol çekilen ýerini we senesini öz içine alýar.

2-nji bölüm. «Şertnamanyň predmeti» geleşigiň görnüşini (bu onuň adynda görkezilýär), geleşik predmetiniň adyny, onuň häsiýetnamasyny we görnüşini kesgitleýär.

3-nji bölüm. «Harydyň mukdary» mukdaryň ölçeg birliginiň adyny, ony kesgitlemegiň tertibini, ölçegler we agramlar ulgamyny görkezýär.

4-nji bölüm. «Harydyň hili» hili kesgitlemegiň usulyny saýlap almak barada maglumatlary (standart, spesifikasiýa, nusgalyk we ş.m.).

5-nji bölüm. «Şertnamanyň bahasy we umumy pul möçberi» harydyň bahasy we bahanyň bellenýän ölçeg birligi baradaky maglumatlary, bahany kesgitlemegiň we ýazyp bellemegiň usullaryny, bahanyň derejesini we şertnamanyň satyn alyjynyň satyja haýsydyr bir pulda tölemeli bolan umumy möçberini öz içine alýar.

6-njy bölüm.«Binýatlyk şertler» satyjynyň şertnamada bellenen bahanyň hasabyna ýüküň bellenen geografik nokada getirilmegini ýa-da harydyň ulag serişdelerine ýüklenmegini ýa-da ulag guramasyna berilmegini üpjün etmek borjuny; harytlaryň satyjynyň, satyn alyjynyň ýurdunyň, üstaşyr geçilýän ýurtlaryň çäkleri boýunça, deňiz, howa ulaglary bilen daşalmagyny kimiň üpjün edýändigini we kimiň hasabyna üpjün edilýändigini; harytlary gaplamak we belgilemek babatynda satyjylaryň borçlaryny; täjirçilik resminamalaryny resmileşdirmek boýunça taraplaryň borçlaryny; harytlara tötänden zyýan ýetmegi ýa-da onuň ýitmegi bilen bagly töwekgelçiligiň satyjydan satyn alyja geçýän ýerini hem-de wagtyny we beýlekileri kesgitleýär.

7-nji bölüm. «Iberilmeli möhletleri» harydyň iberilmeli möhletlerini (aý, çärýek, ýyl) we olaryň kontragentler tarapyndan bellenen geografitk nokatlara getirilmeli senesini (senenama günleri) görkezýär.

8-nji bölüm. «Töleg şertleri» taraplar tarapyndan ylalaşylan töleg şertlerini (puly we möhletleri) görkezýär, olaryň arasyndaky hasaplaşyklaryň usulyny we tertibini, taraplar tarapyndan özara töleg borçnamalarynyň ýerine ýetirilmeginiň kepillendirmelerini we beýlekileri görkezýär.

9-njy bölüm. «Harydy mukdary we hili boýunça tabşyrmak-kabul etmek» harydy tabşyrmagyň-kabul etmegiň tertibi baradaky şertleri öz içine alýar: hakykatdan tabşyrmagyň-kabul etmegiň görnüşi, möhleti we ýeri (kärhana, ammar, port, stansiýa we beýlekiler), hakyky iberilen harydyň mukdaryny we hilini barlamagyň tärleri hem-de olary kesgitlemegiň usullary, ony kabul etmegiň-tabşyrmagyň kim tarapyndan amala aşyrylandygy görkezilýär.

10-njy bölüm. «Harydy gaplamak» gaplamagyň görnüşleri, häsiýeti we tölegiň usullary baradaky maglumatlary öz içine alýar.

11-nji bölüm. «Jerimeler» jerimeleriň möçberini we töletdirilmäge degişli ýitgileri kesgitlemegiň usulyny görkezýär. Şunda jerimeleriň möçberi kesgitli pul möçberinde hem, doly iberilmedik harydyň umumy gymmatynyň göteriminde hem görkezilip bilner.

12-nji bölüm. «Fors-mažor» olaryň ýüze çykmagy taraplara şertnamalaryň ýerine ýetirilmeli möhletlerini geçirmäge rugsat edýän ýa-da taraplary şertnama boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmeginden doly ýa-da bölekleýin boşadýan öňünden görülmedik ýa-da fors-mažor ýagdaýlar diýlip atlandyrylýan adatdan daşary ýagdaýlaryň sanawyny öz içine alýar.

13-nji bölüm. «Harytlary ätiýaçlandyrmak» harydyň hereket edýän dürli döwürlerinde harytlary ätiýaçlandyrmagyň we ätiýaçlandyrmak boýunça çykdajylary satyjy bilen satyn alyjynyň arasynda paýlamagyň şertlerini öz içine alýar. Ätiýaçlandyrmak barada aýratyn şertnama düzülýär, ol taraplaryň ikisiniň hem bähbitleriniň hukuk taýdan üpjünçiliginiň serişdesi bolup durýar.

14-nji bölüm. «Kepillendirmeler» satyjynyň harydyň kepillendirilýän döwrüniň dowamynda onuň hili üçin öz üstüne jogapkärçilik almagynyň şertlerini göz öňünde tutýar.

15-nji bölüm. «Arbitraž» geljekde taraplaryň arasynda ýüze çykyp biljek jedelleri çözmegiň arbitraž tertibini göz öňünde tutýar: Arbitraž kazyýetde, araçy kazyýetde seredilmäge degişli jedelleriň toparyny kesgitlemek we beýlekiler.

16-njy bölüm. «Taraplaryň ýuridik salgylary».

Daşary söwda geleşikleri amala aşyrylanda hasaplaşyklaryň şu görnüşleri ulanylýar: resminamalaýyn esasda inkasso; resminamalaýyn esasda akkreditiw; bank geçirmesi; açyk hasap boýunça hasaplaşyklar. Daşary söwda amallary boýunça hasaplaşyklaryň köpüsi nagt däl görnüşde geçirilýär.

### Soraglar we ýumuş

*1. «Daşary söwda şertnamasy» düşünjesine kesgitleme beriň.*
*2. Daşary söwda şertnamasynyň möhüm şertleri diýip nämä düşünilýär?*
*3. Daşary söwda şertnamasynyň gurluşy nähili bolýar?*
*4. Daşary söwda geleşikleri amala aşyrylanda hasaplaşyklaryň haýsy görnüşleri ulanylýar?*

## 12.3. Kärhananyň daşary ykdysady işini guramak we onuň netijeliligi

DYI ulgamynda işleriň we wezipeleriň toplumyny amala aşyrmak, olary guramak we utgaşdyrmak üçin kärhanalarda DYI toparlary, bölümleri, gulluklary we müdirlikleri döredilýär. DYI netijeli dolandyrmak kärhananyň oňa laýyk gelýän, dolandyryş gurluşyny we inftrastrukturany öz içine alýan guramaçylyk gurluşynyň bolmagyny göz öňünde tutýar.

DYI dolandyrmagyň guramaçylyk gurluşy onuň çözmeli bolýan maksatlary we wezipeleri bilen kesgitlenýär we köp sanly faktorlara bagly bolýar, olaryň arasynda has möhümleri şular bolup durýar.

– şu birligiň döredilýän kärhanasynyň görnüşi;

– kärhananyň gollanýan strategiýasynyň görnüşi;

– utgaşykly birlikler bilen tehnologik we funksional aragatnaşyklaryň bolmagy hem-de ösüşi;

– çözgütleri kabul etmekde merkezleşdirme we merkezden aýrylma derejesi;

– utgaşykly bölümler bilen özara hereket etmegiň barşynda birlikleriň differensirlenmeginiň we integrirlenmeginiň zerur bolan derejesi.

Dolandyryşyň guramaçylyk gurluşy kärhanada DYI dolandyrmagyň ähli wezipelerini durmuşa geçirýän birlikleriň jeminden ybaratdyr:

– meýilnama-ykdysady bölüm (DSI-ni meýilnamalaşdyrmak, meýilnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, DSI-ni seljermek we beýlekiler);

– walýuta-maliýe bölümi (walýutany meýilnamalaşdyrmak we bank, walýuta, karz we hasaplaşyk amallaryna gözegçilik, daşary söwda geleşiklerinde kärhananyň bähbitleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmek we beýlekiler);

– marketing birligi.

Kärhanada DYI gullugynyň infrastrukturasy, düzgün bolşy ýaly, şulary öz içine alýar: eksport etmek üçin taýýar önümler ammary, ulaglar hojalygy, söwda wekilhanalary (merkezleri) we daşary ýurtlardaky merkezler.

Kärhananyň DYI-niň ykdysady taýdan netijeliligine görkezijileriň topary bilen baha berilýär, bu topara ykdysady taýdan netijelilik görkezijileri, eksportyň, importyň, eksport-import amallarynyň, haryt alyş-çalyş amallarynyň netijelilik görkezijileri girýär.

Eksportyň ykdysady taýdan netijeliligini görkezijiler topary harytlary eksport etmekden alnan ykdysady netijäni we onuň netijeliligini öz içine alýar.

Eksportyň ykdysady taýdan netijeliligi şu formula boýunça hasaplanýar:

$$E_{e.eks.} = O_{wal.man.} + B_{man.} - Z_{eks},$$

bu ýerde $O_{wal.man.}$ – kärhana gelip gowuşýan walýutanyň ekwiwalenti, ol walýutanyň gelip gowşan senesindäki hümmet boýunça manada gaýtadan hasaplamak (hökmany suratda döwlete satylmaly bölegini aýryp) ýoly bilen hasaplanýar, manat; $B_{man.}$ – walýutanyň bir bölegini döwlete hökmany satmakdan alnan düşewünt, manat; $Z_{eks}$ – – kärhananyň eksport üçin doly harajatlary, olar harytlary öndürmek we ýerlemek üçin harajatlary (mahabat, marketing, ätiýaçlandyryş, paçlar, ýygymlar we beýlekiler) öz içine alýar, manat.

Ykdysady mazmuny boýunça eksportdan alnan ykdysady netijäniň görkezijisi eksportdan alnan peýda görkezijisine laýyk gelýär.

Eksportyň ykdysady netijeliligi şularyň gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär:

$$e_{eks} = (O_{wm} + B_{m}) / Z_{eks}.$$

Eksportyň ykdysady netijeliliginiň görkezijisi eksport üçin harajatlaryň 1 manadyna düşýän eksportdan alnan peýdanyň ululygyny görkezýär. Bu görkezijiniň ähmiýetiniň birden köp bolmagy zerur görkeziji bolup durýar. Bazarda ornaşmak, önümçiligiň möçberlerini giňeltmek we soňundan gerim täsiriniň hasabyna özüne düşýän gymmaty peseltmek maksady bilen, önümi daşary ýurtlarda özüne düşýän gymmatyndan wagtlaýynça pes baha boýunça ýerlemek görnüşi bolup biler.

Eksportyň ykdysady netijeliligine geçirilen seljermäniň üstüni $Q_{eks}$ görkezijisini önüm öndürmegiň we ony içki bazarda ýerlemegiň netijeliliginiň görkezijisi bilen deňeşdirmek bilen ýetirip bolar:

$$e_{\text{iç}} = Q_{eks} / (Z_{\text{ön.eks}} + Z_{\text{ýer.iç}}),$$

bu ýerde $Q_{eks}$ – içki bahalar boýunça eksportyň möçberi, manat; $Z_{\text{ön.eks}}$ – eksport harytlaryny öndürmek üçin harajatlar (önümçiligiň özüne düşýän gymmaty), manat; $Z_{\text{ýer.iç}}$ – eksport harytlaryny önümini içki bazarda ýerlemek üçin harajatlar, manat.

Importyň ykdysady netijeliliginiň görkezijiler topary şulary öz içine alýar:

– import edilýän önümleri özüniň peýdalanmagyndan alnan ykdysady netije;

– özüniň peýdalanmagy üçin import önüminiň ykdysady netijeliligi;

– içki bazarda import edilýän harydy satmak maksady bilen, importyň ykdysady netijesi;

– importyň we harydy içki bazarda ýerlemegiň ykdysady netijeliligi.

Import edilýän önümleri özüniň peýdalanmagyndan alnan ykdysady netije şunuň ýaly hasaplanýar:

$$E_{imp} = Z_{imp} – C_{imp.sarp},$$

bu ýerde $Z_{imp}$ – import edilýän önüme alternatiw bolan önümi satyn almak (taýýarlamak) we peýdalanmak üçin doly harajatlar, manat; $C_{imp.sarp}$ – import edilen önümi sarp etmegiň bahasy (ulanylýan döwrüniň bitin dowamynda gündelik harajatlar), manat.

Import edilýän önüme alternatiw bolan önümi satyn almak (taýýarlamak) we peýdalanmak üçin doly harajatlar şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$Z_{imp} = C_{sat} + M_{\text{ul.çyk}},$$

bu ýerde $C_{sat}$ – binýatlyk görnüş boýunça önümi (import edilýän önüme alternatiw ýa-da şonuň ýaly önümi) satyn alnan bahasy (taýýarlamak üçin harajatlar), ony satyn almak (taýýarlamak) bilen bagly ähli çykdajylary goşmak bilen, manat; $M_{\text{ul.çyk}}$ – önümiň (import edilýän önüme alternatiw ýa-da şonuň ýaly önüm) ulanylýan döwrüniň bitin dowamynda ulanyş çykdajylary, ol sarp edilýän çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň we energiýanyň, ätiýaçlyk şaýlaryň gymmatyny, oňa hasaplanyp ýazylýan ähli serişdeler bilen bilelikde, hyzmat etmek we abatlamak işlerini ýerine ýetirýän işçileriň zähmet hakyny we beýleki çykdajylary öz içine alýar, manat.

Sarp edilen import önüminiň bahasy şuňa deňdir:

$$C_{imp.sarp} = C_{imp.\ sat} + M_{ul.çyk},$$

bu ýerde $C_{imp.\ sat}$ – daşky bazarda import önümini satyn almagyň bahasy, ol şertnamanyň bahasyny, paçlary, ýygymlary, ulag çykdajylaryny, ätiýaçlandyryşy, araçylaryň hyzmaty üçin tölegleri we beýlekileri öz içine alýar, manat; $M_{ul.çyk}$ – import önüminiň ulanylýan döwrüniň bitin dowamyndaky ulanyş çykdajylary, onuň düzümine sarp edilýän çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň we energiýanyň gymmaty, abatlamagyň, ätiýaçlyk şaýlaryň gymmatyny, oňa hasaplanyp ýazylýan ähli serişdeler bilen bilelikde, hyzmat etmek we abatlamak işlerini ýerine ýetirýän işçileriň zähmet hakyny hem-de import önümini ulanmak bilen bagly beýleki çykdajylary öz içine alýar.

Ýurdyň içinde sarp edilýän import önüminiň ykdysady netijesiniň ykdysady manysy onuň ähmiýetiniň önümi import edýän tarapyň ony taýýarlamagyň ýa-da alternatiw import we ýurtda öndürilen önümi satyn almagyň ýerine şol önümi satyn alan halatynda nähili peýda alyp biljekdigini görkezýär. $C_{imp.\ sat} > Z_{imp}$ bolan ýagdaýynda import edýän import edilýän meňzeş önümi satyn almagyň (taýýarlamagyň) ýerine import önümini satyn almak bilen ýitgi çekýär.

Özüniň peýdalanmagy üçin önümi import etmegiň ykdysady netijeliligi:

$$e_{imp} = Z_{imp} / C_{imp.\ sat},$$

Şu gatnaşygyň esasynda alternatiw önümi peýdalanmak üçin harajatlaryň import önümini sarp etmegiň bahasynda näçe esse ýokarydygy anyklanýar. Şunda netijeli importyň zerur bolan şerti $e_{imp} > 1$ bolup durýar.

Import edilen harydy içki bazarda ýerlemek maksady bilen, importyň ykdysady netijesiniň görkezijisi import edýäniň import edilen harydy içki bazarda ýerlemekden alan peýdasyny häsiýetlendirýär we şu formula boýunça kesgitlenýär:

$$E_{imp} = C_{imp.ýer} - C_{imp.\ sat},$$

bu ýerde – ýerlemek bilen bagly çykdajylar (mahabat, marketing, ulag we beýlekiler) aýyrmak bilen, import harytlarynyň ýerlenen bahasy, manat; – satyn almak üçin çykdajylary (şertnamanyň bahasy, paçlar, ulag çykdajylary, ätiýaçlandyryş, saklamak çykdajylary we beýlekiler) goşmak bilen, import harytlarynyň satyn alnan bahasy, manat.

Importyň we harydy içki bazarda ýerlemegiň ykdysady netijeliliginiň görkezijisi şularyň gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär:

$$e_{imp} = C_{imp.ýer} / C_{imp}.$$

Eksport-import amallarynyň ykdysady netijeliliginiň görkezijiler topary şulary öz içine alýar:

– eksport-import amallaryndan alnan ykdysady netijäniň integral görkezijisi;

– eksport-import amallaryndan alnan ykdysady netijeliligiň integral görkezijisi;

Eger kärhananyň DYI şol bir wagtyň özünde eksport hem-de import amallaryny amala aşyrmaga gönükdirilen bolsa, onda işiň şu görnüşine baha bermek üçin ykdysady netijäniň we ykdysady netijeliligiň integral görkezijileri ulanylýar.

Eksport-import amallaryndan alnan ykdysady netijäniň integral görkezijisi wagtyň bellibir döwründe kärhana tarapyndan DYI-den alnan peýdanyň möçberini häsiýetlendirýär:

$$E_{eks\ /\ imp} = E_{eks} + E_{imp},$$

bu ýerde $E_{eks}$ – bellibir döwürde (aý, çärýek, ýyl) eksportdan alnan jemi ykdysady netije, manat; $E_{imp}$ – bellibir döwürde (aý, çärýek, ýyl) eksportdan alnan jemi ykdysady netije, manat.

Eksport-import amallarynyň ykdysady netijeliliginiň integral görkezijisi eksport-import amallaryny amala aşyrmak bilen bagly harajatlaryň 1 manadyna kärhananyň näçe peýda alýandygyny kesgitlemäge ýa-da olaryň düşewüntliliginiň nähilidigini kesgitlemäge mümkinçilik berýär, ol şularyň gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär:

$$e_{eks/imp} = E_{eks/imp} / (Z_{eks\ dol} + Z_{imp\ doly}),$$

bu ýerde $Z_{eks\ dol}$ – bellibir döwürde (aý, çärýek, ýyl) eksport üçin doly harajatlar, manat; $Z_{imp\ doly}$ – bellibir döwürde (aý, çärýek, ýyl) import üçin doly harajatlar, manat.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Kärhananyň DYI gullugynyň guramaçylyk gurluşy diýip nämä düşünilýär?*
2. *Kärhananyň DYI gullugynyň nähili gurluşy bar?*
3. *Kärhananyň DYI-ni dolandyrmagyň guramaçylyk gurluşyna täsir edýän faktorlary aýdyp beriň.*
4. *Kärhananyň DYI-niň netijeliligini häsiýetlendirýän görkezijileri aýdyp beriň.*
5. *Eksportyň ykdysady netijeliliginiň görkezijilerini aýdyp beriň. Şu görkezijiler nähili hasaplanylyp çykarylýar?*

## 12.4. Kärhananyň daşary ykdysady işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek

Döwlet eksport mümkinçiliginiň artmagyna, importyň oýlanyşykly bolmagyna, ýurduň kärhanalarynyň önümleriniň daşarky bazarda bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna, ýurduň ykdysady howpsuzlygynyň üpjün edilmegine, önümçiligi tehnologiýa taýdan döwrebaplaşdyrmak üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge ýardam etmelidir.

Döwlet dolandyryş edaralarynyň, hususan-da Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň, Daşary işler ministrliginiň, Maliýe ministrliginiň, Gümrük gullugynyň we beýlekileriň ygtyýarlygyna şular girýär:

– daşary ykdysady aragatnaşyklary ösdürmegiň konsepsiýasyny we strategiýasyny hem-de daşary söwda syýasatynyň esasy ýörelgelerini;

– ýurduň we hojalyk subýektleriniň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek, ykdysady özygtyýarlylygyny we ykdysady bähbitlerini goramak;

– maliýe, walýuta, karz, gümrük-tarif we tarif däl düzgünleşdirmegi goşmak bilen, daşary ykdysady işi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek, eksporta gözegçiligi üpjün etmek, harytlaryň getirilmegi hem-de çykarylmagy bilen bagly olary sertifikatlaşdyrmak babatynda syýasaty kesgitlemek we beýlekiler.

Döwlet dolandyryş edaralarynyň garamagyndaky beýleki möhüm meseleleriň hataryna şulary goşup bolar:

– strategiýa taýdan möhüm çig mal harytlary, gymmat metallar, daşlar we olardan ýasalýan önümler öndürilende peýdalanylýan ýa-da peýdalanyp bilinjek galyndylary, aýry-aýry çig mallary, materiallary, tehnologiýalary, ylmy-tehniki maglumatlary getirmek we çykarmak;

– Hökümetiň kepillendirmeginiň hasabyna döwlet, bank we täjirçilik karzlaryny çekmek, olaryň peýdalanylyşyna gözegçilik etmek;

– altyn-gyzyl pul ätiýaçlyklaryny emele getirmek we peýdalanmak.

DYI döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň esasy ýörelgelerine şular degişlidir:

– ýurduň daşary syýasatynyň bir bölegi hökmünde daşary ykdysady syýasatyň bir bitewüligi;

– DYI döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek ulgamynyň we oňa gözegçilik etmegiň bir bitewüligi;

– ýurduň gümrük çäginiň bitewüligi;

– düzgünleşdirmegiň ykdysady çärelerini ileri tutmak;

– DYI gatnaşýanlaryň ählisiniň deňligi we olaryň hukuklarynyň kemsidilmezligi;

– DYI gatnaşýanlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini döwlet tarapyndan goramak;

– döwletiň DYI esassyz goşulmagyny, oňa gatnaşýanlara we tutuşlygyna ýurduň ykdysadyýetine zyýan ýetirilmegini aradan aýyrmak.

Konstitusiýa laýyklykda ýurduň subýektleriniň öz ygtyýarlyklaryna we kanunçylyga laýyklykda şulary amala aşyrmaga hukuklary bardyr:

– sebitleýin DYI maksatnamalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek;

– öz çägindäki kärhanalaryň we guramalaryň, şol sanda daşary ýurt kärhanalarynyň we guramalarynyň DYI-ni utgaşdyrmak we gözegçilik etmek;

– öz çäginde bellige alnan DYI-e gatnaşýanlara goşmaça kepillendirmeleri we ýeňillikleri bermek;

– daşary ýurt  karzlaryny çekmek maksady bilen, ätiýaçlandyryş we girew gaznalaryny emele getirmek.

DYI döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek döwletiň daşary ykdysady syýasatyny alyp barmagyň usullarynyň we serişdeleriniň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Ykdysady proseslere edýän täsirine baglylykda DYI döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň usullary göni we gytaklaýyn, edara ediş we ykdysady usullara bölünip bilner.

Ýurtda DYI düzgünleşdirmegiň göni usullaryna hukuk binýady degişlidir, ol hususan-da, «Gümrük kodeksi», «Gümrük tarifleri hakynda», «Daşary ykdysady işi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek hakynda» kanunlar ýaly kadalaşdyryjy namalary öz içine alýar.

Ýurtda DYI düzgünleşdirmegiň gytaklaýyn (ykdysady) usullaryna ykdysady proseslere gatnaşýanlaryň ykdysady bähbitleriniň üstünden täsir edýän usullar degişlidir: ýurduň import edýänlerine, aýratyn hem eksport edýänlerine göni we gytaklaýyn maliýeleşdirimegi, eksporty karzlaşdyrmagy we ätiýaçlandyrmagy, eksport amallarynyň kepillendiril-

megini, salgyt we gümrük ýeňilliklerini we beýlekileri göz öňünde tutýan daşary söwda syýasatynyň kömegi bilen döwlet tarapyndan goldaw bermek.

Göni maliýeleşdirmek kepillendirilen düşewündi üpjün etmek maksady bilen, eksport edýän kärhanalara önümiň özüne düşýän gymmaty bilen eksport düşewündiniň arasyndaky tapawudy ýapmak üçin dotasiýalary bermekden ybaratdyr. Eksport edýän kärhanalary gyýtaklaýyn maliýeleşdirmek iki usul bilen amala aşyrylýar: birinji usul – hökümet tarapyndan täjirçilik banklaryna bank göteriminiň hereket edýän möçberi bilen eksport edýän kärhanalar üçin peseldilen möçberiň arasyndaky tapawudy ýapmak üçin dotasiýa bermek; ikinji usul eksport edýän kärhananyň import çig malyny almak üçin tölän paçlarynyň öwezini dolmak, şeýle hem eksport edýän kärhanalara ýokarlandyrylan bahalar boýunça döwlet tabşyryklaryny bermek.

Eksporty karzlaşdyrmak iki görnüşde bolup geçýär – içki we daşky karzlaşdyrmak. Içerde maliýeleşdirilende Merkezi bank eksport edýän kärhanalara eksport önümçiligini ösdürmek üçin ýeňillikli göterim möçberleri boýunça karz berýär. Eksporty daşarky karzlaşdyrmak karzdar ýurduň firmasynyň harytlaryny satyn almak üçin import edýänlere berilýän karzlar görnüşinde amala aşyrylýar. Daşky karzlaşdyrmak daşary ýurtly satyn alyjyny höweslendirmäge mümkinçilik berýär.

Eksporty ätiýaçlandyrmak hem töwekgelçilikleriň görnüşlerine baglylykda iki görnüşde bolup biler. Töwekgelçilik diýip ykdysady işiň öňünden görülmedik ýagdaýda üýtgemegi, amatsyz ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen bagly maliýe hem-de maddy ýitgileriň ýüze çykmak howpuna düşünilýär. Içki ätiýaçlandyrmada hökümet maýa goýum töwekgelçiliginiň bir bölegini öz üstüne alýar. Eksport önümçiligini ösdürmäge, geljegi bolan işläp taýýarlamalary özleşdirmäge goýulýan iri maliýe goýumlary ätiýaçlandyryş obýektleri bolup durýarlar. Eksporty daşky ätiýaçlandyrmada hökümet töwekgelçilikleriň dürli görnüşlerini (ýurt, syýasy, täjirçilik, walýuta) öz üstüne alýar.

Ýurt töwekgelçilikleri daşary döwletleriň çäginde telekeçilik işi amala aşyrylanda ýüze çykýar we bellibir durmuş-syýasy ýa-da ykdysady wakalaryň netijesinde baglaşylan halkara şertnamalarynyň ýerine ýetirilmezlik, emläge zyýan ýetmek ýa-da ony ýitirmek, pul serişdelerini ýitirmek mümkinçiligine düşünilýär.

Syýasy töwekgelçilikler ýurt töwekgelçilikleriniň möhüm düzüm bölegi bolup durýar. Syýasy töwekgelçilik ýurtdaky durmuş-syýasy ýagdaýyň üýtgemegi (walýuta kanunçylygynyň, hukuk binýadynyň, salgyt we gümrük syýasatynyň üýtgemegi, telekeçileriň emläk bähbitlerine zyýan ýetiren köpçülikleýin tertipsizlikler, harby hereketler we beýleki forsmažor ýagdaýlar) netijesinde daşary ýurtly telekeçiniň girdejini doly alyp bilmezliginiň ýa-da ony ýitirmeginiň, daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmezliginiň ähtimallygy bilen häsiýetlendirýär.

Täjirçilik töwekgelçiligi söwda amallaryny geçirmegiň barşynda peýdany doly almazlyk ýa-da ýitgileriň ýüze çykmak mümkinçiligi bilen bagly bolup, şu wakalar görnüşinde ýüze çykyp biler: harydyň bahasynyň tölenmeli pursatynda satyn alyjynyň tölege ukypsyzlygy, buýrujynyň tölegi geçirmekden boýun gaçyrmagy, şertnama baglaşylandan soň önümiň bahasynyň üýtgemegi, önüme bolan islegiň peselmegi we ş.m.

Walýuta töwekgelçiligi diýip DYI amala aşyrmagyň barşynda puluň çalşyk hümmetiniň üýtgemeginden ýitgileriň ýüze çykmak ähtimallygyna düşünilýär. Meselem, walýuta töwekgelçilikleriniň nebit çykarýan kärhanalara degerli täsir edýändigini bellemek gerek. Mundan başga-da, pudakda köp möçberde import edilen enjamlar peýdalanylýar. Bularyň ählisi nebit çykarýan senagatyň puluň çalşyk hümmetiniň üýtgemegine baglylygyny şertlendirýär.

Şeýlelikde, eksporty ätiýaçlandyrmak pullaryň hümmetiniň ýa-da bankyň karz göterimleriniň üýtgäp duran ýagdaýynda eksport karzlarynyň gaýtarylmagyny hem, eksportdan gelip gowuşmagy meýilnamalaşdyrylan serişdeleriň alynmagyny hem üpjün edýär.

Eksport edýän kärhanalar üçin salgytlary peseltmek olaryň önümçiliginde eksportyň paýyna baglylykda göni hem, eksport edýän kärhanalara peýdanyň salgyt salynmaýan böleginden eksport önümçiligini ösdürmegiň ätiýaçlyk gaznalaryna serişdelere geçirmäge hukuk bermek arkaly amala aşyrylýan gyýtaklaýyn görnüşde hem bolup biler. Salgyt karzyny – eksport girdejisinden alynýan salgytlary soňa süýşürip hem ulanylyp bilner.

DYI maglumat üpjünçiligi maglumat çeşmesi bilen maglumatly alyjyny (peýdalanyjyny) özara hereketini göz öňünde tutýar. Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen işewür gatnaşyklary ýola goýmaga mümkinçilik berýän zerur bolan täjirçilik maglumatlary Söwda-senagat palatalarynda, Daşary ykdysady iş ministrliginde, täjirçilik banklarynda we ş.m. bolýar.

Kataloglar, maglumat kitapçalary, mahabat neşirleri, Internet we beýlekiler täjirçilik maglumatlarynyň ýaýradylýan çeşmeleri bolup durýarlar. Alnan maglumatlary, hususan-da, haryt ýerlenýän bazarlar baradaky maglumatlary öwrenmegiň barşynda olara seljerme geçirilýär, bazardaky isleg, bäsleşik, konýunktura öwrenilýär we kärhananyň mümkinçiligine baha berilýär.

DYI düzgünleşdirmegiň edara ediş usullaryna gümrük-tarif usullary, eksporty we/ýada importy göni çäklendirmek, hususan-da, paýlary bellemek, ygtyýarnamalar, embargo we beýlekiler, halkara söwda şertnamalarynyň baglaşylmagy, antidemping çäreler, tehniki päsgelçilikler we ş.m. degişli edilip bilner.

Düzgünleşdirmegiň tarif däl usullary dürli görnüşdäki çäklendirmeler girizmek ýoly bilen import amallarynyň möçberine we gurluşyna täsir edýärler.

Paý bellemek (kwota) – harytlary eksport (import) etmekde paýlary (çäklendirmeleri) bellemek. Paýlary bellemek aýry-aýry ýurtlar bilen söwda we töleg disbalansyny aradan aýyrmak, içki bazarda isleg bilen teklibi düzgünleşdirmek, beýleki ýurtlaryň hukuk kemsidiji hereketlerine jogap çärelerini kabul etmek, harytlary öndürmekde we ýerlemekde her bir ýurduň paýyny bellemek maksady bilen girizilýär.

Ygtyýarlylandyrmak döwlet edaralary tarapyndan harytlary eksport (import) etmek üçin bellibir döwre berilýän ýazmaça rugsatlardan ybaratdyr, bu daşary söwda dolanyşygynyň mukdar taýdan düzgünleşdirilmegini üpjün edýär. Ygtyýarlylandyrmagyň gümrük kadalarynyň bozulan ýagdaýynda eksporty (importy) çäklendirmek maksady bolýar.

Kontingentlere bölme – haýsydyr bir harytlaryň getirilmeli we çykarylmaly möçberlerini haryt we gymmat manysynda bellemekdir. Kontingentler bellibir möhlete we mil-

li önüm öndürijileriň bähbitlerini goramak üçin, esasan, import harytlary babatynda bellenýär. Kontingentleri bellemek ygtyýarnamalar boýunça amala aşyrylýar.

Halkara söwda şertnamalary 5 ýyldan 10 ýyl möhlete çenli baglaşylýar, olar ýurtlaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň umumy ugurlaryny kesgitleýärler, hyzmatdaşlygyň söwda-syýasy düzgünini belleýärler, özara hasaplaşyklaryň şertlerini we ş.m. göz öňünde tutýarlar. Halkara söwda şertnamalarynyň baglaşylmagy ýurtlar tarapyndan has amatly düzgüniň döredilmegine ýardam edýär.

Antidemping çäreleri meňzeş önümleri öndürýän milli kärhanalara zyýan ýetirýän ýagdaýda harytlary pes bahalar boýunça satmakda günä ýöňkelýän daşary ýurtly hyzmatdaşlara bildirilýän nägileliklere edara ediş babatynda we kazyýetde işe seretmek bolup durýar.

Tehniki päsgelçilikler import edilýän harytlaryň hilini ýokarlandyrmak we daşky gurşawy goramak maksady bilen ulanylýar. Import edilýän önüm halkara we milli standartlara, pudaklaýyn kadalara we tehniki görkezmelere laýyk gelýändigi babatynda barlanýar. Tehniki päsgelçilikleriň has giň ýaýran görnüşleriniň biri hem import edilýän harytlary sertifikatlaşdyrmak, ýagny harytlaryň häsiýetnamalarynyň import edilýän ýurtda hereket edýän bellibir standartlara laýyk gelýändiginiň ýörite laboratoriýalarda synagdan geçirilendigi barada şahadatnamany almak talaby bolup durýar.

Eksport-import amallaryny düzgünleşdirmegiň esasy gurallaryna gümrük paçlary we gümrük tarifleri degişlidir.

**Soraglar we ýumuşlar**

*1. Kärhanalaryň DYI haýsy kadalaşdyryjy resminamalar bilen düzgünleşdirilýär?*
*2. Döwlet dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklaryna haýsy meseleler girýär?*
*3. Kärhanalary DYI-ni döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň esasy ýörelgelerini aýdyp beriň.*
*4. Kärhanalary DYI-ni döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň ykdysady ýörelgelerini aýdyp beriň we häsiýetlendiriň.*
*5. Eksport-import amallaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň esasy gurallaryny aýdyp beriň.*

# XIII BAP. KÄRHANANYŇ ÇYKDAJYLARY WE ÖNÜMIŇ ÖZÜNE DÜŞÝÄN GYMMATY

## 13.1. Gymmat, çykdajylar we önümiň özüne düşýän gymmaty

Önüm öndürmek we ýerlemek natural görnüşdäki serişdeleriň, ýagny maddy, zähmet, maglumat serişdeleriniň sarp edilmegini talap edýär. Kärhananyň işiniň netijeliligine baha bermek üçin bu çykdajylary gymmat manysynda kesgitlemek gerek. Çykdajylar diýip

kärhananyň onuň önümçilik-ýerleme işini amala aşyrmak üçin zerur bolan harajatlaryň jemine düşünilýär. Degişlilikde – kärhananyň önümçiligiň barşynda sarp edýän harajatlary önümçilik çykdajylary, ýerlemek, üpjünçilik, söwda-araçylyk harajatlary bolsa dolanyşyk çykdajylary bolup durýar.

Harajatlaryň ululygy önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatynyň hasaplamalarynyň – önümleri (işleri, hyzmatlary) öndürmek prosesinde tebigy serişdeleriň, çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň, energiýanyň, esasy gaznalaryň, zähmet serişdeleriniň, şeýle hem ony öndürmek we ýerlemek üçin beýleki harajatlaryň gymmatlyk bahasynyň esasynda ýatýar.

Kärhananyň işiniň peýda we onuň peýdasyndan alynýan salgydyň ululygy ýaly netijeleri önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlaryň düzümine bagly bolup durýar. Kärhananyň işiniň netijeleri maliýe hasabatlylygynyň ulanylýan ulgamyna baglylykda tapawutlanyp biler.

Önümçiligiň ähli möçberiniň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak we harajatlaryň gurluşyny seljermek üçin harajatlaryň ählisi olaryň ykdysady mazmunyna laýyklykda elementler boýunça toparlara jemlenýär (*31-nji surat*).

– maddy harajatlar (gaýtarylýan galyndylaryň gymmatyny aýyrmak bilen);
– zähmet haky üçin harajatlar;
– durmuş zerurlyklar üçin geçirimler;
– esasy gaznalardan alynýan ulanyş tutumy;
– gaýry harajatlar.

Energiýa göterijileriň bahasynyň degerli ýokarlanmagy bilen baglylykda olar üçin harajatlaryň özüne düşýän gymmatdaky paýy artýar, şonuň üçin harajatlaryň bu elementine hemişe aýratynlykda seredilýär.

Harajatlaryň elementleri boýunça toparlara jemlemek önümçilik üçin harajatlaryň çykdajy sanawynyň – kärhananyň önümiň bellibir möçberini çykarmak we öz birlikleri hem-de beýleki buýrujylar üçin, senagat häsiýetli işleri we hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin zerur bolan ähli çykdajylaryny görkezýän esasy resminamanyň esasynda ýatýar. Harajatlaryň çykdajy sanawy önümiň anyk birliginiň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemäge we harajatlaryň emele gelen ýerini anyklamaga mümkinçilik bermeýär. Bu meseläni çözmek kalkulýasiýa geçirmegiň kömegi bilen amala aşyrylyp bilner.

Önümiň birliginiň önümçilik we ýerlemek çykdajylaryny kesgitlemek kalkulýasiýa etmek diýlip atlandyrylýar. Kalkulýasiýa etmegiň barşynda ähli çykdajylar kalkulýasiýa maddalary boýunça topara jemlenýär. Şunuň ýaly topara jemlemegiň esasynda, bu çykdajylaryň bellenen maksadyna we olaryň ýüze çykýan ýerine baglylykda, kärhananyň önümiň birligini öndürmek üçin çykdajy maddalary ýatýar,

**Önümiň özüne düşýän gymmaty**

**Maddy harajatlar**
– Daşyndan satyn alynýan çig mal we materiallar
– Ätiýaçlyk şaýlary
– Gurallaryň, abzallaryň, esbaplaryň we beýleki gymmaty pes zatlaryň könelmegi
– Satyn alynýan toplaýyş önümleri we ýarym taýýar önümler
– Beýleki kärhanalar tarapyndan ýerine ýetirilýän önümçilik häsiýetli işler we hyzmatlar
– Tebigy çig mal (mineral-çig mal binýadynyň üznüksiz önümçiligi üçin geçirimler, rekultiwasiýa boýunça işleriň tölegi, suw üçin töleg)
– Ähli görnüşdäki satyn alynýan energiýa we ony öndürmek üçin harajatlar
– Tebigy ýitgileriň ölçeginiň çäklerinde gelip gowşan serişdeleriň ýetmezçiliginden çekilen ýitgiler

**Zähmet haky**
– Ähli zähmet haky tölegleri
– Işgärlere natural töleg tertibinde berilýän önümleriň gymmaty
– Baýraklar, goşmaça haklar (höweslendiriş häsiýetli tölegler)
– Işiň düzgüni we zähmet şertleri bilen bagly öwezini doluş häsiýetli tölegler
– Mugt jemagat hyzmatlarynyň, iýmitiň gymmaty
– Işe çykylmaýan wagtyndaky tölegler (rugsatlar, iş saparlary we beýlekiler)
– Zähmet hakynyň etraplaýyn düzgünleşdirilmegi bilen şertlendirilen tölegler
– Kärhananyň işgär düzüminde durmaýan işgärleriň zähmet haky
– Beýleki tölegler

**Durmuş zerurlyklar üçin geçirimler**
– Önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýan zähmet haky üçin harajatlardan döwlet ätiýaçlandyryş edaralaryna, Pensiýa gaznasyna, Iş bilen üpjünçilik döwlet gaznasyna we saglyk ätiýaçlandyrmasyna kanunda bellenen ölçegler boýunça hökmany geçirimler

**Esasy gaznalaryň ulanyş tutumlary**
– Önümçilik gaznalaryny doly dikeltmek üçin ulanyş tutumyndan geçirimleriň möçberi

**Gaýry harajatlar**
– Salgytlar, ýygymlar, tölegler, ätiýaçlandyryş gaznalaryna geçirimler, aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi, maddy däl aktiwler boýunça ulanyş tutumlary we harajatlaryň ozal sanalyp geçilen elementlerine degişli gaýry harajatlar

**31-nji surat.** ***Önümiň özüne düşýän gymmatynyň düzümi***

Senagatda kalkulýasiýanyň aşakdaky ýaly mysaly maddalary ulanylýar:
– çig mal we materiallar;

– gaýtarylýan galyndylar (aýrylýar);
– tehnologik maksatlar üçin ýangyç we energiýa;
– önümçilik işçileriniň esasy zähmet haky;
– önümçilik işçileriniň goşmaça zähmet haky;
– durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin geçirimler;
– önümçiligi taýýarlamak we özleşdirmek üçin çykdajylar;
– enjamlary ulanmak we saklamak üçin çykdajylar;
– seh çykdajylary;
– umumy zawod çykdajylary;
– zaýa önümden ýitgiler;
– gaýry önümçilik çykdajylary;
– önümçilik däl çykdajylar.

Senagatyň haýsydyr bir pudagynda önümçiligiň häsiýetine we gurluşyna baglylykda, kalkulýasiýa maddalarynyň sanawy üýtgäp biler. Mysal üçin, maşyn gurluşykda «toplaýyş önümleri» maddasy, zergärçilik senagatynda «satyn alynýan önümler», «özünde öndürilen ýarym taýýar önümler» maddalary görkezilýär. Özüne düşýän gymmatyň düzüminde kalkulýasiýa maddalary boýunça toparlara jemlenende harajatlar şu kriteriler boýunça toparlara bölünip bilner:

– esasy we goşmaça;
– göni we gytaklaýyn;
– ýönekeý we toplumlaýyn;
– hemişelik we (şertli hemişelik) üýtgeýän (şertli üýtgeýän) harajatlar.

Harajatlary esasy we goşmaça harajatlara degişli etmek olaryň önüm öndürmek prosesi bilen baglylyk häsiýeti bilen kesgitlenýär. Esasy harajatlar tehnologik proses bilen gönüden göni bagly bolup durýar hem-de tehnologik maksatlar üçin harçlanýan çig maly we materiallary, ýangyjy we energiýany, önümçilik işçileriniň esasy zähmet hakyny öz içine alýar. Öz gezeginde goşmaça çykdajylar dolandyryşy guramak we önümçilige hyzmat etmek bilen baglydyr. Mysal üçin, olara seh, umumy zawod çykdajylary, önümi ýerlemek üçin çykdajylar degişlidir.

Önümleriň anyk görnüşleriniň özüne düşýän gymmatyna eltmegiň usuly boýunça kärhananyň ähli harajatlary göni we gytaklaýyn harajatlara bölünýär. Göni harajatlar önümiň bellibir görnüşini taýýarlamak bilen gönüden göni baglydyr we göni onuň özüne düşýän gymmatyna degişlidir. Gytaklaýyn harajatlar sehiň ýa-da tutuş kärhananyň işi bilen baglydyr we aýry-aýry önümiň aýratyn görnüşleriniň özüne düşýän gymmatyna göni degişli edilip bilinmez, diňe öňünden bellenen alamat boýunça esasy zähmet hakyna, önümçiligiň özüne düşýän gymmatyna, degişli önümleri öndürmek boýunça enjamlaryň maşyn-sagatlaryna deň ölçegli ýa-da başga bir alamatlar boýunça gytaklaýyn görnüşde degişli edilip bilner.

Kalkulýasiýanyň düzüminde diňe bir elementden durýan ýönekeý harajatlar we birnäçe ykdysady taýdan dürli görnüşdäki, ýöne birmeňzeş önümçilik ähmiýeti bolan birnäçe elementleri öz içine alýan toplumlaýyn harajatlar tapawutlandyrylýar. Meselem, ýönekeý maddalara çig mal we esasy materiallar üçin harajatlar, esasy önümçilik işçileriniň zähmet haky degişlidir. Enjamlary ulanmak we saklamak üçin harajatlar, seh we umumy zawod çykdajylary toplumlaýyn harajatlar bolup durýarlar, sebäbi her bir madda materiallar üçin harajatlary, zähmet hakyny, ulanyş tutumlaryny we beýleki harajat maddalaryny öz içine alýar.

Harajatlar önümçiligiň möçberiniň üýtgemegi babatynda hemişelik we üýtgäp durýan harajatlara bölünýär. Hemişelik harajatlara önümçiligiň möçberiniň üýtmegine bagly bolmadyk ýa-da böküş görnüşde üýtgeýän harajatlar degişlidir, üýtgeýän harajatlar önümçiligiň möçberine bellibir baglylykda üýtgeýär. Hemişelik harajatlar üç topara bölünýär:

– dolulygyna hemişelik harajatlar (hereketsizlik harajatlary) işiň ýok wagtynda hem mümkindir. Olara mysal üçin, esasy gaznalaryň ulanyş tutumy degişlidir;

– kärhananyň işini üpjün etmek üçin hemişelik harajatlar kärhana tarapyndan iş amala aşyrylanda geçirilýär. Mysal üçin, edara ediş-dolandyryş işgärleriniň zähmet haky, elektrik energiýasy, şol sanda jaýlary yşyklandyrmak üçin harajatlar;

– şertli-hemişelik harajatlar önümçiligiň bellibir möçberine ýetilýänçä üýtgemeýär. Önümçilik möçberiniň soňy bilen köpelen ýagdaýynda bu harajatlar böküş görnüşinde üýtgeýär, ol bolsa bazar tarapyndan önümçilik möçberlerini artdyrmagyň talap edilen şertlerinde kuwwatlyklaryň aňrybaş derejede peýdalanylmagy bilen baglydyr. Şeýle bolanda kärhana täze enjamy satyn alýar, goşmaça korpuslary gurýar, bu bolsa öz gezeginde, esasy gaznalaryň gymmatyny ýokarlandyrýar we önümiň birligi üçin harajatlary böküş görnüşde artdyrýar, ulanyş tutumlarynyň möçberi köpelýär. Aňrybaş mümkin bolan N1 möçbere ýetilende täze kuwwatlyklar girizilýär we önümiň birliginiň özüne düşýän gymmaty S1-den S1 çenli artýar;

– deň ölçegli üýtgeýän harajatlar, degişlilikde, önümçiligiň möçberiniň artmagyna ýa-da azalmagyna laýyklykda üýtgeýär;

– regressiw üýtgeýän harajatlar önümçiligiň möçberine garanyňda haýal köpelýän harajatlar;

– prorgessiw üýtgeýän harajatlar önümçiligiň möçberine garanyňda çalt köpelýän harajatlar.

Kärhananyň doly harajatlary üýtgäp durýan we hemişelik harajatlardan emele gelýär.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Önümiň özüne düşýän gymmatyna kesgitleme beriň.*
2. *«Önüm öndürmek we ýerlemek boýunça harajatlaryň düzümi hakyndaky düzgünnama» laýyklykda haýsy harajatlar önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar?*
3. *Harajatlaryň elementler boýunça topara bölünmesiniň düşündiriň we olaryň düýp manysyny açyp görkeziň.*
4. *«Özüne düşýän gymmaty kalkulýasiýa etmek» düşünjesini düşündiriň.*
5. *Kalkulýasiýanyň mysaly maddalaryny aýdyp beriň.*
6. *Haýsy harajatlar «göni» we «gytaklaýyn» harajatlara degişli? Gytaklaýyn harajatlar önümiň anyk görnüşleriniň özüne düşýän gymmatyna nähili eltilýär?*

## 13.2. Meýilnamalaşdyrmak we önümiň özüne düşýän gymmatyny kalkulýasiýa etmek

Harajatlaryň ykdysady elementler we kalkulýasiýa maddalary boýunça toparlara jemlenişi kärhanada degişlilikde, harajatlar sanawynda we önümleriň kalkulýasiýasynda beýanyny tapýar.

Önümçilik üçin harajatlaryň sanawy (önümçilik çykdajy sanawy) jemi, harytlyk we ýerlenen önümiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamak üçin peýdalanylýar. Olar kärha-

nanyň girdejileriniň we çykdajylarynyň balansyny işläp taýýarlamak, dessin maliýe meýilnamasyny (töleg senenamasyny) emele getirmek, önümi ýerlemegi we peýdany meýilnamalaşdyrmak üçin binýat bolup durýar.

Önümiň özüne düşýän gymmatyny emele getirmegiň yzygiderliligi boýunça tehnologik, seh, önümçilik boýunça we doly özüne düşýän gymmat tapawutlandyrylýar.

Täze tehnikanyň görnüşlerine ykdysady taýdan baha bermek we bu görnüşleriň arasyndan has netijelisini saýlap almak üçin tehnologik (operatiw) özüne düşýän gymmaty hasaplanyp çykarylýar.

Onuň düzümine bellibir sehiň şu amaly ýa-da amallar toplumyny ýerine ýetirmek bilen gönüden göni bagly harajatlarynyň pul möçberi girýär. Seh boýunça özüne düşýän gymmaty önümiň birligini öndürmek üçin sehiň ähli gündelik harajatlaryndan emele gelýär.

Önümçilik boýunça özüne düşýän gymmatyna sehleriň önümçilik harajatlaryndan başga-da, kärhanany umumy dolandyrmak boýunça çykdajylar goşulýar (zawody dolandyryş işgärleriniň zähmet haky, önümçilik maksatly binalaryň ulanyş tutumy we olary ýeňil abatlamak üçin çykdajylar we ş.m.).

Özüne düşýän gymmaty peseltmegiň çeşmeleri harajatlaryň elementlerinden durýar, şolary tygşytlamagyň hasabyna hem önümçilik çykdajylary azaldylyp bilner. Özüne düşýän gymmaty peseltmegiň esasy çeşmelerine şular degişlidir:

– çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň we energiýanyň harçlanyşyny azaltmak;
– ulanyş tutumlaryny azaltmak;
– zähmet haky üçin çykdajylary azaltmak;
– edara ediş-dolandyryş çykdajylaryny azaltmak.

Kärhanada özüne düşýän gymmaty peseltmegiň faktorlary şulara bölünýär:

– önümçilik içi faktorlar;
– önümçilikden daşary faktorlar.

Önümçilik içi faktorlara kärhananyň dolandyryş prosesinde täsir edip biljek tehniki-ykdysady faktorlary degişlidir. Bu öňi bilen:

– önümçiligiň tehniki derejesini ýokarlandyrmak;
– önümçiligiň we zähmetiň guralyşyny kämilleşdirmek;
– önümçiligiň möçberini üýtgetmek bolup durýar.

Kärhananyň gönüden göni täsir edip bilmeýän faktorlary önümçilikden daşary faktorlar bolup durýar. Olara şular degişlidir: çig malyň, materiallaryň we enjamlaryň bahasy; salgytlaryň we geçirimleriň möçberleri; tebigy faktorlar; iň pes zähmet haky; ulanyş tutumynyň ölçegi we ş.m.

Önümçilik üçin harajatlaryň sanawy kärhananyň telekeçilik meýilnamasyna möhüm bölekleriň biri hökmünde girýän meýilnama resminamasy bolup durýar. Ol önümiň bellenilen möçberini çykarmak üçin meýilnamalaýyn harajatlary kesgitlemäge gönükdirilendir, kalkulýasiýa bolsa önümiň birliginiň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Harajatlary meýilnamalaşdyrmagyň we hasaba almagyň ýurtda bar bolan tejribesinde, düzgün bolşy ýaly, kärhananyň önümçilik maksatnamasyny ölçemegiň natural birlikleri (sany, tonna, metr we ş.m.) peýdalanylýar.

Kärhanada meýilnamalaýyn we hasabat kalkulýasiýalary düzülýär. Ilki bilen döwür üçin bellenýän harajatlar boýunça kalkulýasiýa işlenip taýýarlanylýar, hasabat kalkulýasiýalary bolsa hakyky harajatlaryň esasynda düzülýär. Ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň iş tejribesinde kalkulýasiýa etmegiň dürli nusgalary we usullary peýdalanylýar, olaryň esasylary *32-nji suratda* getirilýär.




**32-nji surat.** ***Önümiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamagyň nusgalary***

Harajatlary doly paýlamak nusgasy (absortion costing) önümçilik hasaba alnyşy üçin hyzmat edýär, harajatlary bölekleýin paýlamak nusgasy (direct costing) bolsa, esasan, kärhanada dolandyryş hasaba alnyşy üçin niýetlenendir.

Harajatlary doly paýlamak nusgasynyň esasynda önümiň, sargydyň, amalyň ýa-da beýleki kalkulýasiýa obýektleriniň özüne düşýän gymmaty hasaplanýar. Degişlilikde, kalkulýasiýa obýektiniň özüne düşýän gymmaty şu obýekt üçin differensial çykdajylaryň we umumy çykdajylaryň – goşmaça, gytaklaýyn çykdajylaryň jeminden ybaratdyr.

Kalkulýasiýa usullary şu alamatlar boýunça klassifikasiýa bölünýär: kalkulirlenýän obýekt; hasaplaşyk usuly.

Kalkulirlenýän obýekte baglylykda şu usullary görkezip bolar: önümler boýunça, sargytlar boýunça, amallar boýunça, täzeden işlemek boýunça, prosesler boýunça.

Hasaplamagyň usulyna baglylykda kalkulýasiýa etmegiň şu usullary (tärleri) peýdalanylýar: göni hasap (udel çykdajylar), kadaly (ekwiwalent); hasaplama-seljeriş; parametrler; harajatlary aýyrmak, koeffisiýentler; utgaşdyrylan usullar.

Özüne düşýän gymmaty kalkulýasiýa etmegiň umumy shemasy-kalkulýasiýa etmegiň maksatlaryny we wezipelerini kesgitlemegi hem-de şonuň esasynda degişli nusgany saýlap almagy göz öňünde tutýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhanada kalkulýasiýa etmegiň iki usulyny hem peýdalanmak maksada laýyk bolar, sebäbi olaryň dürli lokal wezipelere, maksatlara we wezipelere laýyk gelýändigine garamazdan, olaryň ikisi hem bir umumy maksada – peýda almak meselesini çözmäge gönükdirilendir.

Göni hasap usuly (täri) önümiň birliginiň özüne düşýän gymmatyny çykdajylaryň umumy möçberini işlenip çykarylan önümiň mukdaryna bölmek ýoly bilen kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Bu usul esasan, birmeňzeş önüm öndürýän kärhanalarda ulanylýar. Günbataryň iş tejribesinde bu usul udel çykdajylaryň kalkulýasiýasy diýlip atlandyrylýar.

Bu usul çäkli ulanylýar, sebäbi bir önüm öndürýän kärhanalar örän azdyr. Iş ýüzünde köplenç onuň modifikasiýasy – kalkulýasiýa etmegiň önümiň birligi üçin göni harajatlary sarp ediş kadalarynyň esasynda, gytaklaýyn harajatlary bolsa pudakda kabul edilen alamata deň ölçegli kesgitlemegi göz öňünde tutýan hasaplama-seljeriş usuly (täri) ulanylýar:

– peýdalanylýan esasy materialyň natural görnüşdäki mukdary (esasan, materialy köp talap edýän pudaklarda – azyk senagatynda ulanylýar);

– peýdalanylýan esasy materialyň gymmaty (gymmat bahaly çig mal serişdelerini talap edýän pudaklarda – zergärçilik senagatynda ulanylýar);

– iş wagtynyň göni harajatlary (zähmeti köp talap edýän pudaklarda – çaphana senagatynda ulanylýar);

– önümçilik işçileriniň esasy zähmet haky;

– enjamyň işleýän maşyn-sagatlary (awtomatlaşdyrylan we mehanizirlenen zähmetiň ýokary paýy bolan pudaklarda – maşyn gurluşykda ulanylýar).

Goşmaça çykdajylaryň şoňa görä paýlanjak binýady saýlanyp alnandan soň goşmaça çykdajylaryň möçberi (stawkasy) kesgitlenýär. Şunuň ýaly stawka umumy goşmaça çykdajylary binýadyň doly möçberine bölmekden alnan bölünme netijesi hökmünde kesgitlenýär we soňra önümiň birligine düşýän goşmaça çykdajylar goşmaça çykdajylaryň stawkasyny binýada (önümiň birligine) köpeltme hasyly hökmünde kesgitlenýar.

Kalkulýasiýa etmegiň kadaly usuly maddy, maliýe we zähmet serişdelerini peýdalanmagyň kadalaryna esaslanýar. Kadalar ylmy taýdan esaslandyrylan, kärhanalaryň ähli serişdelerini oýlanyşykly sarp etmäge gönükdirilen bolmalydyr. Olaryň ululygyna döwürleýin gaýtadan seredilmelidir, bu önümiň birligine düşýän serişdeleriň ähli görnüşleriniň

hakyky harajatlarynyň üýtgeýşini hasaba almagy göz öňünde tutýar. Kalkulýasiýa etmegiň kadaly usuly köpçülikleýin önümçiligi we ýola goýlan meýilnamalaşdyrma bolan pudaklarda önümiň täze görnüşleriniň kalkulýasiýasy düzülende giňden ulanylýar.

Parametrler usuly şol bir sarp ediş häsiýetleri bolan birmeňzeş önümleriň özüne düşýän gymmaty kalkulýasiýa edilende ulanylýar. Ol önümiň parametrlerine baglylykda harajatlaryň üýtgemeginiň kanunalaýyklygyny bellemäge esaslanýar. Iň bir ýönekeý giň ýaýran, mysal üçin, agyr we energetika maşyn gurluşygynda giňden peýdalanylýan usul birmeňzeş maşynlaryň hem-de enjamlaryň konstruktiw agramynyň bir kilogramynyň gymmatynyň ýa-da önümi has doly häsiýetlendirýän beýleki görkezijileriň esasynda önümiň özüne düşýän gymmatyny bellemek usuly bolup durýar. Bu usul önümiň hiliniň parametrlerini gowulandyrmak üçin goşmaça harajatlary kesgitlemäge hem mümkinçilik berýär.

Toplumlaýyn önümçiliklerde (nebiti gaýtadan işleýän, koks-himiki we käbir beýleki önümçilikler) çig mal üçin harajatlary önümiň anyk görnüşine degişli etmek mümkin däldir. Degişlilikde, kalkulýasiýa etmegiň başlangyç çig maly gaýtadan işlemek üçin harajatlaryň ählisiniň umumy möçberini kesgitlemäge we bu harajatlary şol çig maldan öndürilýän önümiň ähli görnüşleri boýunça paýlamaga mümkinçilik berýän aýratyn usullaryny ulanmak talap edilýär. Şunuň ýaly usullara şular degişlidir: harajatlary aýyrmak, koeffisiýentler; utgaşdyrylan usullar.

Harajatlary aýyrmak usuly peýdalanylanda çig maly toplumlaýyn gaýtadan işlemegiň netijesinde alnan önümiň bir görnüşi esasy hökmünde kabul edilýär, galanlaryna bolsa goşmaça hökmünde seredilýär. Çig maly gaýtadan işlemek üçin umumy harajatlardan goşmaça önümiň gymmaty aýrylýar, galan pul möçberi onuň esasy görnüşleriniň özüne düşýän gymmatyna eltilýär. Goşmaça önümiň gymmatyny kesgitlemek üçin hasaplamalarda şular peýdalanylýar:

– goşmaça önüm üçin kärhananyň hereket edýän goýberiş bahalary;
– goşmaça önüme çalşylýan çig malyň bahalary;
– goşmaça önümi taýýarlamak üçin çykdajylary.

Koeffisiýent usuly toplumlaýyn harajatlar alnan önümleriň arasynda paýlananda koeffisiýentleriň peýdalanylmagyna esaslanýar. Şunda önümleriň birine 1 koeffisiýent berilýär, galanlary saýlanyp alnan alamata (önümiň agramyna, önümiň goýberilýän bahalaryna, düzümindäki organiki maddalara we ş.m.) baglylykda onuň bilen deňeşdirilýär. Hasaplama şunuň ýaly geçirilýär:

– çykarylan önüm şertli birliklerde hasaplanýar;
– harajatlaryň umumy möçberini şertli birliklerdäki çykarylan önüme bölmek ýoly bilen bir şertli birlige düşýän harajatlar kesgitlenýär;
– bir şertli birlige düşýän harajatlary degişli koeffisiýente köpeltmek ýoly bilen önümiň her bir görnüşini öndürmek üçin harajatlar hasaplanýar.

Utgaşdyrylan usul harajatlary aýyrmak usuly bilen koeffisiýentler usulynyň utgaşmagy bolup durýar. Hasaplama birnäçe tapgyrlarda amala aşyrylýar:

– önüm esasy we goşmaça diýlip bölünýär;

– goşmaça önümi öndürmek üçin harajatlar umumy harajatlardan aýrylýar;

– aýrylandan soň galan harajatlaryň möçberi bellenen koeffisiýentlere laýyklykda önümiň esasy görnüşleriniň arasynda bölünýär.

Sargytlar boýunça usulda hasaba almagyň we kalkulýasiýa etmegiň obýekti önümiň öňünden kesgitlenen mukdaryny öndürmek üçin aýratyn önümçilik sargydy bolup durýar. Sargytda şular görkezilýär: taýýarlanmaga degişli önüm; olaryň sany; sargydyň ýerine ýetirilmeli möhletleri; ony ýerine ýetirmäge gatnaşýan sehler. Sargydyň meýilnamalaýyn özüne düşýän gymmaty sargydyň ýerine ýetirilýän möhletiniň dowamynda önümçiligiň ähli harajatlarynyň jemi hökmünde kesgitlenýär. Degişlilikde, şu usulda hasabat kalkulýasiýasy sargyt boýunça işler ýerine ýetirilenden soň düzülýär.

Ýurdumyzyň iş tejribesinde kalkulýasiýa etmegiň şu usuly bölekleri, şaýlary we tutuş önümleri mehaniki usulda ýygnaýan önümçiliklerde, sehleriň arasynda ýakyn tehnologik arabaglanyşyk bar bolan önümçiliklerde, taýýar önümi diňe bir sehiň, tehnologik hatarda iň soňky bolup duran sehiň çykarýan kärhanalarynda peýdalanylýar.

Kalkulýasiýa etmegiň sargytlar boýunça usuly köplenç halatda aýratyn we ownuk tapgyrly önümçilikde ulanylýar.

Kalkulýasiýa etmegiň täzeden işlemek boýunça usuly işlenilýän çig malyň işläp geçmegiň – täzeden işlemegiň birnäçe özbaşdak tapgyrlaryndan yzygider ýagdaýda geçýän pudaklarynda ulanylýar. Her bir täzeden işleme (iň soňkudan başga) çig maly işläp geçmegiň gutarnykly tapgyry bolup durýar, şonuň netijesinde kärhana öz öndüren ýarym taýýar önümini alýar. Kalkulýasiýa etmegiň täzeden işlemek boýunça usuly metallurgiýada, dokma, agaç işläp bejeriş senagatynda we senagatyň beýleki pudaklarynda ulanylýar.

Daşary ýurtlaryň iş tejribesinde kalkulýasiýa etmegiň täzeden işlemek boýunça usuly prosesler boýunça usul (proces-costing) diýlip atlandyrylýar.

Sargytlar boýunça we prosesler boýunça kalkulýasiýa etmek – daşary ýurtlaryň hasaba alyş iş tejribesinde esasy usullar bolup durýar. Olardan başga-da kalkulýasiýa etmek ulgamynyň aralyk usullary giňden ulanylýar, olar gatyşyk (hibrid costing) diýilýän ulgamlara degişlidir. Olaryň saýlanyp alynmagy kärhananyň önümçilik gurluşynyň aýratynlyklary we tehnologik faktorlar we başga-da birnäçe faktorlar bilen kesgitlenýär.

Garyşyk ulgamlara amallar boýunça kalkulýasiýa etmek (operation costing) we JIT-kalkulýasiýa degişlidir, olar «Takyk möhletde»«Just-in-time» ulgamy boýunça çig mal, materiallar, toplaýyş önümleri iberilende peýdalanylýar.

Birinji gezek Toýota zawodlarynda ulanylýan bu ulgam serişdeleri çäkli bolan kompaniýalara özleriniň bäsdeşlige ukyplylyklaryny köp möçberde maýa goýum goýmazdan, mümkin bolan ýitgileri azaltmak ýoly bilen üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

«Just-in-time» (JIT) konsepsiýasy boýunça diňe bir zaýa önüm ýitgilere degişli bolman, eýsem serişdeleri sarp edýän, ýöne peýda getirmeýän islendik iş – artyk önüm öndürilmegi, enjamyň we işgärleriň boş durmagy, abatlamak, maddy-tehniki ätiýaçlyklaryň artyklygynyň bolmagy ýitgilere degişlidir. JIT ulgamy «çekip çykarýan» tehnologiýa bolup durýar, şunda her bir soňky önümçilik tapgyry özünden öňki tapgyrdan zerur bolan ähli zady gerek bolan mukdarda we nomenklaturada we munuň üstesine hem gerek bolan wagtda «çekip alýar».

Munuň üçin: 1) satyn alyjylaryň ýüz tutmalaryna laýyklykda önümiň mukdary we möçberi boýunça aýlyk, gije-gündizlik, çalşyklylyk tabşyryklar düzülýär; 2) toplaýyş önümlerine bolan senenamalaýyn islegden ugur alyp, olary satyn almagyň grafigi hasaplanýar. Netijede, serişdeleriň dolanyşygy iki esse ýokarlanyp bilýär, sargytlaryň möçberi azalýar, tamamlanmadyk önümçilik ýitip gidýär.

Amallar boýunça kalkulýasiýa edilende materiallary hasaba almak üçin sargytlar boýunça usul, zähmet hakyny we umumy zawod çykdajylaryny hasaba almak üçin bolsa, prosesler boýunça usul peýdalanylýar.

JIT kalkulýasiýasy üznüksiz-akymlaýyn önümçilik bolup duran ulgamlarda ulanylýar, olarda her bir amal ondan öňküniň dowamy bolup durýar, her bir şaý bolsa, akymlaýyn liniýanyň beýleki iş ýerlerinde işlenip geçilýär. JIT kalkulýasiýasy ulgamynyň aýratynlygy şular bolup durýar: sargytlaryň we esasy materiallaryň hereketini hem-de zähmet harajatlaryny amallar boýunça jikme-jik hasaba alnyşyň bolmazlygy, aýratyn «Materiallar» hasabynyň ýokdugy. Hakyky harçlanan materiallar we goşmaça çykdajylar (göni zähmet harajatlary olara degişli bolup durýar) baradaky maglumatlar sehler boýunça her aýda ýygnalýar. Degişlilikde, önümiň öndürilen birlikleriniň mukdary we bu birlikleriň özüne düşýän gymmaty kesgitlenýär. Kadalaýyn harajatlar hakyky harajatlar bilen deňeşdirilýär we her aýda sehleriň her biri boýunça gyşarmalar hasaplanýar.

Kalkulýasiýa etmegiň seredilip geçilen usullary harajatlary doly paýlamak modeliniň çäklerinde peýdalanylýar.

Kalkulýasiýa etmegiň harajatlary bölekleýin paýlamak usulynyň çäklerinde peýdalanylýan esasy usuly «direkt-kosting» ulgamy bolup durýar, onda senagat önüminiň özüne düşýän gymmaty üýtgeýän harajatlar babatynda hasaba alynýar we meýilnamalaşdyrylýar. Ulgamda girdejiler baradaky hasabaty gurmagyň köp basgançakly shemasy ulanylýar, ol iki esasy maliýe görkezijini öz içine alýar: maržinal peýda (girdeji) ýa-da ýapma pul möçberi we peýda.

Ýurduň iş tejribesiniň görkezijisi ýaly, häzirki wagtda hakyky doly harajatlaryň pul möçberine we peýdanyň bellibir ululygyna esaslanýan bahalaryň ulanylmagy kärhanalary çykgynsyz ýagdaýa getirýär. Harajatlaryň artýan şertlerinde kadany hem-de alynýan peýdanyň möçberini saklamaga çalyşmak bilen, kärhanalar bahany ýokarlandyrýarlar, şeýlelikde olaryň önümi bäsdeşlige ukypsyz bolýar. Iş tejribesi bolsa haryt ýerlenýän bazarlary peýda kadasyny peseltmegiň we gerek bolan peýdany satuwlaryň möçberlerini artdyr-

magyň hasabyna almagyň esasynda has arzan önümleri ýerlemek bilen eýeläp we saklap bolýandygyny görkezýär.

«Direkt-kosting» ulgamy harajatlar bilen önümçilik möçberiniň arasynda aragatnaşygy we barabarlygy ýola goýmaga, önümçiligiň möçberine baglylykda onuň peýdalylygy we ýitgililigi barada maglumat almaga, önümçiligiň möçberine ýa-da kuwwatlyklaryň peýdalanyşyna laýyklykda özüne düşýän gymmatyň depginini çaklamaga mümkinçilik berýär. Kalkulýasiýa etmegiň şu ulgamynda hemişelik harajatlaryň möçberiniň bölünip görkezilmegi olaryň ululygynyň peýdanyň möçberine edýän täsirini görkezmäge mümkinçilik berýär, maržinal girdejiniň üýtgemegi bolsa has düşewüntli önümi ýüze çykarmaga we degişlilikde, çykarylýan önümiň assortimentine we nomenklaturasyna üýtgemeleri girizmäge mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, «direkt-kosting» ulgamy üýtgeýän harajatlaryň täsiri bilen peýdanyň üýtgeýşini, ýerleme bahalaryny, çykarylýan önümiň gurluşyny kesgitlemäge we şunuň ýaly seljermäniň esasynda şu şertlerde kärhanany dolandyrmak boýunça zerur bolan strategik çäreleri kabul etmäge mümkinçilik berýär.

Kärhananyň alyp biljek mümkinçilik peýdasyny kesgitlemek üçin çykdajylara, önümçiligiň we peýdanyň möçberine toplumlaýyn seljerme geçirmek zerurdyr.

Girdeji koeffisiýentlerini hasaplap çykarmak önümiň assortimentiniň iň gowy gurluşyny (peýda almak nukdaýnazaryndan) saýlap almak üçin zerurdyr. Beýleki görkezijileriň ählisiniň deň bolmagynda satuwlaryň girdejiniň iň ýokary koeffisiýentini üpjün edýän gurluşy ileri tutulmalydyr.

Toplumlaýyn seljerme geçirmegiň zerur elementi harajatlaryň gurluşyny, ýagny kärhananyň üýtgeýän we hemişelik harajatlarynyň gatnaşygyny öwrenmek bolup durýar. Hatda bir pudagyň çäklerinde hem harajatlaryň iň gowy gurluşynyň ýeke-täk kriterisiniň ýokdugyny belläp geçmek gerek. Olaryň gatnaşygynyň amatlylygy kärhananyň işiniň anyk şertlerine we olara täsir edýän faktorlara, şol sanda satuwlaryň uzak möhletli meýillerine, ýerleme derejesinde her ýylky üýtgäp durmalara baglydyr. Mysal üçin, satuwlaryň uzak möhletli artmagy babatynda amatly çaklamalarda hemişelik çykdajylarynyň paýy ýokary bolan firma has ýokary peýda alyp biler, sebäbi onuň girdeji koeffisiýenti ýokarydyr.

Dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin möhüm görkeziji howply nokat (howply möçber nokady, ýitgisizlik nokady, öwrülişik nokady we ş.m.) bolup durýar. Bu nokat firmanyň işiniň peýda alynmaýan, ýitgi hem çekilmeýän möçberini häsiýetlendirýär.

Dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň barşynda bar bolan usullarynyň birnäçesinden biri saýlanyp alnanda howply nokat konsepsiýasy giňden ulanylýar. Eger beýleki görkezijiler (faktorlar) meňzeş bolanda, ýitgisizlik nokadynyň iň pes ululygy bolan görnüş iň gowy hasap edilýär.

Daşary ýurt firmalarynyň barlaglarynda önümçilik möçberine, harajatlara we peýda bilelikde seljerme geçirilende käbir ýol bermeleriň peýdalanylýandygyny bellemek gerek:

– satuwlardan alynýan girdejiniň, işiň relewant diapazonynda önümçilik çykdajylarynyň özüniň ugurlaýynlygy;

– satuwlaryň hemişelik assortimenti;
– çykdajylary hemişelik we üýtgeýän çykdajylara bölmek mümkinçiligi;
– önümçilik we ýerlemek möçberleriniň arasyndaky deňlik;
– önümleriň galyndysynyň üýtgewsizligi;
– wagtyň dürli döwürlerinde alnan pullaryň gymmatynyň meňzeşligi;
– ýerlenýän önümiň we satyn alynýan çig malyň, materiallaryň we toplaýyş önümleriniň bahalarynyň üýtgewsizligi; zähmet hakynyň durnukly kadalary, elektrik energiýasynyň durnukly tarifleri we ş.m.

Şunuň ýaly seljerme geçirilende ýurtda hümmetsizlenmegiň çak edilýän derejesi we ýerlenýän önümiň we satyn alynýan çig malyň, materiallaryň we toplaýyş önümleriniň bahalarynyň üýtgeýşi, zähmet hakynyň iň pes derejesiniň üýtgeýşi, şeýle hem ýangyç we energiýa üçin tarifleriň üýtgeýşi we ş.m. göz öňünde tutulmalydyr. Şunuň ýaly şertlerde geçirilýän seljermäniň dogrulyk derejesi barlagyň geçirilen wagt aralygyna ep-esli derejede bagly bolar.

**Soraglar we ýumuşlar**

*1. Özüne düşýän gymmatyň dürli görnüşlerini emele getirmegiň yzygiderliligini görkeziň.*
*2. Özüne düşýän gymmaty peseltmegiň esasy çeşmelerini aýdyp beriň.*
*3. Harajatlary doly we bölekleýin paýlamak nusgalary näme üçin hyzmat edýär?*
*4. Kalkulýasiýanyň obýekti näme bolup biler?*
*5. Özüne düşýän gymmaty kalkulýasiýa etmegiň kadaly usuly nämeden ybarat?*
*6. Kalkulýasiýa etmegiň sargytlar boýunça usuly barada gürrüň beriň.*
*7. «Direkt-kosting» ulgamy näme?*
*8. Howply nokat (ýitgisizlik nokady) näme?*

# XIV BAP. BAHA EMELE GETIRMEK WE KÄRHANANYŇ NYRH SYÝASATY

## 14.1. Baha we baha emele getiriş strategiýasy

Baha harydyň birini satyjynyň satmaga, satyn alyjynyň bolsa satyn almaga taýýar bolan pulunyň mukdaryny görkezýän möhüm ykdysady kategoriýadyr. Şu kesgitlemede gürrüň bahalaryň iki görnüşi barada gidýär. Satyjynyň bahasy (harydyň teklip edilýän bahasy) – satyjynyň harydy satmakdan almak isleýän pulunyň mukdary. Satyn alyjynyň bahasy (haryda bolan islegiň bahasy) – satyn alyjynyň haryt üçin tölemäge ukyply we razy bolan pulunyň mukdary. Bazar bahasy (harydyň satylýan bahasy, geleşik bahasy) – satyjy hem-de satyn alyjy tarapyndan ylalaşylan baha, ýagny harydyň hakykatdan satyljak bahasy.

Şeýlelikde, baha bazar mehanizminiň möhüm elementi bolup durýar. Ol degişli bazaryň ýagdaýyny kesgitleýän örän köp sanly faktorlaryň täsiri bilen emele gelýär. Bazarda adatça

diňe bir satyjy we diňe bir satyn alyjy däl-de, olaryň köp sanlysy bolýar. Şeýle şertlerde teklibiň bahasy anyk satyjynyň bahasy hökmünde däl-de, satyjylar köplüginiň bahasy hökmünde kesgitlenýär. Şol bir wagtda islegiň bahasy anyk bir satyn alyjynyň tölemäge razy bolan bahasy hökmünde däl-de, bilelikdäki islegiň netijesi hökmünde kesgitlenýär. Bahalary emele getirmekde döwlet degerli rol oýnaýar, mysal üçin, durmuş ähmiýeti bolan harytlar üçin bellibir baha çäklendirmelerini belleýär. Bazar bahalaryny emele getirmek prosesi önüm öndürmek we ýerlemek üçin harajatlaryň derejesi, ýagny gönüden göni anyk öndürijiniň işi bilen baglydyr. Önümçilik kärhanalary köplenç halatda harydy göni ahyrky sarp edijä ýerlemeýärler-de, söwda araçysyna ýerleýärler, diýmek, ol hem bazarda bolýar we harydyň bazar bahasyna täsir edýär. Şuny nazara almak bilen, harydyň bazar bahasynyň emele geliş shemasyny düzüp bolar. Şol bir wagtyň özünde harydyň bazar bahasyna gönüden göni täsir edýän faktorlaryň jemi *33-nji suratda* görkezilendäkiden örän giňdir, şunda iş ýüzünde seredilýän faktorlaryň her biri toplumlaýyn faktor bolup durýar. 34-nji suratda baha emele getirýän faktorlaryň ulgamy görkezilýär, olaryň arasynda esasylary hökmünde şu toplumlaýyn faktorlar görkezilmelidir: önümçiligiň ortaça çykdajylarynyň ululygy, peýdanyň pudak boýunça ortaça kadasy, pul ulgamynyň ýagdaýy, isleg bilen teklibiň gatnaşygy, bäsleşik gurşawynyň bolmagy we onuň ýagdaýy, monopolistik düzgünleşdirmek, bahalary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek.

Meňzeş ýa-da sarp ediş häsiýetleri golaý bolan önüm öndürýän kärhanalaryň önümçiliginiň dürli guramaçylyk-tehniki derejesi, dürli hünär derejeli işçi güýji bolýar, dürli çeşmelerden alnan çig maly we materiallary peýdalanýarlar. Bularyň ählisi her bir kärhana üçin aýratyn önümçilik çykdajylaryny emele getirýär. Şol bir wagtyň özünde kärhana bahalar emele getirilende pudak boýunça önümçiligiň ortaça çykdajylaryndan, edil şonuň ýaly hem pudakda emele gelen ortaça peýda kadasyndan ugur alýar.




**33-nji surat.** ***Harydyň bazar bahasynyň emele gelşi***

Harytlaryň bahasyna maliýe ulgamynyň ýagdaýy, hususan-da ilatyň girdejileriniň derejesi we meýilleri, pul birliginiň satyn alyjylyk ukyby, hümmetsizlenme derejesi we

depgini, esasy söwda hyzmatdaşlarynyň pul birlikleri babatynda milli puluň satyn alyjylyk ukybynyň deňeçerliginiň (SUD) üýtgemegi gönüden-göni täsir edýär.

Bazar bahalarynyň emele gelmegine isleg bilen teklibiň gatnaşygy degerli täsir edýär. Isleg jemgyýetiň zerurlygyny görkezýär we önümçilik hem-de şahsy sarp edişden emele gelýär. Teklip satmak üçin niýetlenen haryt toplumy görnüşinde önümçilik işiniň netijesi bolup durýar. Isleg we teklip kanunyna laýyklykda haryt bazaryndaky isleg bilen teklibiň arasyndaky deňeçerlige laýyk gelýän deň agramly baha emele gelýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde bahalara täsir edýän möhüm faktor bolup baha bäsdeşligi çykyş edýär, ol bäsleşikli göreşiň barşynda bahalaryň peseldilmegine esaslanýar. Aýry-aýry ýagdaýlarda bazarda harytlaryň özüne düşýän gymmatyndan pes bahadan satylýan ýagdaýy hem bolup biler, bu demping hökmünde häsiýetlendirilýär we ynsapsyz bäsdeşligiň usullary hökmünde kesgitlenilýän çäklendiriş işewürlik tejribesine degişlidir. Çäklendiriji işewürlik tejribesi firmalar tarapyndan bäsdeşiň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmak we ony bazardan gysyp çykarmak, bäsdeşiň işini bes etdirmek we bazarda agalyk edýän ýagdaýy üpjün etmek maksady bilen onuň hereketlerine gözegçiligi bellemek üçin geçirilýär.




**34-nji surat.** ***Baha emele getirýän faktorlar ulgamy***

Baha däl bäsleşik harydyň bahasyna harydyň hili, önümçiligiň pudaklaýyn aýratynlyklary (mysal üçin, maýany köp talap edýän we zähmeti köp talap edýän önümçilik), harydyň ýaşaýyş döwri (haryt ýaşaýyş döwrüniň haýsy tapgyrynda bolýar), önümiň görnüşi (mysal üçin, tapgyrlaýyn ýa-da aýratyn), firmanyň abraýy, iberilýän harytlaryň möçberi, satyjy bilen satyn alyjynyň özara gatnaşygy (özara gatnaşyklaryň häsiýeti şertnamada kesgitlenip bilner), tölegiň şerti, bahalary frankirleme (haryt ibermeleriň aýratyn ulag şertlerini bellemek) ýaly faktorlaryň üsti bilen täsir edýär.

Bahalar düzgünleşdirilýän we erkin bahalar bolup biler.

Düzgünleşdirilýän bahalar döwletiň gözegçiliginde bolýar, döwlet olara dürli usullar bilen täsir edip biler. Olaryň birinjisi kesgitli bahalary bellemekdir, mysal üçin, ilkinji zerur zatlaryň käbirine şeýle baha bellenýär. Döwlet bahalary başga usullar bilen hem, şol sanda peýdanyň özüne düşýän gymmatyna gatnaşyk hökmünde hasaplanýan düşewüntliligiň aňryçägini bellemek arkaly düzgünleşdirip biler. Ösen ýurtlarda döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän bahalaryň paýy 20%-den 40% aralygynda bolýar.

Erkin bahalar bäsleşikli bazarda islegiň we teklibiň täsiri bilen emele gelýär.

Öndüriji kärhana bahalaryň kömegi bilen we harydyň ýaşaýyş döwrüniň tapgyrlaryny hasaba almak bilen, goýlan maksatlara ýetmek üçin hereketleriň mümkin bolan usullaryndan ybarat bolan baha strategiýasyny saýlap alýar. Iş tejribesinde baha strategiýalarynyň şu görnüşleri has giň ýaýrandyr: ýokary, orta, pes, differensirlenen, ýeňillikli, hukuk kemsidiji, durnukly, durnuksyz, çeýe, bäsleşikli, «psihologik» bahalar, köpçülikleýin satyn almalar we baha liderligi strategiýalary.

Ýokary bahalar strategiýasy («gaýmagyny almak») harydy ilkibaşda ýokary bahadan satmagy, soňra kem-kemden bahany peseltmegi göz öňünde tutýar. Ol täze harytlar we naýbaşy harytlar satylanda, şeýle hem islegiň bahalara az derejede bagly bolan şertlerinde ulanylýar. Ýokary bahalar strategiýasy köp sanly sarp edijiler tarapyndan degerli derejede isleg bar bolanda, harydyň hili ýokary we bäsdeşligiň çäkli bolan mahalynda oňyn netijelere getirip biler.

Pes bahalar strategiýasy («bazara okgunly girmek») harydy ilkibaşda pes bahadan satmagy, soňra bazarda orun alnyşyna görä bahalary ýokarlandyrmagy göz öňünde tutýar. Ol bazara harytlar köp möçberde çykarylanda, isleg bahalara ýokary derejede bagly bolanda önümçiligiň we satuwlaryň möçberiniň artyşyna görä önümçilik hem-de dolanyşyk çykdajylary azalan wagtynda peýdalanylýar.

Orta bahalar strategiýasy iň tipiki strategiýa bolup durýar we goýlan maýa üçin peýdanyň ortaça kadasyny almagyň esasynda gurulýar.

Differensirlenen bahalar strategiýasy aýry-aýry bahalar we satyn alyjylar boýunça harytlaryň bahasynyň ortaça derejesine dürli ýeňillikleri hem-de goşmaçalary ulanmak bilen baglydyr.

Ýeňillikli we hukuk kemsidiji bahalar strategiýasy, şeýle hem köpçülikleýin satyn almalar strategiýasy differensirlenen bahalar strategiýasynyň görnüşleri bolup durýar. Ýeňillikli bahalar kärhanany aýratyn gyzyklandyrýan satyn alyjylar üçin ýa-da satuwlary höweslendirmek üçin wagtlaýyn çäre hökmünde (mysal üçin, harytlary möwsümleýin satmak) görnüşinde bellenýär. Hukuk kemsidiji ýokary bahalar islenilmeýän we başarnyksyz

satyn alyjylar üçin, şeýle hem ýurduň hökümeti tarapyndan beýleki ýurtlar babatynda umumy hukuk kemsidiji syýasat alnyp barlanda ulanylýar. Köpçülikleýin satyn almalar harytlar köp möçberde satyn alnan mahalynda olaryň ýeňillikli bahadan satylmagyny göz öňünde tutýar.

Durnukly bahalar strategiýasy harytlary (hyzmatlary) uzak wagtyň dowamynda durnukly bahadan ýerlemegi göz öňünde tutýar. Ol birmeňzeş harytlar (hyzmatlar) köp möçberlerde satylanda we sarp edijiler köp bolanda ulanylýar (mysal üçin, ulag tarifleri).

Durnuksyz bahalar strategiýasy harydyň bahasynyň sarp edijileriň isleginiň, önümçilik çykdajylarynyň we satuwlaryň möçberiniň üýtgäp durmalarynyň ýakyndan baglanyşygyna esaslanýar.

Çeýe bahalar strategiýasy bahalary satyn alyjynyň mümkinçiligine bagly edýär we birmeňzeş däl harytlaryň, mysal üçin, senagat maksatly harytlaryň her biri boýunça aýratyn geleşikler baglaşylanda peýdalanylýar.

Baha liderligi strategiýasy öndürijiler tarapyndan bahalaryň şu bazarda anyk haryt boýunça öňdebaryjy firmanyň bahalaryna laýyklykda bellenilmegini göz öňünde tutýar.

Bäsleşikli bahalar strategiýasy – bäsdeşler tarapyndan bahalaryň peseldilmegine öndürijileriň jogap çäresi. Bazardaky orny ýitirmek bilen bahalaryň öňki derejesini saklap galmak ýa-da bäsdeşleriň yzyndan bahalary peseltmek, ýöne şunda bazardaky orny saklap galmak bilen amala aşyrylýar.

Psihologik bahalar strategiýasy sarp edijileriň dürli toparlarynyň psihologik aýratynlyklaryny göz öňünde tutýar. Meselem, belli firmalaryň (mysal üçin, awtomobil senagatynda «Rolls-Roýs» firmasy, sagat önümçiliginde «Roleks» firmasy we ş.m.) abraýly ýokary hilli harytlarynyň bahasyny «psihologik» bahalara degişli edip bolar. Tegelek möçberden biraz pes bahalary hem (mysal üçin, 800 manat däl-de, 799 manat) «psihologik» bahalar hasap edip bolar. Şeýle etmek bilen önümçilik üçin harajatlar takyk kesgitlenýär, diýmek, satyn alyja ýeňillik berilýär diýen täsir döredilýär. Şunuň bilen bir wagtda satyn alyjylaryň gaýtargy almagy «halaýandyklary» hem göz öňünde tutulýar.

Bahalaryň saýlanyp alnan strategiýasyna baglylykda firmanyň baha emele getirmek babatda umumy syýasaty gurulýar, ol harydyň başlangyç bahasyny bellemegi we soňundan bazar faktorlaryny hasaba almak bilen, oňa düzediş girizmegi göz öňünde tutýar.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Bazar gatnaşyklary şertlerinde döwlet näme üçin käbir önümleriň we hyzmatlaryň bahalaryny düzgünleşdirmeli?*
*2. [«Baha»] düşünjesine kesgitleme beriň.*
*3. Kärhananyň baha strategiýalarynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?*
*4. Baha emele getirýän esasy faktorlary aýdyp beriň.*

## 14.2. Kärhananyň önüminiň bahasyny emele getirmegiň usullary

Harydyň başlangyç bahalaryny hasaplamagyň usulyýeti şu tapgyrlardan durýar:
– baha emele getirmek wezipelerini goýmak;

– islegi kesgitlemek;
– çykdajylara baha bermek;
– bäsdeşleriň bahalaryny we harytlaryny seljermek;
– baha emele getirmegiň usulyny saýlap almak;
– gutarnykly bahany bellemek.

Baha emele getirmek wezipeleri kompaniýany ösdürmegiň umumy maksatlary bilen baglanyşdyrylýar. Meselem, mysal üçin, kärhananyň ýa-da firmanyň baha emele getirmek babatyndaky umumy syýasatyny kesgitleýän esasy wezipelere şulary degişli edip bolar: kärhananyň «ýaşamagyny» üpjün etmek, gündelik peýdany aňryçäk derejä ýetirmek, kärhananyň bazarda eýeleýän böleginiň görkezijileri boýunça liderligi eýelemek we ş.m.

Bazar ykdysadyýetinde bahanyň, islegiň we teklibiň arasyndaky baglylygy ýüze çykarmak üçin islegi hem-de teklibi ölçemegiň şu esasy usullary ulanylýar:

– sarp edijilerden soraşmalary geçirmek;

– bazarda harydyň üýtgän bahalary boýunça synag satuwynyň esasynda göni bazar synagyny geçirmek;

– wagtyň bellibir döwründe bahalaryň üýtgeýiş depgininiň esasynda islegiň we teklibiň görkezijilerine baha berýän statistik usullar.

Islege seljerme geçirmek firmanyň öz önümi üçin sorap biljek aňrybaş bahasyny hasaplamaga mümkinçilik berýär. Iň pes baha, düzgün bolşy ýaly, önümçilik çykdajylary bilen kesgitlenýär, ol önümi öndürmek we ýerlemek bilen bagly harajatlaryň jeminden ybaratdyr. Degişlilikde, bahalar emele getirilende  kärhananyň önüm öndürmek üçin harajatlaryna seljerme geçirmek we bu harajatlary mümkin boldugyça azaltmaga çalyşmak zerurdyr.

Önümçilik möçberiniň, harajatlaryň we peýdanyň özara baglanyşygyny öwrenmegiň netijesinde alnan maglumatlara seljerme geçirmek önümiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we ony üpjün etmek babatynda amatly dolandyryş çözgütlerini tapmaga mümkinçilik berýär. Hususan-da, harajatlary hemişelik we üýtgäp durýan harajatlara bölmek, olaryň derejesine we meýillerine seljerme geçirmek dürli bazar faktorlarynyň täsirine baglylykda bahalaryň çäklerini hem-de görnüşlerini bellemäge mümkinçilik berýär.

Anyk bazar şertlerine baglylykda bahalary bellemek bäsdeşleriň harytlarynyň bahasyna seljerme geçirmek zerurlygy bilen baglydyr. Bäsdeşlik faktorynyň bahalaryň derejesi baradaky çözgüdiň kabul edilmegine edýän täsiri bazaryň gurluşyna, hususan-da, işleýän kompaniýalaryň sanyna we görnüşine baglydyr. Baha emele getirmegiň saýlanyp alnan strategiýasyna laýyklykda kärhana bäsdeş firmalaryň bahalaryna üns berýär. Meselem, baha liderligi strategiýasynda kärhana öz harytlarynyň bahasyny baha lideri bolup durýan kärhana baglylykda belleýär, bäsleşikli bahalar strategiýasynda kärhana öz bahasyny peseldýär ýa-da üýtgewsiz goýýar.

Baha emele getirmegiň bazar ykdysadyýetinde has giň ýaýran usullarynyň arasynda şulary görkezip bolar:

– «praýsing» usullary;
– bahalary elementler boýunça hasaplamak usullary;
– kesgitli bahany bellemäge esaslanýan usullar;
– bahany önümçilik çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyny hasaba almak bilen kesgitlemek usullary;

– bahalary kesgitlemegiň höweslendiriji usullary.

«Praýsing» usullary bahanyň düzüm böleklerini – harajatlary we peýdany hasaplamagyň dürli usullaryna esaslanýar. Olaryň arasynda doly harajatlar, ortaça harajatlar, aňrybaş harajatlar, standart (kadaly) önümçilik çykdajylary, maksatlaýyn peýda usullary görkezilýär.

Doly harajatlar usuly önüm öndürmek we ýerlemek üçin doly çykdajylary hem-de pudak boýunça birnäçe ýylyň dowamyndaky ortaça baha, karz göterimine, maýanyň dolanyşygynyň ortaça tizligine we pudakda jemlenme derejesine laýyklykda kesgitlenýän peýdany hasaba almagy göz öňünde tutýar.

Ortaça harajatlar usuly mundan öňki usuldan bahanyň düzüm bölekleri hökmünde çykdajylary hasaplamagyň usuly bilen tapawutlanýar. Şunda önüm öndürmek üçin ortaça harajatlar jemi harajatlary öndürilen önümiň mukdaryna bölmek ýoly bilen kesgitlenýär. Şunda harajatlar hemişelik we üýtgeýän harajatlara bölünýär.

Aňrybaş harajatlar usuly önümçiligiň we ýerlemegiň çak edilýän giňelmegi ýagdaýynda ulanylýar. Şu ýagdaýda bahalaryň hasaplamasynda aňrybaş harajatlar peýdalanylýar, şeýle harajatlar diýip önümçiligiň möçberiniň artmagynyň netijesinde umumy harajatlaryň önümiň birligine düşýän möçberiniň üýtgemegine düşünilýär. Başga sözler bilen aýdylanda, aňrybaş harajatlar önümiň goşmaça birligini öndürmek bilen bagly çykdajylary görkezýär.

Önümçiligiň standart (kadaly) çykdajylary usuly önümiň özüne düşýän gymmatynyň kadaly kalkulýasiýasyny peýdalanýar.

Maksatlaýyn peýda usuly peýdanyň (maksatlaýyn peýdanyň) öňünden kesgitlenen möçberiniň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar.

Wagt boýunça tölemek usuly işleri ýerine ýetirmegiň netijesinde kärhananyň çekýän hakyky çykdajylaryň hasaba alynmagyna esaslanýar. Şu ýagdaýda harajatlaryň esasy üç topary ulanylýar: zähmet haky üçin çykdajylar we işgärlere beýleki pul tölegleri; kärhananyň (firmanyň) merkezi edarasynyň hereket etmegi üçin goşmaça çykdajylar; anyk işleri ýerine ýetirmek bilen bagly göni çykdajylar. Şunda işleriň bahasy zähmet haky üçin harajatlaryň goşmaça çykdajylaryň, göni harajatlaryň we peýdanyň koeffisiýentine köpeldilen hakyky ululygynyň jemi hökmünde hasaplanylýar.

Taslama işleriniň gymmatyny taslamany durmuşa geçirmegiň gymmatynyň göterimlerinde hasaplamak usuly gurluşyk senagatynda peýdalanylýar. Taslama işleriniň gymmaty gurluşyk desgasynyň çylşyrymlylygyny hasaba almak bilen, gurluşygyň umumy möçberinden ugur alnyp hasaplanýar. Degişlilikde, ululygy işleriň çylşyrymlylygyna bagly bolan ýokarlandyryjy koeffisiýentler peýdalanylýar.

Kesgitli bahany bellemäge esaslanýan usullar:

– gutarnykly kesgitlenen usullar;

– oňa soňundan seretmek mümkinçiligi bilen kesgitli bahalar;

– üýtgäp durýan şkala boýunça düzediş girizilen kesgitli baha.

Gutarnykly kesgitlenen usul şertnama ýerine ýetirilende satyjynyň hakyky çykdajylaryna garamazdan, onuň üýtgewsiz galmagyny göz öňünde tutýar.

Oňa soňundan seretmek mümkinçiligi bilen kesgitli bahalar usuly wagtyň çäkli aralygynda kesgitli bahanyň bellenilmegini, şol wagt geçenden soň baha gaýtadan seredilip bilinjekdigini göz öňünde tutýar.

Üýtgäp durýan şkala boýunça düzediş girizilen kesgitli baha usuly wagtyň döwürleri boýunça degişli derejede kesgitlenmegini göz öňünde tutýar. Şu usullara şertnamalarda «üýtgäp durýan» bahalaryň bellenmegini degişli edip bolar, olar bahanyň üýtgewsiz kesgitli binýatlyk böleginiň we oňa üýtgeýän goşulan bölegiň jemlenmegini göz öňünde tutýar.

Bahany önümçilik çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyny hasaba almak bilen kesgitlemek usuly öndürijiniň şertnamanyň (ylalaşygyň) şertlerini ähli çykdajylaryň öwezi dolunan ýagdaýynda ýerine ýetirmek borjuny göz öňünde tutýar.

Bahalary kesgitlemegiň höweslendiriji usullary bahada işleri ýerine ýetiriji üçin hak-heşdegi aýratyn hasaba almak ýörelgesinde gurulýar. Olaryň arasynda şu usullary bellemek gerek: hak-heşdekli kesgitli baha usuly; höweslendiriji hak-heşdegi bolan önümçilik çykdajylary usuly; baýrak hak-heşdegi bolan çykdajylaryň öwezini doluş usuly.

Hak-heşdekli kesgitli baha usuly baha höweslendiriş tölegini göz öňünde tutýar, ol meýilnama bilen deňeşdirilende hakyky önümçilik çykdajylarynyň derejesiniň peselmegine baglylykda bellenýär. Höweslendiriş tölegi, düzgün bolşy ýaly, çykdajylaryň derejesiniň 7,5-15%-den geçmeýär.

Höweslendiriji hak-heşdegi bolan önümçilik çykdajylary usulynda aňrybaş hak-heşdegiň möçberi çäkli (adaty çykdajylaryň 7,5%-i) bolýar, hakyky çykdajylaryň meýilnamadan gyşarmalaryna 25% çäklerde rugsat edýär. Mundan başga-da, şu ýagdaýda hak-heşdegiň möçberi işleriň ýerine ýetirilmeli möhletleriniň we hiliniň berjaý edilişine bagly bellenýär.

Baýrak hak-heşdegi bolan çykdajylaryň öwezini doluş usuly esasan, taslama işlerinde peýdalanylýar we bahanyň çykdajylarynyň iň pes derejesinden we işiň hili üçin berilýän baýrakdan ugur alnyp kesgitlenilmegini göz öňünde tutýar.

Harydyň gutarnykly (ylalaşyk, şertnama) bahasyny bellemek ýokarda agzalan faktorlary hasaba almak bilen geçirilýär (*35-nji surat*).

<table>
<tr><td>Kärhananyň çykdajylary (özüne düşýän gymmaty)</td><td>Peýda</td><td>GBÜS (goşulan baha üçin salgyrt)</td><td>Aksiz (aksiz tölenmäge degişli harytlar üçin)</td><td>Çykdajylar</td><td>Peýda</td><td>GBÜS</td><td>Çykdajylar</td><td>Peýda</td><td>GBÜS</td></tr>
<tr><td colspan="4">Kärhananyň lomaý bahasy (ýa-da goýberilýän baha)</td><td colspan="3">Üpjünçilik-ýerleme bahalary ýa-da lomaý nyrh goşundysy (ýeňillik)</td><td colspan="3" rowspan="2">Söwda nyrh goşundysy (ýeňillik)</td></tr>
<tr><td colspan="7">Senagatyň lomaý bahasy</td></tr>
<tr><td colspan="10">Bölek söwda bahasy</td></tr>
</table>

**35-nji surat.** ***Bahalaryň görnüşleri we emele getirilişi***

Häzirki  wagtda bazar bahalarynyň üç görnüşi bar: kärhananyň lomaý bahasy (ýa-da goýberilýän baha), senagatyň lomaý bahasy (sarp edýän kärhanalaryň we guramalaryň alnan önüm üçin üpjünçilik-ýerleme guramalaryna (lomaý guramalar) töleg geçirýän bahalary), bölek satuw bahasy – bölek satuw söwda ulgamynda bu baha boýunça harytlar ilata, kärhanalara we guramalara ýerlenýär, ýagny bölek satuw bahasy ahyrky baha bolup durýar .

Bahalary emele getirmegiň her bir tapgyrynda guramanyň çykdajylary, peýdasy, goşulan baha üçin salgyt hasaba alynýar. Birnäçe harytlaryň bahasyna bellenen möçberler boýunça aksizleriň (goşmaça tölegleriň) pul möçberi hem goşulýar.

### Soraglar

*1. Bahalary bellemek haýsy tapgyrlary öz içine alýar?*
*2. Önümiň aňrybaş bahasy nämäniň esasynda bellenýär?*
*3. Baha emele getirmegiň haýsy usullaryny bilýärsiňiz?*
*4. Şertnamalaýyn baha nähili emele getirilýär?*
*5. Ýurdumyzda bazar bahalarynyň nähili görnüşleri bar?*

# XV BAP. KÄRHANANYŇ MALIÝESINI GURAMAK WE SELJERMEK

## 15.1 Kärhananyň balansy

Kärhananyň gündelik maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän esasy resminamalaryň biri hem balans hasabaty (balans) bolup durýar. Balans kärhananyň özboluşly fotosuraty bolup durýar we bellibir senedäki ýagdaýa görä onuň maliýesiniň ýagdaýyny görkezýär. Balansyň özi kärhananyň işini häsiýetlendirip bilmeýän hem bolsa, dürli hasabat senelerindäki ýagdaýa görä düzülen balanslaryň deňeşdirilip görülmegi kärhananyň maliýe-ykdysady ýagdaýyndaky üýtgemelere seljerme geçirmäge we onuň önümçilik-hojalyk işiniň netijeliligine gytaklaýyn baha bermäge mümkinçilik berýär.

Balansyň esasy maksatlary şular bolup durýar:

– kärhananyň gündelik maliýe ýagdaýyna, ýagny onuň serişdelerine we borçnamalaryna baha bermek (bellibir senedäki ýagdaýa görä);

– kärhananyň maliýe ýagdaýynyň depginine, esaslandyrylan wagtyndan bäri önümçilik-hojalyk işiniň toplanan netijesine seljerme geçirmek;

– telekeçilik işiniň gymmatyna baha bermek (dogry, bazar däl-de, «buhgalterçilik» baha).

Balans hukuk taýdan özbaşdak kärhanalaryň her biri üçin aýratynlykda düzülýär. Haýsydyr bir kärhananyň, korparasiýanyň golçur kompaniýasy bolup durýan ýagdaýynda onuň balansy tutuş korporasiýanyň umumy (jemlenen) balansyna goşulýar. Umumy balans hemişe düzülip durmaýar, ýöne şol bir wagtda golçur firmalaryň ählisi üçin aýratyn balanslary düzmek hökmany bolup durýar.

Balans kärhananyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä emläk we maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýän, jemleýji tablisada toparlanan görkezijilerden ybarat bolup, onuň hojalyk serişdeleri (aktiwleri) we olary maliýeleşdiriş çeşmeleri (passiwleri) baradaky maglumatlary görkezýär.

Kärhana özüniň gündelik işlerini alyp barmak we ösmek üçin zerur bolan ykdysady serişdeleriň görnüşleri aktiwlere degişlidir. Şunda haýsydyr bir serişdäni (aktiwi) peýdalanmak geljekde peýda we oňa laýyklyk gelýän pul akymy görnüşinde netijäni üpjün eder diýip göz öňünde tutulýar. Satylandan soň maýanyň artmagyny üpjün edýän harytlar, taýýar önüme gaýtadan işlenip, satylyp bilinjek we peýdany üpjün etjek materiallar, materiallary gaýtadan işlemegiň barşynda peýdalanyp boljak enjamlar we ş.m. şular ýaly serişdeler bolup bilerler. Başga sözler bilen aýdylanda, peýda almaga we kärhana pul serişdeleriniň gelmegine ýardam edýän islendik serişdeler. Käbir ýurtlaryň balansynda aktiwler olaryň geçginliliginiň, ýagny degişli bazarda çalt we gymmatyny ýitirmän ýerlenmek ukybynyň ýokarlanyşyna görä ýazylyp bellenilýär.

Aktiwler emläkden we üçünji taraplaryň öňündäki borçnamalardan durýar, ýagny aktiwleriň düzümine hojalygy ýöretmegiň aýrybaşgalaşdyrylan subýekti hökmünde kärhananyň eýeçilik edýän zatlary girýär. Şunda ähli aktiwler hakykatdan kompaniýanyň öz eýeleriniň ýa-da üçünji taraplaryň – arzdarlaryň öňündäki borçnamalarynyň hasabyna maliýeleşdirilýär. Eýeleriniň öňündäki borçnamalar (hususy maýasy) iki görnüşe bölünýär:

– esaslyk maýa ilkibaşky gatançlaryň geçirilýän pursadynda we daşyndan geçirilen goşmaça gatançlaryň (mysal üçin, paýnamalaryň goşmaça emissiýasynyň) hasabyna ýüze çykýan borçnamalar;

– alnan peýdanyň bir böleginiň ätiýaçlyk maýa, toplaýyş gaznasy, paýlanmadyk peýda görnüşinde toplanmagynyň netijesinde ýüze çykýan borçnamalar.

Üçünji taraplaryň öňündäki borçnamalar (karz alnan maýa) – kärhananyň emläginiň köpelen we özleriniň hususy emläginiň azalan möçberinde kärhananyň emlägine eýeçilik hukuklary bolan kärhananyň karzdarlaryň hem-de maýa goýumçylaryň öňündäki bergileri.

Şeýlelikde, kompaniýanyň emläginiň (aktiwleriniň) gymmaty hemişe karzdarlaryň we eýeleriniň talap edýän pul möçberine (passiw) deňdir.

Şu ýerden esasy balans deňlemesini emele getirip bolar:

$$\sum \text{Aktiwler} = \sum \text{Passiwler}.$$

Kärhananyň aktiwlerine diňe onuň emlägi bolup duran ýa-da onuň doly gözegçiliginde bolýan (mysal üçin, lizing bolanda) serişdeler goşulýar. Şeýlelikde, kärhananyň zähmet serişdeleri balansda görkezilmeýär.

Önümçilik prosesine gatnaşmak nukdaýnazaryndan kärhananyň ähli aktiwlerini dolanyşykdan daşary we dolanyşyk aktiwleri diýip bölüp bolar.

Dolanyşykdan daşary aktiwler – bu kärhana tarapyndan birnäçe önümçilik-täjirçilik sikllerini öz içine alýan uzak döwrüň dowamynda köp gezek peýdalanylýan aktiwlerdir.

Dolanyşykdan daşary aktiwlere şular degişlidir:

– maddy däl aktiwler – kärhananyň patentleri, ygtyýarnamalary, haryt nyşanlary, ýagny maddy-zat görnüşi bolmadyk we hojalyk dolanyşygynda uzak wagtlaýyn döwürde (1 ýyldan köp) peýdalanylmagy bilen häsiýetlendirilýän, ýöne şunda elden alyp bolýan

häsiýetli we girdeji getirmäge ukyply obýektleri satyn almak (döretmek we bellige aldyrmak) üçin çekilen harajatlary;

– esasy serişdeler – uzak döwrüň (1 ýyldan köp) dowamynda üýtgewsiz natural görnüşde hereket edýän zähmet serişdeleriniň jemi (binalar, desgalar, maşynlar hem-de enjamlar we ş.m.);

– tamamlanmadyk önümçilik – aktiwleriň düzümi boýunça mundan öňki aktiwlere meňzeş bolan (doly gurulmadyk binalar we desgalar, doly abzallaşdyrylmadyk enjamlar we ş.m.), emma ulanmaga berilmedik, diýmek, hasabatlylygyň düzülen pursadynda girdeji getirmeýän bölegi;

– uzak möhletli maliýe goýumlary – bir ýyldan köp bolan döwrüň dowamynda kärhana girdeji getirmäge ukyply bolan çekilen maliýe serişdeleri (mysal üçin, beýleki ýuridik şahslaryň paýnamalaryna goýlan, diwidendleri almaga mümkinçilik berýän goýumlar).

Kärhananyň dolanyşyk aktiwleri – bu bir önümçilik-ýerleme döwrüniň dowamynda peýdalanylýan serişdelerdir (gündelik aktiwler).

Dolanyşyk serişdelerine, öz gezeginde, şular degişlidir:

– ätiýaçlyklaryň gymmaty;

– taýýar önüm almak maksady bilen önümçiligiň barşynda gaýtadan işlenilýän ýa-da peýdalanylýan çig malyň, materiallaryň we toplaýyş önümleriniň gymmaty;

– tamamlanmadyk önümçilik üçin harajatlar – kärhananyň serişdeleriniň önümçilige çekilen, ýöne olaryň gaýtadan işlenmegi taýýar önüm çykarmak bilen tamamlanmadyk böleginiň gymmaty;

– taýýar önüm – tehniki taýdan işlemegiň ähli tapgyrlaryny geçen, standartlara, tehniki şertlere, şertnamalaryň talaplaryna, tehniki gözegçilik bölümi (TGB) tarapyndan kabul edilen we ammara tabşyrylan toplumlaýyn önümleriň gymmaty;

– gaýtadan satmak üçin harytlar – kärhana tarapyndan onda goşmaça goşulan gymmaty döretmezden soňundan gaýtadan satmak üçin alnan gymmatlyklar;

– iberilen harytlar – satyn alyjylara gowşurmak üçin ulag guramalaryna tabşyrylan ýa-da satyn alyjylaryň özlerine berlen, ýöne heniz tölegi geçirilmedik önümleriň gymmaty.

Debitor bergi – fiziki we ýuridik şahslaryň kärhananyň öňündäki pul görnüşinde görkezilen bergileri (mysal üçin, kärhanadan alnan önüm üçin kärhana bolan bergi, üpjün edijileriň özlerine geçirilen hakujylar boýunça bergileri).

Gysga möhletli maliýe goýumlary – bir ýyldan az bolan döwrüň dowamynda kärhana girdeji getirmäge niýetlenip çekilen serişdeler (mysal üçin, wagtlaýyn erkin pul serişdelerini depozitlere ýerleşdirmek).

Pul serişdeleri – kärhananyň kassasyndaky we hasaplaryndaky pul serişdeleri.

Aktiwleriň ýokarda getirilen sanawy olaryň geçginlilik derejesiniň ýokarlanmagy tertibinde görkezildi, ýöne iş ýüzünde şunuň ýaly yzygiderlilik hemişe dogry bolup durmaýar. Mysal üçin, başlangyç çig malyň ätiýaçlyklaryny köplenç halatda taýýar önümi satmakdan ýeňil bolýar; satyn alyjy üçin gysga möhletli gymmatly kagyzlara garanyňda uzak möhletli gymmatly kagyzlar özüne çekiji bolup biler; ygtybarsyz satyn alyjylaryň debitor bergileriniň nol geçginliligi bolup biler; kompaniýanyň özbolușly enjamy ýa-da abadanlaşdyrylan jaýy bolsa ikinji bazarda tiz satylyp bilner.

Dolanyşyk we dolanyşyk däl aktiwleriň arasyndaky tapawut önümçilik-ýerleme sikliniň tapgyrlaryna seredilende has aýdyň görünýär. Pul serişdeleri dürli serişdeleri (mysal üçin, desgalary, enjamlary, materiallary, işçi güýji görnüşindäki zähmet serişdelerini) satyn almak üçin gönükdirilýär, materiallar gaýtadan işlemek üçin gelip gowuşýar, soňra taýýar önüm öndürilýär, ol satyn alyjylara iberilýär, töleg gelip gowuşýar, täze materiallar satyn alynýar we ş.m. dowam edýär. Wagtyň her bir pursadynda kärhanada pul serişdeleriniň, çig malyň we materiallaryň ätiýaçlygy, tamamlanmadyk önümçilik, taýýar önüm we debitor bergi bolýar. Aktiwleriň şu görnüşleriniň ählisi dolanyşyk aktiwleri bolup durýar, sebäbi önümçilik-ýerleme döwrüniň dowamynda tutuşlygyna sarp edilýär.

Şunda kärhanada dolanyşykdan daşary serişdeler, ýagny köp sanly önümçilik-ýerleme döwürlerine gatnaşýan serişdeler (enjamlar, binalar, desgalar) hem bolup biler.

Dolanyşykdan daşary we dolanyşyk serişdeleriniň gatnaşygy bellibir derejede kärhananyň maliýe ýagdaýyny görkezýär. Dolanyşyk aktiwleriniň paýynyň ýokary bolmagy geçginliligiň ýokary derejesini, ýagny maliýe taýdan durnuklylyk ätiýaçlygyny şertlendirýär, şunda kärhana amatsyz ýagdaýlarda öz emlägini tiz satyp we karzdarlary bilen hasaplaşyp biler. Beýleki tarapdan, kärhananyň aktiwleriniň düzüminde esasy serişdelerini paýynyň ýokary bolmagynyň aňyrsynda has kämil tehnologik proses, ýokary öndürijilikli we tygşytly enjam, diýmek, gündelik işden alynýan peýdanyň has ýokary möçberi durýar.

Şeýlelikde, balansda aktiwleriň dolanyşykdan daşary böleginiň paýynyň artmagy diňe kärhananyň durnukly ösýän we tutuşlygyna pudagyň gowy ösüş geljegi bolan halatynda esaslydyr; durnuksyzlyk şertlerinde dolanyşyk aktiwleriniň ýokary paýyny saklap galmak bilen, has ýokary peýdadan geçir, özüňi ýitgi çekmekden kepillendirmek gowy bolar.

Passiwler (maýa) kärhananyň resurslaryny maliýeleşdirmek serişdeleri, aktiwleriň satyn alnandygy üçin tölegleriň geçirilýän çeşmeleri bolup durýar we hususy maýany hemde karz alnan maýany öz içine alýar. Käbir ýurtlarda balansda passiwler kärhananyň şu maliýeleşdiriş çeşmesini (çäklendirilmedik möhlet mahsus bolan paýdarlar maýasyndan başlap, birnäçe günüň içinde üzülmeli möhleti bolan gysga möhletli bergilere çenli) peýdalanyp bilýän möhletiniň azalmagy tertibinde ýerleşdirilýär.

Umumy görnüşde kärhananyň hususy maýasy paýdarlara degişli emlägiň gymmaty hökmünde çykyş edýär we «arassa aktiwler» diýlip atlandyrylýar, olaryň möçberine emlägiň gymmaty (ähli aktiwler) bilen karz alnan maýanyň arasyndaky tapawut hökmünde seredilýär.

Karz alnan maýa guramanyň üpjün edijä, banka, beýleki karz berijä puly ýa-da şunuň ýaly emlägiň gymmatyna ekwiwalent bolan gymmatlygy gaýtarmak borçnamasynyň hasabyna satyn alnan emläginiň gymmatynyň bir bölegi hökmünde emele gelýär. Karz alnan maýa (karz serişdeler) şertli görnüşde uzak möhletli (peýdalanylmaly möhleti 1 ýyldan köp) we gysga möhletli bergilere bölünip bilner.

Uzak möhletli bergi esasan, üzülmeli möhleti uzak bolan karzlardan, lizing borçnamalaryndan we obligasiýa zaýomlaryndan emele getirilýär. Düzgün bolşy ýaly, şunuň ýaly görnüşde giň gerimli gurluşyk taslamalary maliýeleşdirilýär: iri maýa goýumlar, täze bazara ornaşmak, işi diwersifikasiýa etmek, täze kärhanalary satyn almak we ş.m. Degişli

taslamalaryň durmuşa geçirilmeginden alynýan uzak möhletli peýda şunuň ýaly bergini ýapmagyň çeşmesi bolup durýar.

Gysga möhletli bergi (gündelik passiwler), düzgün bolşy ýaly, kärhananyň gündelik amal işini maliýeleşdirmek üçin öz serişdeleriniň bolmadyk ýa-da olaryň ýetmezçilik edýän ýagdaýynda alynýar. Bu bergini üzmek kärhana gündelik gelip gowuşýan pul serişdeleriniň hasabyna üpjün edilýär.

Gysga möhletli passiwler şulary öz içine alýar:

– gysga möhletli karzlar – kärhananyň gündelik amal işini maliýeleşdirmek üçin maliýe institutlaryndan bir ýyla çenli möhlet bilen alnan nesýe serişdeler;

– sarp edijilere bergiler – olardan alnan hakujylar boýunça bergi;

– üpjün edijilere bergiler–üpjün edijiler tarapyndan kärhana berlen we kärhana tarapyndan heniz tölegi geçirilmedik harytlar ýa-da hyzmatlar babatynda üpjün edijileriň talaplary;

– býujete bergiler – býujete geçirilmäge degişli salgytlaryň häzirki döwürde geçirilmedik möçberi.

– zähmet haky boýunça bergiler – kärhananyň işgärlerine hasaplanyp ýazylan ýöne tölenmedik zähmet haky.

Passiwleriň soňky üç görnüşi pul akymy görnüşinde gündelik işi maliýeleşdirmek üçin çekilmeýän hem bolsa, şunuň ýaly bergileriň tölenmeli möhletiniň soňa süýşürilmegi dürli taslamalary maliýeleşdirmek işini ýeňilleşdirip biler.

Hususy maýasy we uzak möhletli bergi kärhananyň uzak möhletli passiwlerini – kärhananyň bir ýyldan köp bolan wagtyň dowamynda ygtyýar edip bilýän maliýeleşdiriş çeşmelerini emele getirýärler.

Üpjün edijilere, sarp edijilere, bergiler we zähmet haky boýunça bergiler her bir önümçilik-ýerleme döwründe peýda bolup ýa-da ýok bolup biler, býujete bergileriň we gysga möhletli karzlaryň «ömri» hem bellibir derejede gysga (bir ýyldan üç-dört aýa çenli) bolup biler.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyna baha bermek passiwleriň gurluşyndaky şu has möhüm balans gatnaşyklaryna esaslanýar:

– gysga möhletli döwürde – uzak möhletli we gysga möhletli passiwleriň gatnaşygy;

– uzak döwürde – hususy we karz alnan maýanyň gatnaşygy.

Senagatyň dürli pudaklaryna we hatda aýry-aýry kärhanalara hem hususy hem-de karz alnan maýanyň dürli gatnaşygy mahsus bolup biler. Bölek satuw söwdasynda uzak möhletli bergi asla bolman biler, maliýeleşdiriş çeşmeleriniň umumy möçberinde gündelik passiwleriň paýy bolsa hususy maýanyň paýyndan degerli derejede ýokary bolup biler. Maşyn gurluşyk kärhanasy üçin hususy serişde çeşmeleriniň paýynyň, gurluşyk kompaniýasy üçin uzak möhletli berginiň paýynyň ýokary bolmagy häsiýetlidir.

Umuman alnanda, passiwleriň düzüminde karz alnan maýanyň paýy näçe az bolsa, kärhananyň ýagdaýy şol derejede durnukly bolýar. Mundan başga-da, kreditor bergileriň bolmagy we köpelmegi düşewüntlilik derejesiniň bellibir derejede pese gaçandygyny aňladýar, sebäbi karzlaryň çekilmegi olar boýunça göterimleri tölemek zerurlygyny getirýär.

Beýleki tarapdan, aglaba ýagdaýlarda kärhana, önümçiligiň zerur bolan möçberine ýetmek, netijeliligi ýokarlandyrmak we diwersifikasiýa etmek üçin hususy serişdeleriniň

ýeterlik bolmazlygy sebäpli, jemi peýdany artdyrmak mümkinçiligini ýitirýär. Şu ýagdaýda karz serişdeleriň paýynyň köpelmegi, diňe goşmaça alnan peýdanyň karzlar boýunça göterimleriň tölenmeli möçberinden ýokary bolan halatynda oňyn rol oýnap biler.

Şeýlelikde, karz serişdäniň paýynyň artmagy maliýe durnuklylygynyň derejesini peseldýär, ýöne şol bir wagtyň özünde (bellibir pursata çenli) işiň netijeliligini ýokarlandyrmaga ukyplydyr.

Kärhananyň gündelik işiniň netijelerine seljerme geçirmek üçin beýleki bir maliýe resminamasy – peýdalar we ýitgiler baradaky hasabat hyzmat edýär, ol bellibir senenama döwri, meselem, bir ýyl üçin düzülýär.

Bu resminamanyň esasy maksady şol döwürde alnan girdejini çykdajylaryň ähli görnüşleri bilen deňeşdirmekden we netijede kärhana tarapyndan gazanylan peýdanyň ululygyny ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Kärhananyň jemi peýdasy önümleri satmakdan alnan peýdanyň (ýitginiň), kärhananyň esasy serişdelerini we beýleki emlägini satmakdan alnan peýdanyň (ýitginiň), şeýle hem ýerlemeden daşary amallardan gelip gowşan maliýe serişdeleriniň jemi hökmünde hasaplanýar.

Jemi peýda – bu satuwlardan alnan girdeji (GBÜS we aksizleri goşmazdan) bilen önümi öndürmek we satmak üçin harajatlaryň arasyndaky tapawutdyr, ýagny önüm öndürmegiň we ýerlemegiň netijeliligini görkezýän peýdadyr. Kärhanada peýdanyň şu görkezijileri hasaplanyp bilner:

Kärhananyň esasy serişdelerini we beýleki emlägini satmakdan alnan peýda – kärhananyň balansynda hasapda durýan emlägiň dürli görnüşleri beýleki taraplara satylanda ýüze çykýar.

Ýerlemeden daşary amallardan gelip gowşan maliýe serişdelerine kärhananyň esasy işine degişli bolmadyk, ýagny önümleri, esasy serişdeleri we beýleki emlägi satmak, işleri ýerine ýetirmek, hyzmat etmek bilen bagly bolmadyk amallar boýunça peýda (ýitgi) hökmünde baha berilmelidir.

Ýerlemeden daşary peýda (ýitgi) şularyň jemi hökmünde emele getirilýär:

– alnan we tölenen jerimeleriň, puşman pullarynyň, işiň amala aşmandygy üçin jerimeleriň (neustoýkalaryň) tapawudy;

– geçen ýyllaryň şu hasabat döwründe ýüze çykarylan peýdasy ýa-da ýitgisi;

– harytlara gaýtadan baha bermekden (konýunkturanyň üýtgemegi bilen bagly bahalaryň üýtgemeginden) alnan girdejiler;

– maddy gymmatlyklaryň hasabat döwründe ýüze çykarylan ýetmezçiligi;

– walýuta hasaplary we daşary ýurt pulundaky amallar boýunça hümmet tapawudy;

– beýleki kärhanalaryň esaslyk maýasyna gatnaşmakdan, obligasiýalar boýunça göterimlerden alnan girdeji;

– emlägi kärendä bermekden alnan girdeji we beýlekiler.

Kompaniýanyň salgyt salynýan peýdasy peýdadan alynýan esasy salgyt hasaplananda aýrylýan girdejiler boýunça düzediş girizilen pul möçberini aýyrmak bilen, jemi peýdadan ybaratdyr.

Arassa peýda – peýdadan alynýan salgydyň özüni aýyrmak bilen, peýdadan alynýan salgyt salynýan peýda.

Kärhananyň kadaly işiniň peýda almakdan başga esasy şertleriniň biri hem onuň öz zerurlyklaryna laýyk gelýän pul serişdeleri bilen üpjünçiligi bolup durýar, pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabat oňa baha bermäge mümkinçilik berýär.

Pul akymlarynyň esasy üç görnüşi tapawutlandyrylýar:

– gündelik (amal) işinden pul akymlary – esasy önümi öndürmegiň we satmagyň barşynda pul serişdeleriniň yzygiderli gaýtalanýan hereketi;

– maýa goýum işinden pul akymlary – maýany uzak möhletli goýmak we dolanyşykdan daşary aktiwleri ýerlemek;

– maliýe işinden pul akymlary – maliýeleşdiriş çeşmelerini almak we gaýtarmak.

Kärhananyň kassasynyň üstünden geçýän amallary, walýuta we hasaplaşyk hasaplaryny segmentlere bölmek bilen, işiň her bir görnüşi boýunça pul akymlarynyň ululygyny hasaplap we kärhananyň pul serişdeleriniň esasy gelip gowuşmalaryny hem-de gitmegini seljerip bolar. Mundan başga-da, bu işi diňe balansyň we peýdalar hem-de ýitgiler baradaky hasabatyň maglumatlaryny peýdalanmak bilen gytaklaýyn hem ýerine ýetirip bolar.

Şunda işiň görnüşleri boýunça we tutuş kärhana boýunça pul serişdeleriniň akymyny hasaplamagyň formulasy şu görnüşde bolup biler:

*Gündelik (amal) pul akymy –*

– arassa peýda + hasabat döwründäki ulanyş tutumy + gysga möhletli berginiň artyşy – debitor berginiň artyşy – ätiýaçlyklaryň ululygynyň artyşy;

*Maýa goýum pul akymy –*

– döwürde hasaplanyp ýazylan ulanyş tutumyny hasaba almak bilen dolanyşykdan daşary serişdeleriň netto artyşy;

*Maliýe pul akymy –*

– hususy maýasynyň netto artyşy (tölenen diwidendleri hasaba almak bilen, ýöne peýdalanylmadyk peýdany aýryp) + karzlar we nesýeler boýunça berginiň netto artyşy;

*Jemi pul akym-*

– gündelik pul akymy + maýa goýum pul akymy + maliýe pul akymy.

Düzgün bolşy ýaly, gündelik pul akymynyň ululygynyň oňyn ähmiýeti, maýa goýum akymynyň ýaramaz ähmiýeti bardyr, maliýe akymy üçin oňyn ululyk hem, ýaramaz ululyk hem mümkindir. Olaryň soňkusy kärhananyň amal mümkinçilikleriniň ösüş üçin maýa goýumlaryny üpjün etmäge ýagdaýy bolmadyk halatynda serişdeleri çekmek we tersine bolan ýagdaýda olary gaýtarmak bilen, kompaniýanyň amal we maýa goýum işiniň özboluşly düzgünleşdirijisi bolup durýar.

Gündelik pul akymynyň ululygy has ähmiýetli bolup durmak bilen, ol iň bolmanda, esasy amal işi bilen bagly ähli çykdajylary ýapmak üçin ýeterlik bolmalydyr.

Tutuşlygyna alanyňda kärhananyň pul akymlaryna geçirilen seljerme şulary kesgitlemäge mümkinçilik berýär:

– pul serişdelerini almagyň çeşmeleri we olaryň peýdalanylýan ugurlary;

– kärhananyň gündelik işiniň pul serişdeleri bilen üpjünçiligi;

– mundan beýläk uzak möhletli ösmek üçin pul serişdeleri bilen üpjünçilik (maýa goýumlar);

– gündelik bergileri ýapmak mümkinçiligi;

– bellibir möhlete goşmaça maýany çekmek mümkinçiligi.

Kiçi we orta kärhanalaryň pul akymlaryna seljerme geçirmek has-da möhümdir. Serişdeleriň ähli görnüşleriniň degişli ätiýaçlyklaryna ygtyýar edýän, şeýle hem goşmaça maýany bellibir derejede ýeňil çekmek mümkinçiligi bolan iri kärhanalar garaşylmadyk ýerden ýüze çykýan pul serişdelerine bolan zerurlygy şol serişdeleriň hasabyna ýapyp bilýärler; şunda maýa goýum harajatlary bu kompaniýalaryň umumy pul akymynda diňe ujypsyz bölegi tutup biler.

Şol bir wagtyň özünde kiçi we orta kärhanalar üçin olaryň hereket etmeginiň içki hem-de daşky şertleriniň garaşylmadyk, göräýmäge düýpli däl üýtgetmeleri pul serişdeleriniň ýiti ýetmezçiligine sebäp bolup we kompaniýanyň batyp galmak howpuny döredip biler.

Kärhananyň işinde gündelik hem-de maýa goýum zerurlyklary maliýeleşdirilende pul serişdeleriniň ýetmezçiligi ýüze çykyp biler. Bu aýratyn hem häzirkizaman şertlerinde häsiýetlidir: karz serişdelerine mätäçlik çekýän we öňi bilen, maliýe serişdeleriniň ýetmezçiligi sebäpli mümkinçilikleri çäkli bolan kiçi we orta kärhanalaryň tutuş gatlagy peýda boldy. Eger şular ýaly kärhanalaryň ösüşi diňe olaryň özleri tarapyndan emele getirilýän peýdanyň hasabyna bolup geçmeli bolsa, onda ykdysady ösüşiň täze tapgyryna geçmek köp on ýyllyklara çekilip bilner.

Şol bir wagtda ykdysadyýetde mätäçlik çekýän kärhanalara wagtlaýyn peýdalanmaga berlip bilinjek erkin pul serişdeleri bolan köp sanly ýuridik hem-de fiziki şahslar bardyr. Bu serişdeler hem potensial derejede kärhanalaryň karz serişdelerini emele getirýärler.

Karz arkaly maliýeleşdirmegiň esasy we has adaty görnüşi karz bermek (karzlaşdyrmak) bolup durýar.

Karz muzdly we gaýtarylmak esasynda kärhanalara bellibir döwre berilýän pul serişdesinden ybaratdyr. Karzyň (pul karzynyň) şunuň ýaly görnüşi nusgawy görnüş bolup durýar.

Karz boýunça göterimler wagtlaýyn peýdalanmaga berilýän maýa üçin karzdaryň öwezini dolmak hökmünde almak isleýän girdejisiniň ölçegi bolup durýar.

Göterimiň ululygy şu faktorlara baglydyr:

– hümmetsizlenmegiň depginlerine;

– erkin pul serişdelerini alternatiw ýerleşdirmek mümkinçiligine;

– maýany alternatiw goýmakdan alynjak potensial girdejä;

– umumy ykdysady ýagdaýa;

– karzlaşdyrmagyň möçberine we möhletlerine;

– karz alýanyň ygtybarlylygyna (karz serişdeleriň öz wagtynda we doly gaýtarylmak ähtimallygyna).

Düzgün bolşy ýaly, karzlar boýunça göterim möçberi kesgitli ululyk bolup durýar, ýöne uzak möhletli karzlaşdyrylýan ýagdaýynda durnuksyz ykdysady şertlerde göterimiň üýtgäp durýan möçberi hem ulanylýar. Onuň ululygy haýsydyr bir daşky faktora (mysal üçin, hümmetsizlenme indeksine) baglanýar we bellibir wagt aralygynda gaýtadan hasaplanýar.

Iş ýüzünde karzlaşdyrmagyň alternatiw (pul däl) görnüşleri hem peýdalanyp bilner:
– maýa goýum (salgyt) karzy;
– haryt karzy;
– täjirçilik karzy;
– lizing.

Maýa goýum (salgyt) karzy salgyt töleglerini soňa süýşürmek görnüşinde bolup, ol kärhana döwlet häkimiýeti edaralary tarapyndan berilýär. Karzlaşdyrmagyň şu görnüşinde kompaniýa hakyky pul serişdelerini almaýar, ýöne şol bir wagtda býujete tölegleri soňa süýşürmegiň hasabyna goşmaça ätiýaçlyk döredilýär. Alternatiw karzlaşdyrmagyň bu görnüşi salgyt ýeňillikleri bilen garyşdyrmaly däldir, sebäbi gaýra goýlan tölegler ýatyrylmaýar, olar diňe has giçki möhletlere geçirilýär, şunda karzyň ululygyna degişli göterim hasaplanyp ýazylýar.

Haryt karzy karzdar tarapyndan karz alyja pul serişdelerini däl--de, haýsydyr bir emlägi (düzgün bolşy ýaly, dolanyşyk aktiwlerini) bermegi göz öňünde tutýar. Şunda karz üçin göterimler, tölegiň giç geçiriljekdigini hasaba almak bilen, berilýän harydyň bahasyna goşulyp biler.

Karzlaşdyrmagyň şunuň ýaly görnüşiniň amatlylygy şulardan ybaratdyr:

– karz alýan kärhananyň serişdeleriniň dolanyşygyny çaltlandyrmak (pul serişdeleriniň maddy aktiwlere geçmeginiň transaksiýasy bolmaýar);

– karzdar tarapyndan karz serişdelerini peýdalanmagyň ugurlaryna gözegçilik edilmegi (karz alyjy puluň hakykatdan ýok wagtynda ony başga haýsydyr bir başga zada harçlap bilmeýär).

Täjirçilik karzy hakujy, deslapky töleg görnüşinde, berlen harytlar, ýerine ýetirilen işler we hyzmatlar üçin tölegiň möhletini soňa goýmak hem-de möhletlere bölüp tölemek görnüşinde berilýär. Haryt karzy bilen bagly ýagdaýda bolşy ýaly, göterimiň ululygy harydyň gymmatynda gizlenip biler (öňünden tölenen ýagdaýynda harydyň gymmaty peseldilip, möhletlere bölünip tölenende ýokarlandyrylyp bilner).

Lizing şertnamasy boýunça karzdar (lizinge beriji) tölegiň hasabyna karz alyja (lizing alyja) bellibir emlägi (düzgün bolşy ýaly, esasy serişdäni) wagtlaýyn peýdalanmaga bermäge borçlanýar. Şunda emläk üçin döwürleýin töleg (kärende tölegi) peýdalanmaga berilýän esasy serişdeleriň degişli döwürdäki ulanyş tutumyny we karz üçin göterimi öz içine alar. Şeýlelikde, kärhana uzak möhletli karz almagyň we şol serişdelere zerur bolan enjamy satyn almagyň ýerine, şunuň ýaly enjam bilen üpjün edijä göni çykýar we diňe onuň bilen gatnaşyk edýär.

### Soraglar we ýumuş

*1. Kärhananyň balansy näme we ony düzmegiň maksady nämeden ybarat?*
*2. Kärhananyň aktiwleriniň ykdysady manysy näme we olar nämäni öz içine alýarlar?*
*3. Kärhananyň passiwleriniň ykdysady manysy näme?*
*4. Hususy maýasy näme?*
*5. Uzak möhletli we gysga möhletli bergi nämeden ybarat?*
*6. Kärhana tarapyndan karzlaşdyrmagyň haýsy görnüşleri peýdalanylyp bilner?*
*7. Pul akymlaryna kesgitleme beriň: gündelik, maýa goýum, maliýe akymlary. Olaryň ähmiýeti nähili (oňyn ýa-da ýaramaz) bolup biler?*

## 15.2. Kärhananyň maliýe meýilnamasy (býujeti)

Býujet – bu önümçilik, satyn almalar, ýerlemek we kärhananyň öňünde goýlan maksatlara ýetmek üçin zerur bolan meýilnamalaryň gymmat, mukdar taýdan kesgitlenen aňlatmasydyr.

Kompaniýanyň býujetler ulgamy geljekde (düzgün bolşy ýaly, bir ýylda) kärhananyň göz öňünde tutulýan işiniň öňünden kesgitlenilen maksatlara ýetmäge gönükdirilen maliýe modelinden ybaratdyr.

«Master-býujet» – bu öňki bölümde seredilen, ýöne hakyky maglumatlaryň esasynda düzülen däl-de, eýsem menejerleriň kompaniýanyň geljegine garaýyşlaryny beýän edýän üç maliýe resminamasy (balans, peýda we ýitgiler, pul akymlary) bolup durýar.

Býujetlemek düzgüni kompaniýany dolandyrmagyň resmi maksat goýmaga esaslanýan ulgamyna goşulýar, maksat goýma işiň meýilnamalarynyň toplumyna, amal döwrüne bölünýär. Şu ýagdaýda býujet iki hili rol oýnaýar: birinjiden, kompaniýanyň hereket etmeginiň aýry-aýry maliýe wezipelerine we funksiýalaryna fragmentler görnüşde bölünen maksatlaryny belleýär, ikinjiden bolsa, işiň hakyky görkezijileriniň býujet görkezijilerinden gyşarmalary diýilýänlere seljerme geçirmegiň esasynda menejerleriň gözegçilik guraly bolup durýar.

Býujetlemek ulgamyny ýola goýmak we onuň işini üpjün etmek maksady bilen, kompaniýa aýry-aýry jogapkärçilik merkezlerinden durýan maliýe gurluşy diýlip atlandyrylýan gurluş görnüşinde görkezilip bilner.

Maliýe gurluşy – tutuş kompaniýany beýan edýän, iýerarhiýa tertibinde gurlan aýry-aýry menejerleriň maliýe jogapkärçiligini, şeýle hem jogapkärçilik merkezleriniň býujetleriniň tabynlyk we iýerarhiýa ulgamyny häsiýetlendirýän jogapkärçilik merkezleri ulgamydyr.

Jogapkärçilik merkezi (JM) – kärhananyň onuň üçin işe içki baha beriş ulgamy işlenip taýýarlanan, onuň işi bellibir menejeriň jogap berýän segmenti bolup durýar.

Kärhananyň jogapkärçilik merkezleriniň ählisi, olaryň ýolbaşçylarynyň hukuk derejesine we ygtyýarlyk derejesine baglylykda, şu görnüşde toparlanma bölünip bilner.

B kärhanasy peýda merkezi bolup durýar, maýa goýumlaryň möçberi holding derejesinde düzgünleşdirilýär, bu kärhananyň menejeriniň jogapkärçiligi bolsa, önümçilik kuwwatlyklarynyň kesgitlenen möçberine düşýän peýdany aňrybaş derejä ýetirmekden ybaratdyr. Kärhana öz gezeginde, girdeji merkezinden, üýtgäp durýan harajatlar merkezinden we hemişelik harajatlar merkezinden durýar.

Kärhananyň maliýe gurluşyny şekillendirmek bilen, kompaniýanyň nobatdaky amal döwri üçin býujetlerini emele getirmek boýunça iterasiýalaryň (gaýtalanýan) we ädimleriň yzygiderliligini şu görnüşde emele getirip bolar:

0 tapgyr. Tutuş kompaniýanyň öňünde maksatlary goýmak, ýagny paýdarlar tarapyndan baş direktoryň öňünde maksatlaryň goýulmagy.

1-nji tapgyr. Geljek ýyl üçin agregirlenen umumy maksatlary goýmak, wezipeler we işiň ugurlary boýunça olary böleklere bölmek. Maglumatlaryň hereketi ýokardan aşak, baş direktordan birliklere tarap bolup geçýär.

2-nji tapgyr. Maglumatlaryň garşylyklaýyn (aşakdan ýokary) hereketi. Maksatlara nähili ýetmelidigi, maksatlara ýetmekdäki çäklendirmeler barada teklipler, maksatlara ýetmek üçin zerur bolan serişdeler babatynda talaplar. Aşakdan ýokary hereket edýän wagtynda maglumatlaryň jemlenmegi bolup geçýär, olar has umumy görkezijilere jemlenýär.

3-nji tapgyr. Funksional býujetler biri-biri bilen utgaşýar (bähbitleriň balansy) we olar kompaniýalaryň derejesinde zerur bolan formatlarda gutarnykly jemlenýär.

4-nji tapgyr. Emele getirilen býujetleri olaryň ilkibaşda bellenen maksatlara laýyk gelmegi babatynda barlamak. Şular ýaly laýyklyk bar bolanda – tassyklamak.

5-nji tapgyr. Laýyk gelmedik halatynda düzediş girizmek, maksatlara düzediş girizilmegi hem mümkindir. Ýöne köplenç bu býujetlere düzedişlerdir (maglumat ýene-de ýokardan aşak gaýdýar), maksatlara ýetmek boýunça garşylyklaýyn teklipler (aşakdan ýokary) we ş.m. Bu ylalyşyk tapgyrydyr, onuň hemişe iterasion häsiýeti bolýar we uzaklygy boýunça dürli döwürlerde bolup geçip biler. Şu ýerde býujeti taýýarlamak üçin esasy wagt we serişdeler ýitirilýär we şu ýerde hem kompaniýalar esasy kynçylyklara gabat gelýärler.

Bu kynçylyklar aşakdakylar ýaly telekeçilik häsiýetnamalary bilen öňünden kesgitlenýär we çuňlugy hem-de kynlyk derejesi boýunça düýbünden tapawutlanýan häsiýetde bolup bilerler:

1. Daşky we içki gurşawyň ýagdaýyny öňünden bilmek – býujeti düzmäge gatnaşýan dürli menejerler tarapyndan  kompaniýanyň geljegi barada pikirleriň we garaýyşlaryň ilkibaşdan golaýlygy.

2. Kompaniýanyň «keseligine» çylşyrymlylygy – işleri umumy býujetde utgaşdyrylmaly we laýyk getirilmeli bolan jogapkärçilik merkezleriniň hem-de menejerleriň sany. Maliýe gurluşynda jogapkärçilik merkezleri näçe köp bölünen bolsa, olaryň býujetlerini özara ylalaşmak işi şonça hem uzaga çekýär.

3. Iýerarhiýa derejeleriniň sany – amal görkezijileriniň ýokary ýolbaşçylardan nä-derejede «uzaklygyny» we ilkinji býujetlere ilkibaşdan ynamsyzlygy, şeýle hem «pes derejedäki» menejerleriň býujete nämedir bir zady «goşmak» («bilip bolmaz» diýen ýaly) islegini öňünden kesgitleýär.

4. Býujetlemegiň resmileşdirilen we ýola goýlan düzgünleriniň bolmagy, olar ýokarda bellenilen meseleleri «tiz we standartlaşdyrylan» görnüşde çözmäge ýardam edýär.

Kompaniýanyň jebislendirilen gutarnykly býujeti kompaniýanyň aýry-aýry, ýerine ýetirilmegi anyk menejerleriň üstüne ýüklenen wezipeleriniň durmuşa geçirilişini görkezýän funksional býujetleriň toplumyndan emele gelýär. Aragatnaşyk hyzmatlaryny edýän kompaniýa üçin funksional býujetleriň mysaly hökmünde täze ATS gurmak üçin çykdajy býujetini, sebitde täze hyzmatlary durmuşa geçirmek býujetini, zähmet haky üçin harajatlar býujetini görkezip bolar. Bir jogapkärçilik merkezinde birbada birnäçe funksional býujetler emele getirilip bilner.

Jemi býujet funksional býujetleriň ählisiniň jebislendirilmeginden we agregirlenmeginden başga zat däldir. Meýilnamalaşdyrmagyň nobatdaky her bir ädiminde býujetleri emele getirmegiň logikasy we yzygiderliligi emele getiriliş tertibi boýunça ondan öňki býujetleri «goldamak we üpjün etmek» üçin zerur bolan býujetlemekden durýar.

Islendik meýilnamalaşdyrma «gowşak ýerden» başlanýar, kompaniýalaryň köpüsi üçin şunuň ýaly ýer tükeniksiz ösmäge mümkinçilik bermeýän önüme bolan ahyrky isleg bolup durýar.

Şeýlelikde, birinji nobatda ýerleme birliklerinde satuwlaryň býujeti emele getirilýär, ol önümiň ýerlenmeli möçberlerini we bahalaryny öz içine alýar.

Mundan başga-da şu tapgyrda ýerleme birlikleriniň goşmaça býujetleri, hususan-da, şu aşakdakylar peýda bolýar:

– taýýar önümiň ätiýaçlyklar býujeti – islegi ygtybarly kanagatlandyrmak üçin näçe möçberde harydy ammarda saklamaly;

– debitor bergiler býujeti – iberilen önüm üçin tölegi bize näderejede tiz geçirerler;

– täjirçilik çykdajylary býujeti – aýry-aýry döwürlerde ýerlemäni goldamak üçin harajatlaryň görnüşleri we möçberleri (mahabat, söwda agentleriniň hyzmat haky, ulag hyzmatlary), olar satuwlaryň möçberine laýyk gelmelidir.

Soňra «girdejili» býujetiň yzysüre  ähli «çykdajyly» býujetler peýda bolýar, olar satmak göz öňünde tutulýan önümi öndürmek üçin amala aşyrylmaly bolan işi görkezýärler:

– önümçilik býujeti – satuwlar býujetiniň we taýýar önümleriň ätiýaçlyklary býujetiniň, aýry-aýry döwürler boýunça natural görkezijilerdäki önüm çykarmak meýilnamasynyň esasynda düzülýär. Önümi çykarmagyň zerur bolan möçberi = satuwlaryň möçberi + taýýar önümiň ahyrky ätiýaçlygy – taýýar önümiň başky ätiýaçlygy.

Tamamlanmadyk önümçiligiň ätiýaçlyklary býujeti – önümçilik döwrüne pul näçe wagtlap goýulmaly bolar, islendik pursatda sehlerde näçe möçberde ýarym taýýar önümler bolmaly. Olar önümçiligiň tehnologik aýratynlyklaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

– Materiallar üçin göni harajatlar býujeti – önümçilik býujetiniň esasynda düzülýär, önümçilik üçin näçe möçberde çig malyň we materiallaryň talap edilýändigini hem-de näçe möçberde çig malyň we materiallaryň satyn alynmalydygyny görkezýär.

– Çig malyň we materiallaryň satyn alynmaly möçberi olaryň peýdalanylmagyna garaşylýan möçbere, şeýle hem ätiýaçlyklaryň göz öňünde tutulýan derejesine baglydyr. Satyn almalaryň möçberi = önümçilikde peýdalanylmaly möçberi + çig malyň ahyrky ätiýaçlyklary – çig malyň başky ätiýaçlyklary. Edil beýleki harajatlar býujetleri ýaly, materiallar üçin kreditor berginiň üzülmeli möhletlerini, tertibini hasaba almak bilen düzülýär.

– Zähmet hakyny tölemek üçin göni harajatlar býujeti önümçilik býujetinden, zähmet öndürijiligi baradaky we esasy önümçilik işgärleriniň zähmet hakynyň möçberleri (stawkalary) baradaky maglumatlardan ugur almak bilen emele getirilýär.

– Umumy önümçilik goşmaça çykdajylar býujeti önüm öndürmek bilen bagly ähli harajatlaryň möçberini görkezýär, materiallar we zähmet haky üçin göni harajatlar muňa girmeýär. Umumy önümçilik seh çykdajylary býujeti adatça şulary öz içine alýar: önümçilik enjamlarynyň ulanyş tutumyny we kärende tölegini, ätiýaçlandyryşy, işgärlere goşmaça tölegleri, önümçilik däl wagtyň tölegini we ş.m. öz içine alýar.

– Dolandyryş çykdajylary býujeti, ýagny kompaniýanyň önümçilik we täjirçilik işi bilen bagly bolmadyk ähli çykdajylar, hususan-da: işgärler bölümini, hukuk bölümini, IT bölümini saklamak üçin harajatlar, önümçilik däl maksatly desgalary ýşyklandyrmak we ýylatmak üçin harajatlar, iş saparlary, aragatnaşyk hyzmatlary, önümiň özüne düşýän gymmatyna eltilýän salgytlar we karz üçin göterimler we ş.m.

Funksional amal menejerleriniň işini meýilnamalaşdyrmagyň netijesinde peýdalar we ýitgiler býujetiniň beýleki bölekleri, şeýle hem kassa bölünmeleriniň we ätiýaçlyklaryň hereketini hasaba almak bilen, pul serişdeleriniň hereketiniň býujeti we balans üçin maglumatlar «düzülýär».

Soňra maýa goýumlar – dolanyşykdan daşary aktiwlere goýumlaryň býujeti emele getirilýär. Kompaniýanyň galan ähli býujetlerinden tapawutlylykda şu býujetiň ýerine ýetirilmegi meýilnamalaşdyrylýan döwürde kompaniýanyň işiniň maliýe netijelerine göni täsir etmeýär. Bu ýerine ýetirilmegi býujet döwrüne düşýän strategik meýilnamalaryň bölegidir.

Nobatdaky tapgyrda pul serişdeleriniň býujetiniň ilkinji görnüşi «jemlenýär». Esasy işden gelip gowuşmalar debitor bergidäki üýtgemeleri hasaba almak bilen, çykdajylar – kreditor bergilerdäki üýtgemeleri hasaba almak bilen hasaplanylýar. Ätiýaçlyklaryň gymmatynyň üýtgemeginiň täsiri hem şunuň ýaly hasaba alynýar. Maýa goýum işinden gelýän pul serişdeleri aýratynlykda hasaba alynýar.

Pul serişdeleriniň akymyny býujetlemegiň jemleri aşakdakylar baradaky netijeler bolmalydyr:

– pul serişdeleriniň netijeleri baradaky, diýmek, kompaniýanyň karzdarlar ýa-da paýdarlar tarapyndan goşmaça maliýeleşdirilmegine bolan zerurlyk baradaky – serişdeleri näçe möçberde we haçan çekmelidigi baradaky netije;

– pul serişdeleriniň artyklygy barada, maýany gaýtarmak mümkinçiligi barada netijeler.

Mundan öňki tapgyrda gelnen netijeleriň esasynda goşmaça maliýe býujetleri meýilnamalaşdyrylýar: bank bilen hasaplaşyklar býujeti; hususy maýasynyň üýtgemeginiň býujeti. Maýany çekmegiň mümkin däl wagtynda meýilnamalaşdyrmak, bir ädim ýa-da birnäçe ädim «yza çekilýär» we pul serişdeleriniň hereketi býujetiniň ýetmezçiliksiz ýagdaýy gazanylýança gaýtalanýar.

Mundan başga-da, şu tapgyrda peýdalar we ýitgiler býujetine – karzlar we salgytlar boýunça üýtgän göterimleriniň möçberinde düzediş girizilýär.

Iň soňky tapgyrda balans çaklama «jemlenýär». Ol meýilnamalaşdyrylýan döwrüň ahyrynda kärhananyň nähili maliýeleşdiriş çeşmeleriniň boljakdygyny we olaryň nähili peýdalanyljakdygyny görkezýär.

Balansyň aktiwini çaklamak üçin dolanyşyk aktiwleriniň ululygy we debitor berginiň ululygy peýdalanylýar, olar degişli býujetler taýýarlanylanda hasaplanýar. Maýa goýum býujetleri we ulanyş tutumy esasy serişdeleriň gymmatyny çaklamak üçin esas bolup durýar. Hasaplardaky pul serişdeleriniň galyndysy pul serişdeleriniň hereketi býujetinden «alynýar».

Passiwlerde hususy maýasynyň ululygy paýdarlaryň goýumlaryny we peýdany hasaba almak bilen meýilnamalaşdyrylýar. Karzlar boýunça bergiler hem pul akymlaryny meýilnamalaşdyrmagyň çäklerinde emele getirilýär. Kreditor bergiler degişli býujetlerden alynýar.

Bu hereketleriň ählisiniň netijesinde kompaniýanyň işiniň maliýe görkezijilerinde beýan edilýän meýilnamasy emele gelýär, ol göwrümi boýunça geçen döwürleriň hasabatlylygy bilen deňeşdirerlik bolup durýar.

Býujetlemegiň ýokarda beýan edilen düzgünini ýa-da şoňa meňzeş düzgüni üpjün etmegiň maksada laýyklygy şu esasy garaýyşlar bilen düşündirilýär.

Býujeti emele getirmek işiniň özi özboluşly mejbury meýilnamalaşdyrmany üpjün edýändigi, ähli funksional menejerleri öňlerinde näme durandygy, daşky gurşawyň olara nähili mümkinçilikler berýändigi we bu mümkinçilikden peýdalanmak üçin näme etmelidigi barada pikir etmäge, oýlanmaga mejbur edýändigi bilen peýdalydyr.

Býujetler telekeçiligi ýöretmegiň ähli strategiýasyny we taktikasyny emele getirmäge hem-de olary sanlaryň ýeke-täk we ölçäp bolýan diline geçirmäge mümkinçilik berýär.

Býujetlemek düzgüni kärhananyň, aýratyn hem iri kärhananyň dürli jogapkärçilik merkezleriniň, birlikleriniň işini we iş ugurlaryny tiz hem-de öňünden laýyk getirmäge, utgaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Edil şonuň ýaly meýilnamalaryň ýerine ýetirilýän tapgyrynda işe girizilýän üýtgetmeleri utgaşdyrmak düzgüni taýýar we özara baglanyşykly býujetleriň bardygy bilen ýeňilleşýär.

Býujetler jogapkärçiligi dolandyryşyň has pes derejelerine geçirmäge, bu jogapkärçiligi ylalaşmaga we haýsydyr bir býujet görkezijileri üçin gönüden göni jogap berýän menejerlere ygtyýarlyklary bermäge mümkinçilik berýär.

Şeýle hem býujetler höweslendirme guraly hökmünde hem çykyş edip bilerler, sebäbi öz-özünden aýry-aýry wezipeler boýunça bölünen maksatlaýyn ösüş görkezijilerini emele getirýärler.

Eger şu ýylda kompaniýa berilýän baha geçen ýyl bilen deňeşdirilende (maliýe seljermesi) «telekeçilik nähili işläpdir?» diýen soraga jogap berýän bolsa we daşky peýdalanyjylar üçin gyzykly bolsa, onda şu ýylyň hakyky görkezijilerini býujet görkezijileri bilen deňeşdirmek «özleriniň nähili işlemelidikleri bilen deňeşdirilende funksional menejerler nähili işläpdirler?» diýen soraga jogap bermäge mümkinçilik berýär, bu bolsa guramanyň içki dolandyryşy üçin has peýdalydyr.

Şeýle hem býujet näderejede jikme-jik düzülen bolsa (maddalar boýunça däl-de, wagt aralyklary boýunça) kompaniýa hakyky işdäki býujetden gyşarmalary şonça tiz ýüze çykaryp biler, zerur bolan dolandyryş çözgütleri tiz kabul edip biler. Bu hem öz gezeginde, telekeçiligi dolandyrmagyň dessinligini we netijeliligini ýokarlandyrar.

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Kärhanada maliýany meýilnamalaşdyrmagyň nämedigini we onuň meýilnamalaşdyryş ulgamynda haýsy nähili orun tutýandygyny düşündiriň.*
*2. Maliýe meýilnamasynyň esasy düzüm böleklerini aýdyp beriň.*
*3. Peýdalar we ýitgiler meýilnamasy nämäni görkezýär?*
*4. Buhgalterçilik balansyny çaklamagyň nämedigini we onuň meýilnamalaşdyryş ulgamynda nähili orun tutýandygyny düşündiriň.*
*5. Maliýany dessin meýilnamalaşdyrmagyň esasy wezipeleri nämeden ybarat?*

## 15.3. Kärhananyň maliýe ýagdaýyny seljermek

Maliýe hasabatlylygy ulgamy kompaniýanyň maliýe ýagdaýyna we onuň işiniň netijeliligine seljerme geçirmäge mümkinçilik berýär.

Şunuň ýaly seljerme kärhananyň bellibir netijeliligini we durnuklylygyny görkezýän, özüniň bimöçberliligi we islendik telekeçilik işinde ulanylmak mümkinçiligi bilen amatly bolan maliýe koeffisiýentleri toplumynyň üstünden geçirilýär.

*Kompaniýanyň işiniň netijeliligine baha bermegiň esasy we ahyrky görkezijisi* – bu hususy maýanyň düşewüntliligi

$$\text{ROE} = \frac{\text{Arassa peýda}}{\text{Hususy maýa}}.$$

paýdarlar üçin iň möhüm faktor bolup, telekeçilik işine goýlan hususy serişdeleriň birligine düşýän pul möçberini görkezýär, nazary taýdan diwidendleri tölemek üçin peýdalanyp bilner. ROE – hususyýetçi tarapyndan serişdeleri maýa goýuma gönükdirmek ýa-da olary telekeçilik işinden çykarmak barada çözgüt kabul edilmegine täsir edýän görkezijidir. Bu koeffisiýent girdejililigiň töwekgelçiliksiz stawkalary diýilýänler bilen ýa-da anyk paýdara elýeter bolan alternatiw goýumlaryň girdejililigi bilen deňeşdirilýär. Görkeziji ýyllyk göterimlerde ölçenilýär we ahyrky arassa peýdany hem-de hususyýetçi tarapyndan telekeçilik işine goýlan maýanyň ululygyny deňeşdirýär:

$$\text{ROE} = \frac{\text{Arassa peýda}}{\text{Hususy maýa}} = \frac{\text{Arassa peýda}}{\text{Aktiwler}} \text{ x } \frac{\text{Aktiwler}}{\text{Hususy maýa}} =$$

$$= \text{ROA x Maliýe guraly.}$$

Ýokarda getirilen ROE hasaplama formulasy bu ýerde biraz transformirlendi we iki düzüm bölegine bölündi: *aktiwleriň düşewüntliligi (ROA) we maliýe guraly.*

$$\text{Maliýe guraly} = \frac{\text{Aktiwler}}{\text{Hususy maýa}}.$$

*Maliýe guraly kompaniýany maliýeleşdiriş çeşmeleriniň gurluşynda öz serişdeleriniň gatnaşmagyny häsi*ýetlendirýär. Bu koeffisiýentiň ululygy näçe pes bolsa, kompaniýa şol derejede maliýe töwekgelçiliginiň täsirine düşýär.

Maliýe guralynyň maksatlaýyn ähmiýeti kärhananyň pudaklaýyn degişliligine baglydyr. Peseldilen maliýe guraly – hususy maýasynyň paýy işi uly amal (bazaryň konýunkturasyna baglylyk, möwsümleýinlik, geçginli däl aktiwleriň bolmagy) töwekgelçilikleri bilen baglanyşykly bolan kompaniýalarda bolmalydyr.

Bu parametr birinji nobatda hususyýetçiler we uzak möhletli maýa bilen potensial üpjün edijiler – uzak geljekde kärhananyň durnuklylygyna baha bermek zerur karzdarlar üçin gyzyklydyr.

*Maliýe guraly maliýeleşdiriş çeşmelerini dolandyryş syýasatyny häsiýetlendirýär.*

Eger maliýe guraly uzak möhletli tölege ukyplylygy görkezýän bolsa, onda gysga möhletli (bir maliýe ýylynyň çäklerinde) tölege ukyplylyga baha bermegiň esasy görkezijisini hem ýatlap geçmek gerek.

$$\text{Gündelik geçginlilik koeffisiýenti} = \frac{\text{Dolanyşyk serişdeleri}}{\text{Gysga möhletli borçnamalar}}.$$

*Gündelik geçginlilik koeffisiýenti* kärhananyň özüniň gysga möhletli bergisini nagt bar bolan dolanyşyk serişdeleriniň hasabyna üzmek mümkinçiligini häsiýetlendirýär. Kompaniýanyň gündelik tölege ukyplylygynyň we birinji nobatdaky bergileri üpjün etmek ukybynyň umumy indikatory hökmünde peýdalanylýar.

Bu görkeziji näçe ýokary bolsa, kärhananyň gysga möhletli durnuklylygy hem şonça ýokarydyr.

*Gündelik geçginlilik koeffisiýenti maliýeleşdirmegiň gysga möhletli çeşmelerini dolandyryş we kompaniýanyň amal siklini maliýeleşdiriş syýasatyny häsiýetlendirýär.*

$$\text{ROA} = \frac{\text{Arassa peýda}}{\text{Aktiwler}}.$$

*Aktiwleriň düşewüntliligi (ROA)* kärhana goýlan ähli goýumlaryň peýdalylygyna baha bermek üçin hyzmat edýär, kompaniýanyň emläginiň her bir manadyna düşýän jemi peýdanyň möçberini görkezýär, ýyllyk göterimlerde ölçenilýär. Menejmentiň aktiwleri peýdalanmak boýunça işiniň hiline telekeçiligiň gymmatynyň artyşynyň ahyrky netijeleri alnanda baha berýär. Bu görkeziji kompaniýa tarapyndan çekilýän maýanyň gymmaty bilen deňeşdirilýär. Menejer kompaniýanyň aktiwlerine goýlan her manadyň getirýän girdejisiniň şol aktiwleri satyn almak üçin maliýe bazarynda çekmeli bolan manadyň töleginden ýokary bolmagyny üpjün etmäge borçlydyr.

Ýene birnäçe matematiki özgertmeler:

$$\text{ROA} = \frac{\text{Arassa peýda}}{\text{Aktiwler}} = \frac{\text{Arassa peýda}}{\text{Girdeji}} \text{ x } \frac{\text{Girdeji}}{\text{Aktiwler}} =$$

$$= \text{ROS x Aktiwleriň dolanyşygy}.$$

Bu ýerde Dýupogyň formulasy alyndy. Ol aktiwleriň düşewüntliligini (emlägiň işiniň netijeliligini) *satuwlaryň düşewüntliligi (ROS) we aktiwleriň dolanyşygy* diýen: iki bölege bölüp bolar diýip tassyklaýar.

$$\text{ROS} = \frac{\text{Arassa peýda}}{\text{Girdeji}}.$$

*Satuwlaryň düşewüntliligi* işiň möçberini we netijesini deňeşdirýär, kompaniýanyň her bir dolanyşygynyň netijeliligine, girdejide peýdanyň paýyna baha berýär. Kompaniýanyň baha syýasatyny, bahalaryň peselme mümkinçiligini, harajatlaryň ýokarlanan ýagdaýynda ätiýaçlyklaryň bardygyny häsiýetlendirýär. Satuwlaryň düşewüntliliginiň ýokary ähmiýeti önümçilik işiniň netijeliligine, önümiň aýratyn artykmaçlyklaryna, onuň özboluşlylygyna we bazar taýdan özüne çekijiligine ýa-da ony taýýarlamagyň tehnologiýasynyň aýratynlyklaryna şaýatlyk edip biler. Bu görkezijiniň ululyklary diňe bir kom-

paniýanyň işini däl, eýsem çäklerinde önüm öndürmek we ýerlemek bolup geçýän daşky gurşawyň ýagdaýyny hem häsiýetlendirip biler.

*ROS kompaniýanyň dolandyryş syýasatyny häsiýetlendirýär:*

$$\text{Aktiwleriň dolanyşygy} = \frac{\text{Girdeji}}{\text{Aktiwler}}.$$

Aktiwleriň dolanyşygy kärhananyň ähli serişdeleriniň peýdalanylyşynyň intensiwligini, aktiwlere goýlan manatdan alynýan girdeji görnüşindäki peýdany häsiýetlendirýär. Bu görkeziji näçe ýokary bolsa, kompaniýa aktiwe goýlan maýadan şol derejede tiz girdeji gazanýar, satuwlaryň haýsydyr bir möçberini saklamak üçin şol derejede az goýumlary talap edilýär.

Aktiwleriň dolanyşygynyň pudaklaýyn häsiýeti bardyr we amal sikliniň aýratynlygyna, dürli telekeçilik işleriniň guralyşyna, kompaniýanyň dolanyşykda daşary aktiwleriniň köplügine baglydyr.

*Aktiwleriň dolanyşygy kompaniýanyň emläk toplumyny dolandyryş syýasatyny häsiýetlendirýär.*

Indi kompaniýa paýdar tarapyndan berilýän baha gaýdyp geleliň, şunda şu formulany alarys:

$$\text{ROE} = \text{ROA x Maliýe guraly} = \text{ROS x Aktiwleriň dolanyşygy x Maliýe guraly},$$

ýagny goýumlaryň girdejililigi şulara baglydyr:

1. Her bir satuwda kompaniýa näçe gazanýar;
2. Aktiwleri peýdalanmak bilen näçe dolanyşygy amala aşyrmaga ýetişýär;
3. Gönüden göni paýdar aktiwleriň näderejede möhüm bölegini maliýeleşdirýär, telekeçilik işi karz serişdeleri näderejede çekýär.

Şu ýerde logiki görnüşde paýdaryň girdejililigini aňrybaş ýokarlandyrmak maksady bilen hereket edip boljak üç ugry emele getirip bolar:

1. Dolanyşygy (peýdany) dolandyrmak – bahalary ýokarlandyrmak, işiň natural möçberlerini artdyrmak, harajatlary azaltmak.
2. Aktiwleri dolandyrmak – ätiýaçlyklaryň derejesini peseltmek, debitor bergileri, beýleki işlemeýän ýa-da netijesiz işleýän aktiwleri azaltma.
3. Maliýeleşdiriş çeşmelerini dolandyrmak – karz alnan maýanyň mümkin boldugyça köp möçberini çekmek, paýdarlar tarapyndan maliýeleşdirmäge bolan zerurlygy azaltmak.

**Soraglar**

*1. Haýsy görkeziji maliýe seljermesine baha bermäge mümkinçilik berýär?*
*2. Gündelik geçginlilik görkezijisi nämäni häsiýetlendirýär?*
*3.Aktiwleriň dolanyşygy nämäni görkezýär?*
*4.Düşewüntlilik görkezijileri nämäni häsiýetlendirýär?*
*5.Hususy maýanyň düşewüntliligi nähili hasaplanýar?*
*6. Paýdarlary düşewüntliligiň haýsy görkezijisi gyzyklandyrýar?*

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2008.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir! –Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2008.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2009
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler.III tom. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2010.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV tom. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2011.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2012.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler.VI tom. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2013.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. –Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2014.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler.VIII tom. –Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2015.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IX tom. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2016.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I-II tomlar –Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
15. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim–bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. –Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2014.
16. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2015.
17. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. – Aşgabat, 2011.
18. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ykdysady şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnişindäki milli Maksatnamasy. – Aşgabat, 2015.
19. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasy». – Aşgabat, 2011.
20. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2016.

21. «Kiçi we orta telekeçileri döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň kanuny. – Aşgabat, 2009.
22. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň kanuny. – Aşgabat, 2000.
23. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. – Aşgabat, 2009.
24. «Türkmenistanyň pul birligi hakynda» Türkmenistanyň kanuny. 08.10.1993 ý., 02.07.2009 ý. Girizilen üýtgemeler we goşmaçalar bilen.
25. «Sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň kanuny. 2014.
26. Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky kodeksi, 2012.
27. Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi kanuny. – Aşgabat, 2004.
28. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň kanuny. – Aşgabat, 2011.
29. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly 2010–2016 ý.
30. Makroykdysadyýet. Okuw kitaby. –Aşgabat: – Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2015.
31. Агапова Т.А., Серегина С.Ф. Макроэкономика: учебник / под общей ред. д.э.н., проф. А.В.Сидоровича; МГУ им. М.В.Ломоносова. – 7-е изд. перераб. и доп. – М.: Издательство «Дело и сервис», 2005.
32. Базелер А.И. Основы экономической теории. СПб. 2000.
33. Борисов А.Б. Большой экономический словарь. М.: Книжный мир, 2007.
34. Вечканов Г.С., Вечканова Г.Р. Макроэкономика. 2-е изд. – СПб.: Питер, 2004. – 544 с. 2 экз.
35. Ивашковский С.Н. Экономика для менеджеров. М., «Дело», 2008.
36. Карлика А.Е. Экономика предприятия.2-е изд. ПИТЕР 2010.
37. Обучение рынку. / Под. ред. Глазьева С.Ю. – М.: ЗАО «Издательство» Экономика, 2004.
38. Нурсеит Н.А. Основы экономики: Учебное пособие.– Алматы: LEM, 2011.
39. Матвеева Т.Ю. Введение в макроэкономику: Учебное пособие. ГУ ВШЭ, 2008.
40. Пиндайк Р. Микроэкономика. М., 2000.
41. Тарасевич Л.С., Гребенников П.И., Леусский А.И. Макроэкономика: Учебник. – 6-е изд., испр и доп. – М.: Высшее образование, 2006.
42. Тарасевич и др. Макроэкономика. М., 2000.

15. Sargyt № 996

## MAZMUNY


Giriş ........ 7

**I bap. Bazar ykdysadyýetinde kärhana ........ 8**

1.1. Telekeçilik işi we eýeçilik ........ 8

1.2. Kärhana: düşünje, düýp manysy, hereket etmegiň ykdysady esaslary ........ 10

1.3. Kärhananyň daşky gurşawy ........ 12

1.4. Kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk görnüşleri ........ 15

1.5. Kärhanalaryň topara bölünmesi ........ 23

**II bap. Kärhananyň gurluş düzümi we önümçilik döwri ........ 26**

2.1. Kärhananyň umumy we guramaçylyk gurluşy ........ 26

2.2. Guramaçylyk gurluşlaryny emele getirmek we olary transformirlemek ........ 32

2.3. Önümçilik prosesini guramak ........ 36

2.4. Kärhananyň önümçilik gurluşy ........ 41

**III bap. Kärhananyň işini meýilnamalaşdyrmagyň esaslary ........ 45**

3.1. Kärhanada strategik meýilnamalaşdyrmak ........ 45

3.2. Kärhananyň geljek döwür üçin we gündelik meýilnamalary ........ 49

3.3. Kärhanada dessin (operatiw) meýilnamalaşdyrmak we dispetçerlemek ........ 53

3.4. Önüm öndürmegi meýilnamalaşdyrmak ........ 56

3.5. Kärhananyň işindäki töwekgelçilik ........ 59

**IV bap. Kärhananyň işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek ........ 61**

4.1. Bazar we döwlet tarapyndan düzgünleşdiriş ........ 61

4.2. Kärhanalaryň işini göni ykdysady taýdan düzgünleşdirmek ........ 66

4.3. Kärhanalaryň işini ykdysady taýdan gytaklaýyn düzgünleşdirmek ........ 69

**V bap. Kärhananyň esasy maýasy ........ 73**

5.1. Esasy gaznalar: düşünje, düzümi, gurluşy ........ 73

5.2. Esasy gaznalara baha bermek. Fiziki we moral taýdan könelme ........ 76

5.3. Esasy serişdelerden ulanyş tutumyny almak........................................................ 79
5.4. Esasy serişdeleriň bardygyna, ýagdaýyna, hereketine we peýdalanylyşyna baha bermek ........................................................................ 82
5.5. Kärhananyň önümçilik kuwwaty ........................................................................ 83
5.6. Maddy däl serişdeler: düýp manysy, maksady, topara bölünmesi ......................... 86
**VI bap. Kärhananyň dolanyşyk serişdeleri ............................................................. 91**
6.1. Dolanyşyk serişdeleri: düşünje, düzümi, gurluşy ................................................ 91
6.2. Dolanyşyk serişdelerini kadalaşdyrmak .............................................................. 96
6.3. Kärhananyň dolanyşyk serişdelerinden peýdalanylyşynyň netijeliligi ........................................................................................................ 99
**VII bap. Işgärler, kärhanada zähmeti guramak we hak tölemek .......................... 100**
7.1. Kärhanada işgärler we onuň gurluşy................................................................... 100
7.2. Kärhananyň işgärlerini meýilnamalaşdyrmak. .................................................. 103
7.3. Kärhanada işgärleriň hereketi ........................................................................... 108
7.4. Zähmet öndürijiligi: görkezijiler, ölçegler, ösüş ätiýaçlyklary. ............................ 109
7.5. Kärhanada zähmete hak tölemek ...................................................................... 112
**VIII bap. Önümçiligiň ýöriteleşmegi we kooperasiýasy.......................................... 113**
8.1. Önümçiligiň ýöriteleşmegi.................................................................................. 113
8.2. Önümçilik kooperasiýasy.................................................................................... 115
**IX bap. Kärhanada önümiň hilini we bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek....................................................................................................... 117**
9.1. Önümiň hili we bäsdeşlige ukyplylygy: düşünje, görkezijiler, baha beriş usullary ................................................................................................ 117
9.2. Kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygy .................................................................... 121
9.3. Kärhanada hil menejmenti .................................................................................. 125
9.4. Hili üpjün etmek ulgamynda tehniki taýdan düzgünleşdirmek ............................ 128
9.5. Hili üpjün etmek ulgamynda standartlaşdyrmak ................................................ 130
9.6. Sertifikatlaşdyrmak önümiň hilini üpjün etmegiň guraly hökmünde ................................................................................ 133
**X bap. Kärhananyň işinde marketing..................................................................... 135**
10.1. Marketing dolandyryşyň bazar konsepsiýasy hökmünde .................................. 135
10.2. Kärhananyň marketing işiniň strategiýasy we taktikasy.................................... 138
10.3. Kärhananyň marketing işini guramak................................................................ 141
**XI bap. Kärhananyň maýa goýum işi ..................................................................... 144**
11.1. Maýa goýum prosesi we maýa goýumlaryň topara bölünmesi........................... 144

11.2. Kärhananyň maýa goýum işi ........ 150
11.3. Lizingiň ykdysady esaslary ........ 154
11.4. Maýa goýum taslamasyny işläp taýýarlamak
we durmuşa geçirmek ........ 158
11.5. Maýa goýum çözgütleri kabul edilende töwekgelçilik we näbellilik ........ 165
**XII bap. Kärhananyň daşary ykdysady işi ........ 174**
12.1. Kärhananyň daşary ykdysady işi: düşünje
we ykdysady mazmuny ........ 174
12.2. Satyn almak-satmak barada daşary söwda şertnamasy
(ylalaşygy): düşünje, esasy bölümler ........ 178
12.3. Kärhananyň daşary ykdysady işini guramak we onuň netijeliligi ........ 180
12.4. Kärhananyň daşary yukdysady işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek ........ 183
**XIII bap. Kärhananyň çykdajylary we önümiň özüne düşýän gymmaty ........ 187**
13.1. Gymmat, çykdajylar we önümiň özüne düşýän gymmaty ........ 187
13.2. Meýilnamalaşdyrmak we önümiň özüne düşýän
gymmatyny kalkulýasiýa etmek ........ 191
**XIV bap. Baha emele getirmek we kärhananyň nyrh syýasaty ........ 199**
14.1. Baha we baha emele getiriş strategiýasy ........ 199
14.2. Kärhananyň önüminiň bahasyny emele getirmegiň usullary ........ 203
**XV bap. Kärhananyň maliýesini guramak we seljermek ........ 207**
15.1. Kärhananyň balansy ........ 207
15.2. Kärhananyň maliýe meýilnamasy (býujeti) ........ 216
15.3. Kärhananyň maliýe ýagdaýyny seljermek ........ 220
Peýdalanylan edebiýatlar ........ 224

Oguldursun Ýazmyradowa, Annagözel Nabatowa

# KÄRHANANYŇ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *K. Gurbanow* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazowa, B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *M. Hamraýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 24.10.2017. Ölçegi 70x100 $^1/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 18,71. Şertli reňkli ottiski 39,67.
Çap listi 14,5. Hasap-neşir listi 17,94.
Sargyt № 996. Sany 1900.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.